TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

**MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI**

**Gurbanow H.D.**
**Gurbangulyýewa A.**

**Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin niýetlenen**

# TÜRKMENISTANYŇ ETNOLOGIÝASY

**okuw kitaby**

**Aşgabat – 2010**

**H.D.Gurbanow we A.Gurbagulyýewa. Türkmenistanyň etnologiýasy.** Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň taryh hünäriniň talyplary üçin okuw kitaby. Aşgabat, 2010.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Türkmenistanyň taryhy kafedrasynyň müdiri, taryh ylymlarynyň kandidaty, **B.Diwangulyýewanyň** ylmy redaksiýasy bilen.

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**©Han-Durdy Gurbanow, Aýna Gurbangulyýewa**
**©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

# GIRIŞ

Türkmen halkynyň gadymy we baý taryhy bar. Öz gözbaşyny müňýyllyklaryň jümmüşinden alyp gaýdýan türkmen iň gadymy döwürlerden bäri dünýäniň medeni-ruhy we syýasy-ykdysady ösüşine ummasyz goşant goşupdyr. Ata-babalarymyz giden taryhy-medeni ýadygärlikleri, maddy we ruhy gymmatlyklary döredip, ozlerinden soňky nesillere miras galdyrypdyr. Türkmen halkynyň baý milli mirasy Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynyň esasy ruhy binýatlaryň biridir. Halkymyzyň gelip cykyşyny, onuň dünýä ýaýramagyny, dürli döwürlerde ýaşan ýerlerini, türkmen halkynyň gadymy ýaşaýyş durmuşyny, däp-dessuryny, meşgullanan kärlerini, hojalygyny öwrenmek we bilmek ýaş nesilliň esasy wezipedir.

Türkmen halkynyň kemala geliş eýýamlaryny, olaryň gadymy we orta asyr taýpalarynyň birleşip, döreden döwletlerini, halkyň maddy we ruhy medeniýetini giňişleýin öwrenmeklik göz öňünde tutulýar.

Bulardan başga-da türkmenleriň hojalygynda ekerançylyk we maldarçylyk bilen bagly meseleler, hünärmentcilik, maşgala we maşgala gatnaşyklary hem-de türkmen medeniýetinde maddy we ruhy gymmatlyklara degişli meselelere garalyp, etnologiki maglumatlar esasynda öwreniler. Maddy medeniýetine degişli bolan ýaşaýyş jaýlaryna, egin-eşiklerine, tagamlaryna we beýleki meselelerine hem-de ruhy medeniýetine degişli bolan jemgyýetçilik gurluşyna, dini düşünjelerine, aýdym-sazyna we beýleki sungatlaryna aýratyn üns beriler. Kitapda türkmen etnologiýasyna degişli dürli çeşmeler, edebiýatlar bilen tanyşdyrylyp, işlemegiň usullary görkeziler.

“Türkmenistan dürli medeniýetleri birleşdiren medeni we ruhy galkynyşlaryň gadymy mekanydyr. Gadymy Marguş, Parfiýa, Garahanly, Gaznaly, Seljuk, Köneürgenç türkmenleriniň gülläp ösen döwründe ata-babalarymyzyň

ylmyň, medeniýetiň, sungatyň gaýtalanmajak nusgalaryny dünýä bagyş etdi” diýip, Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow adalatly nygtaýar. Hakykatdan hem halkymyzyň döreden maddy we ruhy gymmatlyklary günýä medeniýetini has hem baýlaşdyrdy. Dünýäniň gadymy halklarynyň biri bolan türkmen halky Täze Galkynyşlar döwründe ýaşap, häzirki zaman dünýäniň ösüşine öz goşandyny goşýar.

# I. ETNOLOGIÝA DERSI WE ONUŇ WEZIPELERI

Etnologiýa dünýä halklaryny öwrenýän ylymdyr. Etnologiýa adalgasy gadymy grekleriň sözüne degişli bolup, ol “etnos” - “halk”, “logos” - “söz, taglymat” diýmekligi aňladýar. Netijede etnologiýa halk hakynda taglymat ýa-da düşünje diýen manyny aňladýar. Bu ylym başgaça etnografiýa termini bilen hem bellidir. Ol “etnos”- “halk” we “grafeýn”- “ýazýaryn, beýan edýärin” diýen many aňladýan gadymy greklere degişli sözlerden ybaratdyr. Etnologiýa ylmy dürli ýerlerde başgaça hem atlandyrylýar, ruslarda “halky öwrenmek - halkşynaslyk” beýleki halklarda bolsa “antropologiýa”, “medeni antropologiýa” we “sosiýal antroplogiýa” diýilip hem atlandyrylýar.

Etnologiýa ýa-da etnografiýa özbaşdak ylym hököminde XIX-asyryň ortalarynda ýüze çykýar.

Etnografiýa ilkinjileriň hatarynda belli rus - sowet alymy arheolog we etnograf bolan, şol sanda türkmenleriň taryhyny gowy bilýän Demirgazyk Türkmenistanda uzak döwür hereket eden Horezm ekspedisiýasyna ýolbaşçylyk eden S.P. Tolstow häsiýetnama berýär. Ol: *“etnografiýa taryh ylymynyň bir şahasy bolup, gös-göni gözegçilik esasynda halkyň medeniýetini we durmuşyny, olaryň taryhy özgerişini, halkyň gelip çykyş (etnogenez) problemasyny, ýerleşişlerini (etniki geografiýa) we halklaryň medeni taryhy gatnaşyklaryny öwrenýän ylymdyr”* diýip ýazýar. 1968 ýylda peýda bolan “etnografiýanyň esaslary” diýen okuw gollanmasynda M.T.U--nyň professory S.A. Toharew şeýle ýazýar: “etnografiýa taryh ylmy bolup, halkyň durmuşyny we medeniýetini öwrenýän ylymdyr” diýip, ýazýar.

1982 ýylda çykan “etnografiýa” diýen okuw kitabynda Ýu.W. Bromleý (etnografiýa institutynyň direktory) we G.Ýe. Markow (MGU-nyň etnografiýa kafedrasynyň müdiri) şeýle ýazýarlar: “ Etnografiýa ylymynyň öwrenýän esasy obýekti

dünýä halklarydyr”. Diýmek ýokarda agzalanlardan ugur alsak onda etnografiýa etnosy - halky öwrenýän taryhy ylymdyr diýip aýtmak bolar.

Öňler alymlaryň arasynda etnologiýanyň öwrenýän meseleleri barada dürli pikirler bardy. Olaryň bir topary onuň esasy adam diýen bolsa, beýleki toparlary medeniýet diýýär, başga bir toparlary bolsa, jemgiýet diýip düşündirjek bolupdyrlar. Şonuň üçin öň aýdylan etnologiýanyň taryhy, onuň dürli bölünişikleri, ylymlaryň beýleki pudaklary bilen baglanşygy hakda gaýtalap durjak däl. Ýöne käbir meseleleri düşündirsem gowy bolarmyka diýärin. Biz etnologiýanyň öwrenýän esasy meselesini halk diýdik. Ilkinji nobatda biz halk näme, onuň nähili alamatlary bar? Ine şoňa düşünmeli.

“Halk” düşünjesi etnologiýanyň adalgasynda *“etniki umumylyk” (“etnos”)* manysynda düşündirilýär. Sebäbi ABŞ-nyň ähli ilatyna amerikan halky, ýa-da öňki SSSR-iň ilatyna sowet halky diýilýär. Şonuň üçin halk düşünjesi etnologiýanyň etniki umumylyk (etnos) manysynda aýdylsa ony çözmegiň belli bir kynçylyklarynyň bolýandygyny aýtmalydyrys. Bir halkyň beýleki halkdan tapawutlanýandygyny aňladmak üçin halky suratlandyrýan alamatlara serdip geçeliň. Olar köpdür halkyň esasy alamatlarynyň biri dil, ikinjisi umumy oturýan ýeri, üçünjisi medeni umumylydygydyr. Beýleki-durmuş aýratynlyklary, kähalatlarda gelip çykyşlary-da göz öňünde tutulýar. Diýmek “halk” boljak bolsa bize öňden belli şu alamatlary we başga-da bir topar delilleri görkezmek bolar. Geliň inde şol alamatlaryň käbirine seredip geçeliň.

Birinji we esasy alamatlaryň biri dil alamaty, ýöne onuň käbir kynçylyklarynyň bardygyny bellemelidir. Mysal üçin ruslar - rusça, türkmenler türkmençe, özbekler-özbekçe, hytaýlar - hytaýça we beýlekiler öz dilinde gepleşärler. Emma dil alamatyna esasy alamat diýip daýanyp bolmaýar. Sebäbi bir näçe halkyň bir dilde gepleşýändigini mysal getirmek bolar. Ynha ispan dilinde diňe ispanlar geplemän Latyn

Amerikasynda ýaşaýan aýratyn halklar bolan meksikalylar, kubalylar, argentinler, çililer we beýlekiler gepleýärler. Ýa-da iňlisçe diňe iňlisler däl-de anglo-amerikanlar, anglo-kanadlar, anglo-awstriýalylar we beýlekilerhem gepleýärler. Şeýle-de irlandlaryň bir toparynyň irland dilinde, beýleki toparynyň bolsa iňlis dilinde; şweýsarlaryň bir topary nemesçe, beýlekisi fransuz we üçünji bir topary bolsa italýan dilinde gepleýändiklerini aýtmak bolar.

Ikinji bir alamaty hököminde halkyň umumy ýaşaýan ýeri barada gürrüň edýäris. Emma ol hem dil ýaly doly netije berip bilmeýär. Sebäbi taryhy wakalar bilen baglylykda bir halkyň başga ýerlere göçmekleri we ş.m. zatlar belli bir derejede täsir edýär.

Üçünji alamat hökmünde medeni umumylygy görkezdik. Şu ýerde-de belli kynçylyklaryň bardygyny görýäris. Oňa mysal edip şu aşakdakylary görkezmek bolar. Mysal üçin Bosniýada we Gersogowinada ýa-da umumy dil we gelip çykyşy bir bolsa-da medeniýetiň ruhy medeniýet bölümine girýän dini düşünjeler boýunça ol ýerde üç toparyň bardygy aýandyr. Serbler özlerini prowoslawýanlar hasap edýän bolsalar, horwatlar özlerini katolik we Bosniýalylar hem musurmanlar (yslam dini) diýip hasaplaýarlar. Şonuň üçin halk bolmak üçin aýdylýan alamatlaryň kä halatlarda kynçylyga getirýänligide görünýär.

Häzirki zaman ylmy halk, millet meselelerinde täzeçe garaýyşlary öňe sürýär. Günbatar we amerikan alymlary (E. Gellner, B. Anderson, K.Girs, E. Said, H. Baba we başgalar) halk we millet düşünjäniň hyýaly düşünje diýen pikirleri hem öňe sürýärler.

Etnologiýa (etnografiýa) diňe bar halklary öwrenmän ýitip giden gadymy halklary we häzirki halklaryň ata-babalaryny öwrenýär. Etnologiýanyň bu bölümine taryhy etnologiýa (etnografiýa) diýilip atlandyrylýar.

## Çeşmeler we olary öwrenmekligiň usullary.

Etnologiýa (etnografiýa) ylymynyň nähili çeşmeleri we nähili öwrenmek usuly bar?

Öwrenmegiň esasy usuly gös-göni gözegçilik, ýagny dürli wakalara, öwrenilýän halkyň ähli hereketlerine gatnaşyp öwrenmek we olar barasynda "meýdan ýazgylaryny" amala aşyrmak, etnologlaryň ilkinji wezipeleridir. Meýdan ýazgylary diýilende olar meýdanda geçirilýär diýen düşnjäni berenok, ýazgy öýde hem geçirilip biliner. Ýöne bu alymlaryň arasynda kabul edilen termindir. Şundan soň etnologiýanyň esasy çeşmesi hökmünde arheologik gazuw-agtaryş işleri geçirilende tapylýan tapyndylar we ş.m. Etnolgiýa üçin örän köp çeşmeleri bellemek bolar. Oňa şu aşakdakylar şaýatlyk ederler: Taryhy ýazuw çeşmeler, arhiw materiallary, döwürleýin çap edilýän maglumatlar, memuarlar, syýahatçylaryň galdyran ýazgylary, foto-fono resminamalar, muzeýleriň eksponatlary, halk rowaýatlary we beýlekiler, soňky döwürlerde toýlaryň geçirilşi, haly we çeperçilik sungaty barada telewideniýanyň "Miras" teleýaýlymynda berilýän maglumatlar we beýlekiler degişlidir.

Öwrenmek usuly (metody) iki hili ýagdaýda alynyp barylýar. Birinjisi ýüzleý (wagtlaýynça ) umumy tanyşlyk görnüşinde, ikinjisi öwrenýän toparyňy gowy bilmek üçin stasionar (uzak wagtlaýyn) öwrenmek usulydy. Şu usulda öwrenýän halkyňy, toparyňy has gowy bilmek mümkin. Etnolog boljak adama we etnografiýa barlagyny geçirýän adama käbir häsiýetler mahsus bolmalydyr.

1. Gören zatlaryny ýatda saklamagy (öýüň içki- interýeri, görnüşi) onuň özboluşly aýratynlyklaryny saýgarmak başarjaňlygy gerek.
2. Eşidiş organlary kämilleşdirmek we ýerli dialektlere gowy düşünmek.
3. Gören zatlaryňy ýatdan çykarmazlyk we soň olary göz öňüne getirmek.

4. Öwrenýän toparyň bilen gowy aragatnaşykda bolmak. Etnografda geňlik bolmaly däldir.
5. Informatorlar - gürrüň berijä hiç hili päsgelçiliksiz meýdan ýazgylaryny geçirmek.
6. Keşdeleri we beýleki zatlary dogry bermek üçin surat çekmäni we surata almany başarjaň bolmaly.
7. Aýdylan zatlary ýerli dialektde ýazmagy başarmaly.
8. Gürrüň berýän - informatorlar hakda hemme gerekli zatlary: ýaşyny, adyny, atasynyň adyny, ýerini we beýlekileri bilmek zerurdyr.
9. Gerek bolan wideoýazgylary geçirmegi we beýlekileri başarmaly.

# II. TÜRKMEN HALKYNYŇ ETNOGENEZI

Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinde alymlaryň öňünde türkmen halkynyň gadymy taryhyny, etnografiýasyny, medeniýetini oňat öwrenmek, dogrulçyl ýazmak we halk köpçüligine ýetirmek barada jogapkärli wezipe goýuldy. Bu meselede taryhçy alymlarymyz köp işler etdiler.

Garaşsyzlyk ýyllarynda taryhymyzy, medeni nirasymyzy we onuň iň ähmiýetli bölümine - halkymyzyň kemala gelşini, gadymy köklerini ençeme müň ýyllaryň dowamynda onuň beden keşbiniň (fiziki antropologiýasyny) maddy we ruhy medeniýetiniň, gylyk häsiýetiniň üýtgemegini ylmy taýdan öwrenmüge mümükinçilikler döredi. Türkmen halkyna mahsus bolan alamatlar we ony başga halklardan tapawutlandyrýan zatlar uzak döwrüň dowamynda döreýär. Taryhda halkyň ady, dini, medeniýeti, hatda dili we keşbi asyrlaryň dowamynda üýtgeýär.

## 2.1. Türkmenler gadymy döwürde

Gadymy döwürlerden Hazar deňiziniň boýundan tä Pamir daglaryna çenli ýaýran taýpalara skif - massaget taýpalary diýip atlandyrypdyrlar. Skif - massaget taýpalaryna pars çeşmelerinde saklar hem diýipdirler. Olar barada gadymy grek-rim, wizantiýa we başga eserlerde ýazypdyrlar. Gerodot, Ptolomeý, Pliniy, Arrian, Strabon, Ktesiý, Isidor Harakskiý we başgalar türkmenleriň ata-babalary bolan skif-massagetler hakynda dürli maglumatlar ýygnapdylar.

Biziň eramyzdan öňki VI asyryň ortalarynda dünýä döwletleriň biri hasaplanan Ahemenitler döwleti berkarar edilipdir. Ol 200 ýyl töweregi Ýakyn we Orta Gündogar ýurtlarynyň üstünden hökmürowanlyk edipdi. Gysga bir wagtda ol Wawilony, Siriýany, Kiçi Aziýadyr Müsüri özüňe tabyn edipdir. Türkmenistanyň köp ýerlerini gadymy Eýran

döwleti eýeleýär. Olaryň ilkinji patyşasy Kir (parsça Kuruş). Ol Margiýana, Sogdiana, Baktriýa, Horezm ýerleri zorluk bilen boýun egdiripdir. VI asyryň 30-njy ýyllarynda Tünüderýadan geçip massagetlere aralaşypdyr we dürli ỳollar bilen patyşa aỳalyň ogluny ỳesir alypdyr we ol ỳesirlikde aradan çykypdyr.

Tomiris (Tumar şa) – skif-massaget taỳpasynyň aýal patyşasy, duşmalaryň ellerine düşen ogluny ýitirsede, ahemeni goşunlaryny gylyçdan geçirip. Kiriň özüni hem öldüripdir. Bu söweş barada gadymy grek ýazarlary gyzykly rowaýatlar galdyrypdyrlar.

Gerodot ýazýar: öň Baktriýa her ýyl 360 talant arassa kümüş tölemeli bolýar. 1 talant=30 kg. kümüşe golaý bolỳar. Seỳlelikde 360 talant takmynan 10 müň 800 kg. kümüşe barabardyr. Netijede halklaryň närazylygy güýçlenýär.

B.e.öňki VI asyryň 20-nji ýyllarynyň ahyrynda Ahemenilere garşy azat-edijilik hereketler güỳçlenýär. B.e. öňki 523-nji ýylda Fradanyň gozgalaňy bolỳar. Eýran patyşasy Dariý I adyndan gaýanyň ýüzünde oýulyp ýazylan Behistun ýazgylarynda Margiýanada Fradyň gozgalaňy barada ýazylandyr.

Bu hereketleri demirgazykda ýaşaýan saklar hem goldaýar. Baktriýanyň häkimi Dadarşit rehimsizlik bilen margiýanadaky gozgalaňy ýatyrýar. Gozgalaňyň baştuany gaçýar, bir ýyldan ele düşýär.

B.e.öňki 521 ýylda Parfiýada hem gozgalaň bolỳar. Oňa suwarymly ekerançylyk bilen meşgul bolýan Günorta Türkmenistanyň ilaty hem gatnaşýar. Iỳul aýynda Patigraban şäheriniň golaýynda (hazirki Kaka etrapyndaky Ýelkendepe bolmagy mümkin) gozgalaňçylardan rehimsiz öç alýarlar.

Dariý 1 özgertme (reforma) geçirýär – döwleti 20 satraplylyklara bölýär. Aragatnaşyk, söwda, kerwen ýollary gurulỳar. Altyn, kümüş pullar zikgelenip.

B.e.öňki IV as başlarynda Ahemeniler döwleti gowşaýar. Horezm döwleti kemala gelỳär. B.e.öňki 334 ý.

Aleksandr Makedonskiý ýöriş edỳär we Ahamenit döwletiniň patyşasy Dariý III ýeňilýär.

Aleksandr Makedonskiý (Gündogarda oňa Isgender Zülkarneỳin diỳipdirler) b.e.öňki 330 ýylyň ortalarynda Günbatar Türkmenistanyň uly bölegini eỳeleỳän Girkaniýa welaýatyna gelýär. Dariý III satrapy Fratafern Girkaniýanyň we Parfiýanyň häkimi öz adamlary bilen gelen grek hökümdaryna meýletin boýun bolýar. Aleksandr Makedonskiý parfiýaly Atminapy häkim edýär. Ol 330-329 ýý Pafiýada gyşlapdyr.

Baktriýanyň satrapy Bess, Artakserks III adyny alýar. Ony Ariý we Sogd taỳpalary goldaýar. B.e.öňki 329 ýylda Ariý häkimi Satibarzan greklere boýun bolýar, emma olara garşy baş göterýär. Ol 2 müň adamsy bilen Bessiň ýanyna gaçýar. Ariý welaýatynyň Artikoanany eýeleýär. Eýranly Arsy häkim edilỳär. Satibarzan ýene-de Ariýa gelýär. Çaknyşykdan soň Artokoana şäherini grekler weýran edýär. B.e.öňki 328 ý Spitameniň (Sogd han-begleriniň biri) gozgalaňy bolỳar. Gozgalaň basaylyp ýatyrylypdyr.

Nusaýda we Merwde – Aleksandra Nisiýskaýa we Aleksandra Margianskaýa galalarynyň düýbi tutulan berkitmeler bolupdyr. (Erkgala bolmagy mümkin).

B.e.öňki 323 ỳylda Aleksandr Makedonskiý ölenden soň jahan döwleti dargaýar. Goşun serkerdesi Selewk I Aziýada ýerleşen ýerlerine eýe çykýar. Antioh I Soter (b.e.öňki 280-261) Margiana we Ariý welaýatlarynda gurluşyk işleri ỳerine ỳetirỳär. Strabonyň ýazmagyna görä Margiana Antiohiýasy esaslandyrylýar. (Gäwürgala harabaçylygy). Çarwalardan goramak üçin – belent diwar gurulýar. Ýene bir Antiohiýa Tagtabazar etrabynyň çäkerinde.

Grek medeniýetiniň täsiri ỳerli edim-gylymlardyr nusgalar bilen üsti ýetiripdirler. Grek medeniýetiniň ajaýyp nasgalary ýerli medeniýetiniň göwnejaý tutumlary bilen ysnyşykly sazlaşdyrylyp, diýarymyzyň medeni taryhynda *ellin medeniýeti* diýen döwür başlanypdyr. Bu döwürde şäherlerde

senetçilik we söwda ösüpdir. Ellin medeniýeti - grek we ýerli medeniýetiň sazlaşykly utgaşdyrylmagynyň esasynda dörändigini alymlar tassyklaýar.

B.e.öňki III asyrda Parfiýa döwleti döreýär. Baktriýa welaýatynyň häkimi Diodot – özüni patyşa diýip yglan edipdir. B.e.öňki 247 ýylda Ärsak we Tiridat Parfiýanyň häkimi Andragory ýeňip garaşsyzlygyny gazanỳarlar. Oňa Parn we dah taýpalarynyň ỳaşaỳan ỳerleri bolan, günorta-günbatar Türkmenistanyň ýerleri girýär. Paýtagty Nusaý.

Suwarymly ekerançylykda : bugdaý, arpa, şaly ekinleri ýetişdiripirler, üzümçilik ösüpdir. Maldarçylygyň orny uly bolupdyr. Ýyndam dünýä belli bedew atlary bolupdyr.

Tapylan hum - ritonlar. Öküziň şahyna çalymdaş edip pil süňkinden örän nepis ýasalypdyr. Hyỳaly jandarlar - ganatly adam-öküziň, ganaty ýaýylan guşuň (grifontyň), ganatly adam-atyň (kentawryň) we grek rowaýatlaryndan dürli şekiller bilen timarlanypdyr. Ritonlaryň göwrümi 1,5-2,5 litr tutupdyr.

Haly dokalyp, deri eýlemek kärleri ösüpdir.

Demir senetçileri, zergärler, küýzegärçilik giň gerim alypdyr.

Beýik ýüpek ýoly, parfýanlaryň kümüş puly „drahma”, ýazuwlary ilki grek dilinde, soň ýerli Parfiýa hatynda bolupdyr.

B.e.öňki IV asyr bilen b.e. III asyr aralygy gadymy Horezm patşalygynyň iň ösen döwri bolupdyr. Amyderýanyň aşak akymy suwarymly ekerançylygyň möhüm ojaklarynyň birine, onuň şäherleri bolsa senetçiligiň we söwdanyň möhüm merkezlerine öwrülipdir.

Jaý gurluşyk sungaty ýokary derejede ösendir. Pagsadan we çig kerpiçden galalary, köşkleri, ybadathanalary, jemgyýetçilik ymaratlary gurupdyrlar. Toprakgala – Amyderýanyň sag kenarynda ýerleşep, iki diwar bilen gurnalan şäherdir. Galanyň burçlary minaralar bilen berkidilip, gala-köşgi emele getiripdir. Gadymy Horezm hökümdarlary Toprakgalada oturypdyrlar. Daşy we içi zynat bilen bezelipdir.

Parfiỳa döwleti Müsür, Siriýa, Gara deňiziň boýlaryndaky ýurtlar bilen söwda edipdir.

B.e. öňki I asyrda Kangỳuỳ döwleti 1 asyra golaý agalyk edipdir. Ol Kuşanlaryň agalygy bilen çalşyrylypdyr. Bu döwürde urug-tire jamagatlar dargap, oba - goňşuçylyk jemagaty döreýär.

Greko-Baktriýň döwleti öz içine gündogar Türkmenistanyň ýerlerini, günorta-günbatar Özbegistan, Täjigistanyň we Owganystanyň ýerleri girýärdi. B.e.öňki 3 asyryň ortalarynda Baktriýanyň häkimi Diodot selewkilere garşy çykypdyr. Garaşsyz döwlet. Bu döwletiň ýokary ýokary agalyk ediji baý gatlagyny gek makedon han-begleri düzendiklerine görä, ol Grek-Baktrýa ady bilen taryha giripdir.

- aralarynda söweş. B.e.öňki 208 ý Ariý (Tejen) derýasynyň gplaýynda patyşa Ýewtidem 10 müň goşuny bilen ýeşilipdir. Balha gaýdýar. Iki ýyl Balh – Bähdi şäherini selewkliler zabt etýärler, emma goraýjylar olary yzyna serpikdirýärler. B.e.öňki 206 ý ýaraşyk şertnama baglanyşýar. Antioh 3 bu döwleti resmi ykrar edipdir.Ýewtedimiň ogly Demetriý döwründe döwlet güýçlenýär.
- Özara uruşlar zerarly döwlet pese düşýär.
- ýueji taýpalary Greko-Baktriýň döwletiniň ýerlerini basyp alýar.
- Ýüz ýyl geçip bu ýerlerde Kuşan döwleti döreýär.
- 120 ýyý dowam edip, taryhda uly yz galdyrypdyr. Zariasp, Antiohiýa, Marakandy, Aleksandra Kapisa (Begram), Aleksandra Ariana (Gerat) we başglar gülläp ösýär.

Owganystanda ŞIBIRGAN şäheriniň ýanynda Greko-Baktriýň döwletine degişli täsin arheologiki tapyndylar TILLI-DEPE (Altyn depe), antiki ÝEMŞI-DEPE şäheriň diwarlarynyň ýanynda. 1978 ý Ü. Sarianidiniň ýolbaşçylygynda gadymy Greko-Baktriýň döwletiniň pese düşmegi we Kuşan döwletiniň döremegidöwrüne degişli mazar tapyldy. Ol ýerde alty sany han-begleriň mazarlary 20 müňden gowrak altyndan ýasalan

zatlar – şaý-sepler, bezegler, ýaraglar, heýkeller we başga-da bezegler. Ellinistik surtly pullat, hudaýlaryň we patyşalaryň şekilleri bilen. W

Greko-Baktriýa döwletiniň ýerlerinde dörän bäş hanlyklar. Guýşuan hanlygy güýçlenýär. Han Geraý öz adyndan pul zikgeläp başlaýar. Onuň ogly Kujula Kadfiz ýueýji taýpalaryny birleşdirýär. Käbir alymlar kuşan taýpa ýa-da tiräniň ady hem diýip çak edýärler. Hökümdar beýik diýen lakamy alýar. Döwletiň ösen döwri b.e. I asyryň ortalaryndan başlap, III asyryň başyna çenli, Döwlete Türkmenistanuň ýerleri, Horezm, Sogdiana, Owganystanyň, Päkistanyň we Demirgazyk Hindistanyň ýerleri degişlidi. Paýtagty Sogdianada, soň bolsa Owganystana, ol ýerden bolsa Hindistana Purrşapura (Peşewar) geçirilipdir. Beýik hökümdarlary : Kadfiz I, Kadfiz II we esasanam Kanişka döwründe. Döwlet dini buddizm. Hindistandan Orta Aziýa ýaýraýar.

Kuşan imperiýasy günbatarda Parfiýa, gündogarda Hytaý bilen söweşip, pese düşýär. Çarwa eftaly taýpalary bolsa zarba urup, Kuşanlaryň ýerlerini basyp alýar. Soňabaka Sasanylar bu ýerleri eýeleýär.

Bu döwürde kanallar gurulypdyr, suwarymly ekerançylyk ösüpdir, senetçilik we hünärmentçilik ýokary derejede bolupdyr.

Türkmenleriň etnik taryhyny esasy 3 döwre bölmek bolar.

1. Häzirki türkmen halkynyň düýp esasy bolan antiki we irki orta asyrlar döwri.
2. Türkmen halkynyň döremeginde we kämilleşmeginde esasy rol oýnan we imperiýa döredip, taryhda uly yz galdyran orta asyr, Oguz türkmenleriniň döwri. (IX-XIII asyrlar).
3. Müňlerçe ýyllaryň dowamynda bolup geçen entik prosesleriň–özgerişleriň (XVI-XIX) asyrlardaky migrasiýalaryň, harby ýörişleriň basyp alyşlaryň alaman

çapawullaryň türkmen halkynyň kämilleşmegine ýetiren täsirleri.

Taryhymyzy, türkmen halkynyň etnogenezini öwrenmäge, ýazmaga häzire çenli toplanan taryhy-arheologiki etnografiki ýazuw çeşmeleri, uly alymlaryň bize galdyran eserleri, mümkinçilik berýär. Taryhymyzy dogruçyl ýazmakda, üç müň ýyla ýakyn döwürden bäri biziň taryhymyz hakda antik döwrüň grek-rim, hytaý, wizantiýa awtorlarynyň eserleri, VI-VIII asyrlara degişli Merkezi Aziýada, Günorta Sibirde saklanyp galan daşlaryň ýüzüne ýazylan, gadymy türk ýazgylary, türkmen hanlarynyň mazarlarynyň üstünde daşdan ýonunyp goýlan heýkelleri, VII asyrlardan tä XIX asyryň ahyrlaryna çenli döwürde arap-pars dillerinde ýazylan eserler (1,2,3,4) mümkinçilik berýärler.

Taryhy çeşmeleriň köpüsi türkmen halkynyň esasy kökleriniň türkmenistanyň gadymy atlary bolan Turan, Horasan, araplar gelenden soň Türkistan ýurdy diýilip atlandyrylan, ýerli toprakdygyna şaýatlyk edýärler.

Türkmen halkynyň gelip çykyşyna we kämilleşmeginde esasy rol oýnan halklar, taýpalar geçmişde Beýik Gun türkmenlerini (b.e. öňki III-II asyrlar) parfiýa imperiýasyny, Beýik Türk Kaganatlyklaryny (b.e. öňki VII-VIII asyrlar) Beýik Seljuk imperiýasyny döretdiler.

Ata-babalarymyzyň döreden inçe senedi haly, keçe önümleri, şaý bezeg sungaty, ýetişdiren dünýä belli bedew atlary, iner-maýalary, tohum mallary VI-VIII asyrlara degişlidir. Beýik Türk kaganatlarynyň resmi döwlet dilinde ýazylan gadymy türk runy (daşlara ýazylan) ýazgylary we başgalar dünýä medeniýetine goşant boldular. Bu medeni miraslarymyz toý-ýas däplerimiz, gylyk häsiýetlerimiz, öz boluşly jyns aýratynlyklarymyz ençeme asyryň dowamynda döräp, kämilleşipdirler. Ol aỳratynlyklar bolsa, bizi başga halklardan tapawutlandyrýar.

Gadymy taryhy çeşmelerde zorastrlaryň keramatly kitaby “Awestada” Ferdöwsiniň meşhur “Şanama” eserinde we başgalarda Turan eýran bilen bäsleşýän türkleriň uly ata-watany diýilýär.

Hazar deňziniň gündogaryndan tä Oks (Amyderýa) derỳasy aralykda esasan türki ilat ýaşapdyr. Olaryň kärleri toý-ýas däpleri, beden sypatlary we başgalary häzirki türkmenleriňkä örän meňzeş bolupdyr.

Ýokarda agzalan taryhy çeşmeleriň maglumatlaryna görä Girkan (Hazar deňziniň köpdürli atlarynyň biri) deňziniň gündogarynda köp sanly çarwa we ilat gadymy grekleriň dag massaged diýip atlandyran köp sanly ýygyndy taýpalary saklar, augazlar, alanlar, eftolitler, parnlar, horezmliler, gök türkler, 3,7,9, oguzlaryň taýpa birleşikleri turgeşler (türk kişi), gypjaklar, garylyklar, abdallar, atabaýlar, girkanlar we başgada köp sanly halkyýetler we taýpalar ýaşapdyrlar. Köp asyrlaryň dowamynda turanda ýaşan etniki toparlaryň köpüsiniň atlary üýtgändigi bolsa, olaryň esasy maýasy (ýadrosy) bu toprakdan başga ýere gitmän ýaşapdyrlar we türkmen halkynyň sanyny düzüpdirler.

Ata-babalarymyz hasaplanýan ilatyň kärlerinden, maşgala däplerinden, ynançlaryndan (ody, ýeri, suwy, gögi, güni keramatly hasaplamaklaryndan) taýpa urug gurluşynda, gatnaşyklarynda we ş.m. türkmenlerde saklanyp galan däp-dessurlar köp alymlaryň pikiriçe, hatda antik döwrüň urug atlarynda (pary, aogaz-oguz, alan-olam horasany-horasanly, horezmi-horezmli, skarabanly-sakarlar, atdasii-ata we ş.m.) soňky döwürlere çenli saklananlary bar. Köne däplere eýerip, türkmenler häzirem gadymy türkleriň hudaýy, taňryny, ody-ojagy, suw çeşmelerini keramatly saỳỳarlar. (Gorkut ata, How ata, Kow ata, Arçman ata, Dana ata, Kaýnar baba we.ş.m.)

Aýy güni keramatly hasaplaýarlar, öten geçenleriň hatyrasyna keramatly ýerlere zyýarat edýärler, ötenleriň

atlaryny dogan çagalara dakýarlar (Ata, baba, mama, ene, kaka we ş.m.)

Ilkinji gezek L. Oşanin tarapyndan düýpli öwrenilip Turanyň gadymy ýerli ilatynyňam häzirki türkmenleriňem uly Ýewropa jynsynyň süýri kelleli toparlaryna degişlidigi doly tassyklandy. Merkezi we Orta Aziýada, Günorta Sibirde saklanylyp galan, mazarlaryň üstünde daşdan ýonulan goýulalan gadymy türk hanlarynyň heýkelleriň şekilleri biziň ata-babalarymyzyň jyns aýratynlyklaryny öwrenmekde uly ähmiýeti bar.

Gadymy Marynyň ýadygärliklerinden we başga ýadygärliklerden tapylan, antik we orta ayrlarda degişli aýal heỳkelleriniň geýimlerindäki bezeg şaýlary häzirki türkmenleriňkä gaty meňzeş bolupdyr.

Günorta Türkmenistanyň Gök süýri, Gara depe, Altyn depe ýaly biziň eramyzdan has ozalky döwürlere degişli küýze döwükleriniň, mazarlardan tapylýan gaplaryň ýüzünde häzirki salyr (pendi), teke, ýomut çowdur we başga taýpalaryň halklarynyň älem göllerini hagyşlaryny, keçe güllerini görmek bolýar. Bu bolsa türkmenleriň ganyna siňen we olary beýleki halklardan tapawutlandyrýan haly, keçe, keşde, ýaly inçe senediň köllerini ýerli toprakdygyny subut edýän dellileriň biridir.

Salyr haly torbalaryna salynan çarhy pelek massagetleriň uly hudaýyň günüň stilleşdirilen şekilidir. Türk kanagatyny döreden we köp sanly dürli-dürli atlary bolan halkara taýpalara etniki we syýasy manyly, türk adyny - etnonimini ýaýradana Altaýda ýaşaýan bir taýpanyň ady “türk” bolupdyr. Bu taýpanyň mekany Altaýyň Pazyryk depelerinden biziň eramyzdan öňki döwre degişli, bütin dünýäde Pazyryk halysy adyny alan türkmen halysy tapyldy. (1949 ýylda) biziň eramyzdan öň 2 müň ýyllyk goçuň şahynyň şekili (atyň) sibir sürgünleriniň şekilleri bu halynyň merkezi älem gölleridir. Pazyryk halysynyň gadymy türk matiwiniň gadymy türkleriň

we türkmenleriň keramatly hasaplan goçuň şahy türkmenleriň haly, keçe, nagyş keşdelerinde esasy orun tutmagy, şahyň ýa-da onuň şekiliniň biziň häzirki gündelik durmuşymyza berk ornaşmagy biz ony tamlaryň, howlylaryň tamdyralaryň ýüzündede ýadygärlik görnüşinde Günbatar Türkmenistanda "goç buýnuz" mazarlaryň üstünde-de goýulmagy, biziň ata-babalarymyzdan galan däpleridir. Bu halynyň ärsary, ýomut halylaryna meňzeşligi halynyň türkmenleriň Altaýdan gelen bir toparynyň döredendigine şaýatlyk edýär.

## 2.2. Türkmenler orta asyrlarda

Türkmenleriň etniki düzümi barada öz işlerinde XI asyryň alymy Mahmyt Kaşgarly, XIV asyryň döwlet işgäri Reşiteddin, XVI asyryň ortalarynda ýaşan nusaýly taryhçy Salyr baba Gulaly ogly we XVII asyrda Hywanyň hökümdary Abylgazy Bahadur han ýazypdyrlar.

Türkmen halkynyň etnogonezleriniň irki döwürleri hakda aýdylanda, biziň ata-babalarymyzyň easy toparlarynyň Turanyň Gadymy Türki dilli ilaty bolandygyny aýtmak gerek.

Alymlaryň pikiriçe Turan adyda "türkleriň ýurdy diýen" eýýamyny berýär. /9, s7 42-45/

Arap alymlary At-Tabarynyň, Al-Belazurynyň we başgalaryň /9-10/ maglumatlaryna görä, VI asyr araplar häzirki türkmenistany basyp alanlarynda olaryň öňünden çykyp, garşylyk görkezenler, Bathyzda, Nizak, Türk, günbatar Türkmenistanda Sul türk bolupdyr. Sosanidleriň iň soňky patyşasy Ýezdigerd türk kaganyndan we hytaý (Çin) imperiýa toparyna kömek sorap Mara gaçyp gelipdir /8, s. 18. 9, s. 22/

Taryhy çeşmelerde Türkmenistanda araplara garşylyk görkezen başga etnik toparlar hakda maglumatlar ýok diýen ýaly. Türkmenleriň uly halk hökmünde jebisleşmeginde we kämilleşmeginde türki dilli ilatyň Oguz-Türkmen toparlary aýgytlaýjy rol oýnapdyrlar. Taryhy çeşmelerden görnüşi ýaly,

häzirki türkmen diliniň, edebibatynyň taýpa urug bölünişigine, atlarynyň, toý-ýas däpleriniň, beden keşbiniň düýbüni esaslandyran ilat oguz türkmenleridir. Bu barada X asyryň syýahatçysy Ahmet Ibn Fadlanyň, IX asyryň uly alymy Mahmyt Kaşgarynyň we başgalarynyň eserlerinde giňden maglumatlat bar. Şeýle-de bolsa, biz käbir ýazylan işlerde, makalalarda hiç bir dellisiz oguzlar baryp ýatan tipiçniý mongol jynsynyň sypatynda bolupdyr, oguzlar türkmenistanda gelmişekdir diýen ýaly nädogry pikirlere duşmak bolýar. Dogrudanda Oguzlaryň (augaslar) ýerli toprakda ýaşanlara, daşdan gelenlerem, az-kem mongolurak sypatlysam bolupdyr. "Ahal welaýaty" diýen broşýurada türkmenistanda ilatyň Türkmenleşmänkä prossei reguslaryň gelmegi bilen başlanýar, "Şonda gelmişek Oguz taýpalarynyň dili döwlet diline öwrülipdir" diýilýär. Türkmenleriň seljuklylar gelmezinden has öň bu ýerde ýaşanlygy hakynda IX asyr, awtory baýhanyň işinde maglumatlar köp /10,12 s. II/

IX-X asyrlarda oguzlaryň edil bu döwürde merkezi Aziýada Wolgo, itil, Syr (Seýhun), Amy (Jeýhun) derýalarynyň, Aral-Kaspi kenarlaryndada Turanda-da ýaşandygyny ýatdan çykarmaly däl.

Türkmenleriň we olar bilen ýakyn garyndaş Azerbaýjan Türk we başga halklaryň öz nesil daragtyny Oguzhandan başlamagy-da tötänden däldir. Oguz han I. Biçurynyň (XIX as) pikirine görä, gun imperiýasynyň b.e. öňki 202-174-ýyl. aralygynda höküm süren Mode han bolmaly. Gun Türkler, Oguz Türkmenleri ýaly simwoliki 24 taýpa bölünipdir. Bu san türkmen halylarynda-da duşýar. Baýhany ýazmagyna görä Oguz türkmenleriniň bir uly toparynyň XI asyryň ortalarynda seljuklaryň ýolbaşçylygynda Türkmenistana gelmezinden has öň balkan daglarynda–da Nusaýyň töwreklerinde Eýran, Wizantiýa serhetlerinde türkmenler ýaşapdyr, olar seljuklaryň ýaýramagy, gelmegi üçin oňaýly şertler taýýarlapdyrlar, döredipdirler. /10135 /

IX-X asyr ortalarynda oguz türkmenlerinde hemme taraplaýyn syýasy we ykdysady taýdan jebisleşmek, bir uly halka birleşmek ỳagdaỳy bolup geçipdir.

Oguz taýpalary biri-birine goňşy bolup ägirt uly giňişlige ýaýrapdyr. Olaryň başga türki dillerinden tapawutly öz oguz dilleri bolupdyr. Muňa Mahmyt Kaşgarynyň “türki dilleriniň sözlügi” atly kitaby şaýatlyk edýär. Egerde türkmenler bir uly beýik halka birleşmedik bolsalar, onda agzybir, bir serkerdä Seljuguň agtygy Togrul bege boýun bolup döwlet gurup, imperiýa öwrülmezdiler. / II /

Şeýlelikde, IX asyr Oguz Türkmenleri bir uly halka jebisleşip, türkmenleriň gai taýpasynyň düýbüne gaznawy imperiýasyna dargadyp ilki döwlet soňra bolsa imperiýa döretdiler. Orta, ýakyn gündogaryň Hytaýdan tä Wizantiýa, Ýewropa ýurtlaryna çenli ýaýrapdyrlar. Olar häzirki Türkmen adyna guwanýarlar, ony aýawly saklaýarlar. Orta asyr Oguz türkmenleri türkmen, azerbaýjan, türk halklarynyň emele gelmeginde ähmiỳeti uly bolupdyr. Oguz türkmen taýpalarynyň nesilleri bu 3 halkyň arasyndada bar.

Gaznawylar 962-1187 ýý. Kaýy taýpasyndan. Olaryň tutýan ýerleri: Horasan, Owganystan, Horezm, Buhara, Gurgen, Hindistanyň demirgazyk ýerleri we Yrak bolupdyr. Hanedany esaslandyran Alp tegin, onuň giýewsi bolsa döwleti esaslandyrýar. Başda Gazna şäheri ýurduň paýtagty. Mahmyt Gaznaly döwleti kuwwatly edýär.

Şol döwürde Mahmyt Gaznaly ylym-bilimiň, sungatyň, edebiýatyň, binagärçiligiň ösmegine uly ýardam berýär, döwletiň içinde agzybirligiň berkemegini gazanýar. Ýöne weli bu hökümdar ölenden soň, onuň ornuna tagta çykan ogly Mesut I-niň döwründe (1030-1040) türkmenleriň öz aralarynda agzalalyk güýjäp, türkmen topragynda birnäçe gezek gazaply söweşler bolýar. Netijede, Daňdanakan söweşinde Gaznaly döwleti çym-pytrak edilip, onuň garamagyndaky Horasan, Eýran, Mawerannahr ýaly baý ülkeler elinden alynýar we

Seljuk türkmenleriniň garamagyna geçýär. Şondan soň Gaznaly döwleti barha pese gaçyp, ahyrynda Seljuk türkmenleriniň hökümdarlaryna tabyn edilýär.

Olaryň köpüsi XI-XIV asyr günbatar ýurtlara gidip, hazirki türkmenistanda az bölegi galypdyr. Dagynyk ýagdaýa düşen türkmen taýpalary ýazyr, salyr, çowdur, ýaly taýpa birleşmelerini döredip, özbaşdaklygyny saklapdyrlar. Oguz türkmen taýpalary, olardan galan etnonimler amyderýadan günbatardan we günortadaky ýurtlardan Türkmenistanda, Eýranda, Zakawkaziýede, Irakda, Turkiýede has giňden ýaýrapdyr. Bu taýpa birleşmeleriniň türkmenleriniň köpüsiniň günbatara 2,5 geçmeginden soň XIII asyr ýykgynçylykly mongol basybalyşlary netijesinde, dagynyk ýagdaýa düşen türkmenleri jebisleşdirmekde ähmiýeti uly bolupdyr.

Türkmen halkynyň kemala gelmeginde, gelip çykyşynda, onuň başyndan geçiren migrasiýalary, harby ýörüşler goňşy halklar bilen arkalaşyklary uly yz galdyrypdyrlar. B.e. öňki X asyr Turany basyp alan Aleksandr Makedonskiý (Isgender Zülkarnaýyn) hakda türkmenleriň arasynda häzire çenli saklanyp galan rowaýatlar, käbir taýpalarymyzyň düzüminde ondan galan ilat we tire-taýpanyň bolaýmagy mümkin diýip alymlaryň çaklamalary, onuň geçen ỳollaryndaky ýadygärliklerden tapylan arhiologik tapyndylar heỳkeller, monetalar, ritonlar, galyberse-de, X asyryň beýik alymy Mahmyt Kaşgarynyň, Aleksandr Makedonskiýniň Mowerenahrda köp taýpalaryna duşmaga, türkmen adynyň gelip çykyşynyň onuň ady bilen baglaşdyrylmagy bu ýörüşi türkmenleriň taryhynda uly yz galdyrandygynyň şaýadydyr.

Türkmenleriň etnik taryhynda ruhy medeniýetinde, uly täsir galdyran ýörüşleriň biride VII asyryň ortalarynda merkezi Aziýanyň häzirki Türkmenistanda araplaryň basyp almaklarydyr. Häzire çenli maşgala nika däplerinde özboluşlylygyň saklanýan we nesil daragtlaryny Araplardan alyp gaýdýan şyh hoja, magtym, ata, seýit, müjebür, ýaly öwlat

toparlary, teke, garadaşly we başga taýpalaryň düzüminde arap atly tireleriň bolmagy we başgada köp mysallar araplaryň türkmenleriň kemala gelmegine täsir edendigine şaýatlyk edýär. Türkmen halkynyň antropologiýasyna etnik we sosial taryhyna täsir eden zatlaryň biri hem XII asyr mongollaryň ýykgynçylykly ýörüşleridir. XVII-XIX asyryň dagynyk döwürlerinde has güýçlenen talaňçylykly ýörüşler alaman çarwalar türkmenleriň goňşy halklar bilen parahat we zorluk ýagdaýda bolup geçen etnik gatnaşyklary hem türkmen halkynyň kämilleşmegine medeni, etnik ýagdaýlaryna köp täsir edipdir.

Halkymyzyň kämilleşmegine medeniýetine goňşy halklar bilen bolan araganaşyklarymyz hem täsir edipdir. Halkyň arasynda saklanyp galan taryhy rowaýatlar, şejereler, parahat we harby gatnaşyklar türkmenleriň arasynda goňşy halkaryna düşen taýpa tire toparlarynyň bolmagy we başga maglumatlar muňa şaýatlyk edýär.

# III. TÜRKMENLERIŇ MEŞGULLANAN KÄRLERI WE HOJALYGY

## 3.1. Türkmenlerde ekerançylyk hojalygy.

Mälim bolşy ýaly XIX asyrdan has öň hem türkmenleriň Ahal-teke, Tejen, Mary, Sarahs, Ýolöten, oazislerine we beýleki oazislerinde suwarymly ekerançylyk bolupdyr. Käbir taýpalar (mürçeliler, änewliler, alililer) bütinleý diýen ýaly oturymly ekerançylyk bilen meşgullanypdyrlar.

Emma XIX asyryň başlarynda türkmenleriň ekerançylygy örän yzagalak häsiýetde bolupdyr. Suwarylýan ýerlere *bugdaý* (esasan ýazlyk bugdaý), *arpa*, kem-käsleýin bolsa *ýorunja, jöwen, gowaça, dary, künji, mäş, şaly, gök ekinler we gawun-garpyz* ekilipdir.

Käbir ýerlerde, aýratynda ýerli günorta türkmen taýpalarynda (mürçelilerde, magtymlarda, änewlilerde, mehinlerde) miweli baglar bolupdyr, ylaýta-da *üzümler* has köp eken ozaly bilen Nohurlada, Mürçede we Lebapda (Garabekewilden perwere çenli) *tut agaçlary* hem ösdürlip ýetişdirilipdir.



Рис. 1. Вспашка на быках при помощи «азала».

Ekerançylykda ýerler sürülýän eken, emma ekerançylyk tehnikasy örän primitiwligine galyp gelipdir. Ýerleri *omaç, azal, künde* bilen sürülipdir. Ýer sürülenden soň tekizlemek üçin mala ulanypdyrlar. Omaja-da, mala-da bir jübit ýaby ýa-da öküz, düýe goşular eken. *Kätmen* (esasan gündogar Türkmenistanda kem-käsleýin Murgapda) we *piliň* ähmiýeti uly bolupdyr. Hasyly *orak* bilen orýan ekenler.

Däneli ekinleri *aňňal* bilen we ýorunjany hem-de beýleki otlary orak bilen orupdyrlar. Üzüm tut we başga agaçlary kesmek üçin ýörite üzüm kesýän üzüm gaýçylar bolupdyr.



Harmanlarda döwek döwülende öküzler, ýabylar hem-de eşekler bilen döwülipdir. Oba –hojalyk önümlerini işläp bejermek üçin kiçiräk *suw degirmenleri* we *el degirmenleri,* künji ýagyny çykarmak üçin *juwazlar, sokular* hyzmat edipdir. Çöregi tamdyrda bişiripdirler, çopanlar bolsa çöregi ýerde (gyzgyn çägä gömüp) bişirýär ekenler.

Suwarymly ekerançylyk düme ekinlerinden çürt kesik köp bolupdyr. Ekinleri suwarmak üçin kanallar, bentler gurulupdyr. Kä mahallar *kärizler* ulanylypdyr. Bentler tal agaçlaryndan we ýylgyn desselerinden edilip, gum bilen bitewlenipdir. Tehnikanyň pesliginden käriz gazmak, bent etmek, kanal gazmak, irrigasion desgalary bejermek we arassalamak ägirt köp zähmeti talap edipdir. Käriz gazmak üçin pürsýanlardan (parslar) we türkmenlerden bolan käriz ussalaryndan başga-da köp wagtlarda eýranly gullaryň zähmeti peýdalanypdyr.

Irrigasion sistemalar köp wagtlarda rassional bolmandyr, ýaplaryň juda uzynlygy zerarly köp mukdardaky suw isrip edilipdir.

Irrigasion sistemalarynyň kämilleşdirilmänligi netijesinde haşar işleriň möçberi ýyl-ýyldan artypdyr. Bu aýratynda ýygy-ýygydan ozalky ugruny üýtgedip durýan we kanallary gyrmança bilen gömýän juda ynjyk amyderýa sebitlerinde şeýle bolupdyr.

Irrigasion ulgamy döretmek we arassalamak barada köp zähmet talap edýän, işleriň zerur bolmagy türkmenlerde sanaşyk (jemagat) ýer-eýeçiliginiň mäkäm saklanmagyna sebäp bolan düýpli ýagdaý bolupdyr. Bu aýratynda Mary oazislerinde şeýle bolupdyr.

Ýerler esasan akar suw bilen suwarylypdyr. Emma her niçikde bolsa ýönekeýje suw çykaryş desgalary  suwuň ýa-da malyň güýji bilen herekete getirilýän jykyrlar we adamyň güýji bilen emele getirilýän has ýönekeý nowalar örän giň ýaýrapdyr.

Dogry ekin dolanyşyklary bolmadyk bolara çemeli. Gökleňleriň çylşyrymly ekin dolanşyklary hakynda XIX asyryň käbir ýazarlarynyň maglumatlaryny başga maglumatlar tassyklamaýar. Şol şertlerde türkmenlerde gadymdan gelýän tarp ýerli ekerançylyk giň ýaýrapdyr. Sebäbi ýer köp bolupdyr, diňe täze ýerleri suwarmak üçin wagtal-wagtal täze ýaplary gazmak gerek bolupdyr. Elbetde munuň özi ägirt köp zähmetiň sarp edilmegini talap edipdir we suwuň köp ýitirilmegine getiripdir.

Türkmenler ýerli dökünlerden peýdalanypdyrlar hemme ýerde ders ulanylypdyr. Ony ekin meýdanyna aýratynda üzüm baglaryna ýörite daşapdyrlar ýa-da hasyl ýygnalandan soň ekin meýdanynda mal bakylypdyr. Gadymky harabalardaky gumlaryň we köne kanallaryň gury gyrmançasy hem dökün hökmünde giňden ulanylypdyr. Kämahallarda meýdandaky otlary otlap ýeri kül bilen dökünläpdirler.

Suwarylýan ýerleri pugta bejeripdirler ekin meýdanlaryny tep-tekiz pellere bölüp daş-töweregini çilläpdirler. Soňra tagt suwuny berip ýeri azal bilen iki-üç gezek sürüpdirler. Dänäni el bilen sepip ýeri ýene-de azal bilen sürüp, şondan soň mala basypdyrlar. Ekinler ekilenden soň iki-üç gezek suwarylypdyr. Gawun ekmek üçin joýa gazylypdyr.

Howanyň yssy bolmagy suwarylýan ýerlerden iki gezek hasyl almaga aýratynda arpadan güýzlik bugdaýdan soň ýerine bir hasyl almaga mümkinçilik berýär. Ak ekiniň hasyly

ýygnalandan soň gawun ýa-da jöwen ekilipdir. Jöwen palajyny oktýabr aýynda mal ot üçin orar ekenler. Düme ýerlerinde ekin ekmegiň birneme ähmiýeti bolupdyr. 1. Salkynrak we yzgaryň köp saklanýan ýeri bolan daglarda hem dag eteklerinde düme däne ekinleri ekilipdir. 2. Gar we ýagyş ýa-da sil suwlary bilen berk yzgarlanan. Oýtaklarynda gawun aýratynda kyrkgünlik ekilipdir. 3. Suw ornan gyrmançaly ýerlerde ekin ekilipdir. Soňky iki halatda ekerançylyk emeli suwarylýan ýerlerdäki örän öňdebaryjy ekerançylyk hojalygynyň tersine iň yzagalak ýarym ilkidurmuş häsiýetinde bolupdyr. Türkmenleriň agro tehnikasynyň pes derejede bolanlygyna düme ekinleriň örän giň ýaýarandygy boýunça hem göz öňüne getirmek bolar.

## 3.2. Türkmenlerde maldarçylyk hojalygy.

Türkmenler öz tebigy şertleri boýunça bir meňzeş bolmadyk giň teritoriýada ýerleşip, gadymdan bäri örän dürli – dürli hojalyk işi bilen meşgurlanyp gidipdirler. Rus çinownikleri, deňizde ýüzijileri we täjirleri türkmenleriň hojalyk – yksydasy hem–de jemiýetçilik syýasy ýagdaýyny, durmuşy we ýaşaýşyny Hazar boýundaky türkmenleriňki ýalydyr öýdýär ekenler.

Öň döwürler türkmenleriň hojalygynda çarwaçylyk örän möhüm orun tutupdyr. *Çarwa türkmenler gylýallary, gara mallary, türkmen we garaköli goýunlary, geçileri, düýeleri, eşekleri ösdürip ýetişdirýän ekenler.* Çapylýan atlary ösdürüp ýetişdirmäge uly üns berýär ekenler. Ahal we Mary oazisinde ahal-teke atlary, Horezmde we Etrekde *ýomut atlary* ösdürilip ýetişdirilýän eken. Horezmde ata atlarynyň tohumy hem şöhratlanýar eken. Türkmenleriň ýaşaýan şertleri olaryň atlary aýratyn gowy görmekligi, ýyndamlygy we çydamlylygy bilen tapawutlanýan meşhur ahal-teke atlarynyň tohumyny kemala getirmek hem-de saklamak başardypdyr.

Ahal-teke atlarynyň kellesi kiçi, boýy inçeden uzyn, aýaklary syrdam, örän inçemik, bili syplaň, derisi ýuka, guýrugunyň gyllary seýrek bolupdyr. Atlaryň esasy reňkleri dor, mele we al (bularyň üçüsiniňde tüýleri lowurdap durupdyr) hem-de gyr we gara bolupdyr. Ahal-teke atlary gujurlylygy, güýçliligi we çydamlylygy bilen tapawutlanýar, suwsyzlyga çydamly bolýar, sähelçe iým bilen oňýar.

Professor W. O. Wittiň ýazyşy ýaly, "Türkmen atlary özüniň nepisligi bilen aýratyn özüne çekiji owadan synasy bilen hemmeleri haýran galdyrypdyr, atlary elin ösdürip ýetişdirmegiň köp ýyllyk taryhy şunda mälim bolupdyr: owadanlyk boýunça köp wagtlap hat-da arap atlaryda türkmen atlaryna taý gelip bilmändirler. Orta Aziýa bilen serhetdeş Eýran, Owganystan ýaly ýurtlar arap atlaryndan peýdalanmaga we türkmen atlaryny ulanmazlyga doly mümkinçiligi bolanda bolsa, türkmen atlaryny köp mukdarda äkidip, olary köp asyrlaryň dowamynda, tä biziň günlerimize çenli özleriniň at zawodlary üçin tohum, höwür atlary hökmünde peýdalanyp gelipdir" diýip belläpdir. Soňra bolsa "Türkmen atlary hut soňky wagtlara çenli iňlisler tarapyndan Hindistana hem äkidilipdir. Aýry-aýry ýyllarda 200 den-de köp at äkidilipdir."

Amyderýanyň aşak akymynda we kem-käsleýin bolsa orta akymynda hem-de Murgap boýunda garaköli goýunlary ösdürip ýetişdiripdir. Türkmenleriň garaköli baganalary başga ýerlerden gelen söwdegärler tarapyndan satyn alynyp, başga ýurtlara äkidilipdir, sebäbi gaýry ýurtlarda garaköli baganalar örän gymmat eken.

Mary etekleri XIX asyrda goýunlaryň görnüşlerinden etli-ýüňli saryja goýunlary ösdürip ýetişdiripdirler. Şeýle tohum malyň şu wagta çenli halk hojalygynda uly ähmiýeti bardyr. Türkmen çarwalary türkmen düýeleriniň tohumyny gowulandyrmak barada uly iş geçiripdirler. Düýeleriň *arwana tohumlarynyň* aýratyn gymmatly bolupdyr. Maldarlar we

awçylar tarapyndan örän gadyry bilinen türkmen itleri hem-de *tazylary* oňat sypatlary we häsiýetleri bilen tapawutlanypdyr.

Mallar arly ýyl açyk meýdanda ýagny öri meýdanlarda saklanypdyrlar.

Ýylyň köp böleginde sürüler örülerde oazislerde ýa-da gumlaryň jümmüşinde bakylyp tomsuna hasyl ýygnalandan soň çarwalar özleriniň sürilerini obalarynyň ýakynyna sürip getirip, mallara sypal iýdiripdirler. Mundan başgada mallary eňňerä (däneli, bag-bakja ekinleriň orulyp, ýygylyp bolunandan soňky galan meýdany) göýberip bakmak usuly ulanylypdyr. Munuň özi mallary gaty semredýär ekeni. Ot-iým taýýarlamak işi hem geçirilipdir. Emma muňa garamazdan sowuk gyşlarda we şunuň bilen birlikde otlaryň ýok wagty munuň özi mallaryň köpçülikleýin gyrylmagyna getiripdir, şu zerarly birinji nobatda iň garyp çarwalar horluk çekipdir.

Az-owlak mallary bolan ekerançylar–çomurlar özleriniň mallary üçin ýandakdan *agyl* edinipdirler. Şol agyllar şonuň bilen birlikde mallar üçin gyş ot-iým bolup hyzmat edýär eken. Atlar sürülerde dälde ýataklarda saklanyp, olara bede we ýorunjadan başga arpa, bugdaý, jöwen we ýöriş ediljek bolnanda arpa çörek berliýär eken. Ýatakda atlardan başga baggoýunlar hem saklanypdyr. Olary ýorunja, paçak, kepek, arpa, sary un we ş. m. bilen örän oňat bakypdyrlar.

XIX asyryň birinji ýarymynyň ahyrlarynda garagumdaky goýunlaryň we kaklaryň köpüsi köp sürileri bolan urug aksakallaryň elinde bolupdyr. Munuň özi beýleki çarwalaryň şol aksakallara garaşly ýagdaýa salypdyr.

Her bir süriniň ýanynda *çopan* we *çoluk* bolupdyr. Çoluk esasan kömekçi hojalyk işlerini ýerine ýetiripdir. Çopanyň durmuşy biçak agyr bolupdyr. Olar bolar bolmaz çatmalarda ýaşapdyrlar. Çopanlar ençeme günläp açyk meýdanda galyp, tomsuna yssydan we suwsuzlykdan, gyşyna bolsa ýagyşdan we aýazdan horlanypdyrlar. Alamançylar we wagşy haýwanlaryň çozmagy hemişe wehim salyp durupdyr.

Türkmenistanyň tebigy şertleri hojalygyň esasy iki görnişiniň ösmegine şert döredipdir. Olar suwarymly ekerançylyk we çarwa maldarçylykdyr. Şonuň üçin 2000 ýyldan gowrak wagt bäri türkmen çölligi çarwa we ýarym çarwa hojalygyň mekany bolupdyr.

Türkmeniň Garagum sährasy çarwa we ýarym çarwa hojalyk ýöretmek üçin amatly bolupdyr. Garagum sährasy türkmeniň 80% gowrak ýeri eýelemek bilen demirgazykdan günorta çenli 450 km, gündogardan günbatara çenli 800 km uzalyp 35 mln ga. ýeri tutýar[1]. Emma çarwa mallaryny garagum sährasynyň çet gyralarynda, guýularyň we çeşme çaýlaryň boýlarynda bakypdyrlar.

Türkmenistanyň sähralarynda hem medeni sebitlerde bolşy ýaly gadymy çarwaçylygyň galyndylaryna duş gelmek bolýar. Bu bolsa gadymy döwirde adamzat medenýetiniň, ýagny mallar- çarwa ilatyň medenýetiniň ösendigine şaýatlyk edýär. Ol galyndylar biziň günlerimize gelip ýeten köp sanly guýulardyr kärizlerden ybarat .guýular gary çuň bolupdyr. Olaryň kä biriniň çuňlugy 250 m barabar bolupdyr.

Ilkinji gezek ilkinji Türkmenistanyň we Özbegistanyň teritorýasynda b.e.öňki 5 asyrda ýaşap geçen skif taýpalary barada bu döwürde ýaşap geçen grek taryhçysy Geredodyň işlerinde ýatlanyp geçilýär.

Geredodyň aýtmagyna görä b.e.öňki V asyrda demirgazyk gara deňiz we Azow deňziniň sebtiniň ilaty ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgul bolupdyr. Olaryň maldarçylyk bilen meşgullanýan bölegi kawkazyň we Midiýanyň üsti bilen orata Aziýa aralaşypdyrlar. Skifler gelmänkäler bu ýerde massaget taýpalary bar eken. Olar hem çarwa durmuşynda ýaşapdyrlar. Olaryň şäherleri galalary ýokdyr. Her maşgala hojalyk öýlerini ýanlary bilen alyp gidýärler. Olaryň öýleri arabada ýerleşendir. Olaryň emlägi ekernçylyk gurallarydälde, mallarydyr[1] görkezýär. Şeýlelikde gadymy massaget we skif çarwa taýpalary hazar deňzi bilen

Amy derýanyň aralygynda ýaşap çarwa durmuşyny başdan geçirendigine göz ýetirmek bolýar.

Skif-massaget taýpalaryndan soň b.e. IV-VI asyrlarynda Orta Aziýada Eftaly çarwa taýpalary peýda bolýar. Olaryň çarwa taýpalaryndan kemala gelendiginde ähmiýeti uly bolupdyr. Häzirki çarwalaryň bir tiresi bolan Abdal taýpalyrynyň ady hem eftalylardan galan at hasap edilýär.

Altaý sebitlerinde V asyrda çarwa-türki harby syýasy birleşmesi kemala gelýär. Oňa merkezi Azýanyň birnäçe etniki taýpalary birleşdi. Birleşmäniň başyny çarwa taýpalary bolan türki halklar esaslandyrypdyr.

VI asyryň ortalarynda Orta Aziýada Türki halklar- türk kaganadyny döredýärler. Şeýlelikde türki dilli çarwa –mallar taýpalary hazar deňzi bilen Amyderýa aralygyndaky ägirt uly giňişlikde orun tutýarlar.

Bu ýerdäki eftaly taýpalary hem öz ýerini taşlap gitmän, türki halklar bilen assimilleşipdirler.

VII asyrda türk kaganatyň ýykylmagy bilen türki taýpalar Orta Aziýadan gidýärler. Bu ýerde täze türki dilli, çarwa etniki toparlar peýda bolýarlar. Olar oguz taýpalarydyr. Oguzlar arap çeşmelerinde Guzlar hem diýlip atlandyrlypdyr. Arap taryhçysy Al Belazuri guzlaryň ýurdy diýip atlandyrylýan özboluşly ýurdy bar diýip belleýär. Netijede oguzlar garadum sähralarynda çarwaçylyk bilen meşgullanypdyrlar.

Garagum sährasynda guýylaryň sany kän bolupdyr. Oguzlar şol guýylaryň başynda ýaşap, maldarçylyk hojalygyny ýöredipdirler. Soň-soňlar oguzlaryň birnäçe tiresi ýazlaga gitmek netijesinde we oturumly ilat bilen assimilleşmegi netijesinde olaryň belli bir bölegi ekerançylyk bilen meşgullanypdyrlar.

Bu oguz taýpalary X asyrda çarwa türkmen taýpalarynyň kemala gelmeginde, XI asyrda bolsa günortasynda bolsa çomry taýpalarynyň kemala gelmeginde esasy özen bolup hyzmat edipdir.

XI asyrda çarwa ýazyr taýpalarynyň bir bölegi oturumly ekerançylyga geçip başlaýar we Şähristanda ekerançylyk bilen meşgullanýarlar.

Takmynan XI-XII asyrlarda türkmen taýpalarynyň beýlekileriniň köpüsi hem oturymly ekerançylaga geçip başlaýarlar. Olar amyderýa boýundaky baýat taýpalarydyr. Emma oguzlar köpçülikleýin çarwa durmuşyny dowam etdiripdirler.

Mongol basybalyşlaryndan soňky döwürde türkmenleriň taýpa düzüminde düýpli özgerişler bolup geçdi. Köp taýpalar ýaha ýitip gitdi ýa-da başga taýpalara garyşyp gitdiler. Ýomut, ärsary, teke, saryk, gökleň ýaly birnäçe taýpalar peýda boldy.

XVI-XVII asyrda türkmen taýpalary türkmen sährasynyň köp ýerine ýaýrap ekerançylyk bilen meşgullanyp başlaýarlar. Bu döwür türkmenleriň iri toparlarynyň migrasiýasynyň ähmiýetli döwri hasaplanýar. XVIII asyryň ortalaryna Amyderýanyň orta akymlarynda ýerleşen gündogar türkmenler kemala gelýär. Bu döwürde çarwa türkmenleriň esasy böleginiň oturymlylyga geçen döwri bolupdyr. Emma türkmen taýpalarynyň esasy bölegi çarwa we ýarym çarwa durmuşyny başdan geçiripdirler. Şeýle çarwa taýpalar gündogar Türkmenistanyň köp ýerlerinde duş gelýär.

Çarwa taýpalar Hazar deňziniň eteklerinde ýaşapdyrlar. Olar öz mallaryny 1000 km aralygynda bakypdyrlar. Olaryň gyşky esasy mekany Etrek we Mangyşlak ýerleri bolupdyr. Käbir çarwa taýpalar bolsa Garagumda we Balkan daglarynda gyşlapdyrlar.

Çarwa türkmenler XVIII asyrda oturumly durmuşa geçip başlaýarlar we XIX asyryna çenli olaryň köp bölegi oturumly ekerançy bolýarlar. Meselem tekeleriň günorta Türkmenistana aralaşmagy bilen olar doly oturumlylyga geçýärler. Çarwalaryň diňe az bölegi maldarçylyk bilen meşgullanýarlar. Birnäçe çarwa taýpalary bolsa oazisleriň eteklerinde çarwaçylyk etmek bilen olar ekerançylyk hem maldarçylyk alyp baryp, ýarym

çarwa durmuşyny başdan geçiripdirler. Geçmişde çarwaçylyk bilen meşgullanýan taýpalar hem edil ekerançy taýpalar ýaly dürli-dürli bolupdyr. Garagumyň günbatar böleginde Jebel bilen Gyzyl-Arbat (hazirki Serdar säheri) aralygynda çarwa ýomutlar Gyzyl-Arbatdan –Tejen aralygynda gündogara tarap teke, alili, garadaşly, magtymlar, günorta-günbatar Garagumda teke, salyr, saryk, ärsarylar demirgazyk Garagumda bolsa demirgazyk ýomutlar çowdurlar we garadaşlylar mal bakypdyrlar.

XIX asyryň başlarynda abdal, buzaçi, çowdur, igdir we burunjyk taýpalary Mangyşlak we buzaçi ýarym adasyny eýeläpdirler. Emma tiz wagtdan gyrgyzlar hywalylaryň kömegi bilen olary bu ýerden we demirgazyk mangyşlakdan gysyp çykarypdyrlar. XIX asyryň ahyry XX asyryň başlarynda günbatar Türkmenistanyň gara çokur ýomutlar iki şaha bölnipdirler. Olar japarbaý we ak Atabaýlar. Şeýle hem bu ýerde ogurjaly, pyhy , hoja we beýleki taýpalar ýaşapdyrlar. Olaryň esasy meşgullanan kärleri maldarçylyk bolupdyr. Bu döwirde ýarym çarwa taýpalaryň esasy ýerleşen ýeri Ahal, Etek, Tejen sebitleriniň demirgazykdaky çöllikleri bolupdyr.

Günbatar çarwalarda guýular azlyk edipdir. Mallar esasan çaýlaryň boýlarynda, Etrek Gürgen ýerlerinde mal bakypdyrlar. Çaýlar we etrek derýasy agyz suw bolup hyzmat edipdir. Günorta Türkmenistanyň çarwalaryna birnäçe kärizler, guýular hyzmat edipdir. XIX asyryň aýaklarynda ol guýular hususy eýeçilige geçipdir. Oň bolsa mallarçylygyň ösmegine sebäp bolupdyr.

XIX asyryň ortalaryna maldarlaryň arasynda iri baýlar, mal eýeleri ýagny çarwa baýlar peýda bolýar. Mallaryň sany hem artýar. Çarwa baýlary köp sanly guýylary hususylaşdyrmak bilen ol guýularyň töweregindäki öri mepdanlary hem öz eýeçiligine alýarlar. Şeýlelikde ol ýerlerden we guýydan kim peýdalansa salgyt tölemeli bolupdyr.

XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başlarynda türkmenleriň çarwa hojalygy ýitip başlaýar. XIX asyryň ahyrlarynda türkmenleriň diňe käbir taýpalary çarwaçylyk edipdir. Çomurlaryň ähmiýeti ulalyp başlapdyr. Türkmenleriň ýarym, çarwa maldarlary bilen bir hatarda hojalygyň täze görnişi *baý çarwa maldarlar* kemala gelipdir.

Türkmenleriň çarwa hojalygy kollektiwizasiýa (kolhoz gurluşygy) çenli saklanyp galypdyr. Ol esasan hem gumlylaryň (çarwalar) arasynda dowam edipdir. 1926-njy ýylyň bütin soýuz ilat ýazuwynyň maglumatlaryna görä Türkmenistanda ýüz müňden gowrak hojalyk maldarçylyk bilen meşgullanypdyrlar. Kollektiwizasiýa döwrinde bolsa birnäçe çarwadarlar kolhoza giripdirler we oturumlylyga geçipdirler.

## 3.3. Türkmenlerde hünärmentçilik hojalygy.

XIX asyryň birinji ýarymynda ähli türkmen taýpalarynda ep-esli derejede ösen senetçilik bolupdyr. şol wagtlarda ol entek oba-hojalygynda doly suratda bölünip aýrylmandyr. Emma welin diňe öý hojalykygynda ulanylýan dürli-dürli zatlary we ekerançylyk zähmet gurallaryny taýýaralamak bilen meşgullanan käbir maşgalalar eýýäm bar eken. Iň köp ýaýran senet haly dokamaklyk bolup, munuň bilen diňe aýallar meşgul bolupdyrlar.

XIX asyryň 60-njy ýyllarynda Maryda on dört aýlap ýesirlikde bolan Guliberf Blokwil şeýle ýazypdyr: “türkmenlerde aýallar beýleki musulmanlarda köp hormatlanylýar. Şeýle-de bolsa olaryň işi örän köp. Aýdaly olar her gün maşgalanyň iýjek gallasyny üwemeli bolýardylar. Mundan başga-da, olar ýüpek, ýüň, ýüplik egirýärler, haly dokaýarlar, tikin tikýärler, keçe edýärler, suw getirýärler, kämahallarda ýüpegi we ýüňi ýuwýarlar, boýaýarlar we haly dokaýarlar. Haly dokamaklyk şeýle edilýär: howanyň oňat wagtynda türkmenler açyk meýdana ýere berk kakylan dört

sany gazykdan ybarat bolan dokma ýüwürdýärler we daşyna eriş aýlanan iki sany ullakan dokma agajynyň kömegi bilen dokap başlaýarlar. Olaryň halylyary daraga meňzeş ýerleşdirilen bäş ýa-da alty dişden ybarat bolan demir gural bilen kakylýar we adatça halylary boýy üç metr we ini bir ýarym metr bolýar, olar örän mäkäm edilýär.” Soňra bolsa, “her bir maşgalanyň öz göli bolupdyr, olar nesilden-nesile, enesinden gyzyna geçýär” diýip belleýär.

Ýokarda eýýäm ýatlanyp geçilen we 1859-njy ýylda ýomutlaryň arasynda bolan M. N. Galkin şeýle ýazýar: “şu türkmenlerde kenar ýakasyndaky ähli türkmenleriň-de halylarynyň nagyşynda hökman uly we kiçi labrlaryň şekillendirilmegi örän täsindir.”

Türkmenleriň durmuşynda köp dürli-dürli haly önümleri peýdalanylýar. Aýallar öýüň hemme bezeglerini, halyçalary (öý ýüpleri, oýlama halylary), dürli torba çuwally, (torba, iklik, çuwal, horjun), adaty düşýän halylary (haly, ojakbaşy), namazlyklary, halydan edilen dürli tutylary (eňsi, gapylyk we başgalary) taýýarlanypdyr.

Türkmenistanda ýaşaýan birentek taýpalar haly dokamak bilen meşgullanypdyrlar. Gadymky daýhan we şäher ilatynyň esasy käri (araplar, mürçeler, ýemreliler, atalaryň bir bölegi we başgalar) düýbinden haly dokamak bilen meşgurlanypdyrlar. Olar zerur bolan haly dokaýan toparlaryndan satyn alypdyrlar. Türkmen taýpalarynyň köplenjisiniň ýagny: salyrlaryň, saryklaryň, çowdurlaryň, tekeleriň, ärsarylaryň, ýomutlaryň, gökleriň, arabaçylaryň we başgalaryň aýallary haly dokamak bilen maşgurlanypdyrlar.

Şu gün ösen öý pişesi türkmenleriň diňe bir hut ozleriniň hajatlaryny kanagatlandyrmak bilen çäklenmän, hat-da Türkmenistanyň çäklerinden daşarda satylýan haryt önümleriniň käbiri mukdaryny hem beripdir.

XVIII asyrdan başlap söwda tejribesinde ornaşan we bütin Orta Aziýa haly önümi üçin ulanylan “buhara halylary”

diýen termin göz görtele nädogrydyr, munuň beýle bolmagynyň sebäbi türkmen taýpalary bolan ärsarylaryň we başgalaryň ýaşap gelen halyçylyk welaýatynyň bir böleginiň Beýik Oktýabr sosialistik rewalýusiýasyndan ozal Buhara hanlygynyň soltanlygyna girendigidir hem-de haly söwdasynyň şol hanlygyň ýerlerinde bolandygydyr. Mundan başga-da haly söwdasy halylar olaryň öndürilýän ýerlerinden satyn alyp, olar Buhara şäherindäki öz merkezi gaznalaryna getiren Buhara täjirleriniň elinde jemlenipdir, Buhara şäherinde bolsa söwda kerwenleri düzilip, söwda geleşikleri edilýän eken.

XIX asyrda başgalaryň türkmen halylaryň söwdasy hakynda gös-göni şaýatlyk edýän maglumatlar bar. 1821-nji ýylda Horasanda bolan iňlis syýahatçysy Frezer türkmen halylaryny satmak üçin dokalyşy hakynda şeýle diýýär: “Türkmenleriň senagaty esasan halylardan ybaratdyr, olar şol halylary örän owadan materialdan dokaýarlar we şol halylar örän gymmatly bolup, köp girdeji berýärler.”

Emma haly önümlerini öndürmegiň uly möçberi bolmagy türkmen halyçylarynyň kömekçi öý pişesinden hünärmentçilik senagatynyň ýöriteleşdirilen pudagyny öwrülmegini aňlatmaýar. Bu proses ep-esli gijiräk amala aşdy.

XIX asyrda Türkmenistanyň verlerinde bolan sosial-ykdysady şertleri we syýasy ýagdaý Türkmenistanyň Russiýa birleşmeginden öň ýarym natural häsiýetde bolan hojalygyň ösüşiniň haýal depginde bolmagyny kesgitledi. Ähli oba hojalyk welaýatlarynda senetçilik oba hojalygy bilen ýakyndan baglanyşyklydy we öý pişesi häsiýetindedi. Oba hojalygynda gurallaryň we öýleri enjamlaşdyryş zatlardan başlap tä agaç-gapçanaklara we ähli geýim–eşik materiallaryna çenli durmuşda ulanylýan önümleriň aglaba köpüsi oba ýerlerinde ýaşaýan we senetçiligi oba hojalyk işi bilen utgaşykly alyp barýan hünärmentler tarpyndan öndürilýärdi. Birentek senetler (haly dokamaklyk, küýzegärçilik, ýüp işmeklik we başgalar) möwsümleýin häsiýetde bolupdyrlar. Emma welin dürli öý

pişeleriniň giň ýaýramagy ýurtda professional senetçiligiň ýokdugyny aňlatmaýardy. Taryhy maglumatlaryň şaýatlyk etmegine görä, ýurduň içinde dürli önümleriň söwdasy örän janly alynyp barylypdyr. Feodallar we daýhanlar eýlenen derileri, kümüş şaýlary, gymmat bahaly at şaýlary, ýaraglary we başga birentek şaýlary professional hünärmentlerden hem-de senetçilerden satyn alypdyrlar.

Özüniň hojalyk taýdan ähmiýeti boýunça möhüm bolan metal önümçiligi  juda gowşak ösüpdir. Demiçi ussalar we mis ussalary ýönekeýje oba hojalyk gurallary ýaraglary we hojalyk zatlary –suw küýzelerini el ýuwulýan tabaklary kosmetik üçin gutujuklary we başga zatlary öndüripdirler. Türkmenistanda öndürilen az sanly metal önümleri ilatyň islegini üpjün edip bilmändir, şoňa göräde birentek metal önümleri, aýratynda çoýun önümleri Türkmenistana goňşy ýurtlardan Eýrandan, Buharadan, Hywadan we Russiýadan getirilipdir.

Metal önümçiliginde iň öseni kümüşçilik bolupdyr. Kümüşçi ussalar hemme ýerde bar eken. Kämahallarda oba kümüşçileri diňe bir öz obalaryna hyzmat etmek bilen çäklenmän, başga welaýatlara äkitmek üçin niýetlenen önümleri öndüripdirler.

Türkmenistanyň häzire çenli saklanyp galan gadymy kümüş zatlary özüniň tehnikasy we çeperçilik hili boýunça ýokary derejede bolup, olar kümüşçilik pişesi bilen meşgullanan tejribeli we hünärli ussalar bolupdyr, diýip hasap etmäge mümkinçilik döredýär. Aýallar dürli altyn kümüş şaýlary hem öndürilipdir. Türkmen aýallaryň kümüş şaýlary käbir häsiýetli aýratynlyklary bilen biri–birinden tapawutlanypyr. Rus syýasatçylary türkmen kümüşçileri tarapyndan kümüş pullary zikgelenýändigini belläp geçipdir.

Oba ýerlerinde  gurluşyk senetleriniň arasynda gara öýüň agaç esbaplaryny öndürmeklik giň ýaýrapdyr. Ýerli hünärmentler agaç esbaplaryny zerur çig malyň köp etraplarynda – Etregiň we Amyderýanyň kenarlarynda hem

Tejen we Murgap derýalarynyň kenarlarynda ýasaýar ekenler. Şyh taýpasyndan bolan türkmen öýçileri öý ýasamak barada aýratyn şöhrat gazanypdyrlar. Edil şol sebitlerde öýler üçin haşamly gapylary, durmuşda ulanylýan ownuk agaç önümleri we eýerleri, kämahallarda örän haşamlanyp bezelen eýerleri ýasapdyrlar. Eýer ýasamak senedi bilen Maryda Ýazyr taýpasy, Ahalda nohurlylar meşgullanypdyrlar. Burkaz tiresinden bolan ussalar sebet ormekde meşhur ekenler.

Çeper küýzegärçilik senedi gowşak ösen eken. Iň uly ekerançylyk obalarda we şäherlerde ýerli küýzegärler durmuşda ulanylýan gap-çanaklary we hojalyk önümleriniň iň sada görnüşlerini-küýzeleri, tabaklary, gapaklary, tamdyrlary, çarylary we başgalary ýasapdyrlar.

XIX asyrda senetleiň ähli görnüşleriniň arasynda dokma senetçiligi iň öseni bolupdyr, çünki Türkmenistanda dokmaçylyk tehnikasy we çeperçilik däpleri bardy.

Bary XVIII asyryň aýagynda XIX asyryň başlarynda-da ýüpekçilik we ýüpek mata dokamaklygyň uly bazasy Mary bolupdyr. Ol şäher heläkçilikli weýran edilen wagtynda telim gezek Hywa, Buhara we Samarkanda göçülen hem bolsa-da, ýüpek mata dokyjylaryň tejribeli kadrlaryny saklap galypdyr. Birinji nobatda senetçiler göçürilip basybalyjylar olary täze göçürilip eltilen ýerlerine dokma pişesini ösdürmek üçin peýdalanypdyr. XVIII asyryň aýagynda XIX asyryň birinji ýarymynda Buharanyň we Samarkandyň özlerini "iranlar" diýip atlandyrýan we ýüpek mata dokyjylaryň Marynyň dürli wagtlarda göçürlip äkidilen ilatydy.

Marynyň sary, gyrmyzy ketenisi diňe bir Türkmenistanda däl, eýsem onuň çäklerinden daşarda (Horezm raýonlaryndaol mata "tirme" diýip at beripdirler) iňňäň meşhurdy. Ýüpek matalaryň sigsany, begres, serindi ýaly beýleki sortlary we başgalar hem Maryda çykarylypdyr. Ýüpek diňe bir professional senetçileriň, dokmaçylaryň tarpyndan däl eýsem käbir ekerançylyk obalarynyň – Nohurlaryň, Mürçeleriň,

kakanyň, Pelwerdiň ähli aýallary tarapyndan işlenip bejerilipdir. Şol ýerleriň ilaty ýüpekçilik we ýüpek matalary dokamaklyk bilen gadymdan bäri meşgullanyp gelipdir.

Nah matalary dokamaklyk hemme ýerde ýerde ýaýrap, aýallaryň bir eýýäm özleşdirilen öý pişesi bolupdyr. Türkmen aýallary biz we alaça dokaýar ekenler.

Türkmenistanda düýe goýun ýüňinden ýüň matalary dokamak, hem-de geýim-eşikleri keşdeläp bejermek, gülli jorap örmek, keçe etmek hem giň ösüpdir.

## 3.4. Türkmenlerde halyçylyk sungaty

Adamzat ajaýyp zatlar döredýär. Çeper eserler halk eposlary, ertekiler, legendalar nakyllar we ş.m. halk sungaty hem adamzadyň döreden ajaýyp zatlaryna girýär.

Türkmen halysy, munda halkyň umydy – arzuwlary ruhy dünýäsi, onuň egsilmez çeperçilik ukyby, milli aýratynlyklary şöhlelendirildi. Türkmenistanyň territoriýasynda geçirilen we geçirilýän arheologik gazuw agtaryş barlag işleri halkyň çeperçilik däbiniň örän gadymdan gelýändigine şaýatlyk edýär. Olaryň käbirleri b.e. öňki 4 müňýylylgyň keramiki nagyşlaryna ýetýär.

Pazyryk halysy dogrusynda hem-de halylaryň üsti bilen Türkmen halkynyň gelip çykyşy – etnogenezi dogrusynda maglumat bermeli.

Türkmen halylarynyň ilkinji nusgalary wagt geçmegi bilen ýitip gidýär. Emma olaryň şöhraty ençeme ýüzýyllyklardan geçip biziň döwrümize ýetdi.

Türkmen halylary barada özleriniň ýürek joşgunlaryny birnäçe daşary ýurtly syýahatçylar beýan edipdirler. Mysal üçin; Italiýaly syýahatçy Marko Planayň aýdanlaryna salgylanmak bolar. Ol bu ýerde bilýäňizmi, dünýäde iň nepis we owadan halylar dokalýar, şonuň ýalyda bijaý gowy gymmat

bahaly gyzyl hem başga reňkli matalar dokalýar, başga-da köp zatlar öndürilýär. Bu sözler mundan (XIII a) 700 gowrak ýyllar öň aýdylan we şol döwürde biziň halymyz öwülip orta çykarylan bolsa, onda türkmen haly sungatynyň düýbi has gadymlardan gelýändigi düşüniklidir.

Orta Aziýa şol sanda Türkmenistanyň halylaryna degişli ylmy işleriň ilkinjilerinden S.M. Dudiniň "Orta Aziýanyň haly önümleri " diýen işini, I. Hlopiniň Türkmen halyçylyk senediniň gözbaşy dogrusynda diýen makalasyny, aýratyn albom görnüşlerini we A. Jykyýewyň, G. Öwezberdiýewiň ylmy işlerinde haly hakynda aýdylýan pikilrler Türkmen halysynyň gadymýetden gaýdýandygy giňden bellenilipdir.

Türkmen medeniýetiniň dürli ugurlarynyň nesilden – nesile geçip biziň günlerimize gelip ýetişi ýaly haly dokamak, haly hünäri öz täsirini ýitirmän häzire çenli gellip ýetipdir.

Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soň hala bolan isleg has-da artdy. Türkmenhaly birleşigi, ýörüte açylan haly müzeýi, Türkmenbaşynyň talaplary, Türkmen halysyna pajarlap ösmegine uly itergi boldy. Indi haly önümleriniň hilini (Sowet döwrüniň halylary dogrusynda, onuň Türkmen diýilmän Buhara halysy diýilen adyň ýaýraýşy dogrusynda talyplara aýratyn gürrüň bermeli.)

## ***1. Haly dokalyşy we onda ulanylýan enjamlar.***

Halylaryň nepisligi (owadanlygy), inçeligi, sykylygy, galyberse-de ýokary hilli bolmagynyň ilki bilen onuň erşine hem-de argajyna bagly bolýandygyny gelin – gyzlar bäş barmagy ýaly bilýändirler.

Haly ýüwürtmek üçin ilki bilen dokaljak halynyň möçberine laýyk edip taýýar etmeli. Eriş goýunyň "ýaz ýüňünden" onuňam ujundan egrili taýýarlanýar.

Halynyň gözelligi onuň çitilen ýüpüne hem baglydyr. Şonuň üçin çitim ýüpi "ýaz ýüňüň" ýumşagyndan we "güýz ýüňünden" taýýarlaýarlar.

Sebäbi ýumşak ýüňden egrilýän ýüpden dokalan hely hem sypaýy we ýylmanak bolýar.

Palas üçin ulanýan ýüpler irimçigräk bolsa gowy bolýar. Şonda nagyşlar aýdyň düşýär, ýüp palasda hem halynyň ýaly bolsa nagyş ýitigsi düşýär.

Halynyň argajy köp ýerlerde dünýäniň iş gowusy torumyň gapdal, ýüňülden edeilýär. Torumýüňi gaty berk we çeýe bolýar.

Boýag çöpden (ýörüte gyzgylt çöpe meňzeş ösümlik diýýärler talyp Annabibi Yslamowanyň sözüne görä) şondan çöpboýa alypdyrlar. Nardan hem boýag taýýarlanylan, boýag ýatyrylandan soň aşgara ýatyrýarlar. Aşgar ýowşandan, ýomutlarda gara- gura diýen otdan guradyp edipdirler.

Boýag işi örän kyn bolup, ýörüte boýagçylar bolupdyrlar. Mürçelilerde boýagçylar ady bilen belli bolan taýpa hem bolupdyr.

Bir halynyň ýa-da palasyň ýüpüni boýap taýýarlamak üçin bir aýa golaý wagt sarp edilipdir. (Häzirki boýaglar? Prezident, Owganystanyň ilçisi Şaýmerdankul barada gürrüň bermeli.)

Öňler dokma ýüwürtmek üçin 4 sany gazygy 70-80 sm ýere kakypdyrlar. Keselik berk (Söwüt)  agaçdan edilip ony gazygyň ýeňsesinde goýup, ortasyna tanap bilen syrtmak salyp dokmany ýüwürdipdirler. bIr günde 4 bolup zordan ýüwürdilen dokma 4 bolup iki-üç aýyň dowamynda dokap kesilipdir.

Häzir dokma üçin ýörüte stanoklar (gural) ýasalýar, ol halyçylaryň iş şertini ýeňilleşdirýär.

Haly dokamak üçin gerek enjamlaryň ilkinjisi “Saýgyç” – 1 m. Uzynlykda barmak ýaly ýogunlykdaky çybyk. Ýüňi arassalamak üçin (saýmak) goýun yssyda, düýe ýüňi çyglyrak günde saýylypdyr. Ýüň saýylýan ýerde köne düýe halygy ýazylyp, üstüne geçi derisini ýazypdyrlar. Soň ýüňi ýüň darakdan geçirilipdir. Ondan soň ýüň egirilipdir. Oňa ik gerek. Ik, otuz sm, uzynlykda ortasy pökgü iki tarapy inçeräk, ýokary

başynda ýüp ildirilýän kertik, aşak ujuna ik baş geýdirilýär. Ol agyrrak agaçdan edilýär. (Oglanlaryň wolçok oýnawajyna meňzeş).

Haly dokalanda darak (ujy demir dişli) syndy (gaýçy) we kesere (egri pyçak) ulanylýar.

Ýene-de Änewiç diýen gural ol temene (iňňäniň ýogyn hiline) meňzeş zat. Halynyň gyrasy girizmeklik üçin iki tarapa çekdirilýär.

Garaşsyz Türkmenistanda halyçylar barada dürli döwlet aladasy edilýär. Ýokarda aýdylan esbaplar aýratyn kärhanada öndürilýär. Döredilen dik stanoklar halyçylaryň işlerini ýeňilleşdirdi. Indi olar bükülip oturman dik oturýarlar. Türkmenbaşynyň aladasy olaryň zähmetini mundan beýläkde ýeňilleşdirer.

## 2 Haly önümleri we olaryň görnüşleri

biziň günlerimizde Türkmen halylarynyň şöhraty arşa çykyp, ol halklara - da geçginli harytlaryň birine öwrüldi. Türkmeniň özündede giňden ulanylýar.

Türkmenistanyň baýdagynyň ýüzünde bäş taýpanyň gölleriniň we gerbiniň ýüzünde halynyň şekillendirilmegi ýöne ýerden däldir. Gadym wagtlardan bäri nesilden neslke geçip gelýän halyçylyk sungaty türkmeniň milli guwanjydyr.

Halylaryň gölleri we nagyşlaryň gelin-gyzlr özlerini gurşap alan tebigatyň gözelligini şekillendiripdirler.

Halklar özleriniň dokalýan etraplaryna welaýatlaryna baglylykda salynýan gölleriň we nagyşlaryň görnüşlerine görä birnäçe bölkege bölünýär.

Ýomut halylaryna “guşly göl” degişli. Ärsary göl Lebap welaýatynda. Teke halylaryndan tapawutlylykda ýomut halynyň aşa gyzyl çekilmegi bilen baglydyr, ýa-da gölleriň içine ak reňkiň köplügi bolmaly.

Türkmenlerde öndürilýän halylardan dürlilerini dokapdyrlar “asyl haly” g/b türkmenlerde “aýatlyk” haly her öýde hökmany bolmaly haldyr.

“Düýp haly” hem öýüň törüne bezeg berýän düşekçedir. “Aýatlyk” merhum ýuwup – ardylan soň ahyrky daşyna dolanýan halydyr. Onuň ölçegi 2,5 kw metr bolýar. “Namazlyk” dine ynanýan adamlaryň namaz okamak üçin ulanýan halysy, göwrümi 2 kw. m. Nagşy gölüň deregine 3 setir akly “saryiçýan” (tekelrde goç buýnuz) salynýar.

“Ojakbaşy” ol düýp halydan soň ojagyň başynyň bezegidir.

Toý – tomaşada adamlar özleriniň bezenini az görüp, atlaryny, düýelerine-de bezäpdirler. Ol türkmenlerde “asmalyk ” ady bilen belli bolup kejebäniň aşagyndan düýäň gapdalyndan asypdyrlar.

“kejebelik” düýäniň üstüne gurlan kejebäniň agzyna tutulýar. “Düýe dyzlygy” toý günleri düýäniň öň aýagynyň dyzyna dakylýan aşagy gotazly ýa-da seçekli haly önümidir. “Eýerlik” g/b ýomutlarda atyň eýeriniň aşagyndan goýulýan içirgini halydan dokanlary bolupdyr. “Gapylyk” ony öýüň ýa-da jaýyň gapysynyň iç ýüzünden tutrup, gapynyň orta biline çenli halydan dokalyp galan bölegini dürli reňkli ýüpden gotaz (Seçek) edipdirler. “Iklik” bu owadan düýpden asylýan haly önümidir. Onda iklerini saklapdyrlar.

“Garçyn” g/b ýomutlarda (tekelerde garçyn – çuwal , çuwaýa) haly önümi bolup içine egi-eşik salynyp öýüň dulunyň bezegi bolup tärimden asylyp goýulypdyr.

“Torbalar” owadan nagyşly dulda çuwaldan ýokarda asylyp goýulýan haly önümidir. Olar öýüň içine bezeg beripdir. Torbalar dürli maksatlar üçin ulanylyp “çemçetorba”, “duz torba”, “çanaktorba”, “gazantorba” bu g/b ýomutlarda duşýar.

“Horjun” haly horjun ýolda – yzda azyk we ownuk zatlary salynýan haly önümi 30-40 ýyllarda welosipedlere dakmak däbine öwrülendigini biz gördük.

Atlara (g/o-da tekeler eşeklere) hem dakylardy.

Käbir adamlar öz eginlerine hem atardylar. (dükandan, bazardan zat alanlarynda şonda pul saklaýandygyny, alan

zatlaryny salýandyklaryny görüpdik) käbir ýerlerde “dutar gap”, “tüpeň gap” haly önümlerine duş gelinýär. Häzir olar biziň Prezidentimize berlen sowgatda-da bar.

“Ýeňsi” öýleriň gapysynyň daşyndan asylýan haly önümi. Olar ýere ýazylmaýar, diňe asmak üçin, gapydan öýüň ýylylygyny saklamak üçin köplenç gyş aýlary asýarlar.

Haly önümleriniň bir görnüşinde palasdyr. Ol nagyşly halylardan düýpli tapawutlanýan, öýdüm bilen dokalýan takyr düşekdir. Palasa köplenç ýaz ýüňi ulanylýar. Palaslar hem erişli argaçly dokalýar. Nagyşlarynyň şekili boýunça palasalar “bossany”, “buýnuzy” we “gülýaýdy” diýilýän 3 topara bölünýär.

Palaslar hem edil halylaryňky ýaly iki  ujy syk dokalan zolak hem-de seçekler bilen gutarýar.

Çuwallar hakda ýokarda hem aýtdyk. Haly çuwal / ak çuwal gyzyl çuwal / bular hem barysy däl. Seýrek öýdümli dokalan palas çuwallar hem bolupdyr. Häzir olara muzeýlerde duş gelmek bolýar.

Torba – çuwal esasan däne guýmak (olara 100 kg çenli däne sygypdyr.) üçin. Argyşa gidilende ulanylýan gap bolupdyr. Palsdan dokalan ol çuwallara uzyn berk ýüpi bolup, olary mallara ýüklemäge mümkinçilik beripdir.

Türkmen öýüniň uguny düzläp dartdyrmak üçin lenta görnüşli dokalan palas ýüpine “düzü” diýilýär. Ol insiz ýüp iki bölekden ybarat bolup, öýüň uguny biri-birine berkitmäge ýetipdir. Şeýle ýüpler köp iş edilip gylyç bilen dokalypdyr.

Ümür- duman diýilip atlandyrylýan bezeg ýüpi barada käbir gartan halyçylar gürrüň berýärler. Ol ep-esli ýogynlykda (çagaň goşaryça) dürli ýüpler garylyp işilen, ujuna gotaz dakylan ýüp bolmaly. Ony atanaklap öýüň içinden (barly adamlaryň öýlerinde) assaň öýüň içini has haýbatly görkezipdir.

Türkmenleriň çowdur we ärsary toparlarynda palas görnüşinde dokalan “Darmyk” atly (lenta) ýüpleri bolupdyr.

Ol ugy ýapýan keçeleri (üzük) berkitmek üçin we owadanlyk ulanýarlar.

Türkmenlerde (köplenç g/b ýomutlarda) öýüň daşynyň owadanlygy üçin gamyşyň daşynda haly – palas önümi bolan dokalan “ak, gyzyl, golaň” ýüpi (lenta 20 sm töweregi). Ol gamyşyň bilinden gap çenli geçirilýär.

Türkmen halylary hem-de haly önümleri baradaky gürrüňleriň jemini jemläp aýtsak, olaryň çeperçilik taýdan iňňän kämildigi çeper elli halyçylarymyzyň ýokary ussatlygynyň, asyrlardan – asyrlara aşyp gelýän bu sungaty olaryň barha kämilleşýändiginiň netijesidir. Oňa mysal edip henize çenlihiç ýerde ýok äpet halylaryň biziň garaşsyz hemişelik bitarap ýurdumyzdadokalmagydyr. Olaryň bizde mukaddes zat hökmünde goralmagydyr.

Bütindünýä sergilerinde we Parižiň, Monerialyň, Leýpsigiň, Brusseliň bütindünýä ýarmarkalarynda olara berilen köp sanly sylaglar, şol sanda Gran – Pri sylagy, altyn medallaryň onlarçasyna berilmegidir.

Türkmen halylarynyň owadanlygyna kämilşdirmek we baýlaşdyrmak bilen häzirki zaman halyçy gelin – gyzlar sungatynyň hakyky genji – hazynasynyň derejesine ýetirdiler.

Häzir türkmenistanyň at gazanan halyçysy diýen hormatly ady halyçy gelin-gyzlarynyň ýüzlerçesi göterýärler. Haly we halyçylyk sungaty türkmenistanyň ilkinji hem hemişelik Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşy öz merkezinde durýar.

# IV. TÜRKMENLERIŇ ÝAŞAÝYŞ JAÝLARY.

## 4.1. Oturymly ilatyň ýaşaýyş jaýlary.

Türkmen ekerançylary özleriniň daş keşbi we ýaşaýyş jaýlary boýunça Merkezi Aziýa halklary bilen, ýagny özbekler we täjikler bilen köp babatda meňzeş bolupdyr. Emma muňa garamazdan türkmen ekerançylary özboluşly ýaşaýyş hojalygyny ýöredipdirler. Olar Türkmenistanyň tebigy şertleri we taryhy etnografiki aýratynlyklary boýunça üç sebite bölünipdir we ýaşaýyş jaýlarynyň görnüşleri hem-de obalarynyň häsiýeti boýunça biri-birinden tapawutlanypdyr. [1]

Birinji sebit: Günorta we günorta gündogar Türkmenistan. Bu sebit Köpetdag jülgeleri bilen bilelikde Ahal–Etek oazislerini we Murgap oazisini öz içine alýar.

Ikinji sebit: Demigazyk we demirgazyk-gündogar Türkmenistan. Bu sebit hem debirgazyk we gündogar Türkmenistanyň ýerlerini öz içine alyp, Horezm oazisiniň türkmen sebitin we gündogar Türkmenistanyň Amydeýa kenarlary diýen iki topara bölünipdir.

Üçunji Günbatar Türkmenistan we Hazar kenarýaka öýleri.

Köpetdag etekleriniň dereleriniň we Ahal hem Etek sebitiniň ilaty (alili, garadaşly, ýemreli, änewli, mehinli, nohurlar, mürçeli taýpalary) tekelerden öň hem (XVIII asyryň 80-nji ýyllaryna çenli) oturymly ýaşapdyrlar. Olar Hywa we Buhara hanlygynyň talaňçylykly çozuşlaryna ýygy-ýygydan sezewar bolypdyrlar. Şonuň üçin hem olar gorag hökmünde *galalary* edinmäge mejbur bolupdyrlar. Şeýle ýagdaýda öýler galalaryň içinde ýerleşipdir. Emma parahatçylyk döwri galanyň daşynda, ýöne galanyň ýakyn eteklerinde öý tutunyp ýaşapdyrlar we ekerançylyk bilen meşgullanyp, mal

---

[1] Народы Средней Азии и Казахстана. Под. Ред. Толстова С.П., Жданко т.А. …..Москва, 1963. Sah-66.

bakypdyrlar. Haçanda ýagy çozanda gala girip gizlenipdirler. Munuň üçin,



Merwdäki Gowşut Han galanyň umumy görnüşi. 1884 ý.

ýagny parahat ilatyň üstüne abanýan howpy habar bermek üçin galanyň dört taraplarynda *diňler* bolup, onda garawullar durupdyrlar.

Ýaşaýyş jaýlary çig kerpiçden we palçykdan bolupdyr. Oazisleriň obalary uly bolupdyr. Ol obalar kä halatlarda 1000 hojalyga çenli ýetipdir we olar bir tiräniň wekilleri bolupdyr. Köpetdag eteleriniň galalary we ýaşaýyş jaýlary daşdan gurulypdyr. XVIII asyryň ahyrynda tekeler Ahal we Etek ýerlerinde ornaşyp, wagtyň geçmegi bilen olar galalary gurupdyrlar. Emma olar galalarda diňe harby wagtlary gizenipdirler. Galan wagtlarda galadan daşynda ýaşapdyrlar. Şonuň üçin hem galalaryň içinde öýler az bolupdyr. XIX asyrda teke galalarynyň özbolyşly aýratynlygy bolup, kiçiräk, diňe birnäçe maşgala niýetlenen bolupdyr. Gala dört burç bolup ortasy boş bolupdyr. Gyrasynda, ýagny diwaryň iç tarapynda bolsa öýler bolupdyr. Parahatçylyk wagtynda galanyň daşynda ýaşan döwründe, galanyň içindäki öýleri ätiýaçlyk zatlaryny

saklamak üçin ulanypdyrlar. Özleri bolsa galanyň daşynda ak öý tutynyp ýaşapdyrlar.

Teke obalary köplenç gara öýlerden ybarat bolupdyr. Obanyň ululygy dürli-dürlli bolupdyr. Oazislerde 500-e çenli öýli bolsa, guýularyň başynda 10-15 öýlilerden ybarat bolupdyr. Beyle obalar bir maşgalanyň we bir tiräniň wekillerinden ybarat bolupdyr. Olar biri-birinden üzňe ýerleşipdir. Ýaz aýlary obanyň ýaşaýjylary ýazlaga gidipdirler we şol ýerde ýaşaýyş durmuşyny dowam etdiripdirler.



XX asyryň başynda türkmen teke obasynyň görnüşi

XIX asyryň birinji ýarymynda Murgap oazisiniň ýaşaýjylary bolan saryklar we salyrlar gaty köp Hywa hanlarynyň we Eýran şalygynyň çozuşlaryna sezewar bolupdyrlar. Bu döwüre çenli Merw we Sarahs ýaly orta asyr iri şäherler harabaçylyga öwrülipdi. Ilat bolsa şol orta asyr galalary dikeldip, bejergi işlerini geçirip, olarda gizlenipdir.



Günorta-günbatar Türkmenistanyň obasy.

Murgap oazisiniň ýaşaýjylary hem edil Ahal oazisiniň ýaşaýjylary ýaly XIX asyryň ortalarynda oturymlylyga geçmek bilen olar çig kerpiçden edilen ýaşaýyş jaýlaryny gurup başlapdyrlar. Emma türkmen gara öýlerinde ýaşamaklygyny dowam etdiripdirler.

Hywa hanlygynda ýaşaýan we Amyderýanyň kenarlarynda ýaşaýan türkmenler XIX asyrda özboluşly jaýlarda ýaşapdyrlar. Bu sebitiň ýaşaýjylarynyň durmuşynda gadym döwürden bäri ekerançylyk mahsus bolupdyr. Ýer eýeçiliginiň mülk, emläk, atlyk, wakuf görnüşleri has giň ýaýrapdyr. Şonuň üçin bu ýerde hutor görnüşindäki obalar bolupdyr. *Hutor* – daýhan obasy ýa-da mülk ýeri, howly görnüşinde bolupdyr. Her *howly* ekin we beýleki hajatlar üçin niýetlenenligi sebäpli örän giň möçberdäki ýer bölegini eýeläp, bir howly beýleki howludan 100-400 m., hatda Horezmiň türkmen sebitlerinde 500 m. daşlykda ýerleşipdir.[2] Her howlyda bir neberäniň agzalary, uly maşgalalar ýa-da bir

[2] Винников Я.Р. Хозяйство култура и быт сельского населения Туркменской ССР. Москва, 1969.
Sah.-143.

tiräniň wekilleri ýaşapdyrlar. Olar howlusynyň daşyny uly bolmadyk haýat ýa-da diwar bilen örtüp gala emele getiripdirler.

Her howly birnäçe ýaşaýyş jaýlardan we hojalyk gurluşyklaryndan ybarat bolup, olaryň ählisi bir hatara düzülen, bitewi utgaşykly üçekleri- bolupdyr. Howlynyň içinde hojalyk jaýlary bilen bir hatarda at saklanýan ýerler bolan - *athana, seýishana, atýatak*, düýe saklamak üçin niýetlenen ýere - *düýeýatak*, goýundyr sygyr saklamak üçin - *malýatak, goýunýatak, agyl,* mal iýmlerini saklamak üçin *samanhana*, hojalyk ätiýaçlyklaryny saklamak üçin bolsa *ammar, üçek, melek, ury* ýaly ýerler bolupdyr.

Barly hojalyklaryň howlusynda degirmende bugdaý üwemek üçin - *harazhana* (keş-keş), ýag almak üçin - *juwazhana* hem bolupdyr. Howlynyň merkezi meýdançasynda *myhmanhana* bolupdyr. Şeýle hem türkmeniň ak öýleri gurupdyrlar. Jaýlary eýwanly bolup, aýallaryň we erkekleriň otaglary aýratyn bolupdyr.[3]

Hywa çowdurlaryň we gökleňleriň mellek ýerleriniň özboluşly aýratynlygy bolupdyr. Olar özbeklere ýakyn has ösen howly-jaýlarda ýaşapdyrlar. Demirgazyk ýomutlaryň we ýemrelileriň özboluşly mellekleri bolupdyr. Olarda bir diwaryň uzynlygyna ýaşýyş jaýlary we hojalyk gurluşlary setir ýerleşipdir. Ortadaky boş meýdançada bolsa dört-bäş sany ak öýler (gara öýler) ýerleşdirilipdir.

Günorta-günbatarda gökleňlerde we etrek ýomutlarynda esasy öýleri gara öýler bolupdyr. XIX asyryň ahyrynda kerpiç we palçykdan jaýlary peýda bolup, olar ilki döwürlerde esasan hojalyk üçin ulanylypdyr. Ilatyň hojalyk hajatlary üçin *çatmalar, kepbeler* ulanylypdyr. Soňra birnäçe otagdan ybarat *tam* we *tamkepbeler* salynypdyr. Ol çig kerpiçden we pagsadan (bir pagsa ), palçykdan salynypdyr. Olary salmakda

---

[3] Народы Средней Азии и Казахстана. Под. Ред. Толстова С.П., Жданко т.А. .. Москва, 1963. Sah-66.


Tamkepbe


Çatma

Ilkiler palçyk jaýlaryň penjirelerini ýokardan goýupdyrlar. Soňa-baka diwaryň ortasyndan goýup başlaýarlar. Ruslar gelmezinden öň türkmenler öýlerini ojakda ýyladypdyrlar. Gara öýüň ortasynda ot ýakyp tüssesi tüýnükden çykypdyr. Ruslar gelensoň demir peçler bolup tüssesi turbadan çykarylypdyr.

Hazar kenarýaka türkmenlerde suw joşup jaýlary weýran etmezligi üçin, sütünli, agaç jaýlarda ýaşapdyrlar. Beýle jaýlar ýerden bir metr çemesi ýokarda bolupdyr. Jaýlar bir we birnäçe otaglardan ybarat bolup, otaglaryň çar töwereginde, ýagny daş ýüzünden ýörelýän açyk ýodajyk bolupdyr. Ol häzirki döwrüň balkonyna çalymdaşdyr. Şeýle jaýlaryň aşaklarynda köplenç goýun- geçi ýaly ownuk şahly mallary saklapdyrlar we onuň daş töweregini ýapypydyrlar.


Hazarýaka ýaşaýyş jaýlary

Suratdaky jaý soňky döwre degişli bolup, ol iki gatdan ybaratdyr we jaýyň aşak bölegi açyk däldir. Emma jaýyň daş töweregi açyk eýwanlar bilen örtülendir.

Türkmenlerde "Ak maýa çökmese, ganmaz.." diýilişi ýaly suw meselesi kyn bolupdyr. Agyz suwuny bütin ýylyň dowamy boýunça ýygnamaklygyň dürli ugurlaryny oýlap tapypdyrlar. Derýalaryň boýy ýa-da oazisler bolaýmasa emeli ýagdaýda suw saklapdyrlar. Munuň üçin olar ýaşaýan jaýlarynyň ýokarsynda çar töweregine ternaw edip, şol ternawdan akýan ýagyn suwynyň bolsa, guýýan ýerine gabatlap guýy edinipdirler. Şol ternawdan akan ýagyn suwy bütin ýylyň dowamynda ulanypdyrlar.

## 4.2. Çarwalaryň ýaşaýyş jaýlary.

Çarwa ilatyň meýgullanýan kärlerine laýyklykda olar sökülip-düzülýän, gwpmp-gonmak düçin amatly bolan jaýlarda ýaşapdyrlar. Şeýle jaýlar bolsa türkmeniň "gara öý" diýip atlandyrýan ak öýleridir. Sowet döwrüniň etnograflary we taryhçylary hem hut şu türkmenleriň gurnama gara öýlerine esaslanyp türkmenler çarwa halk bolupdyr diýip, belleýärler. Emma türkmenlerde gara öýler bilen bir hatarda palçykdan salynan jaýlar hem az bolmandyr. Ýöne muýa garamazdan olar şol bir wagtda gara öýleri hem ulanylypdyr we olar hojalyklarda has agdyklyk edipdir.

Türkmenleriň gara öýlerdäki ýaşaýyş durmuşy çarwa taýpalara degişli bolupdyr. Sebäbi olaryň hem edilişi boýunça sebit aýratynlyklary bolupdyr. Şonuň üçin olaryň her haýsy bir toparlara degişlidir. Türkmen gara öýleri tärimden (tärim-güzenek görnüşinde, bölek-bölek bolýar, her bölegine bir ganat diýip atlandyrylýar), ukdan (tärimden tüýnüge birleşýän egri agaçlar) we gapydan ybaratdyr. Gara öýüň depesindäki açyk ýere tüýnük diýilýär. Uklary tärime çekdirilip daňylýan ýüpe ukbagjyk diýilýär. Tärimiň üstüni we daşyny galyň keçe (düz)

bilen ýapypdyrlar. Onuň daşyndan_gamyş (örülen gamyş) aýlapdyrlar. Tüýnügi ýapmak üçin serpik (keçeden edilen) ulanypdyrlar. Uklaryň daşyny, ýagny gümmez bölegini ýapýan keçä üzük diýipdirler. Dört sany keçe bilen gara öýüň aşak bölegini tärimini ýapýan bölegine durluk diýip at beripdirler. ýüpe ýüp, ýomutlara galam, (gamyşda gara galan, tomusda tomus dolan), urgan diýip atlandyrylyp, gapysy iki açylýan bolup içinden, daşyndan kilt bilen etirilipdir. Gara öýüň gapysynyň daşyndan eňst (tuty) goýberilipdir.

Garamaýaklarda gara öýüň deregine tärtimiz, örilen gamyşyň düýbini guma gömüp söýäpdirler. Oňa *oraça* ýada *düýpdikme* diýip at beripdir.

Gara öýüň içine, ýerine ilki keçe düşäp, üstinden haly palas düşäpdirler.

Öýüň täriminden egin-eşik üçin çuwal, gap çanak üçin torba, el işleri üçin ellik, gazan torba, çanak torba, çemçe torba, tuz torba, ýaly dürli maksatlar üçin niýetlenen halydan dokalan önümleri asypdyrlar.



Gapy dan gireniňde sag tarapda hojalyk burçy bolupdyr. Ol ýerde suw küýze, golşa (ýag, gowurdak üçin), gor küýze we gap-çanaklar bolupdyr. Hojalyk burçynyň garşysyndaky dula telär ýa-da ýükeri diýilip atlandyrylypdyr. Ol ýerde ýük (ýorgan, düşek) galdyrylyp goýulypdyr. Şeýle hem bu ýerde

bugdaýly, unly çuwal Gara öýüň içi, gapynyň sag tarapy, hojalyk burçy, haltalar, degirmen, at esbaplary saklanypdyr. Degişli suratda türkmen gara öýleriň hojalyk burçy görkezilip, onda hojalyga degişli gap-çanaklar gerkezilendir. Gara öýüň düýbünde sag tarapda agaçdan sandyk goýulyp, beýleki tarapdan sallançak edilipdir.

# V. TÜRKMENLERDE EGIN-EŞIKLER WE OLARYŇ GÖRNÜŞLERI.

**Türkmenleriň milli egin-eşikleri we olaryň taryhy.**

Türkmen halky müňýyllyklaryň taryhynda özüniň milli däp-dessuryny, edebini ýtirmän gelipdir. Şol däp-dessurlaryň we edepleriň biri hem göze gelimli geýinmek edebidir. Adamzat özünuň ýaşaýan dürli döwürlerinde egnine eşik geýmek düzgünini kämilleşdiripdir. Hatda iň gadymy döwürden, adamzat aňynyň ösüp başlan döwründen bäri egin-eşikleriň dürli görnüşlerini, ýagny sowukdan we yssydan goranmak üçin galyň, ýuka, ýakymly, amatly egin-eşikleri döretmegi başarypdyrlar. Ynsan üçin iýmek-içmek nähili zerur bolsa, geýinmeklik hem şonça derejede zerurdyr. Onda-da geýinmek ýöne bir adat bolman, eýsem, jemgyýetde sada, owadan, gelşikli we amatly egin-eşikleri geýmek amatlydyr. Sebäbi eginbaş onda-da gelşikli geýinilen eginbaş adamy göze gelimli görkezýär.

Türkmenleriň milli egin-eşikleriniň taryhy gadymy döwürden bäri öz gözbaşyny alyp gaýdýar. Tärkmen milli geýimleri köp asyrlaryň dowamynda kemala gelip, döwürlerde kämilleşip biziň günlerimize ýetipdir. Olarda sebit aýratynlyklary saklanyp galypdyr. Türkmen milli geýimleriň ähli görnüşi öz milliligini, taryhy döwürleriň hemmesinde saklap galmagy başarypdyr. Türkmenistanda XYII asyrda musulman dini bolan yslam dininiň ýaýramagynyň täsiri bilen türkmen milli geýimleri özboluşly görnüşe eýe bolýar. Diniň wagyz-nesihatlary erkek adamlara dyzdan we bilekden ýokarsyny, aýal maşgalalara bolsa topukdan we goşardan ýokarsyny hemişe ýapyp gezmekligi ündäpdir. Şonuň üçin hem gelin-gyzlar uzyn ýeňli-ýanly kýnekleri geýipdirler. XIX asyra çenli erkek adamlaryň köýnekleri hem dyza çenli ýetip duran uzyn görnüşde bolupdyr diýen maglumatlar hem bar.

Dogrydanam yslam dini ahli adamlara, esasan hem gyz-gelinlere uýat-haýaly bolmagy berk ündäpdir. Hatda musulman dinine uýan ähli halkyň gelin gyzlarynyň, ýokarda belleşimiz ýaly diňe topuk we goşardan beýlesini gizlemän, eýsem, ýüzlerini hem ýapyp, gizläp gezendiklerini biz taryhy maglumatlardan bilýäris.

Orta asyr çeşmelerinde, arap taryhçysy Ibn Fadlan türkmenleriň öz gelin-gyzlaryna bolan gatnaşyklary barada şeýle sözleri aýdypdyr: "Türkmenler beýleki musulman halklaryndan tapawutlylykda öz gelin-gyzlarynyň ýüzlerini ýapdyrmandyrlar. Olar erkek adamlardan, hatda keseki erkek adamlardan hem ýüzlerini gizlemeýärler"[4] diýip geň galyjylyk bilen aýdýar.

Ýurdymyza syýahat eden jahankeşdeleriň ençemesi halkymyzyň ýaşaýşy-durmuşy barada köp ýazgylary galdyrypdyrlar. Şolaryň biri-de türk syýahatçysy Mehmet Emin Efendidir. Ol türkmen topragyna XIX asyryň ýetmişinji ýyllarynda gelýär we esasan, häzirki Balkan we Daşoguz welaýatynda ýaşaýan türkmenleriň arasynda bolup, olaryň edim-gylymlaryny, toý we ýas däp-dessurlaryny, maşgala gatnaşyklaryny hem-de ýaşaýyş durmuşlaryny "Ystambyldan Orta Aziýa syýahat" diýen işinde beýan edýär. Syýahatçylaryň aýratyn üns beren zatlarynyň biri hem türkmen aýal-gyzlarynyň ýaşaýşy, olaryň jemgyýetde tutýan orny bolupdyr.

Türkmen zenanlarynyň hem ýüzleriniň açyk we erkanalygy barada şol syýahatçy şeýle gürrüň berýär: "Türkmen zenanlarynyň husny-jemalyny wasp edip, taryplap oturmagyň hajaty barmyka? Olary mongol hem tatar jynsy bilen deňeşdirmek bolmaz. Türki jynsy kawkaz jynsynyň hem has kämil görnüşidir.... Türkmen aýallary biziň bu ýerlerimizde bolşy ýaly, däl-de, juda erkanadyr. Ylaýtada edenliliklerine, batyrgaýlyklaryna hem-de bedenleriniň gujur-gaýratyna diýere

[4] Zenan kalby. 2010 ýyl, № 10.

söz ýok....”[5] Şol bir wagtda hem türkmen aýal-gyzlarynyň uýat-haýalaryny saklandyklaryny, edep-ekramly bolandyklaryny belläp geçýär. Bu edep türkmeniň geýinmeklik dessurynda hem öz beýanyny tapýar.

**Türkmen milli geýimleriniň görnüşleri.**

Türkmen milli geýimleri öz görnüşleri boýunça üç topara bölünipdir:

1. Erkek adamlaryň egin-eşikleri.
2. Aýal gyzlaryň egin-eşikleri.
3. Çagalaryň egin-eşikleri.

Erkek adamlaryň egin-eşiklerine: çäkýaka köýnek, gyýma balak, tirme guşak, donlaryň dürli görnüşleri (gyrmyzy don, garma don, daraýy don, hywaly don, buhara don, çäkmen, ýektaý), possun (içmek), dürli görnüşli başgaplar (tahýa, silkme telpek, çöwürme), aýakgaplaryň dürli görnüşleri (çokaý, çaryk, ýelken, messi), dolak we ş.m. degişli bolupdyr.

Aýal-gyzlaryň egin-eşiklerine: köýnek, aýak geýimler, donlaryň dürli görnüşleri (çabyt, begres, küleçe), başgaplaryň dürli görnüşleri (ýaglyk, gynaç, tahýa), aýakgaplary (hokga, gyrma, çepek, galoş), gara gülli guşak we ş.m. degişlidir.

Çagalaryň egin-eşikleri: köýnek-balaklar, kurtekçe, kirlik, sopbaş, çekilen ýeňsizler we ş.m. bolupdyr.

Türkmenleriň milli egin-eşikleri olaryň sosial durmuýyna we maddy ýagdaýyna görä bolupdyr. Şonuň üçin hem geýimleriň görnüşleri dürli-dürli bolupdyr. Olaryň görnüşleri boýunça at beripdirler.

***Erkek adamlaryň egin-eşikleri.***

Erkek adamlaryň başgaby esasan ak gaýma *tahýa* bolupdyr. Ak gaýma tahýa erkek adamlaryň ähli ýaşdakylaryna degişli bolmak bilen, hatda ony silkme telpekleriň içinden hem geýipdirler. *Silkme telpek* gyrkylmadyk, tüýleri seçelenip duran ak we gara reňklerdäki goýunyň derisinden edilipdir.

---

[5] Zenan kalby. 2010 ýyl, № 10.

Şeýle hem *çöwürme* ýa-da *şypyrtma* (gytyk tüýli goýunyň derisinden edilen, iki tarapynada geýilýän başgap), *tumak, kermen* (silkmeden gysgarak baganadan uzynyrak tüýli telpek) diýip atlandyrylýan başgaplary bolupdyr. Başgaplaryň hataryna *selle* hem degişlidir. Emma olar diňe molla we dini adamlar tarapyndan geýilipdir.



Erkek adamlaryň egin-eşikleri

Erkek adamlaryň *köýnekleri ezýaka ýa-da çäkýaka* görnüşde bolpdyr. Olar ak we dürli reňklerdäki nah we ýüpek matadan tikilipdir. Olaryň balagy *gyýma balak* bolup, matany eýläk-beýläk gyýyp, kesip tikilýändigi üçin şeýle atlandyrylypdyr. Balaklar gara we goňur reňkdäki nah we ýüpek matadan tikilipdir. Erkek adamlaryň egin- eşiklerine gadymy döwürden bäri ulanylyp gelýän tirme guşaklar hem degişli bolupdyr. Onuň ini 40 sm., uzynlygy 2 m. çemesi bolup, ol keteni matadan edilipdir.

Türkmen erkek adamlaryň egin-eşigine donlaryň dürli görnüşleri degişlidir. Olar örän köpdürli bolmak bilen sebit we

ýaş aýratynlygy esasynda geýipdirler. Donlaryň görnüşleri *gyrmyzy don, garma don, daraýy don, hywaly don, buhara don, çäkmen, ýektaýdan* ybarat bolupdyr. Olar gyzyl, (Gyrmyzy donly teke (1901 ý.) gök, ýaşyl we gyrasy parawuzlanyp, jäheklenip dikilendir. *Gyrmyzy don* türkmenleriň ähli sebitlerine mahsus bolup, ony diňe ýetginjek we yigitlik müçesindäki adamlar, ýagny orta ýaşa çenli adamlar geýipdirler. Ol türkmenleriň giň ýaýran toý lybasynyň biridir. *Garma don* orta ýaşdan geçen adamlaryň donyna degişli bolup, ol gyrmyzy donluk matanyň dürli rekli köregiräk çyzyklar geçen görnüşinden tikilýär. *Daraýy don* hem garma don ýaly tikilýän matasynyň görnüşi bilen baglanyşykly atlandyrylandyr. Donlaryň sebit aýratynlygy boýunça geýilýän görnüşlerine *hywaly don* we *buhara dony* degişlidir. Hywaly don demirgazyk türkmenlerine, ýagny Horezm hanlygyndaky türkmenlere, buhara don bolsa Buhara emirligindäki türkmenlere degişlidir. Olaryň ikisi hem içine pagta ýa-da ýüň salnyp çekilen donlar bolup, özbekleriň medeniýetiniň täsiri esasyndaky donlardyr. Hywaly don özbekleriň şahy matasyndan (ala ýüpek mata), buhara don bolsa, iri gülli matasyndan edilipdir.

Türkmen erkek adamlaryň egin-eşigine degişli donlaryň biri hen çäkmendir. *Çäkmen* düýe ýüňünden inçe dokalyp tikilipdir. Ol köplenç agar çäkmen ady bilen bellidir. Çäkmen ilatyň maddy ýagdaýy bilen baglanyşykly bolupdyr. Ony diňe barly adamlar geýip bilipdir. Şonuň üçin çäkmen barada halk döredijiliginde şeýle beýan edilýär:

Agar çäkmen etegi,
Etegi guşlar ýatagy,
Şeýle ýary bolanyň
Uçmahydyr otagy.

Şu jümlelerden görnüşi ýaly çäkmenli adamlar baý-beglerden bolandygyny biz bilýäris. Ony dürli ýerlerde orta ýaşdan geçen ýaşdakylar geýipdir.

Türkmen donlarynyň bir görnüşi hem *ýektaý don* diýip aýdypdyk. Ýektaý hem halkyň maddy ýagdaýy bilen baglanyşykly geýýän geýinleriniň biridir. Ony garamaýak adamlar, ýeter-ýetmez günde ýaşaýanlar geýipdirler. Ýektaý işliksiz, hiç bir babatda bezemen bolmadyk ýönekeýje dondyr.

Erkek adamlaryň aýak-gaplary: *çokaý, çaryk, mesi (messi) we çepek* (ýelken) bolupdyr. XX asyryň başlarynda olar çokaýyň ýerine galoş geýipdirler. Has ýaşulylar mesi Mesi we çokaý bilen galoş geýipdirler. Soňra Russiýadan gelen botinka (aýakgap) köwüşleri geýilipdir. Erkek adamlar aýak-gaplaryň içinden aýagyna dolak dolapdyrlar. Dolak nah we ýüň matadan bolupdyr.



***Aýal-gyzlaryň egin-eşikleri.***

Geýinmek adamyň gylyk-häsiýetini aýan edýär. Önuň işeňňirligini- ýaltalygyny, arassalygyny-hasylygyny geýinişiniň üsti bilen bilmek bolýar. Adamyň egnine geýen eşigi isle erkek bolsun, islede aýal tämiz, gelşikli, asylly bolsa onda şol adamyň öz işine jür, işeňňir, arassa adamlygyny aňmak bolýar ýa-da tersine adamyň egnine geýen eşigi özüne has giň ýa dar, kelte ya uzyn bolup, biçiwi ýerine düşmedik bolsa, üstesine-de tämiz

däl bolsa, onda ol adamyň ýaltalygy, hasylygy mälimdir. Şindi türkmenlerde sähel howlukmajyrak geýinip çykylsa, derrew töweregindäkiler ony aňyp, dürli soraglar berip ya-da degişip başlaýarlar. Hatda öz üst-başyňa seretmek bilen diňe özüňe däl, eýsem töwerek daşyňa hem hormatyň nähili derejededigini görkezýärsiň. Şonuň üçin adam hemişe sada egin-başlary göze gelimli we arassa geýinmäge çalyşmalydyr.



Türkmenlerde geýinmekligiň edebi, esasan zenan maşgalalara degişlidir. Maşgalanyň ýaşuly-ýaşkiçisiniň, erkek adamlaryň, çagalaryň egin-eşikleriniň arassaçylygy, üstesine-de öýüniň arassaçylygy zenanlaryň borjydyr. Diýmek, köpçülikde we jemgyýetçilik ýerlerinde eginbaşlaryň arassalygy diňe şol adamyň däl-de eýsem maşgaladaky gelin-gyzlaryň edebini hem kesgitleýär.



Türkmenlerde zenan asyllylygy gadymy ata-babalarymyzdan bäri dowam edip gelýän edeplerdendir. Asylly geýinmek adamy diňe daşky görnüşini däl, eýsem içki dünýäsini hem gözelleşdirýär. Şonuň üçin türkmen

zenanlarynyň uzyn ýeňli, ýakaly, uzyn köýnek geýmekleri örän gelşikli we asylly görünipdir. Umuman geýinmeklik edebiniň öňde goýan maksady hem şonuň bilen baglanyşyklydyr. Egin-eşik adamy her hili kynçylykdan we keselden goramak, sowukdan we yssydan goranmak üçin niýetlenendir. Şeýlelikde adamlar ýylyň dürli pasylyna görä, ýakymyna görä we amatyna görä egin-eşik geýmegi başarmalydyr.




Aýal-gyzlaryň geýimleriniň esasyny göni, ýakaly köýnekler düzýär. Olar öňki döwürlerde ýeňli-ýanly, ýagyrnişlikli, begeýikli dikilipdir. Bageýik ýanyň ýokary başynda urulýan mata bölegine aýdylypdyr. Köýnekler uzyn we giň bolupdyr. Emma olaryň uzynlygy aýak geýimleri görünip duran derejede bolupdyr. Bu barada halk doredijiliginde “gök köýnegi dyzyndan, atly ýetmez yzyndan” diýen setirler bilen beýan edilipdir. Köýnekleriň matasy nahdan, ýüpekden we ýüňden bolupdyr.



Aýal-gyzlaryň aýakgeimleri diňe özleri tarapyndan nagyşlanan bolup, ol gyz-gelinleriň eliniň işlidigini we başarnygny görkezipdir.

Gyzlar kellesine *tahýa,* gelinler we aýallar bolsa, *gyňaç* daňypdyrlar. Gyzjagazlar kiçijik wagtlary tahýa, göze görnüp ugransoň *"şaýly tahýa"* (tahýanyň diňe depesine gupba berkidilen tahýa) geýipdirler. Ulygyzlar bolsa, tahýa, toýlarda çekelikli tahýa geýip, onuň eteginden ýaglyk bilen daňypdyrlar. Käbir maglumatlara görä ir döwürlerde adaglanan gyzlara *ýaglyk* daňypdyrlar, ol ýaglygy bolsa gyz hemişe tahýasynyň eteginden daňyp gezmeli bolupdyr. Şonuň üçin tahýasynyň eteginden yaglyk daňynan gyz adaglanan gyzdygyny aňladypdyr diýip gürrüň berýärler. Emma soňky döwürlerde ýaglyk daňmak hemmeler üçin birmeňzeş bolupdyr we tahýanyň üstünden alöýme (ala öýme) daňypdyrlar. Gelinler we aýallar ýaşynmak üçin amatly bolar ýaly, kellerine gyňaç (tarada dokalan *düýp we nohur gyňaçlar* toýda daňynylýan gyňaçlaryň hataryna degişlidir), ýaglyk (ýelýyrtan yaglyk) daňynypdyrlar. Ýaşuly aýallar, ene-mamalar gyňaçlarynyň içinden börik, daşyndan bolsa, ýaglyk daňynypdyrlar.

Aýallaryň başgabyna degişli topbylar ýa-da börükler bolupdyr. Topbylar ýokarlygyna uzyn Ahal tekelerinde silindr görnüşinde, Maryda saryklarda ýokarsy giňelýän görnüşde bolupdyr. 1930-njy ýyllarda topbylara garşy berk göreşipdirler. Soňra sowet hökümeti döwründe topbylar gysgaldilip, oňa "komsomol börügi" diýip at beripdirler. Şeýlelikde börükler meýdan işlerinde işlemekde amatsyz bolany üçin kem-kemden durmuşdan galypdyr. Günbatar türkmenlerde



Туркменки-текинки в современных головных уборах

topbylara meňzeş baş gaba “sahaba” diýip at beripdirler. Olary XX asyryň başlarynda Toý lybasy hökmünde geýipdirler we birinji çagasy bolýança geýipdirler. Gyzlar saçlaryny iki ýa-da dört örüpdirler. Işlän wagtlary päsgel bermez ýaly saçlaryny tahýalarynyň daşyna orapdyrlar, emma yzlaryna hiç haçan atmandyrlar. Türkmenleriň arasynda saç diňe durmuşa çykyp, aýal bolandan



Teke türkmen zenanlary.

soň arkasyna atmaly eken. Aýallar saçlaryny iki örüp, yzlaryna atypdyrlar we onuň öňlerine düşmezligi üçin iki saçynyň arasyna agyr bolar ýaly “şaýly arabag” dakypdyrlar.

Aýal-gyzlaryň egin-eşiklerine donlaryň dürli görnüşleri degişlidir. Olar *begres don, çabyt, küleçe* we ş.m. atlar bilen



bellidir. Begres donlar galyň bolup, kaşaň nagyşlanan donlardyr. Çabytlar gyrmyzy donluk matadan bolup gyz-gelinleriň toý lybaslary hökmünde geýilýär. Küleçe bolsa, işliksiz, nagyşsyz, gyrasyna mata böleklerinden nagyş deregine sadaja aýlanan don bolup, ony maddy ýagdaýlary pes adamlar geýipdirler. Begeýlik gyz-gelinleriň begreslerine, çabytlaryna we köýneklerine salynýan mata bolejigidir. Sebit aýratynlyklary boýunça türkmen gelin-gyzlary günorta Türkmenistanda ýeňsiz (gursakça), demirgazyk we gündogar Türkmenistanda içine pagta salynyp çekilen donlary geýipdirler.

Aýallaryň başyna atýan geýimlerine *kürte, çyrpy* we *başatgyç* we ş.m. degişlidir. Gyzyl kürte we ýaşyl kürte (gara reňkde) günorta türkmenleriň arasynda has giň ýaýrapdyr. Çyrpylar hem kürtelere degişli bolup, ak çyrpy, sary çyrpy we

gyzyl çyrpy diýilip atlandyrylypdyr. Olaryň ähli ýeri nagyşlanan, etegi seçekli bolupdyr. Çyrpylary gelinler we ýaşyna görä aýallar, ýaşuly aýallar hem atynypdyrlar.





Gelinleriň we orta ýaşly aýallaryň ýörite işlänlerinde geýmegi üçin gara gülli guşak diýip atlandyrylýan guşagy bolupdyr. Ol gara we gara goňur reňkda gülli edip örilen, uzyn görnüşde bolupdyr. Ini bir garyş ýa-da bir sere bolupdyr. Ujy daňylýan ýüpi hem bolupdyr.



Türkmen aýal-gyzlara degişli aýakgaplary hokga köwişler, gyrma köwüşler, çepekler we kaloşlar diýilip atlandyrylypdyr. Olar deriden edilen aýakgaplaryň hatarynda maddy ýagdaýlary bilen baglanyşykly geýipdirler. Barly adamlaryň gelin-gyzlary gyrma köwüşleri, beýleki adamlaryň gelin-gyzlary çepek, hokga ýaly köwüşleri geýipdirler.

## Çagalaryň geýimleri

Geýinmeklik edebinde gyz-gelinleriň ähmiýeti ulydyr. Sebäbi bu olaryň diňe arassaçylygyny däl-de, eýsem olaryň işeňňirligini, tygşytlylygyny hem kesgitleýär. Az zatdan çagalara gelşikli egin-eşikleri tikip geýdirmek çagany bezeýär.

Enelerimiz öz perzentlerini yssydan, sowukdan goramak üçin howa şertlerine görä amatlylykda egin-eşik geýdiripdirler. Hatda howa yssy bolaýanda hem yssynyň epgegi geçmezlik üçin çagalaryna, şol sanda özleri hem ýeňli, ýakaly eginbaşlary geýinipdirler. Çaga yssyda näçe alaň-açyk bolsa, soňça hem gün urýar, içinden epgek geçýär diýip düşünipdirler.



Şonuň üçin gymmat egin-başlary geýmek hökman däl-de sadadan gelşikli, egin-eşikleri geýmek asyllylykdyr.

Çagalara nah we ýüň matadan elde dikilen köýnek-balaklar, kürtekçeler, ýeňsizler we kirlik geýdiripdirler. Oglanlar we gyzjagazlar (göze görnip başlanlarda ) 7-8



ýaşlaryndan başlap, uly adamlaryň eşigine kem-kemden geçip başlaýar. Ondan öň çaga mahsus bolan egin – eşikleri geýipdirler. Çagalara hemişe ululara tikilýän egin –eşiklerden galan mata böleklerinden, urna-urna görnüşinde geýimleri dikipdirler. Ol urnatlar köplenç uzyn zolak we üçburç görnüşide urnalapdyrlar. Üçburçlyk türkmenleriň durmuşynda doga-tumaryň, göz



degmezligiň nyşany hökmünde bellidir. Çaga kürtekçeleri ähli eşikleriň üstünden geýdirilipdir. Kürtekçeleriň we çaga köýnejikleriniň etegini epmändirler. Beýle edilmeginiň sebäbi yzyndan çaga bolmagyny arzuw edip, “yzy dowamly



bolsun, yzy kesilmesin” diýip yrym edipdirler. Çagalara gün, epgek geçmez ýaly tomusuna hem ýalaňaç gezdirmändirler. Olary ýeňiljek geýindiripdirler

Çaga has kiçi mahaly kellesine sopbaşjyklary dürli görnüşde owadanlap tikip geýdiripdirler. Çaganyň oýnap ýören döwri, onuň ejesiniň töwereginde oýnap ýörendigini bilmek üçin, ýitmezlik üçin oňa düwmejikler dakypdyrlar. Gyzjagazlar tahýa geýip başlansoň oňa kümüş gupbajyklary dakypdyrlar.

## Gündelik, iş we toý geýimleri

Türkmenistanyň howa şertlerine laýyklykda we ýerli tebygy şertleri bilen baglanyşyklylykda egin-eşikleri saýlap almak we geýinmek zerurlygy döräpdir. Merkezi Aziýanyň, şol sanda Türkmenistanyň howa şertleriniň yssy bolmagy ähli ýaşdaky adamlaryň nah matadan egin-eşik geýmekligine getiripdir. Ýaşuly adamlar ak reňkdäki nah matalardan köýnek-balaklary geýipdirler. Adamlar edil sowukdan goranyşlary ýaly yssydan hem goranyp, işlänlerinde hökman kellelerine başgap geýipdirler.

Şeýle hem geýinmekligiň şertleri olaryň meşgullanýan kärleri we maddy ýagdaýlary bilen berk baglanyşykly bolupdyr. Ekerançylyk bilen meşgullanýan adamlar ekin meýdanlarynda köp işleýänligi bilen baglanyşykly öz geýimlerinde ak reňki we nah matalary köp ulanypdyrlar. Sebäbi ak reňk günüň şöhlesini yzyna gaýtarýar eken. Nah mata bolsa adam işläp derlän mahalynda der çekýänligi üçin amatly bolupdyr. Maldarlaryň geýimlerinde bolsa ýüň matalar köp ulanylypdyr. Olar ýylyň dowamynda iki gezek gyrkym işlerini geçirmek bilen ýüň egrijilik giň ýaýrapdyr. Ýüňden egrilip dokalan matalardan egin-eşik geýipdirler we ýyly egin-eşikleri örüpdirler. Emma oturymly ilatyň arasynda tutçylygyň

ösmegi, ýüpekçiligiň kämilleşmegine getiripdir. Şeýlelikde olar ýüpek matalary köp ulanypdyrlar.

Maddy ýagdaýlary bilen baglanyşyklylykda barly adamlar kaşaň nagyşlanan, sünnälenip dokalan, inçe nah we ýüpek matalardan rgin-eşik geýipdirler. Olary dürli şaý-sepler bilen bezäpdirler we baýlaşdyrypdyrlar. Emma maddy ýagdaýlary pes bolan maşgalalar gödeňsi, ýogyn dokalan, örän sada eginbaşlary geýipdirler. Howanyň sowuklygyna baglylykda adamlar üstki donlaryny birnäçe gat edip geýipdirler. Baý-begler bolsa possunlary geýipdirler.

Türkmenlerde geýimleriň reňkini saýlap almak hem olaryň ýaş aýratynlygyna we tebigy howa şertlerine bagly bolupdyr. Ýaşuly erkek adamlar köplenç ak nah matadan egin-eşikleri geýip üstünden garma don, agar çekmän ýeňlenipdirler. Ýaş ýigitler bolsa gyrmyzy don geýipdirler. Ýaşy durugşan we orta ýaşdan geçen zenanlar açyk reňklerden gaça durupdyr. Olar, esasan, garamtyl gök, ýaşyl, gyzyl reňkli matalardan köýnek geýipdirler. Ol reňkler agraslygyň alamaty hasaplanypdyr. Ýaşy durugşan garry aýallar köplenç alaça, nah we garamtyl reňkli ýüpek matalardan geýinipdirler. Gelin-gyzlar barada aýdylanda bolsa, ýaş gyzlar we gelinler gyzyl reňkdäki matalary ürç edip geýipdirler. Olar esasan açyk reňkli, al-ýaşyl öwüsýän ýaza meňzeş reňkdäki matalary saýlap geýipdirler. Ol reňkler olary has gözel görkezipdir.



Gyrmyzy don we ak telpek esasan toý eşigi bolupdyr. Toýda öýlenýän oglan ak köýnek, gara balak, tirme guşak, gyş günleri bolsa gyrmyzy don geýipdir. Gelin bolsa Gyrmyzy keteni, çapraz-çaňňaly çabyt, çekelikli, sümsüleli tahýa we kürte atynypdyr. Umuman gelin-gyzlar toý-tomaşada şaý sepleri gaty

köp dakynypdyrlar. Olar gülýaka, tumar, dagdan, çapraz-çaňňa, bilezik, kökenli ýüzük, çekelikli gupba, sümsüle, öwürme, egme we ş.m. şaý-seplerden 16 kg.-ma çenli dakynandygy taryhy maglumatlardan bellidir.





## Matanyň görnüşleri

Türkmen milli egin-eşikleri üçin ulanylýan matalar ýerli hünärmentçilikde dokalypdyr. Şeýle hem ol belli bir döwürde dokma önümçiliginiň ösendigini beýan edipdir. XIX asyrda we XX asyryň başlarynda türkmenleriň egin-eşikleriniň köpüsi ýerli şertlerde hünärmentçilik usulynda taýýarlanan matalardan tikilipdir.

Ahalda sünçeliler we nohurlar esasan ýüpekçilik hem-de ýüpek matany dokamak bilen gadymy döwürden bäri meşgullanyp gelipdirler. Ýüpekçilik bilen Amyderýanyň orta akymlarynda ýaşaýan türkmenler hem meşgullanypdyrlar. Olar pileden ýüpek alypdyrlar we ony aşgara ýatyryp agardyp, soňra ony dürli reňklere boýamak işlerini alyp barypayrlar.

Türkmenleriň öý hünärmentçiliginde nah we ýüň matalary dokamak we örmek işi hem uly ähmiýete eýedir. Düýe ýüňünden çäkmenlik matalary dokapdyrlar, goýynyň ýüňünden bolsa jorap, ellik, dolak, guşak, gulakçyn ýaly zatlary

örüpdirler. Nah matalardan *alaça, biz, setin, jir* matalar, dürli çyzyklar geçen ýüpek matalar (*el keteni, sowsanyny, jöwher, göwderi galwerin, çepbetew, päwrik, ýedidürli, sarasy solany, gyrmyzy donluk, garma donluk, kese atym, daraýy*) milli geýimler üçin niýetlenen matalardyr. Däp bolup galan mata dokamak, olary taýýarlamagyň tilsimaty (tehnikasy) häzirki wagtda hem käbir etraplarda saklanylyp galypdyr we olaryň dürli görnüşlerini dokamaklyk nesilme-nesil geçirilip gelinýän iň gadymy hünärleriň biri bolupdyr.

**Türkmenleriň milli geýimleriniň kämilleşmegi we döwre baplaşmagy**.

Häzirki döwürde geýimleriň milliligi doly saklanyp gelýär. Türkmenleriň milli egin-eşikleri XX asyrdan başlap, kämilleşip başlaýar. Ruslaryň Türkmenistana gelmegi bilen sowet häkimýetiniň dikelmegi bilen gadymdan gelýän milli däp-dessurlarymyz bilen bir hatarda milli geýimlerimiz hem döwrebaplaşyp başlady.

Türkmenleriň milli egin-eşiklerindäki üýtgeşmeler diňe ýaşlaryň arasynda has aýdyň duýulyp, orta we ondan ýokary ýaşuly adamlaryň arasynda gadymy milli egin-eşikleriň köp görnüşleri saklanyp galýardy. Bu ýagdaý şäher medeniýetiniň ösmegi, özgermegi bilen şäher durmuşynda hasda ýiti duýulýar.

Türkmen milli geýimleriniň ähli görnüşleri öňki döwürde el bilen tikilýän bolsa, häzirki döwürlerde ýörüte tikin maşynlarynda tikilýär. Şeýle nagyşlaryň ählisi (el keşde, ildirme, köjeme) elde diňe iňňe bilen işlemek arkaly ýerine ýetirilipdir. Emma häzirki döwürde ýakalry we nagyşlary dürli usullar bilen nagyşlaýarlar. Öňki ýeňli-ýanly giň biçüwleriň ornuna häzirki ýansys, dar biçüwdäki köýnekler ornaşdy, köýneklere, dona, çabyda salynýan begeýik, ýagyrnişlik häzirki döwürde öz ähmiýetini ýitirdi.

Gadymy türkmen milli çäkýaka köýnekleriň we gyýma balaklaryň ornuna fapriklerde tikilen öňi setir ilikli erkek adamlaryň köýnekleri we jalbarlary geýilýär. Ýokarda agzan

milli geýimlerimiz bolsa türkmenleriň toýdyr-baýramlarynyň bezegi hükmünde geýilýän lybaslardyr.

Aýakgaplarda esasy özgerişlikler bolup geçýär. Deriden elde tikilen aýakgaplaryň orny, fabrikde öndürilen aýakgaplar bilen çalşylýar. Olar batinka, ädik, aýallar üçin ökjeli we ökjesiz köwüşlerdir.

## Türkmen milli geýimlerini tikmekde Ölçeg birlikleri we sähetli günler

Aýal-gyzlar köýnekleri we islendik egin-eşikleri biçenlerinde henize, bu güne çenli däp bolup gelýän "gary" (orta barmagyň ujyndan tirsege çenli aralyk), "garyş" (bäş barmaklaryňy giň açnyňdaky aralyk), "sere" (süýem barmakdan külbike barmagyna çenli aralygyny gereniňdäki aralyk) we ş.m. ölçegleri ulanyp gelýärler. Bu ýagdaý öz köklerini has gadymy döwürden alyp gaýdýar. Matanyň ölçegi adamyň kaddy-kamatyna görä kesgitlenilýär, uzynlygy bolsa dördünji boýun oňurgadan başlap, adamyň topugyna çenli ölçenip alynýar.

Gadymy döwürde egin-eşigi belli bir sähetli günlerde, ýagny çarşenbe, anna günleri biçilipdir. "Annada başlasa şenbede açar, şenbede başlasa gör haçan açar", "Annada göçme, şenbede biçme" diýen sözler hem muňa şaýatlyk edýär. Geýim biçmek we tikmek baradaky taplanan tejribe nesilden-nesile geçirilip gelipdir.

Matanyň 30-40 santimetr bolan ini köýnegi bir bitewilikde biçmäge oňaýly täsir edýär. Şonda mata iki eplenýär. Ol köýnegiň öňüni we arka tarapyny emele getirýär. Şol köýnegiň etegine tikin salynmaýar. Dar sary zolaklary hasaba almak bilen degişli görnüşli (formany) almak üçin köýnegiň gapdallaryna goşmaça mata urulýar. Köýnegiň ýeňiniň oturdylyşy ýerine we gapdalyna esasy ýüze çykaryp edi, başga reňkdäki matadan üçburçlyk begenlik urulýar.

Ol diňe tikin urulan ýeri sökülmeginden saklamak bilen çäklenmän, beýigiň yrym edilýän ähmiýet bolupdyr. Günbatar türkmen aýal-gyzlarynyň köýneklerine beýik romb görnüsinde gyardylyp tikilýär.

Eger geçmişde geçmişde köýnekler nah matadan ýagyrnişlik salynyp tikilen bolsa, onda häzirki wagtda şeýle köýnekler diňe gartaşan aýallarda duş gelýär. Öňler köýnegiň etegi eplenip, el bilen tikilip, soň-soňlar başga matadan, mysal üçin, jir matadan parawuz salynyp, köýnegiň etegi tutuş gelşik berýär, köýnegiň etegni hem pugtalanýar. Gadymy köýnekleriň ýeňi hem boýy uzyn bolupdyr, ol aýal-gyzkaryň goşarydyr, topugyny ýapyp durmaly eken. Köneden gelän yryma görä aýal-gyzlayň topugydyr goşary hiç haçan görünmeli däl eken.

Owadan ýaşaýan gelin- gyzlaryň geýýän köýneklerinde edil geçmişde bolşy ýaly, deňligine ýaka açylyp, onuň däp boýunça ber bellenilýän ýerine keşde salynýar. Köýnekde şunuň ýaly ýaka açmagyň ýöntemegine garamazdan şol usul beýleki halklaryň egin- eşigine garanyňda özboluşly bolup galýar. Gyzlaryň we ýaş gelinleriň köýneginiň ýaka çäginiň uzynlygy we ýaşy surugşan aýallaryňka garanyňda enäniň birinji perzendi dünýä inýänçä gysga bolupdyr. Süýt emýän çagasy bolan enäniň köýneginiň ýakasy, adatça süýt emdirmäge amatly bolar ýaly uzyn edip alyp dyrlar. Häzirki wagtda süýt emdirýän eneleriň köýneklerine ýakasyndan aşaklygyna gapdalda kiçiräk kesim edilýär we ol ýörite zynjy gulp bilen pentlenýär.

Ähli dillerdäki halklarda bolşy ýaly, türkmenler hem ýaşajyk çaganyň eşigine göz degmesin diýip özboluşly tikipdirler. Şolara hem dürli doga ntumary, kümüş şaý seplerini dakypdyrlar. Keşdeleriň dürli görnüşlerini salypdyrlar. Ýaşajyk çagalaryň köýnejikleri hem dürli reňkdäki mata böleklerinden tikilipdir. Onuň etegine tikin urulmandyr, ýakasyna gaýma gaýypdyrlar. Şol köýneklerde dürli reňkdäki matalar näçe köp bolsa, çagany gözden-dilden göwnejaý goraýar diýip

hasaplapdyrlar. 6-8 ýaşdaky gyzjagazlar üçin nah matalar bolan alçadan, setinden jir matadan köýnek tikipdirler. Şol köýnegiň ýakasy tegelek bolup gapdallygna açylypdyr. Oňa az kem keşde salnyp, jähek bilen jäheklenipdir.

Gelin-gyzlar köýneklik mata biçenlerinde henize, bu güne çenli däp bolup galan "gary" (orta barmagyň ujyndan tirsege çenli bolan aralyk), "garyş" (bäş barmagyňy gereňde başam barmak bilen külbikäniň aralygy), "sere" (bäş barmagyňy gereňde süýem barmak bilen külbikäniň aralygy) ýaly ölçeg birlikleri ulanylypdyr. Bu ýagdaý öz köklerini gadym döwürden alyp gaýdýar. Matanyň ölçegi adamyň kaddy-kamatyna, ýagny boýuna görä kesgitlenilýär, uzynlygy bolsa dördinji boýun oňurgasyndan başlap adamynyň topugyna çenli ölçenilip alynýar.

Gadymy döwirlerde egin-eşigi belli bir "sähetli" günlede – çarşenbe, anna günlerinde biçilipdir. Türkmenlerde "Annada başlasa şenbede açar, şenbede başlasa gör haçan açar" ýa-da "Annada göçme, şenbede biçme" diýen sözleriň bolmaklygy muňa şaýatlyk edýär. Geýim biçmek we tikmek baradaky toplanan tejribe nesilden- nesile geçirilip gelinipdir.

Aýal-gyzlaryň geýýän köýnekleriniň giň ýaýran we toý lybasy esasan keteni matasy bolupdyr. Onuň dürli görnüşini döwrebap, gelşikli geýip biziň ýaşlarymyz türkmeniň aňyrdan gelýän däp-dessuryny dowam edip gelýärler.

Býik Galkynyş zamanamyzda toý-baýramlarda gyz-gelinlerimiziň we ýigitlerimiziň geýýän egin-eşikleri gül-güzarlygy ýadyňa salýar, gözüňi dokundyrýar. Ýaşlaryň özlerine gelşip duran, gelşikli, asylly keteni köýnekleri göwnüňi galkyndyrýar.

Türkmen halky özüniň milli däbine, dinine, diline, egin-eşigine uly hormat goýýar. Şonuň üçin hem biziň milli buýsançlarymyzyň hiç haçan ýitip gitmejekdigine ynanýarys.

# VI. TÜRKMENLERIŇ MILLI TAGAMLARY.

Adam özüne geýim, köýnek, köwüş edinse, umuman, haýsydyr bir egin-eşik alsa, ony azyndan bir ýyl geýip oňup bilýär. Şonuň üçin ol geýme şonça wagtlap mätäçlik çekenok. Emma adam günde azyndan üç mertebe naharlanmasa welin, ol oňup bilmeýär. Şeýlelikde tagam halkyň maddy medeniýetiniň iň esasy görnüşiniň biridir diýsek ýalňyşmarys. Ynsana şonça gezek naharlanmagy onuň organizmi talap edýär. Diýmek, adam öz ýaşaýşyny kadaly dowam etdirmek üçin hem-ä wagtly-wagtynda naharlanmaly, hem-de göwnüniň küýsän zadyny, ýagny işdäsine görä ýokumly tagamy iýmeli. Bu onuň saglygy hem-de uzak ýaşamagy üçin peýdaly. Şeýlelikde, tagamly nahary taýýnlamak, onuň görnüşlerini gowulandyrmak her bir hojalygyň-maşgalanyň ilkinji aladasy bolupdyr. Oňa “ajyň aňy bolmaz” diýen türkmen nakyly hem şaýatdyr.

Türkmenleriň naharlary-da beýleki halklaryň naz-nygmatlary ýaly, örän gadymydyr, dürli-dürlidir we özboluşlydyr. Şonuň üçin olary belli bir ulgama salmak hem aňsat däl. Öňki wagtlar naharlar halk arasynda häzirki ýaly “birinji nahar” we “ikinji nahar” diýilip bölünmän, diňe suwuk nahar we goýy nahar bolupdyr. Tagamlar sowuk-goýy diýilip bölünen hem bolsa, olaryň belli bir kesgitlemesi, olary bölmegiň aýdyň prinsipi bolmandyr. Adamlar ilki “çorba” diýip suwuk nahar etsede, üstüne çörek dograp, ony goýy nahara öwrüp iýipdirler.

Nahar bişiriş tehnologiýasy barada hem şony aýtmak mümkin. Käbir adam palawy diňe gazanda bişirip bilýän bolsa, käbiri pitide bişirmegi halaýar. Naharyň içine atylýan zatlar hem şonuň ýaly. Bir näçe adamlar çorbanyň içine kädi atýar, käbiri kädini halaman, oňa derek azyk önümleriniň başga görnüşlerini (kartoşka – ýer alma) salmagy halaýar. Şonuň üçin türkmen tagamlarynyň özboluşly aýratynlyklaryny bellemek bolar.

Türkmen kulinariýasynyň (naharynyň) aýratynlyklarynyň biri özboluşly gaplarda, gazanlarda, tamdyrlarda ýa-da oda gömme usulynda tagam taýarlamakdyr. Ikinji aýratynlygy nahara (iýmite) goşmaga hyzmat edýän azyk önümleri melleklerde ekip, ony işläp, nahar bişirmekden, üçünjisi ýer-howa şertlerine bap gelýän tagamlary taýarlamakdan ybaratdyr. Türkmen halky, öňler, nahary goýun etinden bişiripdirler. Emma uzak wagtyň dowamynda kenar ýakasynda ýaşap balyk etine öwrenşen ýomut türkmenleriň arasynda “Bekre balygynyň etini iýmedik halyma porsan goýunyň etine zar boldum” diýip näz edipdirler. “Aýda kelle ýylda balyk” diýilmegi hem oňa subutnamadyr. Goýun eti özüniň ýaglylygy we siňňitliligi bilen tapawutlanypdyr. Myhman gelen wagty, mal soýmak köplenç uly hormat hasap edilipdir. Kellebaşaýak çorbasyny aýda bir gezek iýmek has hem ýörgünli bolupdyr. Mal (goýun) soýlanda, myhman üçin goýunyň bişen kellesi aýratyn orun tutupdyr. Myhman hormaty beýgelipdir.

Türkmenistanyň yssy şertlerinde howanyň ortaça temperaturasy 25-30 gradusdan aşak düşmeýändigi üçin, gowy naharlanmak adamlaryň öndümli işlemegine, çagalaryň sagdyn ösmegine täsir edipdir we edýär. Gün energiýasynyň gowy düşýänligi üçin (azyk önümleri özüniň has tagamlylygy bilen tapawutlanypdyr) bizde witaminli otlaryň, gök önümleriň köp iýilmegi, bugdaý unundan bişirilýän önümler, aşlar, etli börekler, pişmeler, batyrmalar, unaşlar adamynyň organizminiň ýokumly maddalara bolan talabyny kanagatlanypdyr. Her dürli sowuk, miweli içgiler, süýt-çal önümleri, esasan hem düýe çaly suwsuzlygyňy (öňler türkmenleriň çarwalarynyň arasynda suwsuzlygy gandyrmak üçin sary ýag hem içiler eken) gandyrypdyr, bedeni günden gorap saklapdyr.

Türkmenistan tebigatyň iň lezzetli naz-nygmaty bolan gök-önümdir miwelere, ir-iýmşlere baý toprakdyr. Köpetdag eteginde, Murgap boýlarynda, Amyderýanyň sapaly

jülgelerinde miweleriň onlarça görnüşleri görnüşi, gawun-garpyzlaryň köp dürlüsi ösdürlip ýetişdirilýar. Olar öz tagamlylygy we häsiýeti boýunça bir-birinden tapawutlanylýar. Gök önümler, miweler, ir-iýmişler türkmen saçagynyň hakyky bezegi bolup, myhman üçin uly hezzetiň bir görnüşidir. Olar bizde tomsuna, güýzüne köp iýilýär, hatda gyşyna hem terligine saklanýar. Türkmenistanyň gawunlary, hususan-da waharmanlar, gülabylar dünýä bellidir. Gawun-garpyz teşneligiňi gowy gandyrýar, ýadawlygyňy aýýrýar.

Süýt we süýt önümleri türkmenleriň nahar taýýarlamakda ulanýan esasy ajygydyr. Ýaz aýlary sygyr süýdi, gatygy adam üçin örän ýokumlydyr.

Naharlaryň görnüşi (assortimenti) näçe baý bolsa, halkyň durmuşynyň gowulygyny aňladýar. Soňky döwürde nahar üçin türkmenlerde kelem, kartoşka, badamjan, pomidor, bolgar burçy, petruşka, ukrop we beýlekiler giňden ulanylýar. Häzir türkmenler miwäni, gök önümi gyş aýlarynda nahara atmak üçin öňünden konserwirläp goýýarlar. Pomidory tutuşlygyna ýapmak usulyda türkmenlerde ber ornaşdy.

## Türkmen tagamlaryndaky azyk önümleri we naharlar.

Türkmenlerde azyk önümlerini, naharlary we dürli tagamlary olaryň düzümi boýunça birnäçe görnüşe bölmek bolýar:

1. Undan taýýarlanylan tagamlar.
2. Etden tgaýýarlanylan tagamlar.
3. Garyşyk (un, et, balyk we ş.m. azyk önümleri) tagamlar.
4. Süytden taýýarlanylan tagamlar.
5. Ösümlikden taýyarlanylan tagamlardyr.

Türkmenleriň gadym wagtlardan bäri gündelik tagamlary hasaplanýan çörek-nandyr. Çöregiň üç, hamyrly,

petir hili we külçe-süýtli hili bolup, iki sany süýri hem-de tegelek görnüşleri bardyr. Öňler süýri görnüşi tamdyrda we tegelek görnüşi ýerde (çarwalarda giňden ýaýran) bişirilip, oňa gömme çörek hem diýilýär.hamyrly çörek gündelik bolup, ony hemişe iýipdirler. Petir çörek toýlarda we sadakalarda köpçülik üçin taýýarlanylýan türkmeniň milli tagamy bolan dograma ulanypdyrlar. Dograma üçin azyk harytlary bolan et, çörek we sogan ulanylypdyr. Dograma hemmeler üçin (baýada, garybada) deň bolupdyr. Hiç hili närazyçylyga ýol berilmändir. Ýygra-utanjaň adamlaryň hem iýmegine şert döredipdir. Ol özüniň ýokary kategoriýalylygy bilen tapawutlanypdyr. Türkmenlerde şeýlede hojalyk we döwürleýin dograma tagamlary taýýarlanypdyr. Hojalyk dogramasy hamyrly çörekler gatap başlanda olary çekdirme çorbasyna dorgap iýipdirler. Külçe süýde ýugrulan hamyrdan bişirilip, myhmançylyga ýa-da görme-görşe gidilende äkidilipdir.

Türkmenleriň gaýnatma, çekdirme, gara çorbalary we kellebaşaýak çorbasy öňden bedllidir.

Türkmenleriň milli tagamy bolan “tamdyrlamasy” maşgalanyň iň gowy görýän dost-ýarlary myhman gelende ýa-da ýaşlaryň oturşuklarynda taýýarlanylýar. Oňa azyk önümi hökmünde iň ýokarsy işek goýunyň eti: goly, budy we gapyrgasy ulanylýar (onuň taýýarlanyşyny giňden düşündirmeli).

Türkmen çarwalaryna degişli milli tagamlaryň ýene-de birisi “gömmeçdir”. Ony taýýarlamak üçin çukur gazýarlar we onda köz bolar ýaly odun ýakýarlar. Bir çebşi öldürip, onuň derisini bütewiligine soýup çykarýarlar. Soň çebşiň iç goşunyh aýryp, onuň ýerine dürli ysly we tagamly otlary, gök önümleri salyp garny dcikýärler. Ony ýene-de derisine salyp, bujaklaryny berk daňyp, çukurdaky köze gömýärler we bişer wagtynda çykaryp, arassalap iýýärler.

Türkmenleriň özboluşly aýratyn milli tagamlarynyň ýene-de birisi “gowurdak” gowurmadyr. Ol köplenç ýörite

bakylýan “baggoýunlaryň” etinden dograp, guýruk ýagyna gowrup taýýarlaýarlar. Onyh öň ýörite taýýarlap goýan goýunyň garnyna gapgaryp guradýarlar we uzak wagtyň dowamynda peýdalanýarlar. Türkmenler gyssagly wagtlary gowurdakdan dürli (çaý çorba, batyrma we beýleki) tagamlary taýýarlap iýýärler.

Türkmenleriň gowy görýän tagamlarynyň biri-de beýleki halklarda bolşy ýaly palaw tagamydyr. Daşoguz welaýatynda ol her hepdäniň dördünji we dynç (otdyh) güni ýörite palaw bişirip, yzyndan “garrygyz gawuny” iýilýändigi bellenmäge mynasypdyr. Türkmenistanda palawyň dürli hilleri taýýarlanýar. Onuň balykdan, etden we guşdan taýýarlanýan hilleri görnüşleri barada aýtmak bolar. Häzir onuň nohutly palaw, kişmişli, erikli we bedýleki görnüşleri peýda boldylar.

Türkmen tagamlarynyň içinde giňden ýaýran “böregi” görkezmek bolar. Onuň etli, otly we ýumurtgaly görnüşlerini bellemek bolar. Gutap (etli, otly, kömelekli, kädili we kartoşkaly-ýer almaly) dürli görnüşlerini bellemek bolar.

Tagamly naharlaryň biri (ýarma, köçe4) bugdaýyň üwelen görnüşinden edilýän köpçülik tagamydyr. Ol toýlarda we sadaka berilende taýýarlanýar.

Türkmenlerde giňden ýaýran tagamlaryň pişme, çapady, byzmyk we çalpak görnüşlerini ýatlamak bolar. Ol tagamlar türkmenleriň toýunda, sadakasynda we ýasynda, aýratyn maşgala isleginde taýýarlanypdyr we peýdalanypdyr. Tükmenler güýz we gyş aýlarynda dümewleme keseliniň öňüni almak üçin mäşewe we aşyň (jazly, jazsyz, süýtli, towukly) görnüşlerini taýýarlapdyrlar. Ullakan ýaýylan göniburçly hamyrlary suwda gaýnadyp belke, gaýyş, bäş barmak bişiripdirler. Olar üçin et, balyk we ş.m. ulanypdyrlar.

Mehinli, alyly we nohur türkmenleri toý mynasybetli başga bir milli tagam – gatlama (tekelerde gatlakly diýilýär) taýýarlaýarlar. Ol hamyra ýag çalynyp, dolap täzeden ýaýýarlar we gaýnap duran ýaga atyp taýýarlaýarlar. Gatlakly heniz

gyzgynjakka onuň üstüne şeker ýa-da gant ununy sepip iýýärler.

Gadymy türkmen tagamy bolan “işlikli” ähli taýpalaryň arasynda meşhur bolupdyr, bu ahalda hasda meşhurdyr. Bu tagam çarwa durmuşy bilen baglanyşykly bolupdyr. Gadymy döwürlerde işliklini ak öýüň ojagynda üstüni çägä gömüp bişiripdirler. Häzir bu tagam gaz peçleriniň duhowkasynda bişirilýär.

Tamdyryň diwarynda ýa-da demir gapda somsalar bişirilip, oňa diňe ärsarylar “börek” diýip aýdypdyrlar. Günortada we Gunbatarda oňa “gutap” diýipdirler.

Et we süýt önümleri çarwa türkmenleriniň arasynda tagamlaryň esasy bölegini tutupdyr. Goýun etinden başga “çebşiň” eti, “erkejiň” (ýyllyk geçi) we dag keýginiň eti gowy hasaplanypdyr.

Malyň öldürilişürkmenlerde özboluşly aýratynlygy bilen tapawutlanypdyr. Maly diňe erkek adam öldürip, aýal maşgala üçin gadagan edilipdir. Mal öldürilip bolansoň, onuň ýüregi, bagry, öýkedni az mukdarda gapyrgadan dogralyp çorba (kä ýerlerde şor suw) bişirmek däp bolupdyr.

Türkmenlerde ýanlyk ýaýmak we ýag, mesge alnyşy barada talyplara özara gepleşik wagty düşündirilse-de bolýar.

“Semeni” türkmenlerde ritual tagamlara degişli bolup, ol tebigatyň oýanmagy, ýazyň gelmegi bilen baglanyşyklydyr. Ol aýratyn gapda, suwda saklanan bugdaýyň ösüminden edilýär. Ony köpçülik bolup taýyarlapdyrlar we özaralarynda paýlaşypdyrlar. Häzir “semenini” satlyk üçin hem taýýarlaýarlar. Oňa türkmenlerde Äşe Patmaň aşy ýa-da dussyz bişen aş diýýärler.

Ýazyň gelmegi bilen baglanyşykly ritual tagamyň biri-de “Nowruz kojegidir”, ol ak jöwenden bişirilip, Daşoguz we Lebap welaýatlarynda edilýär.

“Ak aş” süýde bişirilýän tüwi ritual tagama degişli bollup, ol goýunyň piri Musa pygamberiň hatyrasyna edilip,

çarwalar mallarynyň sagdyn bolmagy üçin edipdirler. Oňa ýaşuly çarwa çopanlary çagyryp, iýip töwür galdyrypdyrlar.

Ritual tagamlaryň ýene-de biri "düşek aşy", "ýan tokly", "gara göli" diýip atlandyrylýan merhumyň jaýlanan gününe degişli edilipdir. Merhumyň belli günlerinde edilýän tagamlar hem ritual tagamlardyr.

Türkmenleriň şu günki tagamlary we içgileri talyplara doly belliligi sebäpli, olaryň düşünmän berýän soraglaryna özara gepleşik esasynda düşündirmeli.

## Türkmenlerde naharlanmak düzgüni, etiketi

Türkmenlerde däp bolup galan milli naharlaryny gündelik naharlara hem-de däp-dessur naharlara bölmek bolar. Gündelik nahar iki görnüşe bölünýär: her günlik we myhman naharlary. Däp-dessur naharlary hem öz gezeginde baýramçylyk, däp-dessur we sadaka naharlaryna bölünýär. Şunlukda däp-dessur naharlarynyň taýýarlanyş usuly boýunça tapawutlanmaýandygyny, taýýarlanylýan naharyň diňe maksadynyň we möçberiniň üýtgeýändigini belläp geçmek gerek.

Naharlanmak režimi hojalyk, sosial, professional, şahsy-indiwidual aýratynlyklara bagly bolupdyr. Ýöne, köplenç türkmen maşgalasy üç wagtyna naharlanypdyr: irden-ertirlik, günortanlyk we agşamyna. Durmuşyň kynçylykly ýagdaýlarynda (açlyk, ýas we ş.m) iýmitlenmegiň režimi we rasiony iýmitiň mukdary we iýmitlenmegiň sany azalýar.

Musulmanlaryň keramatly aýy bolan Remezanda ulular iki wagtlyk nahara geçýärler: agyzaçarda we selällikde iýip-içýärler. Maşgalanyň agzalaryna ertirligi we günortanygy dürli wagtynda edinmek rugsat berlipdir, ýöne agşamky naharda bir saçagyň başyna üýşmek hökmany bolupdyr.

Maşgalanyň agzalarynyň funksiýalary "daşarky" we "içerki" işlere bölünipdir. Öýüň daşyndaky işleri, şeýle hem

iýmiti üpjin etmek erkekleriň işi bolupdyr. Öýüň töweregindäki işler, aşhanadaky işler, ojagyň oduny saklamak, gaplary ýasamak, içer ýaly suwy getirmek, nahar bişirmek aýal maşgalanyň işi bolupdyr. Türkmen öýi esasan bäş bölege bölünipdir. Merkezi, mukaddes ýeri-ojak bolupdyr. Öýüň töri iň hormatlanýan ýer hasaplanypdyr. Adaty günlerde ol ýerde maşgala başy oturypdyr, myhman gelende hormatly adamlar-aksakgallar oturypdyr. Çep tarapda aýallaryň oturýan tarapy, sag tarapda erkeleriňki hasaplanaypdyr. Türkmenlerde palçyk jaýlar peýda bolanda hem bu düzgün saklanyp galypdyr.

Nahary ýerde, saçagyň başynda üýşüp iýipdirler. Erkekler we aýal maşgalalar aýratyn saçakda iýip-içipdirler. Kiçijik çagalar, käwagt ulurak çagalar hem aýallaryň ýanyndan iýip-içipdirler. Gaýyn ata gelniniň nahar iýişini görmeli däl ekeni. Birnäçe adam bir çanakdan-gapdan iýip-içipdirler. Naharlanmak üçiň çörek salynan saçagy ýazypdyrlar. Saçak hiç-haçan ýuwulmandyr, sebäbi öýüň üstünligi ýuwlup gitmez ýaly edip, beýleki türki halklar ýaly türkmenler saçakdaky ýagy maşgalanyň bolçulygy hasaplapdyrlar. Saçaga duz ýa-da başga goşmaça zatlar (burç we ş.m) goýmaly däl eken. Nahara duz atmak bolmandyr, “nahara at dakmak” günä hasaplanypdyr. Naharyň öňünden we soňundan el ýuwupdyrlar. Nahar äberlen badyna iýlipdir, nahary garaşdyrmak günä hasaplanaypdyr. Nahary soňuna çenli iýipdirler. Ýagny, ellerini ýüzlerine, aýaklaryna ýa-da ädigine çalypdyrlar. Aýallar saçlaryna erkekler murtlaryna we sakgallaryna çalypdyrlar.

Nahar iýlip bolnan soň “töwir” galdyrylyp, iň soňunda türkmençe öten geçenler “degsin” edilipdir, öýe, ojaga, maşgala dilegler edipdirler.

Türkmenler bişiren naharyndan goňşusyna hem dadyrypdyrlar. Bu däp “Goňşy haky – taňry haky” diýen nakyl şondan dörän bolsa gerek. Umuman, türkmenler töwerek daşyna hormat goýmagy başaran halk bolupdyr. Şonuň üçin hem “Kyýamat güni goňşudan” diýipdirler. Şu günlerki

“Goňşyokara” baýramynyň dikeldilmegi şonuň aýdyň mysalydyr.

Türkmenler myhmana uly sarpa goýupdyrlar we myhman-myhmançylyk barada birnäçe nakyllar döredipdirler: “Myhman atańdan uly”, “Gelen döwlet” we ş.m. Islendik myhman, ýaşyna  ýa-da baýlygyna, garyplygyna garamazdan öýüň töründe oturdylypdyr. Myhmana ilki çal ýa-da çaý hödürlenipdir. Orta Aziýa halklarynda myhmana hökman etli nahar bermeli eken. “Goýun öldürmek” (ýa-da söwüş etmek) öýüne myhman gelen her bir adamyň borjy hasaplananypdyr. Kellebaşaýak ilki myhmana berilýär. Ol mal öldüreniňi bildirmek üçin edilipdir. Halky üüýşürip nahar bermek türkmende uly abraý hasaplanypdyr. Köpçülikleýin naharlanmak jemgyýetde sosial gatnaşyklary berkitmekde uly rol oýnapdyr. Jemgyýetçilik nahary taýýarlananada gap-gaçlar tutuş obadan ýygnanypdyr. Nahar taýýarlananda etli naharlary erkekler, çörek önümlerini aýallar biuşiripdirler. Nahar iýilende erkekler we aýallar aýratyn saçak ýazyp iýip-içipdirler. Ýaş gyzlar aýallardan aýry oturypdyrlar. Jemgyýetçilik nahara gatnaşýan başga ýerlerden gelen myhmanlar diňe şol öýüň myhmany hasaplanmandyr, meselem ärsarylarda we arabaçylarda myhman alýan adam “gonak bergen” diýip atlandyrlyp, dabarany geçirýän her şeýle myhman alnan öýe bir goýun paý berlipdir.

Türkmenlerde maşgala dabarasy “toý” diýlip atlandyrylýar. Bu termine, hemme zatdan öňürti, hezzet edilýän baýramçylyk nahary diýlip düşünilýär. Ýogsam bu düşunje dabaranyň özüni hem öz içine alýar. Muňa “Toýdan topukça” diýen türkmen nakyly hem şaýatlyk edýär. Günbatar Türkmenistanyň maldarçylyk bilen meşgullanýan ilaty (köplenç ýomutlar) geçmişde toý mynasybetli öýlenýän ýigidiň öýünde hem, durmuşa çykýan gyzyň öýünde hem baýramçylyk hezzeti üçin adatça palaw taýýarlanypdyr. Günorta Türkmenistanyň (Merw, Tejen, Saragt, Ýolöten, Pendi we

beýlekiler) türkmenleriniň aglaba topary toý güni baýarmçylyk hezzeti üçin öýlenýän ýigidiň öýünde bir milli nahar-çekdirme ya-da palaw taýýarlapdyrlar. Häzir bolsa toýda we beýleki birnäçe maşgala baýarmçylyklarynda birinji we ikinji naharlary – çekdirme we palaw taýýarlamak däbe öwrülipdir.

Etli çorba-çekdirme täze öldürilen goýnuň ýa-da sygryň etinden gaýnadylýar. Ozallar çekdirmä diňe sogan atylypdyr. XX asyryň başyndan beýläk etli çorbanyň içine kartoşka dograp we pomidor ýa-da tomat atyp taýýarlap başlapdyrlar.

Ahal türkmenleri – tekeler ata-babalarynyň gadymydan gelýän däbi boýunça toýda, öýlenýän ýigidiň öýünde baýrmaçylyk hezzeti üçin çekdirme we palaw bilen bir hatarda milli nahar-ýarma hem taýýarlapdyrlar. Bu nahar däp boýunça ýany çöreksiz äberilýär. Ahal oazisiniň türkmenleriniň beýleki toparlaryndan tapawutlylykda mehinli türkmenlerinde toýda milli nahar bolan dograma taýýarlamak däbi ornaşypdyr.

Dograma – munuň özi türkmen halkynyň däp bolup galan milli naharydyr. Onuň ady hem "dogramak" diýen sözden gelip çykypdyr. Bu nahary taýýarlamak üçin iri-iri atylyp gaýnadylyp bişirlen täze goýun etini  dograp, ony dogralan petir çörek bilen garýarlar. Oňa belli bir möçberde dogralan düýp sogan hem goşýarlar. Soňra bularyň hemmesini mazaly garýarlar. Taýýar bolan dogramany azrak möçberde tabaklara salýarlar we üstünden gyzgyn çorba guýýarlar, soňra oňa bir-iki çemçe guýruk ýagyny goşup, adamlaryň öňune äberýärler. Bu nahary el bilen iýýärler.

Murgap oazisiniň tekeleri gyzyň durmuşa çykýan güni däp bolan etli nahary – gelinalyjy çorbasyny (petir çörek dogralan etli çorba) taýýarlaýarlar. Ony gelinalyja gatnaşýanlara hem-de gyz çykarmak dabarasyna gelenlere hezzet etmek üçin taýýarlapdyrlar. Bu naharyň taýýarlanyşy petir çörgiň iri-iri, ýarpak-ýarpak dogralýandygy bilen adaty däp-dessur naharynyň taýýarlanyşyndan tapawutlanypdyr. Munuň özi bir tarapdan, toý başagaýlygy mahalynda nahary

iýmek oňaýly bolsun diýlip edilipdir, ikinji tarapdan bolsa gyzy alyp gidýändikleri sebäpli däp boýunça degişme ýamanlyk edilmegini aňladypdyr. Iri dogralan petir çöregiň üstüne bir-iki bölek gaýnadylan et atylýar we gyzgyn çorba guýulýar. Özem çorba birneme duzlurak edilýär. Size şu hem "kän" diýen ýaly, oňa hem degişme äheňi berlipdir. Bu nahar gelinlayjy gelen badyna ilki bilen myhmanlara, soňra bolsa dabaranyň beýleki gatnaşyjylaryna berilýär.

Geçmişde türkmenleriň toý bilen baglanyşykly birnäçe däp-dessurlary we yrymlary bolupdyr. Mysal üçin, Günbatar Türkmenistanyň maldarçylyk bilen meşgullanýan ýomutlary, Ahalyň tekeleri täze öýlenenlere iýmek üçin nikalaşylmagy mynasybetli hezzetlemek maksady bilen ýörüte öldürilen goýnuň ýüregini bişirip beripdirler. Öýlenýän ýigidiň dogan-garyndaşlaryndan ynanylan adam, adatça onuň gelnejesi goýnuň ýüregini iki bölüp, ony iýmegi gelne we ýigide teklip edipdir.

Merw türkmenlerinde goýun ýüreginiň ýerine täze öýlenenleri nika gyýlan ilkinji gije gaýnadylan bagyr we guýruk ýagy bilen hezzetlemek däp bolupdyr.Bu hem täze öýlenenleriň durmuşynyň bagrydyr guýruk ýagy ýaly lezzetli bolmagy üçin edilipdir.

Toýlarda etli naharlardan başga undan bişirilýän önümler hem taýýarlanypdyr. Undan taýýarlanylýan, däp bolup galan milli tagam bolan pişme uniwersal baýramçylyk hezzetidir. Ony taýýarlamak üçin alnan hamyry ýaýyp, romb görnüşinde kesýärler, soňra bolsa gaýnap duran ösümlik ýagyna atýarlar. Ol ýagda çişip, pökgerýär. Pişme maşgala dabaralarynyň ulusynda hem, kiçisinde hem taýýarlanylýar we hezzet etmegiň hem-de baýramçylyk stoluny bezemegiň hökmany elementidir. Türkmenlerde bu milli tagamsyz maşgala dabarasynyň ýekelesi hem geçmändir diýip aýtmak bolar.

Toýlarda süýjiniň ýerini tutan halwa süýji milli tagam bolupdyr. Ol yagdan, undan we üzüm toşabyndan taýýarlanylýar. Gowrulan bugdaýyň ununy ýag bilen garyp, tä un garamtyl-gyzyl reňke öwrülýänçä gaýnadypdyrlar. Soňra süýjilik tagamyny bermek üçin oňa üzüm toşabyny goşupdyrlar. Toşap halwanyň gatamagyna hem ýardam edipdir. Şeýlelik bilen, halwa taýýar bolýar. Ony çaý bilen hem içýärler, çaýsyz hem iýýärler.

# VII. TÜRKMENLERDE MAŞGALA WE MAŞGALA GATNAŞYKLARY

## 7.1. Türkmenlerde gadymdan gelýän maşgala we maşgala gatnaşyklary.

Türkmenistanyň günorta sebitlerinde ýagny Köpetdagyň eteginde häzirki Ahal welaýaty ýerleşýär. Ahal welaýatyna Baharly, Gökdepe, Ruhabat, Ak bugdaý, Gäwers, Kaka, Tejen, Sarahs, Altyn asyr we Babadaýhan etraplary degişlidir. Ýagny geografik ýerleşişi boýunça Ahal welaýaty Köpetdagyň günorta dag eteklerini, Tejen derýasynyň orta we aşak akymlaryny öz içine alýar.

Taryhda bu sebitlere Ahal sebiti, Etrek sebiti we Tejen derýasynyň orta we aşaky akymlarynyň sebiti diýip at beripdirler.

Günorta Türkmenleriniň ilatynyň etniki düzümi orta asyrlarda dürli-dürli bolupdyrlar. XVI-XVIII asyrlarda Serdar şäherinden Gäwerse çenli türkmen taýpalaryndan ýemreli, gardaşly, alili, mehinliler ýaşapdyrlar. Bu oazisiň günbatar böleginde gardaşlylar we şyhlar; daglyk jülge Çendirde gereýler, Nohur obasynda – nohurlar, dag eteklerinde mürçeliler, Arçabil (Pöwrize) we Eýran bilen serhetdeş beýleki obalarda baýatlar, halaçlar we beýlekileriň ýaşandyklary. barada etnograf alym A. Jykyýewiň işlerinde maglumat berilýär. Şeýle hem günorta Türkmenistanda öwlat taýpalary bolan şyhlar we magtymlar ýaşapdyrlar.[6] Öwlatlar Türkmenistana VII asyrda gelen arap taýpalary bilen ýerli taýpalaryň gatyşmagynda dörän taýpa-tireler bolup, olar türkmenleriň ähli ýerine ýaýrapdyrlar.

Alymlar günorta Türkmenistanyň tekelere çenli ilatyny 2 topara bölüpdirler.

---

[6] А.Джикиев, очерки происхождениа туркменского народа в епоху средневековья, Ашхабад 1991. Sah. -83.

1. Türkmen – türki taýpalary bolan nohurlar, mürçeliler, änewliler, mehinliler, sünçeliler, hasarlylar gadymy ýaşaýjylar bolupdyrlar.

2. Oguz – türkmenlerden gelip çykan taýpalary bolan ýemreliler, ýazyrlar, gardaşlylar we alililer bolupdyr.

Bu taýpalar günorta Türkmenistanda XII – XVI- njy asyrlarda oturumly ýaşan halklar bolupdyr. Olardan nohurlar daglyk nohur obasynda ornaşyp, gadymy ekerançylyk däbini ýöredipdirler. Mürçeliler häzirki mürçe obasyda ýaşap, olar hem gadymy ekerançylyk däbini ýöreden halklaryň biri bolupdyr.

Günorta Türkmenleriň daglyk sebitlerinde, eýranyň serhedine ýakyn sebitlerde "türkler" diýip atlandyrylýan halklar orta asyrlarda ýaşapdyrlar. Mysal üçin pöwrüzeli, germawly, hasarly, çülüli, dili boýunça änewliler, nohurlylar hem olara degişli bolupdyrlar.[7]

X1X asyryň aýaklarynda Türkmenistanyň Russiýanyň düzümine girmegi bilen maşgala durmuşynda, ylaýtada maşgaladaky aýallaryň ýagdaýlarynda ullakan özgerişlik, gowylaşma bolmady. Sebäbi ornaşan düzgün patyşa hökümetiniň düzgüni bolmak bilen köne durmuşy, däp-dessury goldaýan gurluş bolup durýardy. Şeýlelikde Türkmenistanda agalyk edýän feodalizm düzgüninde, rus patyşasy ýerli baý-begler bilen bilelikde hereket edip, olary goldap çylyş edýärdi.

Türkmenistanyň sosial taýdan yza galak bolmagyna bu ýerde agalyk edýän yslam dininiň durmuş ýörelgeleriniň ahmiýetiniň uly bolmagynda bolmagy mümkin diýip alym A.A.Mogilewskiý belleýar.[8] Dogry, türkmenlerde agalyk edýän kada-kanunlar, adat şerigatyň kada kanunlarydy. Maşgala ýörelgeleri we beýleki däp-dessurlar diňe şerigatyň kanunlary boýunça alynyp barylýardy. Türkmen maşgalasynda

---

[7] Şol ýerde sah-43.

[8] Могилевский А.А. Охрана прав женшин в Туркменской ССР. Ашгабад, 1979. sah.-13.

nikalaşmak, aýrylyşmak, toý, ýas we etiketiň adatlary diňe şerigatyň kanunlary esasynda ýerine ýetirilýärdi. Emma dini däp-dessurlardan we şerigatyň kanunlaryndan baý-feodal gatlaklar öz bähbitleriçe peýdalanýardylar hem-de işan-mollalara täsirini ýetirýärdiler.

Dogrusy ruslaryň gelmegi bilen Türkmenistanda bolan özgerişlikler hem az däldi. Zakazpi demir ýolunyň gurulmagy, birnäçe senagat kärhanalaryň döredilmegi, şäherleriň, posýolaklaryň we işçiler synpynyň kemala gelmegi ýaly türkmenleriň syýasy we ykdysady durmuşynda oňyn netijeleri berýän düýpli özgerişlikler hem bolup geçdi. Emma türkmenleriň ýaşaýyş durmuşyndaky rus patyşasy goldaýardy. Tertip-düzgüne garşy çykmaýardylar. Olaryň esasy maksady türkmenleriň durmuü gurluşyny üýtgetmek däl-de, ykdysady isleglerini kanagatlandyrmak, ýerli bay-begleriň goldawyndan, käbir adalatsyzlyklardan peýdalanyp köp mukdarda çig mal toplamakdy.

Türkmenlerde dowam edip gelýän gurluşy diňe XX asyryň başyndaky rewolýusiýa üýtgedipdi.

X1X asyryň ahyrlarynda –Türkmenistanyň ähli ýerlerinde bolşy ýaly, Zakaspi oblastynda hem maşgala gatnaşyklarynda nikanyň birnäçe görnüşleri bolupdyr. Maşgala gatnaşyklarynda nika- maşgala gurmagyň hökmany şerti bolupdyr. Maşgala bolsa öz gezeginde jemgyýetiň esasy sosial ýaçeýkasydyr (özenidir). Maşgala adam neslini dowam etmekde ähmiýetli gurluşdyr.

## 7.2. Maşgala agzalarynyň özara gatnaşyklary.

Türkmenlerde maşgala mukaddes ojak hasaplanýar. “Maşgalam, baş galam” diýip ýöne ýere aýtmandyrlar. Maşgala türkmen jemgyýetiniň kiçijik özenidir. Ol jemgyýetde möhüm sosial we terbiýeçilik orny eýeleýär. Şeýlelikde maşgala ykdysady we sosial ösüşiň tizleşmegine täsir edýär. Sebäbi

millet jemgyýetden ybaratdyr, jemgyýetiň esasy birligi, jemgyýetiň esasy daýanjy bolsa maşgaladyr. Haçanda maşgala ahlak we edep taýdan kämil bolanda, jemgyýet hem şonça kämil bolýar.

Türkmençilikde maşgala yaşaýşyna aýratyn üns berilipdir. Tükmeniň maşgala gurmak däp-dessury, adaty müňýyllyklaryň dowamynda ösüp kemala gelipdir. Bu däp-dessurlaryň esasynda gurlan maşgala agzybir, abadan, durnukly maşgala bolupdyr.

Aslynda maşgala bolmak üçin iki sany ynsanyň goş birikdirip, durmuş gurmaklygy zerurdyr. Çünki biziň bilşimiz ýaly ynsan ilkibaşda ýaradylanda hem özüniň taýy bilen ýaradylypdyr. Adamata Howene ynsan jübütliginiň we nesil öndürmekligiň göreldesi bolup, bütün ýer ýüziniň ilatyny kemala getiripdir. Ynsan tebygatynyň zerulygy bolan öýlenmek, ony gurmak we maşgala gurmak bilen baglanyşykly bolup, şahsyýetiň duýgy we düşünjeleriniň, arzuw-isleglerininiň kada-kanunlarynyň berjaý edilmegidir. Öýlenmegiň, durmuş gurmagyň asyl maksady nesil öndürmekdir. Nesil bolsa adamyn dowamat dowam etmeginiň gönüden-göni şertidir. Şonuň üçin maşgala gurulanda daşky gözellige, sosial ýagdaýlara görä däl-de, içki, ruhy gözelligine, ahlak düşünjesine seredip maşgala gurmalydyr.

Maşgala gurýanlar maşgala bolmagyň ullakan borçdygyna doly düşünmelidir. Sebäbi maşgalada erkegiň we aýalyň (ene-atanyň) öňünde uly wezipeler durýar. Şol wezipeleri berjaý etmäge taýyn bolmaly. Maşgalabaşy bolmaly ýigit geljekde maşgalasyny eklemäge, goramaga çagalaryna arassa, halal, dogry terbiýe bermäge borçly bolupdyr. Öý bikesi boljak gyz bolsa bir öýün keşgini çekmäge, adamsyna söýget bolmaga, sagdyn nesil ýetişdirmäge taýýar bolmalydyr. Şeýlelikde aň-duüşünjeli, oýlanyp gurlan maşgala mukaddes ojakdyr. Ol ojak ömürboýy mekdep bolup, ýetişdirilen nesilleri bilen jemgyýetiň edepliliginiň we dowamlylygynyň girewidir.

Şonuň üçin maşgala gurmagyň şahsyýete peýdasy bir bolsa, jemgyýete müňlerçe peýda getirýär.

Türkmenlerde maşgala agzalarynyň ählisiniň däp-dessura, edep kadalaryna laýyklykda maşgalada tutýan orunlary, wezipeleri we borçlary bolupdyr.

XX asyryň başlarynda maşgala gatnaşyklarynyň arasynda **zähmet bölünişigi** şeýle bolupdyr. Erkekler oba hojalykda işläpdir we maldarçylyk bilen meşgullanypdyrlar. Olaryň zähmet paýy ekin ekmek, suwarmak, kanal gazmak, hasyl ýygnamak, gallany arassalamak we saklamak işleri bolupdyr. Şeýle hem erkek adamlar oba hojalyk önümlerini satmak bilen hem meşgullanypdyrlar. Olar mallara seretmek, idetmek işleri bilen meşgullanypdyrlar.

Öý hojalyk hünärmentçiliginiň dowam edýän ýerlerinde erkekler demir ussaçylygy, gara öýleri gurmak, taýýarlanak deri eýlemek, possum we telpek tikmek, aýakgap tikmek we bejermek, tanap ýüpleri örmek, işmek bilen meşgullanypdyrlar.

Erkekler ýaşaýyş we hojalyk üçin jaýlary salypdyrlar, çatmalary, ýerkümeleri, ýer ojaklary, telärleri gurmak bilen meşgullanypdyrlar, odun ýygnap, odun taýýarlapdyrlar. Alym K. Öwezberdiýewiň aýtmgyna görä Mary sebitinde erkek adamlar gara öýleriniň gamyşlaryny örüpdirler, ony gurnamak bilen aýal maşgalalar meşgullanypdyrlar.[9] Emma bu işler Ahal sebitiniň tekelerinde tersine bolupdyr. Ýagny gamyş örmek bilen aýallar, gara öýleri gurnamak bilen erkekler meşgullanypdyrlar.[10] Ýöne öý gurulanda elbetde aýal maşgalalar hem çetde durmandyrlar. Olar ärleriniň gapdalyndan kömekleşipdirler. Munuň üçin birnäçe däp-dessurlary ýerine

---

[9] Овезбердыев К. Семейные отношения у туркмен Мервского оазиса в конце XIX – начале XX вв.// Исследования по этнографии туркмен.- Ашхабад, 1965.

[10] Meýdan ýazgylaryndan. Rejepowa Ejegyz 1915-ýylda doglan, Tejen etrabynyň Agalaň daýhan birleşigi.

ýetiripdirler. Şonuň üçin hem aýallar köplenç ýagdaýda, mümkin bolan ýagdaýda maşgalada erkek adamlaryň hem zähmetine kömekleşipdirler.

Aýallaryň zähmetdäki orny hem edil erkekler ýaly kesgitlenen bolupdyr. Olar hem oba hojalyk işlerinde işläpdirler. Erkeklere ekin ekmekde, otag etmekde, ideg etmekde we hasyl ýygnamakda kömekleşipdirler. Mysal üçin hoşa çöplemek işi aýallara we çgalara degişli bolupdyr. Olaryň paýyna el degirmeninde un üwemeklik düşüpdir. Emma zenanlara düşýän ýeke-täk agyr iş degirmende un üwemek işi bolupdyr. Şeýle hem hasyl ýygnamak we ir-iýmişleri kakatmak işini hem ýerine ýetiripdirler. Olardan kak we sök etmek, üzümden kişmiş, alma, erik we beýleki iýmişlerden kişde etmek , toşap gaýnatmak bilen meşgullanypdyrlar. Aýallar mallara iýmit beripdirler (köplenç bu iş bilen erkekler meşgullanypdyr) we süýt önümlerden dürli görnüşdäki tagamlary taýýarlapdyrlar. Ýüň işläp bejeripdirler. Olar öý mallaryna hem seredipdirler.

Aýallar öý senetçiligi bilen hem meşgullanypdyrlar. Ýagny dokmaçylyk haly dokamaklyk, keçe basmaklyk, örüjilik, keşde bejermek we tikin-çatyn işleri bilen meşgullanypdyrlar. Öý hojalyk işlerini alyp barmakda esasy agram aýallara düşüpdir. Sebäbi ýokarda aýdylyp geçilen zatlardan daşary hem zenanlaryň gündeki öý işleri bolan biş-düş (nahar taýýarlamak) işi, öý içeriniň arassaçylgy, kir ýuwmak, gap-gaçlary ýuwmak, artmak, saçak ýazmak we ýygnamak işleri hem-de çaga seretmek ýaly hysyrdyly işler zenanyň gerdeninde bolupdyr.

Şeýlede bolsa, köp maşgalalarda (baýlardan başga) zenanyň hukugy kemsidilmändir. Zenanlar maşgalada näçe köp işleseler-de, olar öz maşgalasynyň abadançylygy we agzybirligi üçin edipdir. Erkek adamlaryň görkezme bermegi bilen dälde, zenanyň özüne degişli bolandygy üçin şeýle işleri ýerine ýetiripdir. Erkekler hem öz gezeginde öz maşglasyny

ekläp, olary gorap, olara kaka bolupdyr. Geljekki maşgala durmuşynda Abadan durmuşy gazanmak ücin olar işiň zenanlar bilen erkekleriň arasynda bölünendigine garamazdan Ahal türkmenlerinde ýylyň belli bir wagtlary ekiş döwri, otag döwri, hasyl döwri meýdan döwründe umumy bilelikde işläpdirler.[11] Emma ol Türkmenistana ruslaryň gelmeginden soň pagta ekinleriň giň ýaýramagy bilen bagly döwürde şeýle bolupdyr.

Türkmen maşgalasyndaky zähmet bölünişigi kadalarynyň bozulmagyna ýagny, erkek adamynyň öý işlerini etmegini (meselem, erkek kişi kir ýuwsa, nan bişirse, haly-palas kaksa we ş.m.) türkmençilige sygyşmaýan zat hökmünde garalyp, hatda aýal maşgalalar tarapyndan hem ýazgarylypdyr ýa-da aýal maşgala erkek adamynyň etmeli işini etmäge synanyşsa (meselem, çaganyň saçyny syrsa we ş.m.) “näme, ol öýde erkek göbekli gyrlypmydyr?!” diýlip erkek adamlar tarapyndan ýazgarylypdyr, ýaňsa alnypdyr we adatdan daşary hadysa hökmünde garalyp, aýp görlüpdir, çünki türkmen jemgyýetçilik aňy ony kabul etmeýärdi.

XIX asyryň ahyrynda, XX asyryň başynda rewolýusiýadan öňki döwürde maşgalada zenanyň gerdenine düşýän işiň köplügi barada etnograf alymlarynyň köpüsi ýazýar. ”Oba hojalyk işi bolan meýdan işlerinden soň gelip öýüň ähli işini zenanlar ýerine ýetirýär” diýip olar öz sözlerini tassyklaýarlar. Dogry, ýöne bu babatda zenanlara hiç kim zorluk etmeýär, buýruk bermeýär. Muny zenanlaryň özi maşgalanyň abadanlygy üçin edipdir diýip düşünýärin. Sebäbi meýdan işlerinden geleninden soň erkekler hem gol gowşuryp oturmaýarlar. Olar hem howlydaky duran mallara, esasan atdyr, düýelere iş mallara seretmek bilen, hojalygyň döwük-ýenjik zatlaryny bejermek, zähmet gurallaryny ýasamak we ýitilemek bilen meşgullanypdyrlar. Dogry

[11] Şol ýerde.

aýallaryň gerdenine düşýän has agyr iş degirmen üwemek bolupdyr. Aýallar taýýarlaýan naharlarynyň ununy özleri üwäp geçiripdirler. Bu bolsa zenanlaryň işiniň artykmaçlygyna olaryň günüň dowamynda ýadap, surnukmaklaryna getiripdir.

Emma sowet hökümeti dikeldilenden soň Türkmenistanda birnäçe zawod-fabrikler gurlup başlansoň maşgalada zenanlaryň hem işleri ýeňläp başlapdyr. Her bir maşgala dükanlardan hazarda üwelen taýýar unlary satyn alypdyrlar. Şeýlelikde özbaşdak yzagalak usulda bugdaýy üwemek işi durmuşdan ýitip başlaýar. Emma oba hojalykda pagta ekinleri bilen baglanşykly meýdan işleri bolan ekiş, otag, ýekleme, çürtüm, ýygym döwürlerindäki we bagçylyk obalaryndaky ir iýmişleri we gök önümleri ýygmak işleri şu günki güne çenli erkekler bilen deň hatarda zenanlar hem işleýärler. Işden soň öýe gelip ýokarda agzalan öý işleriniň ählisini ýerine ýetirýärler. Emma bu ýagdaý türkmen maşgala durmuşynyň ählisinde deň bolmandyr. Garyp we ortaça ýaşaýan maşgalalarda erkek adamlar aýallar bilen deň, hatda köp işleýän wagtlary az bolmandyr. Emma baýlaryň durmuşynda başgaçarak bolupdyr. Baýlarda öýüň erkek adamsyna degişli işleri batraklar, günlikçiler edipdirlerde, maşgaladaky erkek adamlar işsiz wagtlary köp bolupdyr. Maşgalada erkek adamlar öz aýallarynyň adyny göni tutup ýüzlenmäge namys edipdir. Erkekler öz aýalyna “öýdäki”, “hatyn”, “heleý”, “keýwany”, “kempir” we ş.m. sözler bilen ýüzlenen bolsalar, olar ýaşuly döwründe “enesi”, “hojaýyn”, “başlyk” diýip ýüzlenipdirler. Emma aýallar öz ärlerine hemişe hormat-sylagy aňladýan “atasy”, “Pylanynyň atasy” ýaly sözler bilen ýüzlenipdirler. Türkmen maşgalasynda gelin gaýynlarynyň we gaýyn tarapyň erkek adamlarynyň gös-göni atlaryny tutmak biedeplik hasaplanany üçin gelin olara “atasy”, “enesi”, “Pylanynyň atasy” ýa-da “Pylanynyň enesi” gaýyn tarapyň erkek-aýal adamlaryna bolsa, esasanam gaýyn

agalaryna, gaýyn ekejisine, eltilerine “Pylanynyň kakasy” ýa-da “Pylanynyň ejesi” diýip ýüzlenipdirler

**Türkmen maşgalasynda çaga terbiýes**i iň ähmiýetli meseleleriň biri bolupdyr. Edil ene –atanyň öz borçlary we wezipesi bolşy ýaly maşgalada çaganyň hem tutýan orny wezipesi bolupdyr. Perzent ene –atanyň we ulylaryň öňünde köp zada borçlanypdyr.

Uly maşgalalarda çagalar köp gatnaşyklarda agasy bilen baglanşykly bolupdyr. Agasy bolsa öz inisi bilen baglanşykly bolupdyr. Bu ýerde aga kakasynyň dogany hökmünde, ini agasynyň ýada jigisiniň ogly jigisi hökmünde getirilipdir. Türkmenlerde jigi sözi diňe öz süýtdeş jigisi dälde, agalarynyň, inileriniň çagalaryna aýdylypdyr. Ol doganymyň ogly diýen sözi aňladypdyr. Şol süýtdeş doganlaryň çagalary biri-birine doganoglan bolupdyr.

Maşgalada çaga terbiýesi esasy meseleleriň biridir. Çaga terbiýesi hem aňsat, hem kyn meseledir. Onuň aňsatlygy maşgalada çaga sany az bolsada, köp bolsada çaga öz terbiýäňe seredip terbiýe alýar. Turkmenlerde edep bakydyr diýip bellenişi ýaly edepli maşgaladan edepli perzentler öňüp-ösýär. Onuň üçin düşbi perzendiň terbiýesi babatda ene-ata ullakan zähmet çekmeýär diýen ýalydyr. Perzent terbiýesiniň kynlygy bolsa perzendiň dürli ýaşda, dürli döwirde terbiýesine aýratyn üns bermeli döwirleri bolýar. Sebäbi çaganyň dürli ýaşda öz gyzyklanmasy bolýar. Her bir ene-ata ony duýup, ol gyzyklanmalar bilen özleri hem gyzyklanyp durmaly. Ene-ata çagasynyň her bir hereketini gözden salmaly däldir.

Maşgalanyň esasy wezipeleri çaga terbiýesi bolup, ösüp gelýän nesline özlerinde bar bolan gujur-gaýratyny, maşgala bilimini, sowadyny, hünärini we maşgala edebini çagalaryna geçirmekden ybaratdyr. Türkmen halky asyrlardan-asyrlara aşyp gelen milli däp-dessurlary, ahlak we edep kadalary esaslarynda çagalaryna edep- terbiýe beripdirler.

Maşgaladaky çagalaryň arasynda zähmet bölünişigi hem şeýle (jynsy tapawut bilen) guralandy. Bu döwürde türkmen jemgyýetinde oglanlara - erkek oglan, gyzlara—gyz oglan, erkeklere—erkek kişi, zenanlara—aýal maşgala diýip atlandyrmak ýaly adalgalar ulanylypdyr. Türkmen halky adamyň hemala gelmeginde uly ünsi onuň terbiýesine beripdir. Şonuň üçün hem maşgalada çaga terbiýesine örän eserdeň çemeleşipdirler. Bu babatda ene-ata zähmet terbiýesine köp ýykgyn edipdirler. Maşgala zähmetiniň çagany terbiýelemekde ähimeti uly bolupdyr. Çagany ýaşlygyndan zähmete uýgunlaşdyrypdyrlar. 6-7 ýaşlaryndaky gyzjagazlar çaga seretmek, gap-gaçlary ýuwmak, nahar taýýarlamaga kömekleşmek ýaly işleri edipdirler we öý işlerine işeňňir gatnaşdyrylypdyr. Maşgalada oglan ýok bolsa oglanlaryň etmeli işlerini gyzlar ýerine ýetiripdirler. Gyzjagazlar 10 ýaşynda eýýäm çagalykdan çykyp, diňe öý işleri bilen meşgullanyp başlapdyr. Indi hojalykda kir ýuwmak, nahar taýýarlamak, tikin-çatyn işlerini etmek bilen özbaşdak meşgullanypdyrlar. 12-13 ýaşlaryndaky gyzlar eýýäm özbaşdak egin-eşik tikmegi, bejermegi, haly dokamagy başarýan, durmuşa doly taýýar maşgala bolupdyr. Ol öý işlerini etmek, bukjasyny taýýarlamak bilen meşgullanyp başlapdyr we “telpek bilen uranyňda ýykylmaýan” ýaşa ýetende ähli zady başarýan edip terbiýeläpdirler.

Erkek oglanlara bolsa çagalykdan gyzlara höküm etmeklik öwredilipdir we erkek oglanlaryň gyz oglanlardan derejesiniň ýokardadygy baradaky pikir olaryň aňyna guýlupdyr. Şonuň üçin hem käbir erkek oglanlar gyzjagazlaryň hojalykdaky işini etmekçi bolsa ony daş-töweregindäkiler utandyrypdyrlar. Erkek oglanlar 9 – 10 ýaşaýança, ýagny, “süňňi bekeýänçä” erkin ýaşapdyrlar, soňra bolsa güýjüniň ýetdiginden hojalygy alyp barmakda kakalaryna kömek edipdirler. Maşgalada oglanlar hem erkekleriň zähmetlerini ýerine ýetiripdirler. Oglanlar meýdan işini edipdirler. 9-10

ýaşlaryndan başlap ulularyň tabşyrygy boýunça mal bakypdyrlar, mallary iýmitlendiripdirler, ýatak arassalapdyrlar, ot ýygypdyrlar we ş.m. işleri ýerine ýetiripdirler. Ekin meýdanlarynda ekin-dikin işlerinde ululara kömekleşipdirler, ýagny pelleri arassalapdyrlar, otag edipdirler, orum ormaga kömekleşipdirler. 12-13 ýaşda ýer agdarmak, suw tutmak, çil çekmek,hojalyk işlerinde döwük-ýenjik gurallaryny bejermek işlerini alyp barypdyrlar. Şeýdip maşgalada oglanlar hojalygy dolandyrmak we eklenç işine, gyzlar bolsa öý bikesi, enelik durmuşyna taýýarlanypdyrlar.

Maşgalada çaga terbiýesi bilen köplenç çaganyň 5-6 ýaşyna çenli döwründe ejesi meşgullanypdyr. Emma çaganyň ondan soňky döwründe gyzlaryň terbiýesi bilen ejesi, oglanlaryň terbiýesi bilen kakasy meşgullanyp başlapdyr. Ene-ata her haýsy öz hünärlerini öz çagalaryna öwredipdirler. Hatda aýratyn zehinli çagalaryň öz gyzyklanmalary güz öňünde tutulyp, olara bilim bermek, hünär bermek işinde ýörüte ussatlara ýüz tutypdyrlar. Olary şägirtlige beripdirler.

Maşgalada çaganyň terbiýesi meselesinde eje-kakadan hem ene-atanyň ähmiýeti uly bolupdyr. Sebäbi ýaş çatynjalar, ýaňy durmuş ýoluna aýak basmagy bilen çaga terbiýelemekde has ýaş bolupdyr. Şonuň üçin uly maşgalada enesi we atasy agtyklaryny hemişe diýen ýaly ýanynda saklap, olara öwüt-ündew, edep-ekram, zähmet çekmegi öwredip durupdyrlar. Halal zähmetiň manysyny düşündiripdirler. Şeýle durmuşda terbiýelenen çagalar zähmetiň gadryny bilmegi, zähmete bolan söýginiň oýanmagy ýaly duýgylara gaplanypdyr. Olar ula hormat goýmagy, edep-ekramy berjaý edipdirler. Türkmenlerde şeýle terbiýelenen çagalara “ulydan kiçeldilen ýaly” diýipdirler.

Türkmen maşgalasynda çaga terbiýelemekde zähmet terbiýesi bilen bir hatarda öwüt-ündewleriň, tymsallaryňdyr rowaýatlaryň, yrymlaryň, şahsyýetleriň we beýlekileriň ähmiýeti uly bolupdyr. Tymsallardyr rowaýatlaryň üsti bilen

çagalarda halal-haram, haýyr-şer, ýagşy-ýaman, yhlaslylyk-ýaltalyk ýaly düşünjeler ösdürilipdir. Şeýle ýagdaýlaryň durmuşda her bir adamyň başynda bardygy, yamandan gaça durmagy, yhlaslylygyň, ýagşylygyň ýolunyň aklygy ündelip durulypdyr. Çöregi zyňmaly däl, iýip-içeňde nan owuntygyny gaçyrmaly däl, tagama at dakmaly däl, mukaddes zatlaryň (çörek, saçak, duz-tagam, namazlyk, çaga we ş.m.) üstunden ätlemeli däl, eger-de şu aýdylanlary ýerine ýetirmeseň gözüň kör bolýar, yrsgalyň gaçýar, uruş-sögüş bolyar diýen yaly yrymlar hem maşgalada mukaddeslige hormay goýmagy, arassaçylygy, isrip etmezligi ündäpdir.

Ýetginjek ýaşa ýeten oglan-gyzlar türkmen şahsyýetleri bolan Görogla, Jelaleddine, Alp Arslana, Agaýunusa, Gülruha, Banu Çeçege we beýlekilere meňzemäge çalyşypdyrlar. Ol bolsa olarda watançylyk, edermenlik, gaýduwsyzlyk, söýgä wepalylyk duýgylaryny terbiýeläpdir. Ýigitleriň we gyzlaryň gelejekdäki durmuşynda kär, hünär saýlamagyna belli bir derejede täsir edipdir. Türkmen serkerdesi Jelaleddin hem Isgender Zülkarneýin baradaky eseri hemişe ýanynda göterip, oňa meňzemeklige çalyşar eken. Onuň bu höwesi Jelaleddiniň beýik serkerde bolmagyna getiripdir.

Türkmen maşgalasynda çaga terbiýelenende şerigatyň düzgünlerinden däl-de, esasan, adatyň düzgün-kadalaryndan ugur alypdyrlar. Türkmenler ahlak we edep-ekram terbiýesine uly üns beripdirler. Maşgalada, maşgala ara gatnaşyklarynda we jemagatda öz ornuňy bilmek, özüňi nähili alyp barmalydygy, uly we kiçi ýaşlylar, erkek we aýal adamlar babatyndaky, däp-dessurlary dogry berjaý etmek, tebigata aýawly garamak, özüniň etmeli işini aýtdyrman etmek “özüňden bilmeli” ýaly düzgün-kadalar we çaga terbiýesinde höweslendirmek, ýaňsylamak, kakdyryp gürlemek, ýazgarmak, temmi bermek ýaly usullar maşgala terbiýesiniň özeni bolupdyr. Meselem, türkmen maşgalasynda çaga öz ornuny

bilmekligi we özüni nähili alyp barmalydygy baradaky edep düzgünine görä, çaga we ýetginjek 18 ýaşaýança ulularyň gürrüňine goşulmaly däldi we diňe soraga jogap bermelidi, öýde hojaýynlyk etmeli däldi, ulular bar wagty çäşerlip ýatmaly däldi we gaty gürläp, gaty gülmeli däldi we ş.m.

Şeýle hem özünden uly adamyň adyny tutup ýüzlenmäge kiçilere rugsat berilmändir. Özünden ulynyň adyny tutup oňa ýüzlenmek biedeplik hasaplanypdyr. Şonuň üçin-de birek-birege ýüzlenmekde däbe görä şahsy adyň yzyna sylag-hormat aňladýan goşulmalary goşmaly eken. Meselem, erkek adamlarda ýaşulylara ata, baba, pylan kaka, pylan däde (ýomytlarda), aga, agam, gardaş, agrdaşym (Etek türkmenlerinde, ýagny alililerde dogan, jigi diýen manyny beripdir), akga (saryklarda), daýy, aýal maşgalalara—ene, mama, pylany eje, daýza, gelneje, aýal dogan, bibi, bibim (Magtymguly etrabynyň ýaşaýjylarynda, ýagny gökleňlerde), apa, apam (salyrlarda), uýa, uýam we ş.m. sözler bilen ýüzlenmeli eken. Türkmen maşgalasynda hatda öz süýtdeş doganlaryna hem göni ady bilen ýüzlenmändirler. Olara öz atlarynyň yzyznyň goşulmasy bilen, ýagny Döwlet aga, Myrat akga, Ejeş eje, Maral apa, diýen ýaly sözler bilen ýüzlenipdirler.

Türkmen maşgalasynda önüp-ösýän çaganyň häsiýeti şol maşgalanyň terbiýesi, at-abraýy bilen ölçelýär. Şonuň üçin hem nätanyşlardan habar soralanda “sen kim?” diýip soralman, “sen kimlerden?” diýip soralar eken. Maşgalada nika gatnasyklaryny açmak üçin gyzyň aňyrsy soralanda ýa-da oglanyň aňyrsy yzarlananda “kimlerdenkä”, “adam çykan yerdenmikä?” diýip ýaşlaryň özüni däl-de olaryň maşgalasyny sorap idär ekenler. Eger maşgalasy adam çykan ýer bolsa, ýagny “döwletli”, “atly-abraýly”, “asylly” ýer bolsa, ondan soň ýaşlaryň gylyk-häsiýeti, iş başarjaňlygy soralar eken. Oglandyr gyzyň körk-görmegi kän yzarlanmandyr.

Türkmen maşgalasynda Ahal çarwa tekelerinde we nohurlarda gyzyň dogulmagyna kän bir uly ähmiýet bermän, oglanyň dogulmagyna uly bir waka hökmünde ähmiýet berlipdir. Ogluň doglandygy baradaky habary dogan-garyndaşlara, tanyş-bilişlere buşlanypdyr. Kakasyny gutlamaga ýörite gelipdirler, ogul toýy däp-dessura laýyklykda dabaraly tutulypdyr. Türkmen maşgalalarynda ogul dogulsa, azan aýtdyrylyp, oňa şondan soň at dakylýardy. Günbatar türkmenlerde we Etek hem-de Sarahs sebitiniň türkmenleinde ruhanylaryň, barly adamlaryň ýa-da köp wagtlap çagasy bolmadyk maşgalalaryň gyzy bolanda-da azan aýtdyrylypdyr. Türkmenler çaga doglanda oňa at dakmaklyga aýratyn uly üns beripdirler, sebäbi dünýä inen çaga mynasyp at dakmak adatyň ilkinji talabynyň biri bolupdyr. Türkmenlerde eger çaga 3–10 günläp at dakylman galsa, ol ulalansoň bagtsyz bolýar ýa-da ogry, ýalançy bolýar diýen yrym bolupdyr. Şoňa görä-de her bir maşgalada çaga mümkingadar tiz at dakmaga çalyşypdyrlar.

Şonuň üçin hem çaga at dakylanda ýaşululardyr işan-mollalar bilen maslahatlaşylypdyr we adat boýunça çaga doglandan üç günüň dowamynda, şerigatyň talabyna görä at dakylypdyr. Köneden däp bolup gelşine görä, çaganyň kakasy bilen ejesi öz çagalaryna at dakyp bilmeýärdiler. Täze bolan çaga köplenç onuň kakasynyň garyndaşlary at dakypdyrlar. Olar nähili at daksalar-da, çaganyň ejesidir kakasy şol dakylan ada gürrüňsiz razy bolaýmalydylar. Şeýle hem çaga ady ata-enesi, baba-mamasy, obanyň, iliň sylaýan adamsyna, keramatly saýylýan adamlara, öýüň hormatly myhmanyna, käwagtlar çaganyň “göbegenesine” dakmaga rugsat berlipdir.

## Türkmenlerde çaga at dakma dessury

Türkmenler çaga at goýanda, haýsydyr bir zady niýet edinýärler. Ogullarynyň batyr, edermen adam ýetişdirmek arzuwy olara güýçli, çalasyn haýwanlaryň, berdaşly, çydamly

ösümlikleriň, metallaryň, ýaraglaryň adyny dakan bolsalar, abraýly, mertebeli adam ýetişdirmek maksady bilen halkyň, taýpanyň at-abraýly, şöhrat gazanan är kişileriň atlaryny dakypdyrlar. Allatagala boýun egýändikleriniň we yslam dinini ykrar edýänliginiň kepilnamasy hökmünde Allatagalanyň, onuň pygamberleriniň we yslam dininiň görnükli wekilleriniň atlaryny dakypdyrlar. Dini atlary dakmaklyk nohurlarda has giň ýaýrapdyr. Şeýle hem "ady ýerde ýatmasyn" diýip ata-enesini, dogan-garyndaşlaryny hatyralap olaryň atlaryny dakmak adaty bolupdyr. Gyzlarynyň owadan, mähirli, edep-ekramly, ejaply bolmaklaryny niýetläp olara owadan hem ýakymly ysy bolýan gülleriň, miwesi datly agaçlaryň we jandarlaryň atlaryny dakypdyrlar.

Türkmenlerde iki ýa-da köp sözden durýan goşma, uzyn atlary dakmaklyk dessury ýörgünli bolupdyr, hatda ýeke sözden durýan gysga atlara adamyň şahsyýetini kemsidýän zat hökmünde garalypdyr. Goşma atlar şol bir obada birmeňzeş – atdaş atlylaryň biri-biri bilen bulaşdyrmazlyga hem kömek edipdir.

Däp boýunça çagalara iki at ("çyn" we "ýalan" at) hem dakylypdyr. Köplenç bu ýagdaý "at dakylan" dessury bilen baglanyşykly bolupdyr. Kakasy çagasyna ata-enesiniň, ýa-da başga bir ýakyn garyndaşynyň adyny dakanynda (meselem, hakyky atlarynyň daşyndan Kakamyrat, Kakajan, Atamyrat, Atajan, Agamyrat, Agageldi, Ejegül, Ejebaý, Enegyz, Enejan, Mamajan we ş.m.) biedeplik hasaplanmaz ýaly we merhumyň sarpasyny saklamak niýeti bilen iki at dakmak dessury ulanylypdyr. Köplenç çaganyň "ýalan" ady ýörgünli bolupdyr. Gyzlarda dakylýan ýalan atlar gyz döwründe, çyn atlar durmuşa çykanyndan soň gaýynlary tarapynda ýoredilipdir.

Şeýle hem kakasy, atasy çaga dünýä inende birnäçe sebaplere görä golaýda bolmasa, ol gelýänçä garaşmak zerur bolupdyr. Şeýle ýagdaýda, onuň enesi ýa-da göbek enesi çaga "ýalan" at dakypdyr.

Türkmenleriň arasynda çagany gözden-dilden, dürli betbagtçylykdan gorar diýen düşünjä eýerilip, oňa gelşiksiz atlary dakmaklyk adaty bardy. Çagasy durmaýan, ata-eneler öz perzendine Italmaz, Çör, Kürre, Eşek, Porsy we ş.m. atlary goýardylar. Bu atlar Ahal welaýatynyň dürli etraplarynda ýygy gabat gelipdir. Maşgalada yzly-yzyna diňe gyz çaga doglanda täze dünýä inen çaga Ogulgerek, Doýduk, Bessir, Boldy kimin atlary dakýardylar. Tejen etrabynyň Amaşagapan daýhan birleşiginde Akgözel, Täjigözel, Gülälek, Boldy, Kakageldi, Towşan we Jumagözel atly çagalary bolan maşgala muňa mysal bolup biler. Täze bolan çaga göz degmesin, ölmesin diýip, ony ölümden "halas etmek" yrymy, "satlyk" dessury hem bolupdyr. Emma bu dessur Ahal türkmenlerinde kän gabat gelmändir. Ol Demirgazyk türkmenlerine mahsus bolupdyr.

Bu döwürde türkmenlerde familiýa bolmandyr. Diňe rus häkimiýetiniň raýat we harby gullugynda bolan örän az sanly türkmenleriň familiýalary bolupdyr. Olaryň familiýalary kakalarynyň, atalarynyň (G.Atabaýew, S.Öwezbaýew, Ç.Geldiýew, D.Artykow, B.Çary, N.Gara, Ö.Mämmetsähet, A.Çaryýar we ş.m.) we taýpalarynyň (N.Ýomudskiý, T.Tekinskaýa, G.Şyh, K.Şyhly) atlaryna rus familiýa ýasaýjy – ow, -ew goşulmalary arkaly hem-de goşulmasyz ýasalyp ulanylypdyr. Şonuň üçin hem türkmenler familiýanyň deregine adam adynyň yzyna onuň kesbi-kärini (Durdy zergär, Annamyrat pälwan, Annamyrat dilmaç, Şükür bagşy we ş.m.), tire-taýpasyny (Gulhan Soltanyz, Geldimyrat Şyh, Öremet Burkaz we ş.m.), wezipesini (Atahan arçyn, Mergen togsaba, Magtymguly han, Rahmanguly töre we ş.m.) ýa-da häsiýetindäki (Durdy kör, Ata girrik, Baba ýaňra, Sähet galdaw we ş.m.), daş keşbindäki (Myrat sakaw, Baýram köse, Jumageldi gyşyk we ş.m.), sypatyndaky (Baba gyzyl, Akmyrat sary, Çary hepbik we ş.m.), akyl-huşundaky (Han jyn, Bäşim däli, Myrat gekgaw we ş.m.) haýsydyr bir alamaty görkezýän sözi, lakamy goşulyp ulanylypdyr. Kähalatlarda onuň lakamy

ýa-da tahallusy (Jüneýit han, Körmolla, Mollamurt we ş.m.) öz adyndan has ýörgünli bolupdyr. Adamlara lakam dakmak we lakamlary bilen ýüzlenmegi şerigat gadagan edýän hem bolsa bu däp türkmenleriň arasynda dowam edipdir.

Ýokarda mysal getirilen lakamlar, esasan, erkek adamlara degişli bolupdyr. Sebäbi türkmenlerde aýal-gyzlaryň adynyň yzyna lakam dakmak oňlanylmandyr. Erkek adamlar üçin esasanam aýal-gyzlaryň atlaryny lakam bilen tutmak aýyp görlüpdir. Erkek adamlaryň arasyndaky gürrüňlerde zenanlaryň lakamyny aýtmaga däl, eýsem-de kişi maşgalasynyň adyny tutmak hem biedeplik hasaplanypdyr.

Türkmen maşgalasynda diňe bir doglan çaga däl, hatda täze gelen gelne gaýyn tarapyndan täze at dakmaklyk däbi bolupdyr. Bu däbiň ýüze çykyşynyň sebäpleri – gelniň gaýynlary üçin ýaramsyz Boldy, Bessir, Doýduk ýaly ady bar bolsa, onuň adyny gelşikli at bilen çalyşmak, gelniň atasy öýünde ýalan ady tutulan bolsa, onuň "çyn" adyny tutmak, gelen ýeriniň gyz-gelinleri bilen atdaş bolmazlygy, gaýynlarynyň ondan öňdäki gelinleri bilen utgaşykly atlary ýöretmek dessury bilen baglanyşyklydyr.

Türkmen maşgalasy türkmen halkynyň asyrlarboýy dowam edip gelen ählihalk milli baýramçylygy bolan Gurbanlyk baýramy, Oraza baýramy, Nowruz baýramy we adamynyň durmuşyndaky wajyp pursatlar bilen baglanyşykly tutulýan maşgala toýlary bolan bäbek toýy, ogul öýermek toýy, öý-tam toý, sünnet toýy, diş toýy, galpak toýy, «ak goýun toýy» («Pygamber ýaşyny bellemek») dabara bilen belläpdir. Ady agzalyp geçilen toýdur baýramçylyk däpleriniň dessurlary maşgalanyň taýpa aýratynlygyna we gurbuna görä ýerine ýetirilipdir. Bu döwürde maşgalada tutulýan toýlar gyzlar babatynda geçirilmändir.

Toýlar türkmen maşgalasy tarapyndan örän şowhun-şagalaňly geçirilipdir. Meselem, ogul öýermek ýaly uly toýlarda at çapdyryp, pälwan tutluşdyrylypdyr, ýaglyga

towsulyp «owlak gapdy» geçirilipdir, «ýüzük bukdy» oýnalypdyr, bagşy aýtdyrylyp deprek kakylypdyr, tüýdük we gyjak çalnypdyr we ş.m. geçirilipdir. Ogul öýermek toýy, esasan, 3 günläp («ýalan çelpek», «çyn çelpek», gelinalyjy günleri) dowam edipdir.

Türkmen maşgalasynda toý tutup ogul öýerilensoň, täze dörän maşgala özbaşyna öý dikip bermek onuň ata-enesiniň ýerine ýetirmeli borjy bolupdyr.

## Ene-atanyň, olaryň çagalarynyň biri-biriniň öňündäki borçlary we hukuklary

Yaşulylaryň aýtmagyna görä maşgalabaşy erkek adam bolsa aşakdaky zatlary öýüň dulundan asyp goýupdyrlar:

1. Ýarag – ýagydan üstün çykma üçin;
2. Gurhan – özüni beýgeltmek üçin;
3. Pyçak – maly halallamak, soýmak üçin;
4. Dutar – gamdan saplanmak üçin;
5. Telpek – özüniň barlygyny bildirtmek üçin;
6. Gamçy – Temmi bermek üçin;
7. Duz torba – mukaddesligiň üstünden ätlemezligi üçin.

**Ata-enäniň borjy**

1. Perzendi sag-aman dünýä indermek… Bu borç iň jogapkärçilikli bolup, oňa dogry düşünmeli;
2. Çagaň özüne laýyk at dakmak. Ol ulalandan soň öz adyndan utanmazlygy üçin.Gowy pikirlenmeli;
3. Çagany sünnetlemek.Erkek oglanyň gigiena tarapyndan bähbidini göz öňüne tutup ony sünnetlemek ata-enäniň borjy hasaplanýar;
4. Okatmak, bilim bermek. Çaga 7 ýaşap, agy-garany, ýagşyny –ýamany saýgaryp dünýägaraýşynyň ösýän döwri bolan ýyllarynda onuň ýaş zehinini açmak, oňa bilim bermegini guramak;

5. Öý-işikli etmek. Gyz bolsa aglatman, eňretmän durmuşa çykarmak. Ogla mynasyp gelin almak;
6. Dünýä inderip yrsgyny aýyrýançaň egin-baş bilen üpjin etmek…
7. Dünýä inderip yrsgyny aýyrýançaň oňa özüň ýaly iýdirmek. Hemme zat deň bolmaly. Zady gulplap saklamaly däl.

## Çagalaryň borçlary

Döwletmämmet Azadynyň "Wagzy-Azat" eseriniň II babynyň dowamynda terbiýe barada pikir ýöredilýär. Ol talybyň, şägirdiň halypaň öňünde, perzendiň ata-enäň öňünde berjaý etmeli borçlaryny 40 sany edip olary 4 topara bölýär.

### Ten bilen balanyşykly borçlar:

1. Ata-enä gowy hyzmat etmek;
2. Olary hormatlamak, sarpasyny belent tutmak;
3. Ata-enäň buýruklaryny ýerine ýetirmek;
4. Ata-enäň käýinjinden yrak (daş) bolmak;
5. Ata-enäň razyçylygy bolmasa, sapara gezelenje gitmezlik;
6. Ata-ene nireden gelse-de, olaryň öňünden çykyp garşy almak;
7. Ata-ene ýola gitse olar bilen bile gitmek, ugratmak;
8. Ata-ene çagyrsa dessine ýanyna gelmek;
9. 9,10) Ata-enäniň möhümini birkemsiz we aýny wagtda bitirmek.

### Dile söze dahylly borçlar:

1. Perzent ata-enäniň sesinden belent sesde däl-de, pes äheňde gürlemeli;
2. Ata-enäniň näzini degişmesini götermeli;

3. Ata-enäň ýanynda utanç-halsyz, edepsiz (hapa) sözleri agza almaly däl;
4. Ata-enäniň adyny tutup çagyrmaly däl;
5. Ata-enä gaty gaýrym diýmeli däl, olary gaty-gördürmeli däl, ata-enäň ýüzüne bakyp gürlemeli däl;
6. Hoşluk we ýumşaklyk bilen gepleşmeli;
7. “Bir işi et” ýa-da “etme” ýaly sözleri diýmeli däl. Ýagny ata-ene bilen siz diýip gürleşmeli;
8. Ata-enäniň lakamyny we adyny tutmaly däl;
9. Ata-enäň ýüzüne tarap tüýkürmeli däl;
10. Ata-enäň ýanynda gaty-gülmeli däl, asla pyňkyrmaly däl.

**Köňül bilen baglanyşykly borçlar**

1. Ata-enä ak göwünden mähirli bolmaly;
2. Ata-enäni özüňe dost tutmaly, olary öz göwnüň soltany hasaplamaly;
3. Perzendi şadyýan bolsa ata-ene şat bolýandyr;
4. Gaýgylanmaň. Çagasy gam-gussa çekse ata-enesi tukat bolýandyr;
5. Ata-enem köp gepledi diýip dargursaklyk etmäň;
6. Ata-eneň beren jebir-jepasyna gaharyň gelmesin;
7. Ata-enäň derdini çekişmeli olara hemaýat etmeli;
8. “Ata-enemi ynjydaýmaýyn” diýip mydama ätiýaçly bolmaly;
9. Ata-enäniň niýet pyglyna, ýüregine düwen zadyna garşy gelýän zady etmäň;
10. Atаňyz näçe garrap ejiz düşse-de onuň ölümini dileme, oňa uzak ýaş dile.

**Mal-mülk we zat bilen dahylly bolan borçlar:**

1. Atanyň örtgüsini (eşigini) öňküsinden gowy etmek;

2. Ata-enäni tagamly naharlar bilen naharlamak;

3. Ata-enäniň her hili arzuwlaryny ýüzüni çytman ýerine ýetirmek;

4. Ata-enäniň gündelik durmuşda gerek ähli zatlaryny tapmaga ymtylmak, we olary tapyp bermek;

5. Dünýäde bar zadyňy ata-enäň hajaty üçin saçmak;

6. Ata-ene üçin golaçyk (sahy) bolmak;

7. Ata-enäni razy etmek üçin, olaryň hatyrasyna, ruhyna sadaka bermek;

8. Ata-enäniň gardaşlarydyr, dost-ýarlaryny sylap olary myhmanlamak;

9. Ata-ene syrkawlasa, olaryň saglygyny islemek we olar barada alada etmek;

10. Ata-enäň hatyrasyna doga edip durmak, sadaka bermek.

Döwletmämmet-Azady şeýle kyrk borjy ýerine ýetirenden (adamdan) Allatagalanyň razy boljakdygyny nygtapdyr.

Ata-ene we çagalaryň bir-birleriniň öňündäki borçlaryny Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy özüniň Ruhnamasynyň “Türkmen” diýen birinji bölüminde has sada we düşnikli dilde beýan edýär.Ol şeýle ýazýar:”Nuh pygamber garry gojalara we enelere ogul-gyz terbiýesinde akylly, agras, paýhasly, seresaply çemeleşmegi, olaryň hakyky ynsan häsiýetliligi üçin uly jogapkärçilik goýdy. Sebäbi Nuh pygamber ýaşlaryň ýalňyşmazlygyny isleýärdi. Ol: “Ulular bir gezek ýalňyşsa, ýaşkiçiler müň gezek ýalňyşar. Öýde ata ýalňyşsa ogul ýalňyşar, ene ýalňyşsa gyz ýalňyşar, atalyk hem enelik (gaýyn ata hem gaýyn ene) ýalňyşsa gelin ýalňyşar” diýip wagyz edýärdi. Şonuň üçin türk iman (türkmen) öý edebiniň düzgünini girizdi.

***Ol edep kadalar şulardan ybarat:***

1. Ulyny sylamak;

2. Kiçini söýmek. “Ulyny sylamasaň, kiçini söýmeseň adamçylyk ýiter. Birehimlilik başlanar” diýip, Nuh pygamber sargaýardy.

3. Ata-enäni arzylamak. Ol şunda çagalara: “Ata-eneňiziň ýüzüne garap sözlemäň, gyňralmaň. Buýran işini hökman ýerine ýetiriň” diýip, hoşamaýlyk etdi. Çaga bolsa bu zatlara derrew werdiş bolup gidýär;

4. Arassa hem ykjam geýinmek;

5. Öýde öz gazanan, der saçan zadyňy saklamak. Öý ojak zyýarathana diýýärdi;

6. Öýuň bezegi, ýerli ýerindeligi, göze gelimliligi, arssalaygy;

7. Öýüňi, öýüň içindäkileri, öýüň daşyndakylary daşyny-goňşylaryňy, golaýlaryň, syrgynyňy goramak;

8. Ruhybelentlik (şadyýan bolmak);

9. Gyz-gelin bezegi.

Gyzyň göwnüni ýykan türkmen däldir. Ejiz, naçar göwni näzikdir. Bezeg şaylary dakmak. Öýüň bezegi gyz-gelindir. Bägül bagda, gyz-gelin öýde gowy diýilýär.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy mundan-da başga Nuh pygambere salgylanyp “Ojaklaryňyzyň alawyny öçürmäň. Ojak öçse ömür öçer. Ot ýaşaýyşdyr. Ot bilen dertler dep edilýär, elhençlikler gorkuzylýar diýip ýazýar.

## 7.3. XX asyrda türkmelerde maşgala.

XX asyryň başlarynda rewolýusiýa çenli döwürde türkmenler tire-taýpa, urug bolup ýaşapdyrlar. Olar köplenç birnäçe bölekden ybarat bolupdyr. Olar “topar” we “bölek” bolupdyr. Käbir ýagdaýda uly taýpalara “il”, “halk” dip atlandyrylypdyr. Şonuň üçin hem türkmenleriň durmuşynda “taýpa”, “il”, “halk”, “halkyýet” diýen adalgalaryň ählisi ulanylypdyr. Şonuň bilen bir hatarda türkmen durmuşynda

“tire”, “urug” we “jemagat” diýen, kiçi toparlara atlandyrylýan adalgalar hem ulanylypdyr.

Türkmenistanda rewolýusiýa ýeňip üstün çykmazyndan öňki döwürde maşgala gatnaşyklary öz tire-taýpasynyň arasynda ýerine ýetirilipdir. Maşgala, nika gatnaşyklary öz tiredeşleri bilen ýa-da taýpanyň içinden çykmandyr. Gadymy döwürlerden başlap türkmen maşgalasy özüniň görnüşi we göwrümi boýunça iki topara býlünipdirler:

Her bir maşgalada çaga nesil dowam etdiriji, ata-enäniň göz guwanjy hem-de daýanjy hökmünde garalyşy ýaly türkmen maşgalasynda hem çaganyň dogulmagyna sabyrsyzlyk bilen garaşylypdyr. Türkmenler: «Çagaly öý bazar, çagasyz öý mazar» diýip hasap edipdirler. Şonuň üçin hem türkmen maşgalasynda çaga dogurmak boýunça hiç hili çäklendirme bolmandyr. Türkmenler çaga «Allanyň bereni» diýen düşünjä berk uýupdyrlar. Şeýle bolansoň türkmen maşgalasy köp çagaly (6–12 çaga) bolupdyr. Türkmen maşgalasynyň köp çagalylyga ymtylmagynyň sebäbi sosial-ykdysady zerurlykdan, tire-taýpa gatnaşyklaryndan hem-de şol döwürde höküm süren «gün güýçliniňki – gowurga dişliniňki» pelsepeden gelip çykypdyr. Birinjiden, uly maşgala daş-töwerekden batyrynyp bilmändirler, olardan heder edipdirler; ikinjiden, uly maşgalanyň öz tiredeşleriniň arasynda belli bir statusy bolupdyr; üçünjiden, tire-urugyň adam sany näçe köp boldugyça tire-urug dawasynda öz ykdysady bähbitlerini (esasan, ýer-suw dawasynda) aramaga we goramaga mümkinçilikleri artypdyr. Şeýle hem baknalyk döwründe halkyň gün-güzeranynyň, ýaşaýyş derejesiniň gitdigiçe peselip başlamagy, her hili ýokanç kesellerиň ýaýramagy netijesinde çaga ölümi ýokary bolupdyr.[12]

Birinjisi: **uly patriarhal maşgalalar**. Oňa ene-ata, eje-kaka, ogul-gyz, agtyk-çowluk, gelin, birnäçe öýlenen ogullaryň

[12] Amanmyradow A. Türkmen maşgalasy. // Garagum, 2009, № 6. Sah.-172.

maşgalasy, käbir ýagdaýlarda dul galan gelinleri we gyzlary, ýegenleri, mamalary hem degişli bolupdyr.

Ikinjisi: **kiçi özbaşdak (indiwidual) maşgalalar.** Olara eje-kaka, ogul-gyz, ene-ata we 1-2 sany öýlenen ogullarynyň maşgalasy degişlidir.

Türkmen durmuşynda tä sowet häkimiýetine çenli ýatriarhal gatnaşyklary bolupdyr. Bu gatnaşyklar soň-soňlar hem birnäçe wagt dowam edipdir. Patrirhal topara garyndaşlar topary bolan ulu maşgalalar degişli bolupdyr. Ol topar “nebere” diýip atlandyrylypdyr. Nebere bir atanyň ogullary diýen manyny beripdir. Sarahs sebitiniň ýaşaýjylary bolan salyrlarda uly maşgaladan ybarat bolan, giden hatary eýeläp oturan maşgalalara “Hatardaş” diýipdirler. Hatardaş bir hataryň ugrunda ýaşaýanlar diýmekligi aňladypdyr. Şeýle hem türkmenlerde garyndaşlar toparyna “kowumdaş” adalgasy patriarhal maşgala urugyna degişli bolupdyr.

Ahal welaýatynyü Tejen etraplarynda uly maşgalalardan başgada maşgala gatnaşyk birleşmeleri bolupdyr. Bu birleşmä bir atadan bolan birnäçe nesilleriň wekilleri giripdir. Şonuň ýaly maşgala-garyndaş toparlaryna “atabir” garyndaşlar topary diýip at beripdirler. Bu topar obanyň belli bir böleginde toparlaýyn oturypdyrlar. Atabirler XIX asyryň ahyrynda we XX asyryň başlarynda aýratyn ýaby (arygy) eýelän ýerleri hem bolupdyr. Bu topara girýän maşgalalar ýer eýeçiliginiň dürli görnüşlerinde işlemek we beýleki işleriň esasynda berk ykdysady baglanyşykda bolupdyr.[13] Durmuşda şunuň ýaly garyndaşlar topary maşgala-nika gatnaşyklary bilen baglanyşyklylykda tutuş bir obany emele getiripdirler. Şol oba toparyň ýaşulysy ýa-da tiresi bilen baglanşykly atlandyrylypdyr. Muňa mysal edip häzirki Tejen etrabynyň Amaşa-gapan daýhan birleşigini aýtmak bolar. Bu obanyň ýaşaýjylarynyň köpüsi amaşa we gapan tiresinden bolan wekiller bolupdyr. Emma wagtyň geçmegi bilen taryhy

[13] Вопросы этнографии туркмен. Ашхабад, 1980, sah.-53.

ýagdaýlarda bu obada başga tirüniň wekilleri hem ornaşypdyrlar we olar dogan ýaly bolup hojalyk işlerini alyp barýarlar.

Şeýlelikde şonuň ýaly maşgala-garyndaş toparlary uly patriarhal jemgyýetiň özboluşly bir görnüşi hökmünde saklanyp galypdyr. Ol Orta Aziýa halklarynyň köpüsinde dürli at bilen bellidir. Ol garagalpaklarda "Koşe" (koşe megerem köçe ady bilen baglanyşyklydyr) ady bilen, gyrgyzlarda "bir atadan baldary" (bir atanyň ogullary) ady bilen, gazaklarda "ata balasy" ady bilen bellidir.[14]

Etnograf alym Ata Jykyýewiň işlerinde salyr türkmenleriniň taşlanan jaýlarynyň galyndysynda barlag işleri geçirilen wagtynda 7-8 sany aýratyn otaglary bolan bir hatara düzülen söýeme öýlerden ybarat köp sanly howlylaryň tapylmagy uly maşgalalaryň bolandygyna şaýatlyk edýär diýip belleýär. Uly maşgalalaryň agzalary bir hatara düzülen gara öýlerde ýa-da pagsadan söýeme (biri-biriniň diwarlary bitewi hatar jaýlar) görnüşinde salnan jaýlarda ýaşapdyrlar. Olaryň ählisiniň gapysy Günorta-Günbatara tarap açylypdyr. Jaýlaryň sag tarapyndaky çetde maşgalabaşynyň jaýy-otagy ýerleşipdir. Şeýle hatar jaýlaryň sany maşgaladaky öýlenen ogullaryň sanyna barabar bolupdyr. [15]

**Uly maşgalalaryň atlandyrylyşy.** Türkmenistanyň ýerlerinde uly maşgalalar dürli at bilen atlandyrylypdyr. Etnograf alymlaryň işlerinde XIX ortalaryna, hatda ahyrynda hem uly patriarhal maşgalalar bolupdyr. Şol uly patriarhal maşgalalary soňraky döwirlerde "Bölinmeýäýän maşgala"diýip häsiýetlendiripdirler. Uly patriarhal we bölinmeýän maşgala Türkmenistanyň dürli ýerlerinde, her toparlara dürli atlandyrylypdyr: "gazany bir", "tabagy bir",

[14] Народы Средней Азии и Казахстан. Т. I, М., 1962, sah.-491.
[15] Джикиев А. Этнографический очерк населения Юго-Восточного Туркменистана. (конец XIX –начало XX в.) Ашхабад-1972, Sah-84-85.

“yrsgaly bir”, “yrsgaly bir maşgala”, “yrsgaly bir maşgala” diýip atlandyryldy.[16]

XIX asyryň ahyrynda XX- nji asyryň başlarynda türkmenlerde uly patriarhal maşgala bolupyr. Olar “yrsgaly bir maşgala”, “uly maşgala”, “agyr maşgala” diýip atlandyrlypdyr.

Tejen sebitinde ýaşaýan türkmenlerde uly maşgala “bölinmeýän maşgala” diýip atlandyrylýan adalgalary hem gabat gelýär. Etnigrafiýada bu adalga “uly maşgala” we “bölinmeýän maşgala” diýmek ilisi bir zat, manydaş söz (sinonim) diýip bellenilýär. Hakykatdan hem “bölinmeýän maşgala”, “uly maşgala”, “agyr maşgala”, “yrsgaly bir maşgala” diýen manyny berýär. Bu uly maşgalanyň başynda ýeke-täk maşgalabaşy durýar. Şol maşgalabaşy maşgalanyň ähli girdeji, çykdajysyny öz boýnuna alýar. “bölinmeýän maşgala”- ene-atasy, ogul - gyzy, gelni, agtyklary, çowluklary, 2-5 sany öýlenen ogullary, olaryň maşgalasy we şuňa meňzeşlerden ubarat bolupdyr.

Uly patriarhal maşgala diňe türkmenlerde däl, eýsem tutuş Merkezi Aziýa halklaryna mahsus bolupdyr. Özbekleriň, täjiklerde, garagalpaklarda, türkmenlerde we beýleki halklaryn şeýleuly maşgalalar bolupdyr. Beýle maşgala bolsa jemgiýetiniň hem jebisleşmegine, ösmegine öz täsirini ýetirýär.

**Uly maşgalanyň sany.** Uly maşgala 10-20 adamdan hat-da ondan hem köp adamdan ybarat bolupdyr. Olar köplenç bir öýde, arasy tuty bilen örtilen, kesilen öýde ýaşapdyrlar. Emma maşgala agzalarynyň köpelmegi bilen ýaş çatynjalara täze öý gurup beripdirler. Adatça çig kerpiçden ýa-da palçykdan edilen jaýyň ýanynda gara öý bolup, ondan ene-ata ýa-da iň uly erkek doganlary ýaşapdyr. Günorta we Günbatar sebitlerde şeýle gara öýler uzak wagt saklan galypdyr. XIX-XX – asyryň sepditlerinde

---

[16] Язлыев Ч. Туркменская сельская община. Ашхабад, 1992. sah.-202.

Tejen oazisinde 25-30-adamdan ybarat birnäçe uly maşgala bolup, olar birnäçe gara öýlerde ýaşapdyrlar. Olar öň belläp geçişimiz ýaly bir hatara düzilip, hatar bolup ýaşapdyrlar.[17]

Uly maşgalalar esasan çarwa türkmenlerde has köp duş gelipdir. Ahal oazisiniň çarwalarynda maşgala agzalarynyň sanynyň 30-40-a ýetýänligi barada etnografiki maglumatlar ýeterlikdir. Şeýle uly maşgalalar Oktýabr rewolýusiýasyna çenli bolan döwürde Ahal oazisiniň Gäwers sebitinde Aýly baý diýen baýyň 60 adamdan ybarat maşgala agzalarynyň bolandygy (4 sany öýlenen ogullary maşgalasy bilen, 5 sany öýlenen agtyklary maşgalasy bilen we birnäçe öýlenmedik hem durmuşa çykmadyk ogul-gyzlary, agtyklary, çowluklary) habar berilýär.

Biziň toplan maglumatlarymyzda Ahal welaýatynyň Sarahs oazisinde hem 30-40 adamdan ybarat maşgalalaryň bolandygy bellenilýär. Sarahsdaky Şalar baýyň maşgalasy 10-12 öýden ybarat bolup, 40-50 adam agzasy bolupdyr. Oňa ýakyn garyndaşlary hem degişli bolupdyr. Şunuň ýaly maşgalalarda 3-4 nesliň wekilleri bolupdyr. Uly maşgalalar yrsgy bir hem bolsa olaryň sanynyň köplügi sebäpli birnäçe öýlerden ybarat bolupdyr. Olar 5-10 hatda 15 öýlerde ýaşapdyrlar. Sebäbi Ahal tekeleri öýlenen ogullaryna gara öý tutup beripdirler, olar hem öz gezeginde kopelipdirler. Emma öýlerini aýran ogullary hem ata-enesinden yrsgyny aýyrmandyr. Şonuň üçin hem olar birnäçe öýden ybarat bolupdyr. Her öýiň arasy 2-3 metr bolup, hataryň ortarasynda maşgalabaşynyň öýi, sagda uly ogullaryň öýi, çepde bolsa, kiçi ogullarynyň öýi ýerleşipdir. [18]

**Uly maşgalalarda özara gatnaşyklar.** Alyş-çalyş düzgüni uly maşgalalaryň biri-biri bilen öz arasynda bolupdyr. Maşgalada bir ogly maldarçylyk bilen beýlekisi ekerançylyk bilen meşgullanýan bolsa olar öz önümlerini biri-biri bilen alyş-

[17] Язлыев Ч. Туркменская сельская община. Ашхабад, 1992. sah.-203.
[18] Şol ýerde. sah.-203.

çalyş edipdirler. Maşgala gatnaşyklaryndaky özara kooperasiýanyň şeýle gönüşi demirgazyk we günbatar türkmenlerde, Ahal tekelerinde we beýleki türkmenlerde kolhoz gurluşygna çenli dowam edipdir. Kolhoz gurluşygy muny durmuşdan doly ýok bolmagna getiripdir.

Uly maşgalalarda öýlerniň aýralygna garamazdan olar oba hojalygyndan, çarwaçylykdan, hünärmentçilikden we söwdadan alýan ähli girdejini maşgalabaşa getirip beripdirler. Uly maşgalanyň umumy gaznasy bolupdyr. Ähli ätiýaçlyklar şol gazna goşulypdyr we onda saklanypdyr. Uly maşgalanyň başynda hemişe maşgalabaşy bolup erkek adam durupdyr. Maşgalabaşy hem öz gezeginde maşgala agzalarnyň hemmesine deň derejede garap, olaryň maddy üpjünçiligni berjaý edipdir. Bu maşgalanyň käbir işe ukypsys, ýarawsyz, ýetim galan çagalarny, maşgala agzalarny eklemekde amatly ýagdaýlary döredýär. Maşgala agzalarna girdejini paýlap bermek hukugy diňe maşgalabaşa degişli bolupdyr. Hiç kim muňa gatyşyp bilmändir. Sarahsda şeýle uly maşgalalaryň birinde 6 sany öýlenen ogullary bolup, 6 sany “suw” paýyny alan hojalyk bolupdyr. Olar “ýarympeýkal” hojalygny ýöredip, özbaşdak uly hojalyk ýöredipdirler.[19] Şeýle ýagdaýda maşgala agzalary özleri ekipdirler, ýer işläp bejeripdirler we hasyl ýygnapdyrlar. Maşgalabaşy haslyly ýetişdirmek we paýlamak boýunça öziçe hereket edipdir. Maşgalada kime näme gerekdigini maşgalabaşy hökman bilmeli bolupdyr. Adatça hasyl ýygnap girdeji alynan soň onuň bir bölegni satyp maşgalanyň ähli agzasynyň gerekli zadyny bu möwsümde üpjün edilipdir. Bu işde ol uly oglyny peýdalanypdyr we bazarda egin-baş, aýakgap almaklygy ogluna tabşyrypdyr. Uly ogly zat alanda hökman adalatly hereket etmeli bolupdyr. Öz çagalarny alan zatlarny inilerniň hem çagalarna almaly

[19] Джикиев А. Этнографический очерк населения Юго-Восточного Туркменистана. (конец XIX –начало
XX в.) Ашхабад-1972, Sah-85.

bolupdyr. Hiç bir adalatsyzlyga we kemsitmelere ýol bermeli däl eken. Sebäbi maşgalada agzalalyk döräp, uly maşgalanyň dargamagy mümkin eken.

Dabaraly ýagdaýlarda maşgalanyň ähli uly ýaşly agzalar maslahata ýygnanypdyrlar. Aýgytly sözi maşgalabaşy aýdypdyr. Beýlekiler onuň bilen ylalaşypdyrlar. Maşgalabaşynyň aýalynyň ýaşaýan jaýy ýa-da otagy uly maşgalany ammary (sklady) bolupdyr. Bu ýerde maşgalanyň ähli ýyllyk azygy saklanypdyr. Şeýle hem bu ýerde nahar taýýarlanypdyr, çörek bişirlipdir. Maşgalanyň aýallar bölegi bu otagda naharlanypdyrlar. Erkekler bölegi bolsa maşgalabaşynyň otagynda naharlanypdyrlar. Nahar iýilende ähli adamlar bir tabagyň başyndan iýipdirler. Munuň üçin 10-15 adama niýetlenen uly agaç tabak ulanylypdyr. Olar bir tabagyň başyndan bir ýa-da iki çemçe bilen gezekleşip naharlanypdyrlar.

Türkmenlerde patriarhal maşgala däp-dessurlarynda maşgalabaşynyň häkimiýeti doly çäklendirilmedikdi. Ol diňe bir maşgalanyň emlägine gözegçilik etmän, maşgala agzalarynyň ykbalyny hem çözýärdi, hatda olaryň özüni alyp baryşyna hem gözegçilik edýärdi. Maşgalabaşynyň bar ýerinda, hatda maşgalanyň uly ýaşly erkekleri hem gaty sesli gürleşmändirler, gülüşmändirler we sorag bermändirler maşgalabaşy maşgala agzalarynyň özi iş paýlap beripdir. Onuň aýaly maşgalanyň ýaşuly aýaly hökmünde maşgalanyň aýallrynan hojaýyn bolupdyr. Maşgala geliniň wezipesi, gerdenine düşýär iş köp bolupdyr. Emma hukugy az bolupdyr. Aýallar bilen ýaşmak agzyny ýapyp, özünden ulular bilen, gaýyn ata, gaýynene, gaýyn agalary bilen diňe çaganyň ýa-da başgalaryň üsti bilen gürleşipdir. Ýaş gelinler diňe ýaşmak däl-de ýüzüni hem hemişe kürte atyp görkezmändirler. Ýomutlarda ýaş gelin gaýyn ata, gaýyn eneden ýüzüni ýapyp gezipdirler. Gaty gürlemändirler, diňe pyşyrdap gürleşipdirler. Maşgala

esasan hem köp galyň tölenip alynan geliniň ýagdaýy has agyr bolupdyr.[20]

Aýallaryň maşgaladaky hojalyk borçlary köp bolupdyr. Şeýlede bolsa ol diňe öý hojalyk işleri bilen çäklenipdir. Aýallaryň esasy işi çaga terbiýelemek, nahar taýýarlamak, dokmaçylyk, ýüň işlemek, tikin tikmek, mallara seretmek we odun çöplemek bolupdyr. Olaryň ýeke özlerniň öýden uzaga gitmegne ýol berilmändir. Bazara diňe ýanlarynda ärleri bilen gidipdirler. Eger atasy öýüne ýa-da uzak ýere gitmeli bolsa garyndaşlaryndan bir ýaşuly aýal goşulypdyr. Aýallar meýdan işlerinde işlemändirler. Olar ykdysady we maliýe ýagdaýa hem hukuksyz bolupdyr. Olaryň bu hukugy adat boýunça çäklendirilipdir.

Şerigatyň kanuny boýunça aýal ärinden soň mirasdüşer bolup bimämdir (kakasyna asla bolmandyr). Äri ölen dul gelini öz äriniň kiçi inisine, ýüwürjisine beripdirler. Bu meselede aýalyň islegne seretmändirler. Oguz türkmenlerde “dakylmak” (lewirat) däbi diýip at beripdirler. Şeýle ýagdaý seýrek bolupdyr. Eger gelniň ýaş çagasy bar bolsa bu däp-dessura, adalatsyzlyga boýun bolmaga mejbur bolupdyr. Çünki çagany başga, keseki maşgala goşmak islemändirler. Emma gelin bu adalatsyzlyga, düzgüne kes-kelläm garşy çykyp bilmändir. Ol gaýyn öýünde dul galmaly bolupdyr.

Emma maşgalada ýaşuly aýalyň ýagdaýy başgaça bolupdyr. Onuň sözi diňlenipdir, maslahaty alynypdyr. Äri ölensoň özi mirasdüşer bolup, maşgalabaşy hem bolup bilipdir. Maşgalada uly ogullary özbaşdak iş ýöredip bilipdir. Şeýle-de bolsa olar ejelerinden hökman maslahat alypdyrlar.

**Uly maşgalanyň saklanmagy.** Uly maşgalalar köplenç barly adamlarda saklanypdyr. Uly maşgalalara bolan hormat hem uly bolupdyr. Olarda agzybirlik güýçli bolupdyr. Şonuň üçin ilat tarapyndan hormatlanypdyr. Halkyň ynanç yrymyna

[20] Meýdan ýazgylaryndan. Rejepowa Ejegyz 1915-ýylda doglan, Tejen etrabynyň Agalaň daýhan birleşigi.

görä maşgala näçe uly bolsa, şonçada üstünlige eýe bolýar we baý bolýar diýip düşünipdirler.

Türkmenlerde “köpde hydyr bar” diýen söze ynanyp, uly maşgalalara hemişe asylzadalar howandarlyk edýär diýip düşünipdirler. Şonuň üçin hem uly maşgalalara “agzybir maşgala” diýipdirler.

Ahal welaýatynyň Tejen we Sarahs sebitlerinde uly maşgala barada giň ýaýran şeýle gürrüňler bar:

Bir adamyň 3 ogly bolupdyr. Olaryň hemmesini öýli-işikli edip, ile goşupdyr. Günlerde bir gün maşgalabaşy ýaşulylary çagyryp maslahat edipdir. Ol “men özüm dirikäm malymy terekä saljak, aşymy berjek adymy agtygma dakjak” diýipdir. Onuň bu teklibi köpleri geň galdyrypdyr. Şonda bir garyp molla “men agşam düýş gördüm baý aga dyzyna çenli laýa batypdyr we çykjak bolup dyrjaşyp dur. Bu düýç baý aga şowsuzlyk, kynçylyk garaşýandygny habar berýär” diýip düşündirjek bolupdyr. Emma, ony hiç kim üns berip diňlemändir we maşgalabaşynyň teklibini goldapdyrlar.

Ogullarnyň hersi kakalaryndan düşen paýy alyp, yrsgyny aýyrýarlar we özbaşdak hojalyk ýöredip başlaýarlar. Uly ogly Maryda ornaşýar, iki sany kiçi ogullary bolsa öz obalarynda galýarlar. Kakalary bolsa bir oglundan beýleki ogluna gezekleşdirip ýaşaýar. Emma onuň ýagdaýy erbetleşýär. Ogly, gelni we agtyklary tarapyndan oňa bolan gatnaşyk ýaramazlaşýar. Ol wagtly wagtynda iýip-içip bilmeýär, berilýän döwüm çörek minnetli bolýar. Şonda ýaňky ýaşyluly öňki mollanyň aýdanynyň dogrydygyny bilp, şol molla geçiniň şahyny tapyp getirmegi haýyş edýär. Molla geçiniň şahyny tapyp getirýär we ýaşyulynyň aýdan sözlerni kagyza geçirýär. Ol kagyzy şahyň içine salup, ýaşulynyň görkezen ýerinde gömýär. Ýaşuly diňe özi ölenden soň ony ogullarna çykaryp berip, okap bermegi haýyş edýär. Bu şeýlede bolýar. Ýaşuly ölenden soň ogullary mollanyň aýdyşy ýaly şahy tapyp molla okap bermek üçin getirýärler. Molla bolsa ony kakalarnyň

ýedisi geňenden soň halkyň öňünde okajakdygyny aýdýar. Molla şertlenen ýagdaýda märekäniň öňünde hatyň mazmunyny beýan edýär. Onda şeýle ýazylypdyr: “eger kimde-kim meniň tejribämi gaýtalasa we meniň ýaly hereket etse, goý, şu şahyň ýiti uçlary onuň gözüni oýsun!”. Mundan soň ýaşulynyň ogullary öz eden işlerine gaty utanypdyrlar.

Şeýlelikde uly maşgalalaryň galyndylary esasan oba ýerlerinde uzak saklanyp galypdyr. Ol Türkmenistanyň ähli ýerlerinde bolşy ýaly Ahal welaýatynda hem, şol sanda Sarahs türkmenlileriň durmuşynda-da XX asyryň 30-njy ýyllaryna çenli saklanyp galypdyr. Şeýle uly maşgalalar sosialistik gurluş döwründe hem, hat-da XX asyryň ahyryna çenli hem saklanyp galypdyr. Uly maşgalalaryň galyndylary barada alymlaryň birnäçesi, ýagny G.P.Wasilýewa 1945-nji ýylda nohurlaryň arasynda bardygyny, A.Jykyew 1955-1956-njy ýyllarda Hazar deňziniň günorta-gündogar kenar ýakalaryndaky türkmenleriň arasynda, D.M.Öwezow mürçeli türkmenleriň we Murgap, Tejen hem-de beýleki oazisleriň türkmenleriniň arasynda hem bardygyny belläp geçýär.[21] Netijede uly maşgalanyň bölünmegine türkmenleriň adaty bolan “terekäniň” hem täsiri bolupdyr diýip aýtsa bolar. Bu ýagdaýda maşgalabaşynyň aradan çykmagy bilen onuň emlägi ogullarynyň arasynda paýlanypdyr. Tejen oazisiniň tekelerinde maşgalabaşynyň emlägi terekä salnanda, onuň ähli emlägi diňe ogullarynyň arasynda paýlanypdyr, şol sanda maşgalabaşynyň aýaly, ogullaryň ejesi bolsa iň kiçi oglunda galmaly eken. Adat boýunça terekede Maşgalabaşynyň öýi, howlysy we aýaly kiçi ogluna degişli bolupdyr.[22]

Etnografiki maglumatlarda uly patriarhal maşgalanyň saklanmagy barada dürli pikirler bolupdyr. Alymlaryň käbiri uly patriarhal maşgala ilatyň gurply, baý gatlagynda uzak

---

[21]Винников Я.Р. Хозяйство, культура и быт селского Туркменской ССР. М. 1969. sah.-132.
[22] Вопросы этнографии туркмен. Ашхабад, 1980, sah.-51.

saklanypdyr diýse, käbiri dindarlarda, ýersizlerde, garamaýak ilatda has uzak saklanypdyr diýip düşündirýärler. Etnograf alym Ç. Ýazlyýew arhiw maglumatlaryna esaslanyp XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başlarynda uly maşgalalar gurply has baý adamlarda has uzak saklanypdyr diýip belleýär.

Türkmenlerde uly patriarhal maşmaşgalanyň uzak dowam etmegine hojalyk durmusy hem täsir edipdir. Uly maşgalalarda işçi güýjiniň sany köp bolupdyr. Maşgala agzalarynyň bir topary ekerançylyk bilen meşgullansa, beýleki topary maldarçylyk bilen meşgullanypdyr, ýene bir topary hünärmentçilik ýa-da söwda bilen meşgullanypdyr. Bu ýagdaýda maşgala öz-özüni dolamakda hiç bir tarapdan bökdençlik çekmändir. Bu ýagdaý natural hojalygyň dowam etmegi bilen berk baglanyşykly bolupdyr. Etnograf alym Ş.Annagylyjowyň bellemegi boýunça uly maşgalalaryň saklanyp galmagyna önümçiligiň pes derejede bolmagy, hojalygyň yza galaklygy, natural hojalygyň entek dowam edýänligi, ekspluatasiýanyň we ideologiýanyň görnüşleriniň durmuşda dowam edýänligi sebäp bolup biler.[23]

Türkmenleriň durmuňynda düýpli özgeriňlik Türkmenistanyň Russiýa birikmeginden soň başlanýar. Bu birleşme türkmen halkyny feodal daganyklykdan halas etdi we parahatçylykly ýaşaýşy üpçin etdi. Demirýol guruldy, senagatyň birnäçe pudaklary, şäherlerý we posýolaklar peýda boldy. Söwdanyň, öndürüji güýçleriň, ydysadyýetiň, medeniýetiň we haryt pul gatnaşyklarynyň ösmegine mümkinçilik döretdi. Bu zatlaryň hemmesi özbaşdak kiçi maşgalalaryň ösmeginegetirýärdi. Şeýlelikde türkmenistanyň Russiýa birikmeginden soň yzagalak natural hojalyk dargap, haryt-pul gatnaşyklary ösüp başlady. Türkmen durmuşunuň hojalygyna kaptatalistik onümçilik gatnaşyklarynyň ornaşmagy

---

[23] Аннаклычев Ш. Быт и культура рабочих Туркменистана. Ашхабад, 1969. sah.-293-294.

öňki dowam edip gelýän. Emma  türkmenistanda oktýabr rewalýusiýasynyň

Şeýle uly maşgalalaryň saklanmagyna ekerançylyk hem öz täsirini ýetiripdir. Ýeri işläp bejermekde, emeli suwaryş desgalaryny bejermekde, gazy gazmakda, hasyl almakda we beýleki kpçülik bolup işlenilýän işleri ýerine ýetirmekde köpçülik bolup işlemek örän amatly bolupdyr. Şeýle hem atlyk, serkar, peýkal, teh, keleme ýaly ýer-suw bölünişigini uly maşgala bolup, umumy paý almak amatly bolupdyr.

**Uly maşgalanyň bölünmegi**. Taryhy etnografiki maglumatlarda uly maşgalalaryň dagamak, bölünmek ýagdaýy uzaga çekipdir. Munuň her ýeriň özüne görä aýratynlygy bolupdyr. Ýazarlaryň köpüsi onuň sebäpleriniň ýakyn garyndaşlardan bilan nika gatnaşyklarynyň saklanyp galmagynda diýip düşündirýärler. Şeýle hem türkmenlerde uly patriarhal gatnaşyklarynyň saklanmagynyň sebäbi syýasy we durmuş-ykdysady täsirleri hem bolup biler. Çünki türkmenleriň syýasy durnuksyzlygy maşgalanyň ähli agzalarynyň bir ýere jemlenmegini talap edipdir.

Uly maşgalanyň bölünmeginiň birnäçe sebäpleri bolupdyr. Onuň sebäpleri informatorlaryň habar bermegine görä maşgalany maddy taýdan üpjün edip bilmezlik diýip düşündirýärler. Onuň özüne ýetesi sebäbi bar.  Hasylsyzlyk netijesinde uly maşgalanyň agzalarynyň birnäçesi iş gözläp şäherlere Sarahsa, Tejene  Mara we beýleki ýerlere gitmäge mejbur bolupdyrlar.

Şeýle hem oba haryt-pul gytçylygynyň gelmegi hem sebäp bolupdyr. Biziň ýaşuly nesillerimiziň gürrüň bermegi boýunça uly maşgalanyň  bölünmegine maşgala kese ýerden (başga tireden) gelen gelinleriň öz adamlaryny aýra ýaşamaga yrmagy hem sebäp bolupdyr. Onuň şeýle bomagyna maşgaladaky gelinleriň özüni birahat alup barmagy, diňe öz adamsyna dälde maşgaladaky ähli uly ýaşly adamalara boýun

bolmagy, olary bar ýerinde erksiz bolmagy, ýaşynmagy we şuňa meňzeşler sebäp bolan bolmagy mümkindir.

Uly maşgalalaryň bölünmek ýagdaýynyň Zakaspi oblastynyň Russiýa birikdirilendem soň başlanandygy barada alymlar habar berýärler. Oňa Türkmenistanda haryt-pul gatnaşyklarnyň ösmegi öz täsirini ýetirpdir. Bu ýagdaý XX asyryň başlaryndaAhal we Etek sebitlerinde hem bolup geçipdir. Onuň esasy sebäbi ýokarda gşrkezilşi ýaly haryt-pul gatnaşylarnyň ösmegi bolup türkmen jemgyýetinde sosial ykdysady gatnaşyklary bilen berk baglanşykly bolupdyr. Haryt hojalygnyň ösmegi, hünärmentçilik senagatynyň ösmegi, talabançylygyň giň ýaýramagy obşina jemgyýetiniň bir bölegi bolan maşgalanyň içinde aýratyn agzalarnyň hususy eýeçiligni döredipdir. Bu bolsa kem-kemden onuň bölünip aýrylmagna getiripdir. Şeýlelikde öz-özini ekläp bilýän kiçi maşgalalar uly maşgalalardan bölünip aýrylyp başlaýarlar we olaryň sany gitdigiçe köpelýär.

Türkmenlerde XX asyryň 20-nji ýyllarna çenli dowam eden uly maşgalalar Sowet häkimýeti döwründe bölünýärler. Ol hojalykda natural hojalygyň haryt-pul gönüşine geçmegi bilen bagly bolupdyr. Uly maşgalanyň kiçi maşgala bölünmeginde Sowet häkimýeti tarapyndan aýallaryň deň hukuksyzlygny ýok etmek we maşgalany düzgünleşdirmek baradaky permanlarydyr, dekretlerniň ähmiýeti uly bolupdyr. 1925-nji ýyldaky ýer-suw reformasyndan soň ýersiz we az ýerli maşgalalar kiçi maşgala bölünýärler.

**Kiçi maşgalalar.** Uly maşgalanyň bölünmegi netijesinde onuň ornuna gelen kiçi maşgala är-aýaldan we olaryň çagalaryndan ybarat bolupdyr. Kiçi maşgalada hem maşgalabaşy erkek adam bolupdyr. Emma käbir ýagdaýlarda (äri ölse, äri işe ýarawsyz bolup, eklenç edip bilmese we ş.m.) aýallar hem maşgalabasy bolup bilipdir. Emma uly maşgalada ýokardaky ýagdaýlarda ýolbaşçylyk we emläk öriniň uly

agasyna geçipdir. Kiňi maşgalada bolsa bu hukuklar gönüden-göni aýalyna geçýär.

Ilkibaşda kiçi maşgalalar tutuşlaýyn özbaşdak hereket edip bilmändirler. Olar iň bolmanda hojalyk işlerinde, hasyl döwründe ene-atalary bilen bilelikde hereket edipdirler. XX asyryň başlarynda şeýle kiçi maşgalalaryň gerimi Tejen sebitinde gişelip başlapdyr. Şeýlede bolsa ilatyň barly-baý gatlagynda uly maşgalalr soň-aoňlaram dowam edipdir.

XX asyryň 20-nji ýyllarynda maşgalalaryň ýagdaýy gowylaýyp başlaýar. Esasan maşgalanyň bölünmegi bilen kiçi maşgalada onuň hojaýyny diňe onuň adamsy bolýar. Galybersede ol aýal özi gelin edinenden soň, onuň orny we wezipesi artyp başlaýar. Ol hem öz gelinleriniň we gyzlarynyň üstünden hojaýynçylyk edip başlaýar. Onuň özi öý bikesi bolýar.

Kiçi maşgaladaky aýallaryň ýagdaýlary uly maşgaladaky aýallaryň ýagdaýyna garaňda ýeňil bolupdyr. Şeýlede bolsa türkmenlerde aýdylyşy ýaly “äri aýalynyň kiçi taňrysy” hasap edilipdir. Şonuň üçin aýrylyşmak hukugy hatda äri ýesir düşen bolsa, ýitip giden bolsa-da ýa-da bir sebäbe görä gizlenen bolsa-da (öňki döwürde ar almak üçin gizlenýän ekenler) ärine garaşypdyrlar we başga äre barmandyr.

XX asyryň başlarynda Türkmenistanyň beýleki ýerlerinde bolşy ýaly, diňe bir Türkmenistanyň däl, eýsem bütin Merkezi Aziýanyň döwletlerinde bolşy ýaly Zakaspi oblastynda hem maşgala we maşgala gatnaşyklary tä rewolýusiýa ýeňip üstün çykýança, sowet häkimiýeti dikeldilýänçä şerigatyň kanunyna laýyklykda, däp-dessura eýerip dowam edýärdi. Entek XX asyryň 20- nji ýyllaryna çenli nikalaşmagyň, aýrylşmagyň, maşgala gurmagyň düzginlerini öňki däp- dessurlar, uly maşgalar saklanýardy. Maşgala agzalarynyň hukuklary, borçly we ygtyýarlyklary türkmeniň köne adatyna esaslanýardy.

Maşgala gatnaşyklarynda maşgala gurmaklygynyň ykdysady we syýasy sebäpleri bolupdyr. Türkmenistanda uly maşgalalar dowam edýärdi. Uly maşgalalar esasan barly gatlaklarynda giňden ýaýrapdy. Uly maşgalalaryň bolmagyna XX asyryň başlaryndaky ýer-suw meseleleri hem täsir edipdir. Türkmenlerde esasan hem Ahal sebitinde ýer eýeçiliginiň "sanaşyk" görnüşi has giň ýaýrapdyr. Ol ilata paýlanýan ýer-suw paýynyň esasy görnüşi bolupdyr. Türkmenistana ruslar gelmezinden ozal ýer-suw eýeçiliginiň bu görnüşi ilatyň kämillik ýaşyna ýeten, harby ukyply her bir erkek kişä berilipdir. Emma ýurtda mülk ýerlerniň köpelmegi we ilatyň sanyny artmagy bilen ýer ýetmezçilik edip başlapdyr. Şonuň üçin ýer-suw paýy indi her bir öýlenen erkek adama berilipdir. Ýer-suw paýynyň bu görnüşine "**Nika suwy**" diýip at beripdirler. Şeýlelik bilen, Türkmenistanda "Nika suwy" nyň esasynda **"nikalaşmak hukugy"** diýilýän däp ýüze çykypdyr, ol hukuk esasynda diňe öýlenen erkek adama ýer we suw paýy berilipdir.

"Nika suwy" dürli sebitlerde, dürli görnüşde ýerine ýetirilipdir. Merw uýezdiniň Ýolöten pristawlygynda her bir 20 ýaşa ýeten erkek adama, onuň öýlenen ýa-da sallahdygyna garamazdan ýer-suw paý berilipdir. Pendi pristawlygynda nikalaşan her bir adama (şol sanda ýaşlugna garamazdan), utamyşda bolsa diňe öýlenip, galyňynyndoly tölänlere berilipdir, aýaly gaýtarma bolsa berilmändir. Aşgabad uýezdiniň obalarynda hem dürli-dürli bolupdyr. Durun pristawlarynyň Bäherden (Baharly), Gyzyl-Arbat (Serdar), Arçman, Akdepe obalarda ýaşyna garamazdan öýlenen we sallah erkek adamlar ýer-suw paý alypdyrlar. Şeýle hem Börme, Bamy, Garagum we Daýna obalarynda hem sallahlar ýer-suw paý alypdyrlar. Emma Ýarajy we Nohur obalarynda diňe öýlenenler ýer-suw paý alypdyrlar. Sallahlar ýaşyna garamazdan ýersiz galypdyrlar.

Tejen uýezdinde hem ýer-suw paýy dürli görnüsde bolupdyr. Etek pristawynyň (häzirki Kaka etraby) Gozgan, Kesewül, Magtym gala, Artyk, Hoja gala, Ak depe, Gowşut, Kaka, Mahmal depe, Dargana we beýleki obalarynda ýer-suw paý diňe öýlenen erkek adamlara berilipdir.

Şonuň ýaly düzgünler Tejen oazisiniň köp obalarynda hem bolupdyr. Ýagny Bagşy Miriş we Ak-sopy obalarynda öýlenen we sallah erkekler ýer-suw paý alypdyrlar. Srahs pristawlygynda bolsa öýlenen bolsun, sallah bolsun, öz başyna öýi bolup, hojalyk ýöredýän bolsa paý berilipdir.

Şeýlelikde "Nika suwy" baýlarda ýaş öýerip, adaglap köp ýer eýelemek üçin esasy ýarag bolupdyr. Garyplar bolsa galyň töläp bilmän, öýlenip bilmändir we paýsyz galypdyrlar. Şeýdip olar ýaş adaglanyp, ýerine işlemäge ukyby bolmadyk "nika suwy" diýip atlandyrylýan ýerlerde kärendesine işläpdirler.

Rus hökümeti "nika suwyna" garşy çykýarlar. Ony düzgünleşdirmek barada karar çykarýar. Emma ol gaty haýal durmuşa geçýär. Bu barada 1903-nji ýylda Tejen uýezdiniň naçalniginiň Zakaspi oblastynda naçalnigine iberen maglumatynda şeýle dýilýär: "Düzgüni üýtgetmek baradaky synanşyk başa baranok, ilatyň deň ýarsy "nika suwyny" isleýär." diýip ýazýar.[24]

Bu ýagdaýdan peýdalanyp ilatyň barly gatlagy çagalaryny ir öýerip adaglap başlaýar. Olaryň köpüsi ikinji, üçnji gezek öýlenýär. Bu boýunça Tejen uýezdiniň 1903-nji ýyldaky maglumatynda: "häzirki wagtda Tejen uýezdinde çagalary bäbeklikden adaglamak düzgüni az däl" diýip ýazýar.[25] Şeýlelikde XX asyryň başlarynda maşgala gurmak

---

[24] Шамырадов А. Брачное право на землю и воду в Закаспийской области (конец XIX начале X X в.) // Известия АН ТССР. 1983, № 1, sah. -84.

[25] Şol ýerde. Sah. -85.

diňe bir nesil öndürmek däl-de bihaýalyk bilen gazanç etmekligi öwrülipdir.

Patyşa hökümeti çäre görüp bilmeýär. Aýratyn oba jemagatynda ýaş nikalaşanlara we adaglananlara ýer-suw paý berilmeýär. Şonuň üçin käbir düzgünleri üýtgetýärler. Mysal üçin "nika suwy" etek pristawlarynyň obalarynda diňe 12 ýaşdan geçip nika gyýdyranlara berilipdir. Ýol pristawlygynyň Çukur gala obasynda bolsa diňe 14 ýaşdan geçen (aýaly 12 ýaşdan kiçi bolmazlyk şerti bilen) çatynjalara berilipdir. Sapahsda bolsa kiçi ýaşda nikalaşanlara düýbünden ýer-suw paý berilmändir.

"Nikalaşmak hukugy" diýip atlandyrylýan däpde galyňyň möçberi ol ýa-da beýleki ýerde ýer-suw rentasynyň girdejisiniň mukdaryna bagly bolupdyr. Taryh ylymlarynyň doktory, professor Bibi Pälwanowanyň "Aýallar we yslam" diýen işinde getirýän maglumatlary hem ýokardaky aýdylanlary tassyklaýar. Ol ýerde: "Orta Aziýa ekerançylyk raýonlarynda ekspluatator synplar tarapyndan nika suwy diýen düzgün girizilipdir, şeýle ýagdaýda pagta ekilýän meýdanynyň giňeldildigiçe we pagtanyň nyrhy galdyryldygyça, gelin üçin tölenýän galyňyň hem möçberi artypdyr. 1890-1895-nji ýyllarda orta hasap bilen Türkmenistanda bir put pagtanyň bahasy 2 manat bolupdyr, gelin almak üçin tölenýän galyňyň bahasy bolsa 360 manat bolupdyr, 1911-1915-nji ýyllarda orta hasap bilen bir put pagtanyň bahasy 4 manat 50 köpük, galyňyň möçberi hem 1596 manat bolupdyr"[26] diýip ýazylýar. Diýmek Orta Aziýada galyňyň möçberi pagtanyň bazardaky bahasynyň hasabynyň artmagna bagly bolupdyr diýen netijä gelýär. Munuň özi öýlenmedikleriň hasabyna ýersiz-suwsuzlaryň we az ýerli-suwlularyň sanynyň kem-kemden köpelmegine getiripdir.

Etnografiki maglumatlarda XIX asyrda we XX asyryň başlarynda, hatda ortalaryna çenli hem Türkmenistanyň ähli

---

[26] Pälwanowa B. Aýallar we yslam. Aşgabat 1965. Sah.29.

yerlerinde **galyň** bolupdyr. Galyň ähli halklara we ähli döwürlere mahsus zatdyr. Galyň ilkidurmuş obşina jemgyýeti döwründe hem bolupdyr. Ol ilki gyza berilýän sowgatdan başlanypdyr. Gyzy halan, öylenjek yigit ilkinji gezek gyza alagadan ösüp oturan gülden yolup bir çemen berýär. Ondan görüp ýene biri berýär. Şeýdıp ol dessura öwrülip gidýär. Soňra gül sowgady zada geçip başlaýar. Awlap getiren haywanlaryny berýärler, onuň derisini berýärler. Şeýlelikde bu dessur kämilleşip soňa-baka mal berip başlaýarlar. Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ösüp, feodalizme geçmegi bu dessury gitdigiçe berkidýär. Netijede feodalizmiň we kapitalizmiň ösen döwründe gyz sowgady hakyky galyňa öwrülýär. Emma onuň möçberi döwrüň, sosial ýagdaýyna, has dogrusy maşgalanyň ýagdaýyna bagly bolupdyr. Galyň türkmenlerde "süyt haky" diyilip atlandyrylypdyr. Ol gyzyň ejesi tarapyndan kesgitlenipdir.

Iki tarapdan gyza tölenýän galyňyň möçberi gyzyň tiresine göräde bagly bolupdyr. Oktýabr sosialistik rewalýusiýasyndan ozal türkmenleriň aňynda "ig", "gul", "öwlat", "gyrnak" düşünjeler giňden ýaýrapdyr. Şol düşünjeler boýunça eger gyz "ig" bolsa, oňa tölenýän galyň gymmat bolupdyr, eger "ýarym ig" bolsa, galyňyň möçberi az bolupdyr. Eger ol "gyrnak" bolsa has az tölenipdir. "ig" tiresinden bolan gyzyň "gul" tiresinden bolan ýigitlere asla berilmeýän wagty hem bolupdyr.[27]

Sowet häkimýetiniň ilkinji dekretiniň içinde nika we maşgala hakyndaky dekretler aýratyn orun tutýarlar. 1971-nji 18-nji dekabrynda ýaş sowet häkimýetiniň beýleki ägirt uly ähmiýetli aktlarynyň hatarynda graždanlyk (raýatlyk) nika, maşgala we hossarlyk hakyndaky ilkinji dekret kabul edildi.

1917-nji ýylyň 18-nji dekabrynda kabul edilen dekret, ozaly bilen nikany hökmany suratda diňe dini kanynlar

---

[27] Kulyýew H. Geçmişiň zyýanly galyndylary we täze däp-dessurlar. Aşgabat , 1978. Sah.- 15.

boýunça baglaşmak baradaky asyrlar boýy dowam edip gelen tertibi ýatyrdy. Şol günden başlap nikany ýörite döredilen sowet organlarynda degişli ýazgylar arkaly baglanşmak girizildi. Bu dekretde, mundan beýläk diňe graždanlyk (raýatlyk) nikasy ykrar edilýär we onuň kanuny güýji bardyrdiýlip görkezilendir.[28]

Täze dekret nikany meýletin, bir-biregi söýmek we hormatlamak esasda baglaşmaklyga päsgel berip gelen köne däp-dessurlaryň ählisiniň soňuna çykdy. Dekretde görkezilşi ýaly, nikany hakyky diýip ykrar etmek üçin aýalyň we erkegiň özara meýletin razyçylygy we kanunda bellenilşi ýaly kämillik ýaşyna ýetendikleri talap edilýär.

Zorluk etmek arkaly ýa-da keseki adamlaryň täzir etmekleri arkaly alyp gaçmak, dakylmak, adalgamak we ş. m. nikanyň görnüşleri meýletin nika hasap edilmeýär. Ol hereketler aýal-gyzlaryň garşysyna jenaýatly etmişler hasap ediýär. Bu dekretde ozaly bilen nikada durýan adamynyň täzeden ýene başga adam (aýal) bilen nika baglanmagy gadagan edilipdir. Onda iki ýa-da köp aýallylyga garşy göreşilipdir.

1917-nji ýylyň 19-njy dekabrynda bolsa “Nika bozmak hakynda” dekret kabul edýär.[29] Bu dekretiň kanunlary boýunça nika iki tarapyň ýa-da olardan biriniň aýrylşmak hakyndaky arzasynyň esasynda bozulup bilner. Nikany bozmak hakyndaky kanunda çagalar barada hem alada edilýär. Onda çagalar haýsy tarapa galmagy, haýsy tarap aliment tölemegini barada aýdylýar.

Şu ýokarda görkezilen dekretler sowet nika we maşgala ösüş taryhynda aýrat orun tutýar. Sowet nika we maşgala hukugynyň taryhy hem şolardan başlanýar.

Şeýlelikde ol dekretler nika, maşgala hossarçylyk gatnaşyklaryny, aýal-gyzlaryň şahsyýeti kemsitmeleri, ýagny

---

[28] Goçamanow M. Maşgala we hukuk gatnaşyklary. Aşgabat 1983. Sah.-34.
[29] Şol ýerde. Sah.-36.

zorluk bilen nika gyýdyrmak düzgünlerni kadalaşdyrmaklyga gönükdirildi. Olar sosialik tipli täze maşgalany döretmäge we berkleşdirmäge köp ýardam ediler. Munuň esasynda enäniň we çaganyň bähbitleri kanun tarapyndan goralyp başlandy.

Sowet häkimýetiniň bu dekretlerne sowet gündogarynyň aýal-gyzlaryň hakyky azatlyga çykardy, şerigatyň adaty kanunlarnyň nika we maşgala gatnaşyklarynda höküm sürüp gelen düzgünlerni ýatyrdy, zähmetkeş aýallaryň deňlik hakyndaky arzuwlarny amala aşyrdy.

1918-nji ýylyň 10-njy iýulynda Sowetleri BütinrussiýaV gurultaýynda ilkinji Sowet konstitutsiýasy (esasy kanuny) kabul edildi. Ol Sowet döwleti tarapyndan çykarylýan konstitutsion aktlaryň hemmesini, şol sanda nika we maşgala hakynddaky dekretleri hem doly suratda tassyklandy. Bu konstitutsiýa ýurdumyzyň ähli zähmetkeşleriniň, şol sanda aýal-gyzlaryna demokratik hukuklary kepillendirildi.

1918-nji ýylyň 16-nji sentýabrynda sosialistik döwletiň ilknji kanunlar kodeksi kabul edildi. Bu RSFSR-iň graždanlyk (raýatlyk) ýagdaýynyň aktlary hakyndaky, nika, maşgala we hossarlyk hukuklary hakyndaky kanunlar kodeksidir.

Graždanlyk nikasy hakyndaky dekretde görkezilişi ýaly, 1918-nji ýylyň kodeksinde hem ýeke-täk graždanlyk ýagdaýynyň aktlarynyň ýazgysyny geçirilýän döwlet organlarynda ýazylyşa nikanyň ýurudiki (kanuny) güýji bardyr diýip görkezilen we nikalaşmak üçin bolsa şu aşakdaky şertler göz öňünde tutulan: nikalaşmak üçin özarara razyçylykdan başgada ýigitler üçin 18 ýaşy, gyzlar üçin 16 ýaşy dolan bolmagy, nikalaşýan adamlar öz jan saglygy hakynda ylaýtada özlerinde ruhy keseliň, inçe keseliň we başga keselleriň ýoklugy barada birek biregi habardar etmegi, öň başga adam bilen nikada durmanlygy, nikalaşýaanlaryň biri-biri bilen golaý garyndaş däldigini habar bermeli eken.

Türkmenleriň maşgala gatnaşyklaryna degişli maglumatlar esasan türkmen, rus we daşary ýurtly alymlaryň

işlerinde beýan edilýär. Olaryň üsti arhiw we hasabat (statistika) maglumatlary bilen ýetirilýär. Bu döwrüň maşgala gatnaşyklarynyň käbir meseleleri boýunça alymlar A.Jykyýew, Ş.Annagylyjow, R.Ýa.Winnikow K.Öwezberdiýew we beýleki alymlaryň işleri bardyr.

XX asyryň 20-30-njy ýyllarynda Türkmenistanda Sowet häkimiýetiniň dikeldilmegi we TSSR-iň döredilmegi türkmen halkynyň durmuşynyň düýpli özgermegine getirdi. Sowet hökümetiniň durmuşa geçirýän syýasatynyň esasynda gysga wagtyň içinde senagat kärhanalary we oba hojalykda täze gatnaşyklar ýola goýuldy. Bu düýpli özgerişlikleriň netijesi maşgala we maşgala gatnaşyklaryna öz täsirini ýetirýär.

Sowet häkimiýeti özüniň ilkinji günlerinden başlap türkmenleriň maşgala durmuşynda sosialistik özgerişliklere päsgel berýän baý toparlaryna we tire-taýpa galyndylaryna garşy berk göreş alyp bardy. Esasan hem Birinji Butintürkmen gurultaýynyň, aýallaryň Birinji Bütintürkmen gurultaýynyň kararlarynyň we TK(b)P-nyň I gurultaýynyň dekretleriniň ähmiýeti uly boldy. Ol kararlarda ýer-suw eýeçiligine hususy eýeçiligiň ýatyrylmagy, ayallaryň azatlyga çykarylmagy (deňhukuklylygy), köpaýallylygyň ýatyrylmagy, nika gatnaşyklarynyň, aýrylyşmak düzgünleriniň kadalaşmagy, kanunlaşmagy we galyňyň ýatyrylmagy hakyndaky kararalar çykyp, ol kararalar durmuşa ornaşdyrylyp başlanyar. Bu döwürde maşgala gatnaşyklarynda erkin nika, ýagny ýaşlaryň öz razyçylygy bilen, kämillik ýaşyna (18 ýaş) ýeten wagtlary galyň tölemesizden durmuş gurmak şertleri peýda boldy. Nika meselesinde hiç hili zorluklaryň bolmazlygy üçin berk göreşilýärdi. 30-njy ýyllarda toýda iki tarapynyň razylygy bilen gyza sowgat edip täze däp esasynda toý tutulýardy.

Ýurtda güýçli depginde alynyp barylýan kollektiwizasiýa we industrializasiýa netijesinde kemela gelýän şaherleriniň, posýoloklarynyň, zawod-fabrikleriň köpelmegi bilen türkmen maşgalasynda dowam edip gelýän uly

maşgalalaryň dargap, kiçi maşgalalaryň kemala gelmegine getirýär. Intelligensiýanyň wekilleri kemala gelýar. Kiçi maşgaladaky maşgala agzalarynyň özara gatnaşyklary hem erkinlige eýe bolýar. Maşgaladaky zähmet bölünişigi hem öňki döwrüň maşgala düzgünlerinden üýtgeýär. Maşgalada we jemgyýetde aýallar erkekler bilen deňhukukly bolýar, indi olar ýere-suwa eýeçilik edip bilýärler, hökümet edara-kärhanalarynda işleşärler. Hatda oba hojalygynda tehniki ulaglara erk edip bilýän traktorist, mehanizator aýallar peýda bolýar.

Şeýlelikde sowet kanunlary şäherlerde (Aşgabat, Gyzyl Arbat – häzirki Serdar, Tejen, Büzmeýin we başgalarda) tiz ornaşyp, entek obalarda bolsa köne däp-dessurlar dowam edýärdi. Muňa garamazdan däp-dessurlar ýerine ýetirilende täze häkimiýetiň XX asyryň 20-30-njy ýyllarynda maşgala we maşgala gatnaşyklaryna öz täsirini ýetirip başlandygy görünýär.

1925-1927-nji ýyldaky ýer-suw reformasynyň geçirilmegi maşgala gatnaşyklaryna uly täsir edýär. Onda erkekler bilen deň hatarda aýallara hem ýer-suw paýy bölünip berilipdi. Bu reformanyň aýallaryň azatlyga çykmagynda ullakan ähmiýeti boldy. Her bir berlen şeýle hojalygyny dolandyrmak üçin kridit, iş maly, inwentar hemde tohumlyk däne bilen üpjin edildi.

Türkmen aýallary doly hukukly ýer eýeleri, haly we hünärmençilik artelleriniň adzasy bolmagynyň kanuny taýdan berkleşdirilmegi aýallary azatlyk ugrundaky göreşe has işjeňleşdirdi. (aktiwleşdirdi)

Emma türkmen durmuşunda we maşgala gatnaşyklarynda köne endikler, däp dessurlar dowam edýärdi. Bu bolsa sosializm gurluşugyny durmuşda geçirmekde kynçylyk döredýärdi. Sebäbi entek köp ýerlerde köne maşgala gatnaşyklary dowam edýärdi. Maşgala gatnaşyklarynda galyň tölemek doly saklanyp galýardy. Şeýle hem belli derejede köpaýallylyk, dakylmak gyzlary ýaş durmuşa çykarmak,

gaýtarma düzgünleri we s.m saklanyp galýardy. Bu ýagdaýlar bolsa, aýallaryň azatlyga çykmagyna we sosialistik düzgünleriniň girizilmegine gaty köp kynçylyklar döredýärdi. Hut şonuň üçin hem Türkmenistan SSR-ň MIK niň III-nji sesiýasy galyňyň türkmen maşgalasyna, esasan hem aýallaryň azatlyga çykmagynda uly päsgelçilik döredýändigini belläp, ony kanuny däl ýagdaý diýip yglan edýär.

Türkmen maşgala durmuşyny özgertmekde 1927-njy ýylyň ýanwar aýynda bolan Türkmenistanyň kommunistik partiýasynyň III gurultaýynyň kararynyň ähmiýeti uly boldy. Ol gurultaý "Türkmenistanda iş ýüzünde aýallaryň azatlyga çykarylýan perspektiwalary we jemleýiji netijeleri barada" meseleleri goýdy. Şeýle hem T.K.P nyň 1927 ň noýabrky 2-nji sesiýasiýasynyň dekretinde galyňyň gadagan edilýändigi barada, köpaýallylyk barada, nika ýaşyny ýokarlandyrmak we başgalar barada dekret kabul etdi.

Şu dekretler bilen baglanyşyklylykda Sowetiň düzüminde aýallaryň durmuşyny we zähmetini gowylandyrmak boýunça Partiýa organlarynyň düzüminde zenanlar bölümi (женотдел) açyldy. Bu gurama köne däp-dessurlary aradan aýyrmakda, aýallary önümçilik we jemgiýetçilik işlerine çekmekde gaty köp iş bitiripdir. Durmuşa geçirilen çäreleriň netijesinde 1925-nji ýyldan 1936-njy ýyla çenli işçi we gullukçy aýallaryň sany 27,5 müň adama ýetipdir. Haly we dokmaçylyk artellerinde bolsa türkmen aýallary 1927-nji ýylda 1,8 müň bolan bolsa, ol san 1940-njy ýylda 24 müňe çenli ösüpdir.[30]

Türkmen aýallarynyň doly azatlygya çykarmak ugrundaky göreşiň üstünlikli geçmegine ýurtda geçirilýän kollektiwizasiýa we artel hojalyklarynyň ähli taraplaýyn ösmegi itergi berýärdi. Kolhoz gurluňygynyň ýaýbaňlanýan döwründe zähmetkeş daýhanlaryň durmuşy düýpgöter üýtgedi, olaryň psihologiýasy üýtgedi we medeni derejesi ösdi. Eýýäm 1931-nji

[30] Винников Я.Р. Хозяйство, культура и быт селского Туркменской ССР. М. 1969. sah.-240.

ýylyň ýazynda kolhoz meýdanlarynda 16 müň aýal, tomusynda bolsa pagta meýdanynda 27,300 aýal işleýärdi. 1933-nji ýylda türkmen aýallarynyň 120 müň töweregi kolhoz agzasy, 80 müňüsi haly aräteliniň agzasy boldy.

Türkmen aýallarynyň kolhoza we dürli edaralara-kärhanalara girmegi, jemgyýetçilik önümçilige çekilmegi hem-de sosialistik gurluşyga işeňňir gatnaşmagy türkmen aýallarynyň medeni derejesini we syýasy düşünjesini artdyrdy. Şeýle şertlerde eneleri we çagalary goramak boýunça medeni aň-bilim edaralary, zenanlaryň medisina edarasy, aýallaryň likbez (ликвидация безграмотности-sowatsyzlygy ýok etmek) mekdepleriniň, zenanlaryň gyzyl burçlary we ş,m, döredildi.

Türkmen zenanlarynyň jemgyýetçilik önümçiligine işeňňir gatnaşmagy bilen durmuş-medeni gurluşygynyň işini işjeňleşdiýär. Ýurtde birnäçe hemişelik we döeürleýin çagalar bakja-baglarynyň gurulmagyna getirdi. Aýallaryň zähmetiniň dyngyzys dowam etmegi işçi we gullukçy aýallaryň sanynyň kem-kemden artmagyna, zähmet üstünliklerini gazanmagyna getirdi. Aýallaryň maşgaladaky orny özgerdi. Olar erkekler bilen deňhukukly raýatlara öwrüldiler.

Türkmen aýallarynyň azatlyga çykmagynda we olaryň syýasy işjeňliginiň artmagynda iň möhüm wakalaryň biri hem zähmetkeşler deputatlarynyň saýlawlaryna aýal-gyzlaryň hem gatnaşmagy bolup durýar. Şeýle saýlawlara 1927-nji ýylda 6,2%, 1928-nji ýylda 12% aýal gatnaşan bolsa, 1939-njy ýylda bu san 98,8%-e çenli ýetdi. 1939-njy ýylda oblast we raýon deputatlarynyň arasynda aýal deputatlar 28%, oba sowetlerinde bolsa 34%-e ýetipdir.[31] Bu ýagdaýlar aýallaryň maşgalada we jemgyýetde tutýan ornynyň gowylaşmagyna we ähmiýetiniň artmagyna getirdi.

Emma aýallaryň jemgyýetçilik işine çekilmegi we olaryň deňhukukly derejä ýetmegi örän kynlyk bilen amala aşyryldy. Bu göreşde sosialistik gurluşygynyň tarapdarlary bilen

---

[31] Şol ýerde. Sah.-242.

agalyk ediji synpyň wekilleri gaşduwsyz göreş alyp barmaly boldular. Olar öz maşgalasyndaky aýallary kolhoz gurluşygyna goýbermejek bolup her dürli ýollar bilen göreşipdirler. Munň üçin olar köne däp-dessurlary ýöretjek bolupdyrlar. Şerigatyň kanuny we adat boýunça aýallar ärleriniň we özünden ulularyň aýdanyna gulak asmaly, özbaşdak hereketler etmeli däl diýen düşünjäni aýallaryň aňynda saklamak isläpdirler. Aýallaryň jemgyýetçilik işlerine gatnaşmagy, köpçülige barmagy günä hasaplap, olary ýazgarypdyrlar.

Könäniň tarapdarlary bolan ýokary gatlagynyň wekileri öz azatlygy ugrunda göreşip sosialistik ýola düşen aýallar barada dürli toslamalar ýaýradylyp, olary masgaralapdyrlar. Hatda köplenç ýagdaýlara aktiwistileriň garşysyna terrorçylyk ulanyp olary öldirmekden hem gaýtmandyrlar.

Şeýle yzarlamalaryň ilkinji pidasy hem Büzmeýin şäherçesindäki Aman dursunuň haýynlyk bilen öldirilmegi bolupdyr. Onuň ölümüniň sebäbi öz ärinden talak hatyny sorap köpaýallykdan dynmak isläpdir bolupdyr. Şeýle mysal partiýanyň Gökdepe raýon komitetiniň aýallar bölüminiň ilkinji müdiri Annajemal Hydyr gyzynyň 1925ň aprelinde öldirilmegi subut bolup biler. Şeýle ýagdaýlar Türkmenistanyň dürli ýerlerinde ýygylygy gaýtalanypdyr. 1925 – 1926 ýyldaaktiwist aýallaryň öldirilmegi we özini öldirmekligine mejbur edilmegi boýunça öňki Aşgabat, Mary, Çärjew okruglary boýunça jenaýat işleriniň 30-dan köpisi gozgalypdyr.

Maşgala gatnaşyklarynda feodal düzgünlerine garşy göreşde gaty kynçylyklar döreýärdi. Maşgaladaky aýallaryň hukuksyzlygy, galan alyp, zorluk bilen gyz satmak düzgüni entäk durmuşdan galmaýardy. Emma Sowet hökimiýeti ol düzgünlere garşy irginsiz we tutanýerli göreş alyp barýardy. Şonuň esasynda önümçilik , esasan hem pagtaçylyga gaty köp çekilýärdi. Maşgalada aýal-gyzlaryň önümçiligeçekilmek işi; Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda has işjeňleşdi. Fronty we tyly zerur zatlar bilen üpjin etmek üçin Türkmenistanyň kolhozçy aýallary

güýjinde baryny, hatda öz güýjinden daşgary işleri hem ýerine ýetiripdir. Her maşgalaýň urşa giden erkekleriniň deregine aýallar işe çykyp hem maşgalany dolandyrmaly, çagalary açlykdan çykarmalydy hem Watanyň öňindäki borjyny ýerine ýetirip, urşy we tyl üçin jan aýaman zähmet çekmeli bolupdyrlar. Bu döwirde aýallaryň bar zähmet kuwwaty kolhoz işine gönükdirilipdir. Kolhozda aýallar esasy güýç bolup durýardy.

Uruş döwrinde Türkmenistanyň kolhozçy zenanlaryň oba hojalygynda esasy güýç bolup durýardy. Olar zerur işleriň ýerine ýetirilmegi öz üstine borç edip alypdyrlar.

Aýallar kolhoz işini alyp barmakda, mehanizasiýalaşdyrylan jemgiýetçili önimçiliginde guramaçylyk we ýolbasyçylyk wezipeleri ýerine ýetirilýärdiler.

Bu ýyllarda maşgalasynda fronta giden ärleriniň, erkek doganlarynyň ornuny tutmak üçin aýallar täze kadyrlary: ýagny oba-hojalyk maşynlaryny we traktorlary bejermek, ätiýaşlyk şaýlaryny bejermek, transporta erk etmek we ş.m kärleri ele aldylar. Şonuň netijesinde kolhoz işlerinde her ýylky plany (maksatnamasy) artygy bilen ýerine ýetiripdirler. Döblete tabşyrmaly däne, gök önümleri, et, süýt, ýüň, deri we beýleki önümleri artykmajy bilen tabşyrypdyrlar.

1944-da Döwlete pagta tabşyrmak 1943-dakydan 42 müň tona artykmaç tabşyryldy. Bu ýykda Resbublikanyň döredilmeginiň 20 ýyllygyna bagyşlanyp fronta kömek üçin kümüş ýygnamak çäresi geçirilýär. Onuň netijesinde söweşjeň samalýatlaryň we tanklaryň gurluşugyna 20 million manatlyk kömek girdeji saldylar bu çärede Ahal welaýatynyň ilaty hem işjeňlik görkezdiler. 1944 ýylda Gökdepe etrabynyň Andreýew adyndaky kolhozynyň kolhozçylary 150 müň manatlyk, Aşgabat raýonynyň (häzirki Ruhabat etraby) Swerdlow adyndaky kolhozynyň kolhozçy zenany Sadap Nyýazowa 60 müň manatlyk girdeýji tabşyrdy.

Sowet Türkmenistanyň aýallary uruş döwrinde ajaýyp zähmet edermenliklerini dörkezdiler.

Uruş ýyllarynda şeýle ajaýyp zähmet edermenligini görkezenleri üçin Türkmenistanyň aýallarynyň40 müňüsi 1941-1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda görkezen edermanlikli zähmeti üçin («за доблестний труд в Великой Отечиствинны войне 1941-1945 г») diýen medal bilen sylaglady. Ondan başgada türkmen watança zenanlarynyň birnäçesi Sowet soýuzleriň ordendir medaly bilen sylaglandylar. Zähmetdäki ajaýyp üstinlikli üçin 25 sany türkmen zenanlaryna Sosialistik  zähmetiň gahrymany diýen belent at dakyldy.

Türkmenlerde maşgala we maşgala gatnaşyklary problemasyu henize çenli doly işlenilmedik meseleleriň biridir. Ýöne şeýle diýsek-de türkmenleriň maşgala we maşgala gatnaşyklary şu çaka çenli aýratyn türkmen taýpalaryna öwrenen ýerli alymlarymyzyň ylmy işlerinde bölekleýin berlendir. Şu temany häzir biziň belli alymymyz akademik A.Jykyýew, W.M.Masasonyň haýyşy boýunça, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň bize-alymlara beren, täze, türkmenleriň medeni mirasyny öwrenýän institutynyň maksatnamasyna girýän meseläniň biridigini A.Jykyýewiň işleýändigini aýtmalydyrys.Biz maşgala näme diýlende “Iki sany ynsanyň razylygy boýunça emele gelýän birleşige maşgala diýmäge makul bilýäris.

Maşgala munuň özi özboluşly kiçijek bir döwletdir. Şol döwletde-de bir agza bakylmagy, erkek adamynyň maşgalabaşy, aň bolsa “öý bikesi” hasap edilmegi, hersiniň öz ornunda durmagy ata-baba ajaýyp däplerimiziň biridir. Döwletiňkä meňzeş biri biregiň bähbidini goramak, ululary hormatlamak, kiçä sylag goýmak, sap ýüreklilik, agzybirlik, gurply döwletli, rysgally ýaşamk maksatlar her bir maşgalany gurşap alandyr.maşgalanyň berkligini, mukaddesligini, agzybirligini saklamak bolsa türkmene mahsus bolan häsiýetdir.

Öňler Türkmenistanda (XIX-XX asyryň başlary) uly we kiçi maşgalalar boluipdyr. Uly maşgalalarda iki-üç sany öýlendirilen ogullardan, olaryň gelinlerinden we calaryndan ybarat bolupdyr. Şeýle-de oňa maşgalanyň beýleki agzalaryndan bolanöýlenmedik ogullary, durmuşa çykmadyk gyzlary, gaýtarmalar we beýlekiler giripdirler. Adata görä türkmen maşgalasyna ata (kaka) ornundaky erkek adam maşgalabaşy hasaplanypdyr. Maşgalanyň ygtyýary maşgalabaşynyň ygtyýarynda bolupdyr we ählisiniň yrsy bir bolupdyr. Önümçilik serişdesine, gurallaryna, ýer-suwa maşgalanyň umumy eýeçiligi ýüze çykypdyr. Maşgalabaşynyň şahsy häkimýeti maşgalanyň ähli agzalaryna-aýalyna, gyzlaryna, öýlenen we öýlenmedik ogullaryna hem-de olaryň maşgalasyna degişli bolupdyr. Hatda öýlenen ogullary hem atasyndan-kakasyndan (maşgalabaşydan) birugsat öz çagalarynyň ykbalyny çözmäge, ýer-suw paýyny peýdalanmaga ygtyýarly bolmandyr. Onuň ogullary öýlense-de, gyzlary durmuşa çyksa-da diňe maşgalabaşynyň sözüne gulak salynypdyr.

Kiçi maşgalada uly maşgaladan düzümi boýunça düýpli tapawutlanypdyr. Kiçi maşgalada esasan ata-eneden hem-de olaryň çagalaryndan ybarat bolupdyr. Muňa maşgalabaşy, öý bikesi, olaryň öýlenmedik ogullary şeýle-de durmuşa çykmadyk gyzlary gyzlary degişlidir. Kiçi maşgalada hem maşgalabaşynyň çäklendirilmedik ygtyýarlary (hukugy) bolupdyr.

XIX-asyryň ikinji ýarymyndan başlap uly maşgalalaryň kiçi maşgalalara bölünmegi başlanýar. Oňa atalary ölenden soňra onuň emläginiň öýlenen ogullaryna hem-de beýleki mirasdarlarynyň arasynda bölünmegi sebäp bolupdyr.

Belli rus alymy M.O.Koswen uly maşgalada hususy eýeçiligiň ösmegi bilen balanyşykly uly maşgalanyň içinde dargamagyna getirýän garşylyklar ýüze çykypdyr diýip belleýär.

XIX-asyryň ahyrynda “aýrylyşma” bilen bir hatarda, “ogul aýyrma”-öýlenen ogulyň, atasynyň hojalygyndan bölünmegi diýilýän adat ýüze çykypdyr. Bu döwürde aýry-aýry maşgalalar bölünen hem bolsa hakykat ýüzünde berk aragatnaşyk dowam edipdir. Olar patronimiýany (neber, lebere) emele getiripdirler. Bu esasan hem ýer-suw gatnaşygynda aň ýüze çykypdyr.

Maşgalanyň ähli ygtyýarlaryny öz elinde jemlemek bilen maşgalabaşy maşgalasynyň mertebesini, abraýny, ar-namysyny we beýlekileri gorapdyr. Ol maşgala agzalarynyň bol-elin, erkana durmuşda ýaşmagy üçin çalşypdyr.Ýöne muňa maşgalanyň beýleki agzalarynyň hem gatnaşmak borjy bolupdyr.

Adat boýunça maşgalabaşynyň dienlerini berjaý etmekden boýun gaçyrýan , maşgalanyň mertebesini ýere salýan we olaryň adyna ysnat getirýän agzalary bar bolsa olardan üz döndermäge, ony ýekerlemäge maşgala hukuk berlipdir. (Rugsatsyz gyz gaçsa we beýleki sebäpler barada giň gürrüň bermeli)

Maşgalabaşy maşgaladakylary sylamagy, hormatlamagy, olary öz mähri bilen çaýmagy başarypdyr. Maşgalanyň öz bähbidi üçin edilýän her bir işiň goldamak, onuň ugrukmagyny gurmak, kömekleşmegi ýola goýmak hem maşgalabaşynyň wezipesi hasap edilipdir.

# VIII. TÜRKMEN TOÝLARY

## 8.1. Maşgala toýlary we çaga bilen baglanyşykly däp-dessurlar.

Her halk özüniň köp asyrlyk taryhynyň dowamynda özboluşly maddy we medeniýetini döredipdir. Ol medeniýetde bolsa şol halkyň taryhy ösüşi aýratynlyklary, milli däp-dessurlary, garaýyşlary we düşünjeleri, durmuş tejribesi, meşgullanan zähmeti, psihalogiýasy hem ýaşaýan geografik gurşawy öz beýanyny tapýar.

Halkyň şol medeniýetiniň taryhyny we biziň döwürimize gelip ýeten baýlyklaryny anyk we dogry öwrenmek, ondaky öňdebaryjy dessurlary mundan beýläk-de saklamaga hem ösdürmňge mynasyp zatlary ýüze çykarmak, yzarlamak, döwrüň hajatlaryna laýyk gelmeýän, zyýanly zatlary anyklamak hem-de olardan saplanmagyň ýollarny kesgitlemek häzirki zaman ylmynyň derwaýys wezipeleriniň biridir

Umuman aýdanymyzda, türkmen milli däp-dessurlarynyň gaýtadan dikeldilmegi baradaky taglymat milli ruhly türkmen pedagogika ylmyň hem döredilmegine we onuň dowrüň talaplaryna görä ösüp bilmekligine uly mümkinçilik döretdi.

Beýik galkynyşlar zamanasynda türkmen milli däp-dessurlarymyz gaýtadan dikeldildi. Ol türkmenlere diňe bir erkana döwrany däl, mukaddes däp-dessuryny, milli baýramçylyklaryny hem gaýtaryp berdi. Türkmenler indi ata-baba däbine eýerip türkmençilik we toý däp-dessurlaryny ýerine ýetirip, milliligine gaýdyp geldi.

**Maşgalada ogul toýy we çile dessury.**

Türkmen maşgalasynda başlanýan ilkinji toý hem ogul toýydyr. Her bir maşgalada çaga nesli dowam etdiriji, ata-enäniň göz guwanjy hem-de daýanjy hökmünde garalyşy ýaly türkmen maşgalasynda hem çaganyň dogulmagyna sabyrsyzlyk bilen

garaşylypdyr. Türkmenler: “Çagaly öý bazar, çagasyz öý mazar” diýip aýdypdyrlar. Şonuň üçin hem türkmen maşgalasynda çaga dogurmak boýunça hiç hili çäklendirme bolmandyr. Türkmenler çaga “Allanyň bereni” diýen düşünjä berk uýupdyrlar. Şeýle bolansoň türkmen maşgalasy köp çagaly (olar 6 çagadan–12 çaga çenli edipdirler) bolupdyr. Türkmen maşgalasynyň köp çagalylyga ymtylmagynyň sebäbi sosial-ykdysady zerurlykdan, tire-taýpa gatnaşyklaryndan hem-de şol döwürde höküm süren “gün güýçliniňki – gowurga dişliniňki” pelsepeden gelip çykypdyr. Birinjiden, uly maşgala daş-töwerekden batyrynyp bilmändirler, olardan heder edipdirler; ikinjiden, uly maşgalanyň öz tiredeşleriniň arasynda belli bir statusy bolupdyr; üçünjiden, tire-urugyň adam sany näçe köp boldugyça tire-urug dawasynda öz ykdysady bähbitlerini (esasan, ýer-suw dawasynda) aramaga we goramaga mümkinçilikleri artypdyr. Şeýle hem baknalyk döwründe halkyň gün-güzeranynyň, ýaşaýyş derejesiniň gitdigiçe peselip başlamagy, her hili ýokanç keselleriň ýaýramagy netijesinde çaga ölümi ýokary bolupdyr.[32]

Maşgala türkmen jemgyýetiniň özenidir. Ol jemgyýetde möhüm sosial we terbiýeleýjilik orny eýeleýär. Şeýlelikde maşgala ykdysady we sosial ösüşiň tizleşmegine täsir edýär. Sebäbi “Maşgala kiçijik döwletdir” Haçanda agzybir, ruhy taýdan sagdyn, berk maşgalalar jemgyýeti düzende döwletiň ösuşi hem dürs we kämil ýola düşýär.

Täze galkynyşlar we beýik özgertmeler zamanynda her bir alnyp barylýan ähli işler maşgalanyň abadanlygy we berkligi ugrundadyr. Paýtagtymyz Aşgabatda we welaýatymyzyň etrapdyr obalarynda açylýan çagalar baglary, ak mekdepler, sagaldyş we medeni merkezler, ähli amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlary döwletimiziň maşgala we adamlar baradaky baş aladasy bolup durýar. Maşgalada çaganyň sagdyn ösmegi we bilimli bolmagy üçin mugt medisina hyzmatlary we mugt bilim

---

[32] Amanmyradow A. Türkmen maşgalasy. // Garagum, 2009, № 6. Sah.- 172.

almaklyk mümkinçilikleri döredilendir. Maşgalada çaganyň we enäniň hukugynyň goralmagy, sagdyn nesliň kemala gelmegi, maşgalanyň, şol sanda döwletimiziň ilat sanynyň köpelmegi üçin ähli amatly şertler döredilendir. Olaryň döwlet tarapyndan sosial üpjünçiligi ýola goýulandyr. Diýmek maşgala döwleti kemala getirýän jemgyýetiň esasy süňňüdir. Şonuň üçin hem türkmenleriň ata-babasy “Maşgalam – baş galam” diýen parasatly setirleri döredipdirler.

Türkmenlerde gyzdyr ýigit durmuş gurup toý tutan gününden başlap perzendiň dünýä inmegini arzuw edip gelipdirler. Munuň üçin birnäçe yrymlary ýerine ýetirip, dilegler edipdirler. Ýaş ene-ata geljekki bäbekleriniň ogul bolmagy üçin hatda çaganyň ejesiniň iýýän zatlaryna hem üns beripdirler. Olar gyzyl reňkdäki miweleri, meselem nar iýse gyzy bolýar diýip düşünipdirler. Maşgalada göwreli aýal bar bolsa, onuň oglunyň ýa-da gyzynyň boljagyny bilmek üçin, aýal köýnekler biçilende ýakasyndan oýulyp alnan bölegi ýaglyklaryna gysdyrýarlar. Egerde gapydan gapydan erkek adam gelse, ogul, aýal maşgala gelse gyz bolýar diýip düşünipdirler.

Türkmenlerde ogul perzent dünýä inende buşlanypdyr. Buşlukçy çagalar bolupdyrlar. Emma gyz perzent dünýä inende ony buşlamandyrlar. Ýöne häzirki döwürde oglan -gyz çaga dünýä inende buşlanýar.

Maşgala toýlarynyň başy - çaga toýyndan başlanýar. Türkmen toýlarynda çaganyň dogluş toýunuň ähmiýeti uludyr. Emma ogul dogulsada, gyz dogulsada türkmenler çaganyň dünýä inmeginiň hatyrasyna pişme toý edipdirler. Ýöne ogul toýy has şatlykly-şagalaňly, ulydan toý tutup saçak ýazylyp edilipdir. Görogly dessanynda: “Oguldyr döwletiň başy, gyz hem bolsa gowün hoşy” diýip aýdylypdyrlar. Şindi türkmenleriň arasynda sähel keýpi ýok adama “gyzy bolan ýaly” diýýärler.

Maşgalada perzent dünýä inende dürli doga-dilegler edilipdir. Onda gyz bäbege “Baýapsyňyz! Ýaşy uzyn bolsun, berildigi bolsun! Bagtly bolsun!” diýip dileg edip bäbegi

ýüzlerine sylypdyrlar. oglan bäbege “Döwletiňiz artypdyr! Ýaşy uzyn bolsun, ene-atasyna, Watanyna wepaly bolsun!” diýip dileg edipdirler we ýüzlerine sylypdyrlar. Doglan çaganyň ady bilen baglanyýykly “adyna eýe bolsun!” diýen ýaly dilegleri hem edipdirler. Erkekler öz aralarynda “Watan gullugyna ýene bir esger goşulypdyr-ow” diýip buýsanç bilen degişipdirler. Aýallar bolsa “ejesine kömek gelipdir, hä diýmän jesiniň işini elinden alar!” diýip göwünlerini hoşlapdyrlar.

Şeýlede bolsa, perzent oglanlygyna we gyzlygyna garamazdan üç ýa-da ýedi günüň dowamynda azan okadylypdyr. Ol çaganyň musulman bolmagyny, gulagynyň açylmagyny, gulagy açylyp ilkinji Allanyň adyny gulagyna guýmak, eşitdirmek, adyny özüne berkitmek ýaly maksatlar bilen ýerine ýetirilipdir.

Çaga doglup tä kyrk gün geçýänçä ol çaga çileli hasaplanypdyr. Çile çaga doglandan 40 gün dolýança çileli hasaplanylaýar. Şol döwürde çagany ýaman gözden-dilden, göz degmezlikden goraglap gezýärler. Çileli çaganyň üstüne täze (çileli) gelin, et, ýumurtga, mata getirilmeli däl eken. Eger-de şeýle edilse, çaga çile düşýär diýip dçýçndirýärler. Çile düşen çaganyň ýaňagynda we endamynda gyzyl örgün peýda bolmagyna we onuň kesellemegine getirýär ýa-da ulalansoň durmuş şowsuzlyklarynyň bolmagy mümkin diýip düşünipdirler. Kyrk günlük çile dessury diňe türkmenlerde däl gazaklarda, gyrgyzlarda, garagalpaklarda, özbeklerde, tatarlarda, täjiklerde we beýleki birnäçe halklarda bolupdyr. Eger çaga hor, gowşak, ýa bir keselli bolsa onda ol çaga çile düşüpdir diýip aýdýarlar.

Çagany çileden goramak üçin dürli yrymlary ýerine ýetiripdirler. Öýde çile düşmezlik üçin gapynyň ýokarsyndan bir gaba salyp et, ýumurtga asýarlar, çagany çukur gazyp üstünden 3 gezek eýläk-beýläk geçirýärler, çile öwlüýäsine aýlaýarlar, duz alyşýarlar we ş.m. Bu döwürde garyndaşlarynda we ýakyn goňşularynda ýenede bir bäbek dünýä inse, şol iki öý çaga çile düşmez ýaly biri-biri bilen orta çykaryp duz alyşýarlar. Bu

dessur maşgalada dogan-garyndaşda gelin edinilende hem ýerine ýetirilipdir. Sebäbi täze edinilen geliniň hem ýigidiň hem çilesi bolupdyr.

Çaganyň kyrk günlik çileli döwrnde iki gezek çileden çykarypdyrlar. Muny maşgalada zerurlyk ýüze çykanda, ýagny toý tutmak we başga bir bäbegiň dogulmagy ýaly ýagdaýda ýerine ýetiripdirler. Oňa ýedi gün geçenden soň ýedi çilesinden çykarmak, ýigrimi gün geçenden soň ýigrimi çileden çykarmak dessury diýip at beripdirler. Kyrk gün geçenden soň bolsa, ymykly çile suwuna düşürip çileden çykarypdyrlar. Çaganyň çile suwuna ýedi görnüşli zat atypdyrlar: goýnuň çöri (gumalagy), umurtganyň gabygy, etiň bölegi, matanyň bölegi, kümüş, bugdaý däneleri we bir çümmük duz atylypdyr. Şol zatlaryň atylmagynyň öz sebäbi bolupdyr. Şol suwa atylýan zatlar çaga kyrk günläp çileden çykýança çileli zatlar hasap edilendigi üçin şeýle edilipdir. Soňky döwürlerde nysak bolan ýumutga, et, tüwi, mata ýaly zatlar hem çaganyň üstüne getirilmändir. Şeýle ýagdaý zerurlygy ýüze çykanda, çaga öýden daşaryk çykarylyp, ilki olary salyp, soňra, çagany olaryň üstüne salypdyrlar. Çör we bugdaý baýlygyň alamaty bolupdyr. Kümüş çagany dürli mikroplardan gorapdyr, suwy arassalapdyr. Çaganyň çile suwuna soňra ejesi hem düşmeli eken. Çagany çileden çykarlanda ony ýedi öýe eltip görkezmeli ekeni. Olar çagany görüp bir sowgatjyk, süýji köke häzirki döwürde pul berlipdir.

**Sallançak gurmak dessury.** Türkmenlerde çaga betje bolsa, çile döwründe, ýagny kyrk günüň iiçinde, çaga ýuwaş bolsa kyrk günden soň sallançaga atylýar. Munuň üçin türkmenlerde birnäçe däp-dessurlar ýerine ýetirilipdir. Ilki bilen sallançak sähetli gün bolan, hepdäniň çarşenbe güni gurnalyp, çagany dileg edip oňa salypdyrlar. Bu işi çaganyň enesi ýa-da yakyn garyndaşlaryndan bir aýal ýerine ýetiripdir. Öň döwürlerde sallançak gara öýüň tärimlerinden daňypdyrlar we ol ala ýüpden edilipdir. Pagsa jaýlarda jaýyň burçundan teble kakyp, ol

tebleden halka asyp halkadan sallançagyň ala ýüpüni dakypdyrlar.

Sallançak türkmen öýüniň bezegi, ýaraşygy bolupdyr. Her bir öýde sallançagyň bolmagy arzuw edilipdir. Munuň üçin hem sallançak gurnamak maşgalanyň esasy wakalarynyň biri bolupdyr. Türkmen halk döredijiliginiň hüwdiler bölüminde: Allan, allan alançak,

Akar suwlar bulançak,
Alty ganat ak öýüň,
Ýaraşygy sallançak.

diýen setirler hem sallançagyň iň arzyly, mukaddes zatdygyna şaýatlyk edýär. Türkmenlerde maşgala toýlarynyň haýsydygyna garamazdan hemişe arzuw edilende "öýüňizde sallançagyň bady ýatmasyn" diýip dileg edilýär.

**Iýinji bermek dessury.** Maşgalada çaga seretmegiň, çaga ulaltmagyň özboluşly aýratynlyklary bolupdyr. Her bir hereketlerinde we çaganyň ösüş etapynda dürli yrymlary hem-de däp-dessurlary ýerine ýetiripdirler. Şeýle dessurlaryň biri hem "iýinji" bermek dessurydyr. Çaga 4-6 aýlyk döwründe elini sorup başlaýar. Bu elbetde çaganyň ösuş döwri bilen baglanyşykly geçýän etaplaryndaky hereketleridir. Bu ýagdaýda türkmeniň yrymyna görä çaganyň babasy we mamasy agtyklaryna bir mal sowgat bermeli eken . Ol sowgat maşgalanyň maddy ýagdaýy bilen baglanyşykly bolupdyr. Her bir maşgala öz gurbyna görä owlak-guzy, goýun-geçi, göle ýa-da sygyr ýaly mallaryň islendik gönüşini berip bilipdir.

**Diş toýy.** Türkmenlerde çaga toýlarynyň biri hem diş toýudyr. Çaga bäş aýlykdan başlap, onuň süňňüniň sagdynlygyna baglylykda alty, ýedi aýlyk döründe ilkinji dişi çykýar. Şonda maşgalanyň ýakyn garyndaşlary we esasan hem çagalar üçin şatlykly waka diş toýy bellenilýär. Çaganyň üstünden patrak seçýärler. Ol dessur çaganyň dişleriniň azarsyz, patrak ýaly bolup çykmagyny arzuw edilip ýerine ýetirilipdir. Halkyň yrym-ynanjyna görä çaganyň ustünden seçilen şol

patrak, hakykatdan hem çaganyň dişiniň patrap çykmagynda ähmiýeti bar diýip düşünipdirler. Soňky döwürlerde patrak bilen bir wagtda süýji-kökeler, teňňe pul birlikleri hem seçilýär. Bu bolsa dabarany gyzyklandyrmak we çagalaryň höwesini artdyrmak üçin ýerine ýetirilipdir.

**Galpak toýy.** Türkmenlerde bellenip geçilýän çaga toýlarynyň biri hem "galpak" toýudyr. Galpak toýy çaga durmuşynda uly ähmiýeti bolupdyr. Sebäbi bu dessur çaganyň durmuşy, onuň terbiýesi bilen bagly bolupdyr. Çaganyň dogulandaky saçyna türkmenler "çile galpagy" diýip at beripdirler. Çaga bir ýaşa baranda çaganyň ilkinji saçyny, ýagny çile galpagyny aýyrýarlar. Ony çaganyň daýysy alýar. Munuň üçin daýysyna çaganyň ene-atasy sowgat edýärler.

Şuňa meňzeş dessur nemes halkynda hem bolupdyr. Ýöne olarda çaganyň daýysy ýegenini öz ogly ýaly terbiýelemeli eken (Engels). Ol hem türkmenlerdäki çaganyň daýysynyň ýakyn hossary bolandygy bilen meňzeşligidir. Alym Kosweniň aýtmagyna görä bu dessur matriarhatdan galan düzgün bolmagy mümkin diýip düşündirýär.

Türkmenlerde eger-de çaganyň saçyny almaga daýysy bolmasa, onda çaganyň ejesiniň atasy w'nin obasyndan bir saçly adama syrdyrypdyrlar diýip edebiýatlarda maglumat berýärler.

Eger-de maşgalada çaga ýygy–ýygydan ölýän bolsa, yzyndan çaga bolýança çaganyň çile galpagyny syrmandyrlar. Hatda çaganyň çile galpagy agyr hasap edilip, çaganyň ösmegine päsgel berýän hem bolsa galpagyny syrdyrmagy soňa goýupdyrlar. Çaganyň galpagy birinji gezek doly syrylypdyr. Soňky gezeklerde alynsaçynda bolejik saç goýupdyrlar. Gyzjagazlaryň saçyny 3-5 ýaşa çeni doly syryp, ondan soň gulpak, çokul, zülp goýup başlapdyrlar.

Daýysyna saç syrdyrylmagynyň sebäbi daýysy şol çaganyň iň ýakyn hossary, garyndaşy hasaplanypdyr. Türkmenlerde „it ata, är daýa'' diýen nakyl hem şunuň bilen baglanşyky dörän bolsa gerek. Il arasynda "hem daýymlara

barýaryn, hem atyma baş öwredýärin" diýen söz hem daýysy bilen ýakyn garyndaşlyk gatnaşyklarynyň bolandygyna şaýatlyk edýär. Şeýle hem türkmençilikde gelniň atasy öýini, çaganyň daýysyny ýakyn maşgala gatnaşyklaryna goşmak manysy bilen hem bu dessur ýerine ýetirlipdir. Saç alnan çaganyň üstünde süýji-köke we pişme seçilipdir. Galpak toýy türkmenlerde pişme toý hokmünde bellenip, maşgalanyň gurbyna görä dürli tagamlar taýýarlanypdyr we oňa ýakyn dogan-garyndaşlar çagyrylypdyr.

**Ýaş toýy.** Türkmen maşgalalarynda soňky döwürlerde çaganyň ýaş toýyny uly dabara edip belleýärler. Ol çaganyň bir ýaşyndan başlap her ýylda bellenilýän toýydyr. Ol çaganyň oglan ýada gyzdygyna garamazdan, çaganyň ýaşynyň uzak bolmagyny, janynyň sag bolmagyny dileg etmek maksady bilen bellenilýär. Ýöne öňki döwürlerde çaganyň ýaş toýy kän bellenilmeýän eken. Sebäbi ol döwürlerde çaganyň dogulan senesi hijri-kamary aý hasaby boýunça bellenensoň, her ýylda doglan sene üýtgäp durupdyr. Şonuň düçin ýaş toý sowet hökümetiniň dikeldilip, çaganyň dogulyşy resmileşdirilip, bu barada şahadatnama alnansoň her ýylda bellenilip başlanýar.

**Sünnet toýy.** Türkmenlerde her bir doglan oglan çagany sünnetletmek musulmançylygyň parzy hasaplanypdyr. Bu dessury ýerine ýetirmek bolsa her bir ene-atanyň borjydyr. Çaga süňňi sagatja bolsa 3 ýaşynda, bolmasa 5-7 ýaşynda sünnet etdiripdirler. Türkmenleriň yrymyna görä sünnet täk ýaşda etdirilse gowy bolýar diýip düşünipdirler.

Emma käbir ýagdaýlarda, seýrek hem bolsa, dogulanda sünnetli dogulýan çagalar hem bolupdyr. Oňa "taňry sünnetlän" diýipdirler. Şeýlede bolsa çagalaryň sünnet toýyny etmek her bir maşgala özüne borç hasap edipdirler.

Her bir obada ýörüte sünnet edýän ussalar bolupdyr. Şol ussalar ene-atalaryň haýyş etmegi bilen hojalyklaryň öz öýünde çagany sünnet edip gaýdypdyrlar. Emma ene-ata sünnetlenjek çaga bu barada zat duýdurmandyrlar. Ussa gelensoň çaganyň eline süýji-köke ýa-da oýunjak berip çaga bildirmän ussa öz

işini bitiripdir. Ussanyň aklyk hakyny berip maşgalanyň ýakyn dogan garyndaşlary janly soýup ulydan toý tutypdyrlar.

## 8.2. Türkmenlerde ogul öýermek däp-dessurlary

Türkmenlerde maşgala ýaşaýşyna aýratyn üns berlipdir. Türkmeniň maşgala gurmak däp-dessury, adaty müň ýyllyklaryň dowamynda ösüp kemala gelipdir. Bu däp-dessurlar esasynda gurlan maşgala agzybir, abadan, durnukly, parahat maşgala bolupdyr. Aslynda maşgala nesil öndermek, dowamat-dowam bolmak maksady bilen kemala gelýär.

Türmenlerde şeýle maşgalany döretmek üçin „Gelin toýy“ diýip atlandyrylýan toý däp-dessuryny ýerine ýetirmeli bolupdyr. Munuň üçin iki sany ýaş juwanyň toýuny tutmaly, ogul öýlendirmeli bolupdyr. Öýlenmek diýen söziň özi „öýli bolmak“, „öýli etmek“ diýen manyny berýär.

**Gudaçylyk dessury.** Türkmenlerde maşgala gurmak gudaçylykdan başlanýar. Gudaçylyk bolsa, özboluşly dessurdyr. Ogul öýermek isleýän ene-ata özara maslahatlaşyp ogullaryna, öz maşgalasyna mynasyp gyzy saýlaýar. Öň döwirde türkmenlerde gelinlik saýlananda iki zatdan ugur alynýar eken. Onuň birinjisi guda bolunjak maşgala kimler bilen onuň asly kim, il içindäki at-abraýy, maddy ýagdaýy we olar bilen gudaçylyk açmak mümkinçiligi bolupdyr. Ikinji esasy zat bolsa aljak gelinlikleriniň başarnygy, işeňňirligi, gylyk-häsýeti we görk-görmegi bolupdyr. Egerde maşgala maslahatynda bir pikire gelnen soň gudaçylyk dessuryna başlanypdyr.

Emma türkmençilikde keseki maşgala gudaçylyga barmaklygyň öz şertleri we dessury bolupdyr. Sebäbi gudaçylyk garyndaşlyk açmak örän inçe iş hasaplanypdyr. Onda hiç haçan gönimel hereketler edilmändir we şeýle ýagdaý halanylmandyr. Şonuň üçin hem gudaçylyk birnäçe adamlaryň üsti bilen birnäçe etapdan ybarat bolupdyr. Birinji işi *osmakçy* ýerine ýetiripdir. Osmakçy- gudaçylyk işiniň başyny başlaýjy, oňa ýardam beriji

adam bolupdyr. Ol köplenç kýpi gören garry aýalardan bolýan eken. Osmakçy aýal-gyzlaryň arasynda bolup, geljekgi gelinligi oňat öwrenip, zerur maglumatlary astyrynlyk bilen toplaýar. Onuň esasy wezipeleriniň biride degişli gyz, onuň durmuşa çykmak islegi bu meseledäki pikirlerini öwrenmekdir. Ol osmakladyp, gepiň arasynda gyzyň ata-enesiniň degişli meselä garaýşyny bilmäge synanyşýar.

Osmakçy öz işini bitirip, geljekki gudaçylyk işiniň başa barjagna umyt döretse, nobat gezek *sözaýdyja* brilýär. Söz aýdyjy oglanyň ýada onuň ene-atasynyň umuman maşgalanyň iň ýakyn adamsy bolupdyr. Ol adatça sähetli hasap edlýän çarşenbede gyzyň öýlerine barýar. Söz aýdyjy osmakçydan tapawutlykda açyk hereket edýär. Gyzyň atasy öýne baryp, gudaçylyk niýetini aýan edýär. Sözaýdyjy köplenç aýlawly, dilewar gürläpdir, ol „Sizde bir göwher gaşly ýüzük bar ekeni, şol ýüzigiňize pylanylar hyrydar“ diýip niýetini mälim edýär. Gyz tarapynyň sözaýdyja kesgitli gutarnykly jogap bermegi hökman bolmandyr. Oňa köplenç iki uçly, gümürtik jogap berlipdir. Munuň özi gudaçylyk dessurynda indiki gatnaşyjylara ýol açypdyr. Olar bolsa *sawçylardyr*. Şeýle hem sözaýdyjy saçagyna çörek, süýji köke salyp baranda, gyz ýeriniň wekilleri saçagy açman, içindäki zatlary ellemän şol durşyna yzyna gaýtarsa, onda sözaýdyjynyň sözi niň alynmadygy hasaplanypdyr. Şeýle hem söz aýdyjynyň öňinde saçak açylman goýulsa sözi alynmandyr, açylyp goýulsa sözi alyndygydyr. Gudaçylygyň sözi alnan soň onuň indiki etaby sawçylar giden bir topar bolupdyr . Bu toparda il içinde sylanýan ýaşulularda sözini düşindirip biljek adamda, ýigidiň hossarlary bilen bilelikde gidipdirker. Sawçylyk türmençilikd eköplenç gün ýaşyp, aýak ýygnandan soň amala aşyrlypdyr. Çünki gudaçylykda esasy zat gyzyň onuň we onuň maşgalasynyň at-abraýydyr. Şonuň sawçylyk dessury assyryn, il gýzinden ýaşryn amala aşyrlypdyr. Gyzyň ene-atasy sawçylara „Pikirlenip göreli

ýenede aýlanyň“ diýip hoş söz berýär. Şondan soň oglanyň maşgalasy we özi gyz tarapyndan berk soralyp-idelýär.

Netijede iki tarap hem razyçylyk bildirenden, soň gyz bilen oglana guda bolunýar. Mundan soň başga birniň sawçylyga barylmagy düris hasap edilmändir we gyzyň ene-atasy sözinden dänmändir. Emma iki tarap razylaşmadyk bolsa, täze barjaklar öňkilerden rugsat sormaly eken.

Gudaçylyk işi başa baran soň galyň kesilip, **toý sähedi** bellenýär. Sözi alnan sawçylar soň ýene birnäçe gezek gyzyň öýne gatnamaly bolýar. Bir gezek galyňyň möçberini kesgitlemek üçin gelýärler-oňa „Galyň kesmek“, „Mal kesmek“ diýlidir. Ýene bir gezek galyň geçirmek üçin gelýärler. Oňa „Mal geçirmek“ dessury diýipdirler. Mal geçenden soň ýigýdiň maşgalasy sähet alypdyrlar. Türkmenlerde toý sähedi türkmen aýlary „Hijiri-Kamary aý hasaby“ boýunça bellenipdir. Türkmen aýynyň „Boşaýy“ diýilýän aýy toý üçin bisähet gün hasaplanypdyr. Ýyldyz şeýle görnişde ýerleşipdir.

Her aýyň 1,11,21-ne gündogarda
2,12,22-ne günorta-gündogarda
3,13,23-ne günortada
4,14,24-ne günorta-günbatarda
5,15,25-ne günbatarda
6,16,26-na günbatar-demirgazykda
7,17,27-ne demirgazykda
8,18,28-ne demirgazyk-gündogarda
9,19,29-na ýyldyz ýerde
10,20,30-na ýyldyz gökde bolýar.

Türkmenler ýyldyz garşyňda bolsa „bisähet“ , arkaňda bolsa „hähetli“ günler hasap edipdirler. Toý tutanlarynda ýyldyza gaty berk üns beripdirler hemde sähetli we bisähet günleri ýörite yzarlapdyrlar. Haýsy günde ýyldyz gelnaljynyň garşysynda bolmasa şol gün hem sähet hasaplanypdyr.

Toý sähedi bellenenden soň gyz tarapy hem oglan tarapy hem toýa taýýarlanyp başlaparlar. Bu döwirde gyz öziniň toý

şaýyny berk tutup başlaýar. Bukjada gyzyň egin eşikleri ata-enesiniň beren şaý-sepleri haly palas önimlri bolupdyr. Muňa türkmençilikde **„Gyz sepi“** diýip at beripdirler. Gyzyň bukjasyny taýýarlamak üçin toýuň öň ýanynda üme edilýär. Üme gyzyň bukjasyny ýetişdurmek üçin gyzyň joralarynyň, gelnejeleriniň we garyndaş gyzlarynyň kömekleşmegine aýdylýar. Ümede gyzyň dokuzyny düzedýärler.

Türkmen maşgalasynda enesi heniz gyzy çagajykka oňa dürli halylardan bukja ýygnaýar. Gadymy adata görä, öz gyzlaryna ýaşlykdan haly dokamaklygy öwretmek eneleriň borjy bolupdyr. Aýal-gyzlar üçin haly, mata dokamak, geýim tikmek, keçe etmek adaty däp bolupdyr. Muny başarmazlyk aýyp hasaplanypdyr. Bu barada 1881-nji ýylda Türkmenistanda bolan iňlis žurnalisti Edmond O Donowon hem başga ýewropaly alymlar tarapyndan türkmen gyzlarynyň durmuşa çykanlarynda olaryň şaý-seplerine girýän haly, çuwal, torba ýaly önümlerini özleriniň dokaýandygy hakda beren maglumatlary hem tassyklaýar.

Gyzlar durmuşa çykanda onuň sepine „Garçyn“ çuwal salyp ugradypdyrlar. Bu däp günbatar tükmenlerinde häzir hem dowam edýär. Gyz durmuşa çykanda däbe görä, gyz sepine, esasan, düýebaşlyk, haly, keçe, öýdüme palas, iki jübüt daşlyk çuwal, bir jübit gyzyl çuwal, bir jübit garçyn we beýleki öý goşlary berlipdir. Gyz maşgala durmuşa çykan mahaly özleri bilen alyp gitmek üçin „nika düşer“ halysyny dokapdyr. Türkmenlerde eger gyz maşgala durmuşa çykyp, baran ýerine halysyz gitse, „nika düşmez“ diýen yryma ynanypdyrlar. Şonuň üçin hem, hiç bir türkmen maşgalasynda gyz durmuşa çykanda ony halysyz ugratmandyrlar. Häzirki döwürlerde-de gyzlar durmuşa çykanlarynda hut öz elleri bilen dokan halydyr palaslaryny „sep“ görnüşinde alyp gidýärler.

Sepi taýýarlamaga gyza dogan-garyndaşlary, goňşy-golamlary, joralary kömekleşer ekenler. Irki döwürlerde gyz sepi üçin üme edipdirler. Çuwalgyz atasy öýünde bolan wagty

özünden aşakdaky heniz başy bogulmadyk uýalarynyň seplerini düzetmäge hem ýardam edipdir.

Gyzlaryň ümesinde durmuşa çykýan gyzyň bukja geýimlerini taýýarlapdyrlar. Oňa gyzyň joralary, ýeňňeleri, dogan garyndaşlary, gyz gelinler gatnaşypdyrlar. Üme durmuşa çykjak gyzyň maly geçip sähedi bellenenden soň, toýa görülýän taýýarlyk bolupdyr.

Durmuşa çykýan gyzyň toý köýnegini hormatlanýan, köpçagaly aýala biçdiripdirler. Ol „meniň elim däl, Äşe-Patmanyň eli bolsun“ diýip biçipdir. Bu köýnegi adatça gyzyň ýeňňesi tikipdir.

Gelin ýigidiň öýüne getirilenden soň, durmuşa çakýan gyzyň bukjasyna ondaky halylaryň owadanlygyna we hiline garap baha berýän ekenler.

Geliniň sepi salynan çuwalyň agzynda üşenik goýulýar.

Üşenik – pişme salynyp goýulýan haly gap. Ol ikseligiň ýary ýaly bolýar, çitmede-de, kakmada-da dokalýar.

Türkmen gyzynyň gelin bolup düşen öünde sepini açmaly bolanda, eltileri yryma göträ, „Meniň-ä elim agyrýar, özüňiz açaýsaňyzlaň“ diýip, sowgat tamakinçiligini edýärler. Sowgada garaşýanlygyny aňýarlar-da: „Açyber çuwal agzyny, seniňem paýyň bardyr“ diýýärler. Çuwal agzynda goýulan „Üşenik“ hem şol sepi açana berilýär.

Gyzyň atasy öýünden äkitmeli sepiniň içinde içi aýna-başdarakly el bukja hökman bolaýmalydyr diýlipdir. El bukjadaky şol aýna „bagt aýnasy“ diýilýär. Gelin gelen badyna bukja açylanda, gyzlardan kim öňürti şol aýnada ýüzüni görse, şolam bagtly bolýar hasap edilýär. Elbukja türkmen zenanyna edil ene-atasynyň dakan mukaddes ady ýaly ömürlik ýoldaşdyr.[33]

[33] Diýar. 2010 ý. №3

**Türkmenlerde nika ýaşy.**

Türkmenleriň durmuşynda maşgala gurmaklygyň esasy şerti bolan nika diňe şerigatyň kanuny boýunça ýerine ýetirilýändigini belläp geçgipdik. Bu adat Sowet häkimýeti gurlandan soň hem, hatda häzirki döwürde hem ýerine ýetirilýär. Emma Türkmenistanda Sowet häkimýetiniň dikeldilmegi bilen kabul edilen kanunlaryň ilkinjisi maşgala gatnaşyklaryny kanunlaşdyrmak bolupdyr. Şonuň üçin hem Sowet hökümeti döwründe maşgala ýazgy üsti bilen berkidilýär.

Şerigatyň kanuny boýunça nika ýaşy oglanlarda 12 ýaş gyzlarda 9 ýaş bolupdyr. Şeýlelikde durmuşda oglanlary 14-15 ýaşda öýerip, gyzlary 13-14 ýaşynda durmuşa çykarypdyrlar. Bu ýagdaýlar türkmenleriň durmuşynda ýygy-ýygydan gabat gelipdir. Türkmenlerde nika ýaşy boýunça erkek adamyň ýaşynyň näçeliginiň ähmiýeti bolmandyr. Orta ýaşan ýaşuly adamlaryň ýaş gyzlara öýlenmegi, ýagny nikalaşmagy geň görülmändir. Şonuň üçin gyzlaryň arasynda ýaş durmuşa çykarylmagy köp duş gelipdir. 1897-nji ýylda Rus imperiýasy Zakaspi oblastynda ilat ýazuwyny geçirende 10-12 ýaşynda durmuşa çykarylan gyzlaryň 690-sy, 13-14 ýaşly gyzlaryň 1153-si, 15-16 ýaşyndaky durmuş guran gyzlaryň 3015-si hasaba alynypdyr.[34] Has ýaş döwründe nikalaşdyrmak baýlaryň durmuşynda köp gabat gelipdir. Barly adamlar ogullarny ir öýeripdirler, garamaýaklar bolsa garyp bolany üçin ýa-da bergidarlykdan çykmak üçin gyzyny ir durmuşa çykarypdyrlar. Biziň gürrüňdeş bolan informatorlaryň maglumatlarna görä bu ýagdaýlar Tejen sebitinde seýrek duş gelipdir. Alym R. Babajanowyň maglumatlarna görä XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başynda Tejende nika ýaşy oglanlarda 17-18 ýaş, gyzlarda 15-16 ýaş bolupdyr.[35] Ýaş gyzlar hemişe özünden 10-15 ýaş ula berilipdir. Kä halatda bolsa orta ýaşan adama hem

---

[34] Şol ýerde. sah.-18-19.

[35] Вопросы этнографии туркмен. Ашхабад, 1980, sah.-55.

(köp galyň üçin) berlilpdir. Munuň şeýledigine türkmen folklordaky setirler hem şaýatlyk edýär.

Lälelerden:

Gara maňlaýdyr başym,
On üç on dörtdür ýaşym,
Altmyş ýaşla berdiler,
Kakladylar bu läşim.[36]

Gadymy döwürlerde we orta asyrlarda tä XIX asyryň ahyryna çenli XX asyryň başyna çenli adamzat jemgyýeti ykdysady esasyň birsydyrgyn, ewolýusion ösüş ýagdaýynda bolany sebäpli ruhy-ahlak we medeni gymmatlyklar düýpgöter üýtgeşmelere, sosial öwrülişiklerdir sarsgynlyklara sezewar bolmansoň, maşgala durmuşynda hem düýpgöter üýtgeşmelere sezewar bolmandyr. Türkmenistanyň Russiýa tarapyndan basylyp alynmagy netijesinde onuň ykdysadyýetinde özgerişikler başlanypdyr. Russiýa gelmezinden ozal türkmenleriň hojalaygynda esasan diňe öz maşgalasynyň hajatlary üçin önüm öndürýän natural hojalygy agdyklyk edýärdi, pul-haryt, söwda gatnaşyklary gowşak ösendi. Indi Türkmenistanyň halk hojalygy rus kapitalizminiň bazar ulgamyna çekilip başlandy. Türkmenistana rus söwda kapitaly, bazar gatnaşyklary, pul-haryt dolanyşygy aralaşyp başlady

Türkmenistanda nika ýaşynyň kesgitlenilmegi barada Aşgabat şäherimizde ýerleşýän Döwlet arhiwiniň maglumatlary bilen tanyşanymyzda, 1891-nji ýylda Zakaspi oblastynyň naçalniginiň konselýariýa maglumatlarynda “Zakaspi oblasty we Türküstan ülkesi üçin nika ýaşyny kesgitlemek barada” maglumatlar bilen tanyş bolduk. Şol maglumatlarda Zakawkazýe we Türküstan ülkesiniň tebygy şertlerine we geografiki ýerleşişine laşyklykda bu ülkeleriň ýaşaýjyjary Russiýa we Ýewropa ýerlerine garanda ýaşlary ir ýetişýär. Şonuň üçin buthana düzgüni boýunça nika gatnaşyklary

[36] Meýdan ýazgylaryndan. Rejepowa Ejegyz 1915-ýylda doglan, Tejen etrabynyň Agalaň daýhan birleşigi.

oglanlar üçin 15 ýaş, gyzlar üçin 13 ýaş balmalydyr diýip kesgitlenilýär. Bu karardan öň Türkmenistan ýerleriniň ýaşaýjylarynyň yagdaýy, ýaşaýyş şerti doly öwrenilip, medisina taýdan ir ýetişýändigini tassyklaýarlar. Zakawkazýe we Türkmenistan ülkesiniň gyzlary aýdaky görýän görümini 12-13 ýaşlarynda görüp başlaýarlar, orsýetde we Ýewropada bolsa gyzlar 15-16 ýaşlarynda görüp başlaýarlar diýip bu tassyklamada düşündirýärler. Şeýle hem Türkistanyň gyzlarynyň çaga dogurmak ukyby ukyby boýunça hem 13-ýaşda hiç hili kynçylyk döredmändir. Emma bu ukyp ruslarda 16 ýaşdan ir bolmandyr. Şonuň üçin ýaş kesgitlemesi hiç tarapdan saglyga zyýan ýetirmän gaýtam peýdaly bolupdyr diýip düşündirýärler.[37]

Emma taryhçy A.Amanmyradowyň maglumatlarynda 1894-nji ýylda Zakaspi oblastynyň patyşa administrasiýa tarapyndan türkmenleriň adatyny kanunlaşdyrmak maksady bilen "Türkmenleriň däp-dessurlarynyň ýygyndysy" ("Свод обычаев туркмен") çap edilýär we şol ýyl ulanylyp başlanypdyr. Onda nika ýaşy erkek oglanlar üçin 12 ýaş, gyz oglan üçin 9 ýaş, kesgitlenilipdir, galyňyň möçberi daýhanlaryň gyzlary üçin 400 rubl, dul zenanlar üçin 300 rubl we ş. m. bellenipdir. Galyňyň möçberi resmi taýdan kanunlaşdyrylan hem bolsa, ol türkmen halkynyň sosial derejesine, maddy hal ýagdaýyna, aslyna we gahatçylyk ýyllara (ýokanç keselleriň ýüze çykmagy we ýaýramagy, gyşyň gazaply gelmegi we gurakçylygyň bolmagy netijesinde açlyk döwri, uruň we ň.m.) baglylykda üýtgäp durupdyr diýip belleýär.[38]

Patyşa hökümeti adata we ňerigata esaslanýan aksakgallar we kazylar kazyýetini "halk kazyýetine" öwrüp ony resmileşdiripdir. Türkmen maşgalasy mundan beýläkki ýüze

---

[37] ЦГАТ. Ф – И – 1. 02. Дело. 940. Лист 2-3.

[38] Amanmyradow A. Türkmen maşgalasy. // Garagum, 2009, № 6. Sah.-172.

çykýan (nika, emläk, miras, maşgala we saka başynyň) dawalary “halk kazyýetiniň” üsti bilen çözmeli bolupdyr.

Nikanyň beýle görnüşi halk tarapyndan gollanylynmandyr. Gaýtam ýazgarylypdyr. Deň bolmadyk nikada köp gyzlar bagtsyz bolupdyrlar. Emma türkmeniň durmuşynda kaýyllyk edebi bolupdyr. Şol kaýyllyk bolsa türkmen gelin-gyzlarnyň maşgala gatnaşyklarynda maşgalany dikeltmek, maşgala ojagny saklamak, ýan ýoldaşyna wepalylyk ýaly duýgularny oýarypdyr. Şeýle maşgala köplenç uly maşgalany emele getiripdir. Özide bu düzgün 40-60-njy ýyllara çenli dowam edipdir. Ahal welaýatynyň Tejen etrabynda meýdan ýazgylarynyň geçirilen döwründe etrabyň Amaşagapan daýhan birleşiginde altmyş ýaşly pedagog-mugallym Atahan Orazberdiýewiň bize gürrüň beren mysalyny getirsek has ýerlikli bolardy. 1920-nji ýyllaryň ahyrynda şol obanyň ýaşaýjylary bolan (häzirki döwürde olar merhum) 20 ýaşly Hojam bilen 13 ýaşly enejanyň maşgala gurandyklarny, başda kynçylyk çekse-de soňra çaga basmagy bilen maşgala durmuşynyň binýadynyň berkändigi barada gürrüň berdi. Olaryň 11 sany çagasy boup uly maşgalany emele getiripdirler. Olaryň agtyk çowluk we ýuwluklarynyň sany köpelip, häzirki döwürde 40 dan gowrak Hojamowlar bardyr. Emma döwletimiz garaşsyz döwlet bomak bilen, täze galkynyşlar zamanasynyň her bir raýatynyň, maşgalasynyň özbaşdak ýaşamak mümkinçiligniň ösendigi sebäpli olar onlarça aýry, kiçi maşgala bölünip ýaşaýarlar.[39]

Türkmenlerde geçmişde nika çäklendirmelerniň birnäçe görnüşleri bolupdyr. Bu boýunça ilaty esasan 2 topara bölünipdir.

1. Ig- arassa ganlylar. (igler saryýagyz adamlar)

[39] Meýdan ýazgylaryndan. Orazberdiýew Atahan. 1947-ýylda doglan, Tejen etrabynyň Amaşagapan daýhan birleşigi.

2. Gul- arassa ganly däl, gul gatyşykly ilat. Olar gul-gyrnaklaryň nesilleri hasaplanypdyr. (gullar garaýagyz adamlar)

Türkmenlerde ig – gul bölünişigi (arsarylardan başga) ahli tire-taýpalarda bolupdyr olar biri-birine gyz berip almandyrlar. Şeýle ýagdaý seýrek bolupdyr. Ig we gul garyşyk nikadadan doglan nesil hem "ýarym gul" hasap edilipdir. Türkmenleriň durmuşynda ig oglan gullardan bolan gyzlara öýlenýän wagtlary köp gabat gelipdir. Emma iglerden bolan gyzlar gul oglanlara durmuşa çykarylmandyr. Bu ýagdaý özleriniň arassa ganlylygny ýitirmän saklamak üçin edilipdir. Ýerli ilatyň ynanjyna görä Muhammet Pygamber "igleri"- "bugdaýa", "gullary " bolsa "arpa" deňäpdir we olaryň goşulmazlygyny sargapdyr. Hiç haçan bugdaý bilen arpa goşulmaz diýip aýdypdyr.[40] Ig we gul boýunça nika gatnaşyklarynyň çäklendirmeli türkmeniň nusgawy edebiýatynyň görnükli wekili, akyldar şahyrymyz Magtymgulynyň goşgularynda şeýle beýan edilýär: "dula gyrnak tüýs görüner". [41]

**Çäklendirilen nika** sosial ýagdaýlarda hem bolupdyr. Beýle diýildigi ilatyň we maşgalanyň ykdysady durmuş ýagdaýy nika gatnaşyklarynda öz beýanyny tapypdyr diýildigidir. Köplenç garyplara gyz berilmändir. Ol türkmen folklorynyň läleler görnüşinde şeýle suratlandyrylýar: **"**Garyba gyz bermezler, çykarylar baýa garşy.**"**, **"**Garyp puluň bolmasa, gyz gider baýa garşy.**",**[42] "Çopana gyz bermezler, aýagy çaryklydyr."[43] – diýen ýaly setirler bilen beýan edilýär. Maşgala gatnaşyklardaky sosial ýagdaýlar sebäpli durmuşda gaty köp oglanlar we gyzlar söýgüden ýanýarlar. Beýle nikanyň bagytsyzlyga alyp barýan wagylary hem köp bolupdyr.

---

[40] А.Джикиев. Семья и брак у туркмен юго-восточного побережья каспийского моря в XIX – XX в.в. // Известия АН ТССР № 2, sah. 65.
[41] Magtymguly. Saýlanan goşgylar. Aşgabat, 1976. Sah.-536.
[42] Türkmen halk şahyrana döredijiligi. Aşgabad, 1956. Sah-198.
[43] Şol ýerde. Sah-172.

Emma türkmen durmuşyndaky zenanlaryň kaýyllygy maşgalany bitewi saklamakda uly ähmiýeti bolupdyr. Maşgala gurluşynyň bu görnüşi Türkmenistanda Sowet hökümeti dikeldilenden soň kem-kemden seýrekleşipdir. Oňa kalhoz gurluşygyndaky deňhukuklylygyň täsir eden bolmagy hem mümkin. Jykyýewiň maglumatlaryna görä Tejen sebitlerinde ekerançylar (daýhanlar) bilen maldarlar (gumlylyar) biri-biri bilen nika gatnaşyklaryny etmändirler. Çarwalar we çomurlar şeýle ýagdaýda gatnaşyk edipdirler. Gumlylar seýrek ýagdaýda oazisiň ýaşaýjylaryna gyz beripdirler. Olar Tejen oazisinde esasy aristokratik (barly gatlaklar) toparyny düzüpdirler. Ol topar özleriniň gul ýa-da igligine garamazdan ekerançylar bilen garyndaşlyk gatnaşyklaryny ýerine ýetirmändirler. [44]

Emma etnografiki maglumatlaryň habar bermegine görä Türkmenistanyň Günbatarynda we Ahal welaýatynda ýaşaýan türkmenleriň çarwa we çomurlaryň arasynda beýle berk düzgün, ýagny berk nika çäklendirmeleri bolmandyr. Gaýtam Ahalda teke türkmenleriň arasynda çarwalar ekerançylara gyz bermäge ýykgyn edip, onuň tarapdary bolupdyrlar.[45] Emma etnograf alym A. Jykyýewiň hem aýdany hakykatda laýyk gelýär. Sebäbi hakykatda hem çarwalar ekerançylara gyz beripdirler, emma ekerançylar çarwalara gyz bermändirler ýa-da seýrek beripdirler. Munuň sebäbi ekerançylaryň maşgalasynda önüp-ösen gyz çarwalaryň durmuşyna kyn ýagdaýda öwrenşipdir ýa-da öwrenişip bilmändir diýip Ejegyz daýza gürriň berýär.[46]

Ahal sebitiniň Sarahs etrapabynda yaşaýan türkmenlerde hem jemgyýetde tutýan orny boýunça ilat dürlı derejelere bölünipdir. Birinji derejeli ilata gelip çykyşy boýunça gadymy

---

[44] Джикиев А. Очерк этнической истории и формирование населения Южного Туркменистана. Ашхабад: Ылым, 1977. sah - 158

[45] Новое и традиционное в быту Туркменского селского семьи.Ашхабат , 1989 sah. -69a

[46] Meýdan ýazgylaryndan. Rejepowa Ejegyz 1915-ýylda doglan, Tejen etrabynyň Agalaň daýhan birleşigi.

we arassa hasaplanýan ilat degişli bolupdyr. Olara “tüýs türkmenler” we “düýp türkmenler” diyipdirler. Olar özlerini beýleki türkmenlerden ýokary tutupdyrlar we olar bilen nika gatnaşyklaryny etmändirler. Pars, owgan halklaryndan bolan gyrnak gyzlara öýlenipdirler we olardan önen nesillere ‘ýarym’, ‘kemräk’ diyip düşünipdirler. Salyrlarda ilatyň ýene bir derejeli görnüşi beýleki türkmenlerde bolşy ýaly ‘gullar’ bolupdyr. Ilatyn bu topary az sanly bolupdyr. Gullaryň arasynda ýesir alnanlar we salyrlardan howandarlyk gözläp gelen adamlar bolupdyr. Olar 4-5 nesilden soň doly deňhukukly adamlar hasaplanypdyrlar we “azatkerde” adamlara öwrülipdirler. Şeýle ýagdaýda olar özlerine gul diyilse gaty görüpdirler.[47]

Türkmenleriň durmuşynda nika çäklendirilmeleriň öwlat (hoja, şyh, magtym we bagş.) bilen garaçylaryň (beýleki taýpalar) arasynda nika gatnaşyklarynda şerigat taýdan rugsat berilmeýär. Şeýle hem gelip çykyşy boýunça dürli taýpalardan bolanlar biri-birine gyz bermändirler. Mysal ýomutlar, tekeler, ärsarylar we ş.m.

XIX-XX asyrda başga halkdan bolanlara öýlenmek giň ýaýrap başlaýar. Azerbeýjan, tatlar, rus, ukrain halklaryntyň gyzlaryna öýlenipdirler. Bu ýagdaý esasan öýlenmän galan ýaşy ulurak oglanlarda we ikinji gezek öýlenmäge mejbur bolan adamlarda köp duşupdyr.

**Nikanyň görnişleri**.

Türkmenlerde gadymdan gelýän maşgala gatnaşyklarynyň däp-dessurunda nika gatnaşyklarynyň möhüm ähmiýeti bardyr. Olarda nika şerigatyň kanuny boýunça ýerine ýetirilipdir. Nikanyň birnäçe görnişi bolupdyr. Olar adaglanma, garşa nika, bagjyk nika, telpek nikasy, dakynma, sorat we beýlekilerden ybaratdyr. “***Adaglanm***a” - kiçijik çagaklar nikalaşdyrmagyň görnişde

---

[47] Джикиев А. Этнографический очерк населения Юго-Восточного Туркменистана. (конец XIX –начало XX в.) Ашхабад-1972, Sah-93.

aýdylýar. Nikanyň bu görnişi barada A. Orazow giňişleýin maglumat berýär. Ol bu nikanyň täjiklerde, garagalpaklarda we beýleki halklarda bolşy ýaly, türkmenlerde hem käte çaga enäniň göwresindekä (birimiziň oglumyz, birimiziň gyzymyz bolsa) diýip ýa-da salançakdaka şertleşendiklerini aýdar.[48] Şonda çagalaryň gelejekdäki nikasy barada ata-ýeneler belli bir karara gelýärler. Özi hem çagalary ulalansoň hökman durmuş gurarlar diýip öz aralarynda äht edipdir. Türkmenlerde sanaşyk ýer-suw paýyny almak üçin çagalaryny kiçiliginden nikalap biri-birine adaglapdyrlar (5-7 ýaşynda), soňra olary kämillik ýaşyna ýetende toý tutup birleşipdirler. Bu ýagdaý diňe ilatyň barly gatlaklarynda giň ýaýran bolupdyr. Ol dessuryň has köp duş gelýän sebiti Murgap, Tejen, Köpetdag eteginiň tekelerinde we Sarahs etrabynyň salyrlarynda hem-de Pendi oazisiniň saryklarynda bolupdyr.[49] Emma nikanyň bu dörnişi ýer-suw bilen baglanşykly bolansoň ýerlerde dürli-dürli bolupdyr. Nika ýaşyna ýetmezden baglanşylýan adaglama dessuruna oglan we gyz tarapyndan şyýat hökümine iň ýakyn adamlar gatnaşypdyrlar.

Onda kiçiräjik toý dabarasy hem gurapdyrlar. Şu dabara arkaly geljekdäki nikany pugtalandyrylypdyr. Haçan-da adaglananlar kämillik ýaşyna ýetensoňlar olary gutarnykly nikalaşdyrypdyrlar. Ýöne şonda ähli kadalar saklanypdyr, ýagny nikalaşjaklaryň razyçylygy soralypdyr. Nika gyýmaga adatça molla bilen iki sany wekil – pyýada kazy gatnaşypdyrlar.

**Bagjyk nika** – kiçijik çagalary nikalaşdyrmagyň bir görnişi. Munda haçanda çagalar kämillik ýaşyna ýetensoň toý tutar ekenler, ýöne şunda nikalaşýanlaryň razyçlygy

---

48 А.Оразов Етнографический очерк хозяйства туркмен ахала в XIX-XX в .А.1985 sah.- 37

49 Винников Я.Р. Хозяйство, култура и быт селского Туркменской ССР. М. 1969. sah.-135.

soralmaz eken. Beýle ýagdaýa olaryň durmuş ykbaly neresse çagakalar çözilipdir. Ata-eneleriň ylylaşygyny bozmaga olaryň haky bolmandyr. Gyza-adagly gyz, oglana – adagly oglan diýer ekenler. Bu nikany diňe ata-ene bozup bilipdir, taraplar bir zadyň üstinde oňuşmasalar, ýa çagalaryň biri maýyp bolsa, ýa-da olaryň biri ýogalan mahalynda nikadan ýüz öwirýärler. Şonda-da oglanyň ata-enesi galyň tölemeli bolupdyr. Adaglanmanyň ulalansoňlar biri-birini halap hakyky söýişýän wagtlaram bolupdyr. Eger-de adaglananlar haýsydyr bir sebäbe görä biri-birini halamasalar, olar nikalaşmakdan çürt-kesik boýun gaçyrýarlar şonda ne ejesi, ne başga biri köne zamandaky ýaly, gyzy mejbur edip bilmeýärler.[50]

**Garşa guda** - gyz berilen ýerinde oňa derek gelinlik üçingyz alan ýagdaýa garşa diýilýär. Şonda galyň tölenilmeýär, iki tarapam toý harajyny jemlemeli bolupdyr. Garşa nikasy mahalynda iki darapam däde öwrilen ähli düzgünleri berjaý edipdirler. Gelin kim öň edinse, gyzyny gudasyna galyň ýerine mejbury ýagdaýda beräýmeli bolupdyr. Zerur bolsa gyz garaşmalydyr, ata-enäniň orny başga birine durmuşa çykarmaga haky bolmandyr. Nikanyň bu görnişi bar bolan maglumatlardan görşi ýaly adatça, ilatyň pukura gatnagynyň arasynda giň ýaýradypdyr. Bu nikanyň ýaýran ýerleri barada şeýle diýip bellenilýär "nikanyň şuňa meňzeş görnişi Orta Aziýanyň we Gündogaryň köp beýleki halklarynda-da bar. Mysal üçin owganlaryň bu däp "muhaý"diýip atlandyrylýar, ol köplenç Owganlaryňilatynyň garyp gatlagynyň arasynda duş gelýär" diýip bellenilýär.[51]

---

[50] Meýdan ýazgylaryndan. Durdymuhammedowa Bibigözel 1935-ýylda doglan, Tejen şäheri.

[51] Иомудская-Бурунова Д.Г. Женшина в старой Туркмении. Москва-Ташкент, 1931. С. 20-25.

**Telpek nikasy** - iňňän seýrek halatlarynda ulanylypdyr. Bu nikanyň haçan-da ýigit özine bagly bolmadyk sebäple görä öýinden uzakda bolmaga mejbur bolsa, diňe şonda ulanylypdyr. Ata-ene wagtlaýyn giden ogullaryna mynasyp gelinlik tapsalar gudasam gelinligi tizräk ýygnamaga rusgat berse, ýigide derek onuň telpegini ýa-da taýhasyny goýup nika gyýypdyrlar.

"Telpek nika" gyýylanda şaýat hökminde dogan-garyndaşlaryndan 2-3 adam, ýigidiň ata-enesi gatnaşýar. Olar adatça ol gün tanyşlarynda myhmançylykda bolup, ertesi ýa-da başga bir sähetli gün gyzyňka baryp, onuň hossarlary bilen galyň kesişýärler, iki-üç gündenem gelnajy gelýär. Gyz almaga gelinler bilen gyz çykarýan ýerdäki höwesekleriň arasynda galaş guralýar, bu barada gyz-gelinlere tomaşa berýär. Ýigidiň öňinde pişme seçme, baş salma ýaly şagalaňly dabaralar bolýar. Şondan soň gyz şu öýüň gelni hasaplanýar. 3-4 günden ony atasy öýüne gaýtarýarlar. Gaýtaryljak gelniň boýnuna 20-30 sany kümüş gyran dakylýar, gyranlar onuň gelinliginiň nyşany hasaplanýar.[52]

Ýigit dolanyp gelenden soň, gyzy gelinalyjylap alyp gaýdypdyrlar. Ýöne bu gezek nika gyýylmandyr, onuň gelinliginiň nyşany hasaplanýar.

Nikanyň bu görnüşi adatdan daşary seýrek ulnylypdyr.eger dolanyp gelen ýigit gekinligine öýlenmekden çürt-kesik ýüz öwürse, onda olar kada boýunça nikany bozupdyrlar, hossarlary bolsa gyzy atasynyň öýüne gowşurypdyrlar. Şonda gyz tarapy öňünden alan galyňyny gaýtaryp beripdir. Ýöne beýle ýagdaýyň bolmandygynabar bolan maglumatlar güwä geçýär.

**"Sorarat"** – desura görä dul galan erkek adama näçe ýaşandygyna garamazdan, aýalynyň kiçi uýasyna öýlenipdir.

---

[52] Meýdan ýazgylaryndan. Rejepowa Ejegyz 1915-ýylda doglan, Tejen etrabynyň Agalaň daýhan birleşigi.

Egerde bu gyz ozal biri bilen adaglanan ýa-da garşa guda edilen bolmasa, onda ol merhun uýasynyň dul galan ärine durmuşa çykmaly bolupdyr. Bu dessur esasan merhumyň yzynda ýaşajyk çagalar dökülip galan bolsa berjaý edilipdir. Şeýle halatlarda merhum zenanyň uýasy doganynyň hatyrasyna we dökülip galan çagalaryň hatyrasyna razy bolmaly bolar eken ýa-da hossary şeýtmäge ýagny, dula barmaga mejbur eder eken. Mundan başgada bu dessur ozalky gudalaryň garyndaşlyk gatnaşygynyň ýetmezçiligi üçin berjaý ediler ekeni. Etnograf alym A Jykyýewiň berýän maglumatlarynda "sorarat" adaty boýunça bir erkek adama bir wagtda iki aýal doganyň aýal bolmagyna aýdylypdyr. Erkek adam öz aýalynyň kiçi uýasyna ýaşaşyp ýöýren ikinji aýal edip almaga hukugy bolan düzgünidir bolan düzgünidir.[53]

**Dakylma** – kadasy boýunça dul galan zenan maşgala äriniň jigisine ýa-da ýüwrjisine durmuşa çykmaly bolupdyr. Bu dessury äsgermezlik edeni ýazgarar ekenler. Emma dakylmany ilat köpçiligi oňlamandyr. Dakylma dessuryny Magtymguly Pyragynyň öz ýeňňesine dakulmagynyň mysalynda biz bilýäris.

Her hili nikada bolşy ýaly, dakylma-da gezek-nobat kadasy pugta berjaý edilipdir. Meselem, aýalyň bir hojalykda birnäçe erkek dogan bolup, şol doganlaryň ulysy dünýäden ötse, onda dul galan aýalyny inisine dakýarlar, eger marhumuň özünden kiçisi öýli-işkli bolsa, onda dul maşgalany ondan kiçi inisiniň başy boş bolsa, şoňa dakypdyrlar. Mydama şu tertipde dakylyp gelinipdir. Merhumyň erkek doganlary ýok bolsa, juda seýrek bolsa-da dul aýallary onuň ýakyn garyndaşyna bern wagytlary hem bolan eken. Şonda galyň alynmandyr. Sebäbi gyz ozal bir gezek satyn alynypdyr. Eger dul galan ýaş maşgala kysmata kaýyl bolman, öz sözüni gögertjek bolsa gaýyn öýi onuň çagalarny alyp galypdyr, atasy özi bolsa ony başga birine berip galyň alypdyr. Dakylma dessury häzirki wagtda doly ýitip

[53] А.Джикиев. Семья и брак у туркмен юго-восточного побережья каспийского моря в XIX – XX в.в. // Известия АН ТССР № 2, sah. 65.

giden dessurdyr. Türkmenlerde dakylma däbini D.G. Ýomudskiýa – Burunowa öz işinde jikme-jik beýan edipdir.[54]

Türkmenlerde dakylmak nikasy başgaçarak hem bolup, bilipdir ýagny ýaş aýal ölse onda onuň gyz uýasyna aýal doganynyň ýerine beripdir. Ol iki tarapyň razylygy boýunça ýerine ýetirilipdir. Türkmenlerde dakylma nikasy köplenç mejbury we zorluk ýagdaýda bolupdyr.

Emma ilat köpçiligi tarapyndan garşa nika, adaglama, köp aýallylyk nikalary goldanylmandyr. Hemişe olara garşy göreş alynyp barylypdyr. Nikanyň bu zorluk görnüşleri Sowet hökümetiniň bitewi kanunynyň ýüze çykmagy bilen gadagan edilipdir. Şeýlelikde nikanyň maşgala gatnaşyklaryna zyýan berýän, yzagalaklyk, jemgyýete bäbitsiz görnüşleri halkyň arsynda doly ýitip ýok bolup gidipdir.

Nikanyn görnüşleri barada aýdylanda salyrlarda “sünk alyşdyrma” nikasy bolupdyr. Bu dessurda salyrlar öz gyzlaryny gelip çykyşy boýunça özleri bilen deň bolan maşgalalardan çykan oglanlara beripdirler. Bu nika seýrek yagdayda duşmançylykly taraplary ýaraşdyrmak üçin ulanylypdyr. Şeýle hem salyrlarda “üç alyşma” nika dessury hem bolupdyr. Ol ýokardaky nika dessuryna meňzeş bolup, ol nika üç maşgalany birleşdiripdir.[55]

Türkmenlerde maşgala gurmaklygyň dürli ýollary bolupdyr. Şeýle ýollary saýlap almagy dowam edip gelýän durmuş we däp-dessur mejbur edilipdir. Olaryň biri hem **gyz alyp gaçmaklyk** düzgünleri bolupdyr. Bu ýagdaý ýaş juwanlaryň arasynda söýgi bolup, ony hem öz ene-atalarna duýduryp bimeýän bolsalar ýa-da ýigidiň ene-atasy birnäçe gezek, birnäçe sebäplere görä (maşgalalaryň arasynda ig-gul

---

[54] Иомудская-Бурунова Д.Г. Женшина в старой Туркмении. Москва-Ташкент, 1931. С. 20-25.

[55] Джикиев А. Этнографический очерк населения Юго-Восточного Туркменистана. (конец XIX –начало XX в.) Ашхабад-1972, Sah-92.

we tire-taýpa tapawutlary bar bolsa, sosial taýdan maşgala ýagdýlary biri-birine gabat gelmeýän bolsa) gyz ýere guda gatnap, sözleri alynmadyk ýagdaýynda alaçsyz durmuşa töwekgellik edip, ýaşlar ene-atadan gizlinlikde haýsydyr bir uzakda ýaşaýan garyndaşlaryna gaçyp barýarlar. Gaçyp baran ýerlerinde oglanyň we gyzyň kämillik ýaşyna ýetendigini, ikisiniň hem razylygyny anyklap, ýagdaýa düşünenelerinden soň dessine nika gyýdyrmak bilen bolýarlar. Eger-de gyzyň ene-atasy uzak wagtlap gyzlarynyň gaçyp gidenini aňmasa ýa-da tapmasalar, ýaşlar hem nika gyýdyryp ýetişseler, onda, olaryň bagty geyirýär. Sebäbi nika gyýylandan soň şerigatyň kanuny esasynda olar är-aýal bolýarlar. Emma bu ýagdaýyň pajygaly gutarýan wagtlary hem bolupdyr. Gyzyň maşgalasy tutanýerli, köneçil garaýyşly, zalym adamlar bolsa, onda, gaçyp giden ýaşlary tapyp oglany urup ýa-da öldirip gyzlaryny (nika gyýylanyna we gyýylmadygyna garamazdan) yzyna alyp gaýdypdyrlar. Eger-de il-gün we tire-taýpa gatnaşyklary päsgel bermeýän bolsa, galyň töläp gyzlaryny bermek şertini goýupdyrlar. Emma ýaňky päsgelçilikler bar bolsa, hatda hiç hili päsgelçilikler ýok hem bolsa gyzlarynyň gaçyp gidenine namys edip gyzlaryny telpegi agana (öň öýlenen, aýaly ölen) ýa-da ýaşuly adama berip goýberipdirler.

Gyz gaçmak ýa-da gyz alyp gaçmak düzgüni esasan Sarahs türkmenlerinde has giň ýaýran dessurlaryň biridir. Şeýlelikde bu ýagdaýlar türkmenleriň durmuşynda seýrek hem bolsa, duş gelýän hadysalar bolupdyr. Emma durmuş gurmak maksady bilen gaçyp giden ýaşlaryň hemmesi yzyna gaýtarylyp getirilmändir. Ol ene-atalar ýa-ha takdyra kaýyl bolupdyrlar, ýa-da gyzyň gaçyp baran ýerindäki oglanyň hossarlarynyň ýaşlara arka durmagy we olary goramagy netijesinde öz gyzlaryndan geçmeli bolupdyrlar. Şeýle ýagdaýda gyzyň ene-atasy gyzlarynyň gaçanyna namys edip, öz gyzlaryndan uzak wagtlap geçipdirler. Olaryň arasynda hiç gatnaşyklar alynyp barylmandyr. Garyndaşlyk gatnaşyklarynyň alynyp

barylmazlygy berk yzarlanypdyr. Şeýle bolan halatynda gaçyp giden gyzyň çagalary bilen hem gatnaşyk edilmändir, olar üçin daýy tarapy ýapyk bolupdyr.Uzak wagtdan soň aýallaryň arasynda gatnaşyk ýola goýulsa hem, erkek adamlar gatnaşyk etmändirler.

Türkmenleriň köp däp –dessury bilen bir hatarda gyz gaçmak ýa-da gyz alyp gaçmak düzgüni hem giň ýaýrapdyr. Bu düzgün esaan salyrlarda has giň ýaýran adatdyr. Ol dessur ýokarda belleşimiz ýaly beýleki türkmen taýpalarynda hem iň bir ýazgarylýan dessur bolupdyr. Ol jemgyýetçilik maslahatyna teýrek salynypdyr. Özi hem köplenç maşgala bilen maşgalanyň, tire bilen tiräniň arasynda gan döküşikli çaknyşyga getiripdir.

Salyrlarda bolsa bu dessur gaty ir döwürlerden bäri dowam edip gelýän adat bolup, beýleki taýpalara garanda ýumşagrak bolupdyr. Egerde ýaşlar gelip çykyşy boýunça biri-birine gabat gelýän bolsa, onda, gyz alyp gaçmakn hiç hili kynçylyk döretmändir we ene-atalar umymy bilen razylaşyp, tizara ýaraşypdyrlar. Dogrusy oglanyň ene-atasy az hem bolsa galyň tölemeli bolupdyr. (5-10 tümen möçberinde) eger-de alnyp gaçylan gyz gelip çykyşy boýunça oglanyň tiresinde pes bolsa onda tölenýän galyňyň nukdary köpelýär. Şonda-da gan dökinşikleri ýagdaýlar salyrlara bolmandyr.

Edil şunuň ýaly gyz alyp gaçmak dessury saryklarda hem giň ýaýrapdyr. Olarda hem salyrlardaky ýaly ýumşak bolupdyr. Şeýle ýagdaýlara gelniň ata-enesi: “bu işi eden bolsa, goý, başyny çarasa, güm bolsun” diýipdirler. Birnäçe wagtdan olaryň arasyndaky gatnaşyk kadalaşýar.

XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başlaryň başlarynda türkmenlerde toý we gelinalyjy dabarasynda öýlenýän oglan hiç ýerde görinmändir. Hatda ol birnäçe günläp görinmändir. Ýöne bu ýagdaýlar kem-kemden ösip, ilki oglanyň toýdan soň gaçmak düzgüni aradan aýrylýar, soň

öz toýunda öziniň bolmazlyk düzgüni aýrylýar soň oglanyň gelinalyjy gitmezlik düzgüni aradan aýrylýar.

Türkmenlerde **gaýtarma** dessury bolupdyr. Gelin ediniip, bir aýdan, kä ýerlerde kyrk günden soň gelini atasy öýüne gaýtarýarlar. Geliniň atasy öýünde geçiren döwrüne bolsa gaýtarma dessury diýilipdir. Onuň möhleti ýerlerde dürli-dürli bolupdyr. Gaýtarmanyň manysy galyň bilen berk baglanyşykly bolupdyr. Şonuň üçin onuň möhleti hem galyňa bagly bolupdyr. Eger-de gyzyň galyňy doly tölenip gutarylan bolsa, onda bir aýdan gaýtarylypdyr. Eger-de galyňy doly tölenmedik bolsa onda gaýtarmany tä galyňy tölenip gutarýança - bir ýyl, iki ýyl, bäş ýyl hatda ondan hem köp saklapdyrlar. Gaýtarmany köp saklamaklyk esasan hem ýigidiň ene-atasy garamaýak bolup, ýetde-gütde günde ýaşaýan bolsa, şolarda bolupdyr. Umuman gaýtarma dessury ilatyň sosial ýagdaýy bilen baglanyşykly bolupdyr. Türkmenlerde gaýtarma bilen baglanyşykly her hili wakalar bolýar eken. Haçanda gaýtarma uzaga çekende ýigit öz gelniniň ýanyna giýewlemäge gelýär eken. Oňa türkmenlerde **giýewleme** dessury diýipdirler. Tejen şäherinde ýaşaýan Bibigözel daýzanyň gürrüň bermegine görä, kä halatlarda gelin öz adamsyny tanaman başga adama hem duşuşyga çykýan wagtlary bolýar eken. Munuň hem sebäbi toý tutýan ýaşlaryň toýdan öň, hatda toýdan soň hem oglanyň ýüzüne seretmekden ejap edip seretmänligi ýa-da adamsynyň birnäçe wagt öýinden gaçyp gezýänligidir. Gelniň adamsy diňe gije öýine gelip, daňdan gidipdir. Ýagny, ol uzynly gün meýdan işlerinde bolupdyr. Bu ýagdaý köplenç gelni gaýtarma bolup gidýänçä dowam edipdir.[56]

Gaýtarmanyň Türkmenistanyň hemme ýerinde deň bolmandyr diýip belleýşimiz ýaly salyrlarda gaýtarma dessury bolmandyr diýen ýaly. Sebäbi salyrlarda galyň az tölenip, ol hem toýa çenli doly üzülipdir. Bularda galyň meselesi-galyňyň

---

[56] Meýdan ýazgylaryndan. Durdymuhammedowa Bibigözel 1936-ýylda doglan, Tejen şäheri.

mukdaryny kesgitlemek we ony kabul etmekde aýallaryň ahmiýeti uly bolupdyr.

Türkmenlerde gelin toýdan soň ýüzi ýapyk gezipdir. Ol öýdäki uly ýaşly adamlara görünmejek bolupdyr. Hemişe kürtesini başyndan aýyrmandyr. Bu ýagdaý Ahalda has ýörgünli bolupdyr. Emma Türkmenistanyň demirgazyk sebitlerinde täze gelen gelin dek ertesi maşgalanyň ýasuly adamlaryna goşgy bilen baş egip salam beripdir. Ýöne olar hem kürtesini aýyrmandyrlar we ýüzüni ýapyp gezipdirler. Emme bir zady bellemeli, beýleki musulman halklarynda bolşy ýaly Türkmenler ýüzlerini doly ýapyp gezmändirler. Olar diňe kellesine kürte ýa-da gyňaç atmak bilen kanagatlanypdyrlar. Orta Aziýa halklarynda özbeklerde, täjiklerde we beýleki halklarda diňe gelinleri däl, eýsem aýallaryň hemmesi ýüzleri ýapynjaly gezipdirler. Täza gelniň salam bermek dessury Ahalda bolmandyr. Umuman gelniň ýapynyp we beýleki adamlardan çekinip, gaçarak gezmek wagty gaýdyp gidýänçä dowam edipdir. Käbir uly maşgalalarda gelin gaýdyp gelensoňam şol düzgüni dowam edipdir.

Türkmenleriň durmuşynda **ýaşmak** uzak wagt dowam eden dessurlaryň biridir. Gelinler gelin bolup gelen ilkinji günlerinden başlap özünden uly ýaşly gaýyn tarapynyň ahlisinden ýaşynyp, ýagny agzyny ýapyp gezmeli bolupdyr. Ýaşmak dessury türkmenleriň durmuşynda gaty gadymy döwürden bari öz gözbaşyny alyp gaýdandyr.aşmak ýaşynmak adaty Ýakyn we Alynky Gündogar halklarynyň musulman we musulman däl ahly halklarynda bolupdyr. Ol öz köklerini zoorastirizm (otparazçylyk) düplerinden alyp gaýdypdyr diýip düşündirýärler.Onuň täsiri Günorta Türkmenistanyň gadymy halklarynyň arasynda hem ornaşypdyr.[57] Emma Ahal welaýatynyň beýleki taýpalaryndan tapawutlylykda salyrlarda

---

[57] Джикиев А. Этнографический очерк населения Юго-Восточного Туркменистана. (конец XIX –начало XX в.) Ашхабад-1972, Sah-88.

ýaşmak dessury bolmandyr. Onuň sebäbini etnograf alym A.Jykyýew salyrlarda has arassa türki däp-dessurlarynyň saklanyp galmagynda diýip düşündirýär.[58]

Türkmenlerde bar bolan maşgala dessurlarynyň ýene biri galyň bilen baglanyşykly dessurdyr. Umuman maşgala we nika gatnaşyklaryndaky alynyp barylýan däp-dessurlaryň ahlisi galyň bilen baglanyşyklydyr. Biziň indiki gürrüň berjek dessurlarymyzyň biri hem ýigidiň gyz aljak maşgalasynda **galyňa derek belli bir wagt möçberinde işläp bermeklik düzgüni** bolupdyr. Munda gyz aljak ýigit aljak gyzy üçin galyň töläp bilmese, birnäçe ýyl (3,5,7 ýyl) gyzyň ene-atasyna mugt (batrak hökmünde) işläp bermeli bolupdyr. Onuň iş möhleti dolandan soň hojaýynlary öz sözlerinde tapylyp öz gyzlaryny bermeli bolupdyrlar. Emma birnäçe sebäplere görä (egerde ene-ata sözünde tapylmasa, algy-bergi hem-de başga meseleler esasynda dawa-jenjel ara düşse we ş. m.) gyz berilmese, onda oglan gyzy alyp gaçypdyr. Onda ol gaçyp giden gyz yzarlanylmandyr. Ene-ete ykbal bilen razylaşypdyr.

Umuman türkmenleriň maşgala gatnaşyklarynda hem beýleki halklaryň maşgala gatnaşyklarynda bolşy ýalygalyňyň ähmiýeti uly bolupdyr. Her bir nika gatnaşyklary galyňsyz ýerine ýetirilmändir. Emma bu ýagdaý diňe bir Türkmenistanyň Ahal welaýatynda däl, eýsem, Türkmenistanyň ähli ýerlerinde, eýsem, ähli halklarda hem bolupdyr. Ol Orta Aziýada özbeklerde, gyrgyzlarda, täjiklerde we beýleki halklarda hem bolupdyr. Emma onuň her halkda özboluşly aýratynlygy bolupdyr. Şonuň üçin hem maşgala we nika däp-dessurlarynda her bir sebitiň özüne mahsus lokal (özboluşly) aýratynlygy bolupdyr.

Türkmenistanda Sowet hökümetiniň dikeldilmegi bilen 1921-nji ýylyň 14-nji iýunynda Türküstan ASSR-niň (Awtonom soýuz zozialistik Respublikasynyň) MIK-niň (merkezi ispolnitel komitetiniň) “galyňy gadagan etmek

[58] Şol ýerde. Sah.-88.

barada" dekret kabul edildi. Bu dekretde galyň tölemek we almak gadagan edilýär. Onda galyň tölän hem alan adam jenaýat jogapkärçiligine çekilýär diýilip görkezilýär. Soňra 1922-nji ýylda Russiýa federasiýasynyň jenaýat kodeksiniň 230-njy maddasynda galyň üçin jogapkärçiligi kesgitläp, kanun girizilýär. Şol ýylyň tomsunda, 21-nji iýulynda ol kanun Türküstan ASSR-da hem, şol sanda Zakaspi oblastynda hem bu kanun durmuşa geçirilip başlanýar. [59]

Türkmenlerde **talak we aýrylyşmak däbi**.

Türkmenlerde nikany bozmak üçin şerigatyň kanunlaryny şerine ýetirmeli bolupdyr. Şol kanun adalatly bolsada, adalatsyz bolsada oňa boýun bolmaly bolupdyr. Talak – maşgalanyň bitewiliginiň erkek ýa-da aýal, ýa-da ikisi tarapyndan hem ýatyrylmagydyr, nikanyň bozulmagydyr, azat bolunmagydyr. Türkmenlerde bitewi maşgalany bozmaklyk şerigatyň kanuny boýunça diňe talak sözüniň üsti bilen ýerine ýetirilipdir. Talak diňe erkek tarapyndan berilipdir. Aýal tarapyndan bolsa, kazyýetiň gatnaşmagy bilen aýrylyşyp bilinipdir. Dine laýyklykda talak üç şertde bozulsa dürs bolýar. Birinji talak zerurlyk sebäpli bolmaly; ikinji aýal haýyzdan we nikasdan arassalanyndan soň jynsy gatnaşyga girmezden talak bermelidir; üçinjisi üç talagy birden bermeli däl eken. Gahary gelende berlen talak hem dürs bolmandyr. Talak meselesi gaty çynlakaý mesele bolup, ol meselede degişmek bolmaýar eken. Muhammet pygamber: "üç zadyň çynyda çyn, degişmeside çyndyr. Ol nika, talak we talakdan dänmekdir" diýipdir.[60]

Nohur türkmenlerden Gylyçmergen atly bir baý adam gahar edip aýalyna üç gezek "sen menden talak" diýip aýdypdyr. Üstünden birnäçe wagt geçensoň ol aýdan sözüni ýadyndan çykaryp aýalyndan çaý getirmegini sorapdyr. Onda

---

[59] Диванова Т. Преступления в области брачно-семейных отношений. Ашхабад, 1978. Sah. – 23.

[60] Türkmeniň gadymdan gelýän milli dini adatlary. Aşgabat, 2006 ý. Sah.-126.

aýaly onuň talak baradaky aýdan sözüni ýatladyp, adat boýunça aýrylyşan adamsyna çaý bermäge borçly däldigini aýdypdyr. Onda gen obalarynyň mollasyna bolan işi gürrüň beripdir. Molla bolsa oňa dört aý on gunlap aýaly bilen ýaşamaly däldigini we şol döwürde aýaly başga birine baryp, ol ärinden talagyny almalydygyny, ondan soň öňki adamsyna halal bolýandygyny aýdypdyr. Mollanyň aýdyşy ýaly Gylyçmergeniň aýaly başga bir garry adama durmuşa çykypdyr. Ertesi Gylyçmergen aýalynyň adamsynyň ýanyna gelip talak bermegini talap edipdir. Emma ol talak bermejek bolupdyr. Şeýlelikde ol gorkuzyp, zorluk bilen ondan talak alyp öz aýalyna eýe çykypdyr.[61]

Talagyň hem birnäçe görnüşleri bolupdyr. Birinjisi *sünni talak* – ol aýalyň aýbaşdan soň üç aýyň dowamynda edilen talakdyr (onda her aýda bir gezek talak bermeli eken) Onuň iň soňkysy är-aýaly doly aýrylyşdyrypdyr. Bu gornäşli talak oýlanmaga pursat doredýär. Mukaddes Gurhanda: “talak iki gezekdir, mundan soň ediljek iş ýa-ha agzybir ýaşaşmak ýa-da doly aýrylyşmakdyr” ikinjisi *bidi talak* – üç talagy bir gezekde bermek hem dürsdir. Emma talagyň bu görnüşi aýlanmaga pursat bermeýär. Şonuň üçin bu ýagdaýda ýalňyşyp, ejir çekenler köp bolupdyr. Üçinjisi r*iji talak* -yza dönmek diýmekdir. Bu ýagdaýda äri talak eden aýalynyň möhleti gutarmanka täzeden nika gyýylmazdan, puşman edip, bile ýaşaşmak hukugyny perýän talakdyr. Dördünjisi *bain talak*-yza dolanyp, bile ýaşaşmak üçin täzeden nika gyýmak şertini hökmany edýän talak. Bu talakda aýal iddet möhleti gutarýança äriniň öýünde ýaşap bilipdir. Şol möhletde aýalyň gün-güzerany äriniň boýnuna bolupdyr. Üç gezek talak edilen aýal diňe başga birine durmuşa çykyp aýrylyşanyndan soň, öňki ärine halal bolup bilipdir. Muňa *hülle däbi* diýilipdir. Şeýlelikde durmuşda maşgala bolmak üçin gaty jogapkärlikli,

---

[61] Аннаклычев Ш. Быт и культура рабочих Туркменистана. Ашхабад, 1969. Sah. 318

seresap bolup gezmegi talap edýän şerigatyň kanunlary bolupdyr. Bu kanunlar maşgalany gorapdyr. Häzirki döwürde kada – kanuna görä nikalar öýünde nikalaşyp, kazyýetiň üsti bilen aýrylyşyp bolýar. Aýrylyşmagyň möhleti kazyýet tarapyndan 3 aýdan 6 aýa çenli bolýar. Egerde ýaş çagasy bar bolsa ol çaga bir ýaşan soň aýrylyşyp bilýärler.

Türkmenlerde kazyýetiň üsti bilen aýrylyşmaga *tefrik* diýilipdir. Ol talakdan tapawutlydyr. Ýagny talak erkek adamyň elinde bolar. Kazyýetiň üsti bilen aýaly äriniň razylygy bolmasa hem aýrylyşyp bilýän eken. Kazyýetiň üsti bilen aýrylyşmak *talak* hem *fesih* bolýar. Talak – eklençsizlik, hassalyk, oňşuksyzlyk, zyndana düşmek, dereksiz ýitmek, terk etmeklik ýaly sebäpler bilen aýrylyşmaga aýdylýar. Fesih – dinden dönmek ýaly sebäp bilen aýrylyşmakdyr.

Türkmenlerde dini adatda bar bolsada, türkmenleriň durmuňynda aýaly tarapyndan aýrylyşmaklygy talap etmek gaty aýyp görülipdir. Hatda ol aýaly “biabraý boldy” diýip ýazgarypdyrlar. Aýallar şeýle masgaraçylygy etmejek bolup, adamsy tarapyndan her hili kemsitmele hem çydamaly, kaýyl bolmaly bolupdyrlar.

Türkmen aýallarynyň ýagdaýy maşgalada hiç bir zada erksiz, kemsitmelere uýgumlaşan bolupdyr. Geçmişde durmuşda aýallaryň ýagdaýynyň agyr bolandygy barada Türkmenistanyň döwlet arhiýinde saklanylýan köpsanly maglumatlar şaýatlyk edýär. XX asyryň başlaryndaky Zakaspi oblastynyň sudunyň materiallary bilen tanyşanyňda käbir maşgalada ejir çekýän aýallaryň “adalat” gözläp suda ýüz tutandygy baradaky maglumatlara kän gabat gelinýär. Emma olaryň howandarlyk gözläp ýüz tutan ýerlerinde hem mesele ýenede erkegiň, has dogrysy adamsynyň peýdasyna çözüp goýberýärler. Şeýle maglumatlaryň birinde Ýaňygala obasynyň ýaşaýjysy Nobat Magtymyň öz aýaly Baýramgüli horlanlygy baradaky maglumatdyr. Baýramgül dokuz günläp äriniň urup, horlap aç saklap, ezýet berenligi üçin ondan aýrylyşmak

isleýändigi sebäpli suda üýz tutýar. Emma onuň haýyşy kanagatlandyrylmaýar we ol öz ärine gaýdyp barmaly bolýar.[62] Başga bir maglumatda bolsa Erik gala obasynyň ýaşaýjysy Orazsoltan Hazarowa adamsy bilen ýedi ýyl ýaşandygyny, indi bolsa başga aýal alyp, özüni eklemän kowandygyny aýdyp, aýrylyşdyrmak suda üçin ýüz tutýar. Sud onuň arzasynyň esassyzdygyny aýdyp öz ärine gaýdyp barmaly edýär. Adamsyna bolsa ikisini hem deň ekläp-saklamak karar edilýär.[63]

Türkmenlerde "Är öldi, aýal talak" diýen söz bar. Şol atalar sözüne görä hakykatdan hem adamsy aradan çykandan soň aýaly ärinden doly boşaýar, ýagny öz-özünden talak bolýar. Äri ölen aýalyň iddet möhleti (aýrylyşmak möhleti) dört aý 10 gündir. Eger aýal göwreli bolsa onuň möhleti çaga dünýä inýänçä dowam edýär. Nikadan soň gatnaşyk bolmazdan talak edilse, şol aýalyň iddet möhleti ýokdur.[64] Emma ýokarda belläp geçişimiz ýaly aýal äri ölenden soň hem ýar ojagyny saklap oturypdyr. Hatda aýalyň özi isleýän hem bolsa türkmençilikde halanmaýany üçin ýa-da gaýynlaryndan çekinýänligi, atasy öýüniň oňlamaýanlygy üçin takdyra kaýyl bolup oturmaly bolupdyr.

Şeýlelikde türkmenlerde nikalaşmak, maşgala gurmak maşgany bozmak şerigatyň kanuny boýunça birnäçe kada-kanunlary talap edipdir. Bu meselede hiç hili eden-etdilik bolmandyr. Hiç bir maşgala şerigatyň kanunyndan çykyp bilmändir. Bu ýagdaý Türkmenistanda Sowet häkimiýeti ýeňip, üstin çykýança dowam edipdir. Sowet hökümeti döwründe maşgala gatnaşyklaryndaky ähli meseleler kanunlaşdyrylypdyr.

Türkmenlerde gyz ýeriniň toýna **„Gyz ýygyn“** diýip at beripdirler. "Gyz ýygynynyň" öňkisi güni gyzyň sagaman

---

[62] ЦГАТ. Ф. 1, оп. 2, д. 3073, л. 8-11.
[63] Şol ýerde.
[64] Türkmeniň gadymdan gelýän milli dini adatlary. Aşgabat, 2006 ý. Sah.-134.

durmuşa çykyp başynyň bogulýandygy üçin, baran ýarinde aýagy ýer tutup agzybir ýaşamagy üçin aýdylan janlysyny beripdirler. Bu sadakada we gyz ýygyna köplenç diňe aýal-gyzlar, gyzyň ýakyn dogan-garyndaşlary we hatayň hormatlanýan, sylanýan ýaşulusy gatnaşypdyr. Toýda türkmen tagamlary – çekdirme, ýarma, dograma taýýarlanypdyr. Onda oglanyň toýundaky ýaly saz-söhbet göreş bolmandyr. Oňa az adam gatnaşypdyr. Muňa garamazdan gelin gyzlar toýda aýdymdyr läleler, öleňler, ýar-ýar we ş.m. zatlary aýdyşyp şatlanypdyrlar. Eger-de durmuşa çykýan gyz öz barjak ýigidinden hoşal, ata-enesinden razy bolsa, ondan gyz-gelinler şatlykly aýdymlar aýdyp läle kakyp dürli oýunlar edip şatlanypdyrlar. Emma häzirki döwirde gyz ýygyn oglanyň öýleniş toýundan kem tutulmaýar. Ol ikisiniň arsynda kän bir tapawut ýok. Gyz toýy hem saz söhbetli, şagalaňly geçirilýär.

Sähet bellenen soň ýigidiň öýinde toýa taýýarlyk gyzyňkydan kem görülmändir. Sebäbi ýigidiň toýy uludan tutuýandygy üçin oňa ykjam taýýarlyk görmeli bolupdyr. Sähet bellenenden soň tizara toý tutmagyň, şagalaň şowhun gurnamagyň meýilnamasy düzülýär. Toýda aýtjak bagşylaryň, çapyljak atlaryň, tutuljak göreşleriň meýilnamasy düzülip, olara öňinden habar berilýär.

Toýa 10-15 gün galanda daşrakda ýaşaýan dogan-garyndaşlaryna çakylygy ýollaýarlar, 5-7 gün galanda bolsa obada ýörite toý habaryny ýetirýän jarçylar gygyrypdyrlar. Şol jarçynyň çakylygy esasynda hem oba adamlary toýa gelipdirler. Emma XX asyryň ortalaryndan başlap toý çakylygy obanyň radiouzelleri arkaly habar berlip başlanypdyr. Soňra ýaş gelin-gyzlar tarapyndan oba öýlerine ýekeme-ýeke aýlanyp toý habaryny ýetiripdirler. 1970--1980-nji ýyllarda ýaşlaryň suratlary we toý senesi, salgysy görkezilen toý



çakylyklary paýlanypdyr. Ol  häzirki döwürde hem dowam edýär.

Ýigidiň maşgalasynda tutulýan toý uludan tutulýandygy üçin oňa has öňinden taýýarlyk göripdirler. Toýdan bir-iki hepde öň **„Süýjülik toýy“** geçirilipdir. Onda gyz ýere äkitmek üçin galyňyň ujyndan geçirilýän süýji-kökedir, gap-çanaklar dogan-garyndaşdyr, goňşy-golamyň getiren zatlaryndan jemlenip, kiçijek haltajyklara salynyp tikilipdir. Ony gyz ýere eltenlerinde, toýa gatnaşýanlara paýlap beripdirler.

Soňra ýigidiň toýunyň öňi syrasyndaky çarşenbede **„atgulak asylýan güni“** bolupdyr. Bu günde ýigidiň ýakyn hossarlary öz göwinden çykaran at gulaklaryny (iki sany matanyň, ýaglygyň bir ujy tikilip birikdirlmegine at gulak diýilýär) jübit-jübitden sowgat hökminde goşant edýän güni bolupdyr. Asylan atgulaklaň bary gyz almak üçin barlanda berlip gaýdylypdyr. Atgulaga häzirki döwirde diňe matadyr ýaglyk däl-de, oňa haly-palasa çenli goşulupdyr.

Günbatar we demirgazyk türkmenlerde ýigidiň toýunyň öň syrasynda  dört-ýedi gün öňinden **„geňeş toýy“**  geçirilýär. Geňeş toýnuň manysy toýy geçirmegiň, sag-aman sowmagy guramakdan ybarat. Onda toýda edijek hyzmatlar dogan-garyndaşlaryň arasynda paýlanypdyr. Oňa toý tutýan maşgalanyň agzalary we ýakyn hossarlary gatnaşypdyr. Toýda başga ediljek hyzmatlar, at çapyşygny, göreş tutdurmagy gurnamak, toý naharlaryny taýýarlamak, gelen myhmanlary kabul edip, olara hyzmat etmek we ş.m. işleri belli-belli adamlara berkidilipdir. Şeýle edilende toý guramaçylykly geçipdir. Şowhunly bolupdyr we gelen myhmanlar edilen hyzmatlardan razy bolupdyrlar.

Geňeş toýy ýörüte janly soýulyp, bagşy aýtdyrylyp ulydan tutulypdyr. Häzirki döwürde bir ýa-da iki gün öňünden tutulýar.

Ýigidiň öýinde tutulýan toýa **„gelin toý“** diýipdirler. Türkmenlerde gelin toý uludan tutulupdyr. Ol 3-7 gün dowam edipdir. Ol edebýatlarda dessanlarda bellenşine görä 40 gije-

gündize çenli çekipdir. Görogly dessanynda “Günde kyrk guzynyny çekiň bir ýana, iýsin goç ýigitler tä men gelinçäm” Maşgalanyň ýagdaýyna görä goýun ýa-da ökiz soýup dürli naharlar taýýarlanypdyr. Bagşy aýtdyryp, göreş tutdyrlypdur, at çapdyryp, altyn gabak atdyrlypdyr, ýaglyga towusmak we läleler aýdyp, küşt depipdirler. Umuman şatlyk şagalaňa beslenipdir.

Türkmenlerde gelin toýynyň dabarasy dag aşypdyr. Emma hakykatda türkmen gelin toýy üç günläp dowam edipdir. Türkmenlerde toýuň 1-nji günine “ýalan çelpek”, 2-nji gününe “çyn çelpek”, 3-nji güne gelin toýy diýipdirler.

“Ýalan çelpek” güni ýigidiň öýinde çelpek ýapylypdyr. Çelpegi ýigidiň hossarlaryndan biri ýa-da hemişe çelpek ýapyp ýören, köpi gören baýry aýallar ýapypdyr. Çelpek ýapylýan gazanyň başynda şatlyk –şowhun bilen gyz-gelinler biri-biri bilen degişipdirler, gülüşipdirler. Toý eýesi çelpek ýapýan aýalyň eline (çiginine) halat hökminde ýaglyk ýa-da gyňaç daňypdyr. Soňky döwürlerde çelpek ýapylyp duran gazana kagyz pullar atylypdyr. Toý çelpegi saçaga salmak we hödir üçin edilipdir. Çelpek ýaýýan jaý dolup oturan gyzlara toý paýy (laglyk, käse, jam we ş.m.) paýlanypdyr. Toýuň bu gününde janly soýulup çekdirme taýýarlanypdyr. Çelpek toýda gyz ýere äkidiljek saçaga salmak üçin ýapylypdyr. Gelnaljyda äkidiljek saçaga 9 gatlama bilen birlikde çelpek hem salnypdyr. Saçak iki sany edilipdir. Täk etmekligi halamandyrlar. Geljekki maşgalanyň düzuw bolmaga üçin jübit saçak edilipdir. Çelpekli, gatlakly saçak gyz ýerne baran soň gyz ýerniň aýallary ujundan alyp galyp, ýerne gyz toýunda soýulan janlynyň ujasyny, ýürek we bagyr öýkeniniň ýarsyny salypdyrlar. Şol salnan ýüregi we bagyr öýkeni nika gijesi oglan bilen gyza berlipdir.

Ýigidiň toýunyň ikinji güni “çyn çelpek” güni gyz-gelinler toý çöregini bişiripdirler. Bu günde ýakyndan-daşdan toýa myhmanlar gelipdir we toý märekesi köpelipdir. Ertirki

toýa doly taýýarlanypdyrlar. Atgulak jemlenipdir, saçak we düwinçek düwlipdir.

**Gelnaljy.**

Öňki döwürde gelnaljy türkmenleriň kä bir taýpalrynda (meselem: Ýolöten, Pendi saryklarynda) gelini gün ýaşyp inrik garalandan soň getirlipdir. Emma soňky döwürde bu däp ýitip, gelin güniň birinji ýarymynda getirlipdir.




Gelnaljy düýe kerweninde we atlylardan ybarat bolupdyr. Aýallar düýä minipdirler, erkekler ata atlanypdyrlar. Gelnalja öýlenýän oglan we doslary, uly gyzlar gatnaşmandyrlar. Gelin üçin aýratyn bir düýäni kejebe bilen bezäpdirler. Gelnalja gyzlar kän gatnaşmandyrlar. Ýaşuly adamlar oňa ýol bermändirler. Hatda öýlenýän oglan öz toýunda bolmandyrlar. Ol toýa gelen myhmanlara görinmezlige çalşypdyr.

Emma sowet hökimeti döwründe öňden gelýän adatlaryň özgermergi netijesinde köp däp-dessurlar üýtgeýär. Gelin toýunyň dabarasyna öýlenýän ýigit we oglan gyzlar gatnaşyp başlaýar. Soňa-baka olar toýuň iň işeňňir gatnaşyjy wekillerine öwrilýärler. Şäher medenýetiniň ýaýramagy esasynda obalarda hem bu däp ornaşyp başlaýar. Netijede 60-70-nji ýyllarda gyzlar toýuň ähli däp dessuryna gatnaşýan, gelnalja hem gitýän iň işeňňir adamlara öwrilýäler.

Türkmenlrde gelnaljy gitmek meselesinde 50-nji ýyllara çenli düýede, arabada gelin getirlipdir. Emma soňky döwürde tehnikanyň lämilleşmegi, ornaşmagy 50-60-njy ýyllarda uly



Рис. 44. Свадебный поезд. Девушки, находящиеся

“Gara maşynda” (bartowoý ýük ulagy) gelin getirlipdir. 70-nji ýyllardan bäri bolsa ýeňil ulaglary bezäp onda gelin getiripdirler. Häzirki döwirde gelnaljy birnäçe ulaglardan ybaratdyr.

Ol toýa gatnaşýan myhmanlaryň köpligine, azlygna bagly bolupdyr. Gelnaljy 5-10 ulagdan kä halatlarda 15-30 ulaga çenli ýetipdir. Gelin getirilýän ulag edil öňki döwirlerdäki düýäni kejebeläp bezelişi ýaly, owadan bezelipdir. Gelnaljy gatnaşýan ulaglara dürli görnişli mata bölekleri we ýaglyklar dakylypdyr. Gelnaljy ulagyň özine bolsa dürli reňkli lentalardyr, haly bilen bezäp öňinde gurjak oturdulýan eken. Emma häzirki döwirde gelnajy dürli görnişli lentalar, güller, keteni matalardyr alajalar bilen bezelýär. Bu bolsa toýuň şowhununa şowhun goşýar.



Türkmenistanyň şäher medenýetiniň ösmegi obalarda medenýetiň ösmegine öz täsiini ýetripdir. Ýaşlaryň toý tutmak dessurlarynda örän köp özgerişlikler bolup geçýär. Ýaşlaryň toýy “Komsomol” diýip atlandyrylýan stol toýa

öwrilýär. Onda bolsa ýigidem, gyzam ýüzi açyk märekäniň öňinde oturmaly bolupdyr. Şeýlelikde ýigit öz toýuna sebäpkär hökmüde gatnaşypdyr. Emma ýigidiň gelnaljy gitmek dessury bolsa türkmenleriň arasynda dürli görnişde ýerne ýetirilýär. Ýurdumuzyň Ahal welaýatynda ýaşaýan ilatyň arasynda ýigit gelnaljy gitmeýär. Eger gidäýen ýagdaýynda hem ýigit alýan gelniniň öýine golaýlamaka ýolda düşüp galýar we gelin alyp gaýdylansoň, gaýdyşyny duran ýerinden gelnalja goşulup gaýdýar. Ýöne bu ýagdaý hemme ýerde deň bolmandyr. Şäher
medenýetinde, Mary we Balkan welaýatlarynda
ýigit öz gelnini, atasy öýinden çykaryp alyp gaýdýar.

Türkmen toýunda gelnaljy gidensoň ýigit toýunyň yzynda galýanlar toý dabarasyna gatnaşmak bilen hojalyk işlerine kömekleşipdirler. Toý naharyny taýýarlapdyrlar, öý-içerini we gap-çanaklary arassalapdyrlar we ş.m. işleri ýerne ýetiripdirler.

Gelnalja iki sany orta ýaşly erkek adam we aýal maşgala ýolbaşyçylyk edipdir. Gelnalja ýolbaşçy edilip iberilen adamlar bütin gelnaljynyň dowamynda, baryp gelin alyp gaýtmak dessurunda ähli borçlary ýerine ýetirmeli bolupdyr. Erkek adam tertip düzgüne gözegçilik edipdir. Ýolbaşçy aýala Günbatar türkmenlerde "ýigit ýeňňe" gyzyň ýeňňesine bolsa "öw ýeňňe" diýilýär eken.[65] Galan ýerlerde bolsa "ýeňňe" diýipdirler. Ýeňňe toýda beýemçilik edipdir.

Türkmenlerde gelnaljyda ýerine ýetirýän däp dessurlaryň biri hem gelnaljyda atgulak matasynyň birini alyp, mata bölegini birnäçä böleklere bölýärler. Gyzyň obasyna girenlerinde ol bölek matalary ulagyň aýnasyndan geçip barýanlara oklaýarlar. Ol däp "her kime toýdan ýetirsin, toýdan ýoksun" diýip yrym edip ýerine ýetirilýär.

Gelnaljy gyz ýere gelensoň ilki bilen olary naharlaýarlar. Çaý-nahar çekýärler. Olar ýörüte niýetlenen ýerlerde oturup gyz ýeriniň märekesi bilen tanyşýarlar, gürleşýärler, gülüşýärler.

[65] Исследования по этнографии туркмен Ашхабад 1965 sah 143.

**Gyzy geýindirmek dessury.** Gyzyň toý egin-eşiklerini gyzyň ýeňňesi geýindiripdir. Gyzyň başyna atylýan kürte gelin tarpyndan getirilen bolmaly eken. Gyzyň kellesine günbatar türkmenlerde çäşewe atypdyrlar atylypdyr. Gyzyň toý eşigi keteni köýnek çapraz-çaňňaly çabyt, çekelikli gupba geýdirilip, üstinden ak ýaglyk daňylypdyr. (Şol ak ýaglygy toý gününiň ertesi, gelne baş salynanda göreşip gelni alan aýala beripdirler.) Ondan soň gyzyň başyna kürte atylypdyr. Şol wagt gyzyň başyndaky kürtäni gyzyň jorasy üç gezek yzyna zyňypdyr. Şeýdibem gyzy geýindirip gyzyň ýeňňesi kejebä salmak üçin alyp gidipdir.

Etnograf alym Annagylyjowuň ýazmagyna görä gyzy geýindirip bolunansoň oglan we gyz tarapynyň aýallarynyň arasynda şowhun üçin göreş edipdirler. Ol göreşiň kä halatlarynda ote geçilip, kellelerine daňynan ýaglyklaryny, eşiklerini ýyrtýan ýerleri hem bolupdyr diýip belleýär.[66] Emma häzirki döwirde bu göreş *“gapy tutmak”* dessury bilen özgerendir. Şeýle dessurda gapyny açmak, ýoly açmak üçin ýigidiň agalary gapyda duranlara 5-10 manat pul berip olary gapydan aýyrypdyr. Şeýdibem gelni geýindirip daş işige çykarylypdyr we *palasa mündirilipdir*. Gelniň ýanynda gyzyň ýeňňesi oturupdyr. Gyz ýeňňesiniň toý haky berilensoň palasdan düşüp gyzy kejebä soňky döwürde ulaga mündirip ýigidiň ýeňňesine tabşyrypdyr.

Geçmişde gelni kejebä mündirenlerinden soň, düýe galjak bolanda gelin düýeden bilgeşleýin ýykylan bolupdyr. Bu däp gyzyň durmuşa çykmaga razylygyny ýa-da razy däldigini aňlatmak üçin ýerine ýetirlipdir. Eger-de gelin düýeden ýykylmak dessuryny ýerine ýetirmese, onda onuň gybatyny edipdirler ýagny “gyzyň özi halap gidipdir” diýip gürrüň edipdirler. Häzir bu dessur ýok bolup gidipdir. Ol hem häzirki döwürde ýaşlaryň öz razylygy bilen toý tutulýandygy bilen bagly bolmagy mümkin.

---

[66] Şol ýerde sah 145.

Gyz tarapyndan iki sany orta ýaşly adam çykyp gelin ulagyn öňüni, ýüp bilen ýoly ýapyp durupdyrlar. Gelin tarapyndan olara pul berenden soň olar ýoldan aýrylyp, ýoly açypdyrlar. Bu dessur 1960-njy ýyllaryň başlarynda Türkmenlerde diňe Gourdak posýologynyň işçileriň arasynda bolupdyr. Ýokarda aýdylan däp-dessuryň gyrgyzlarda gabat gelýändigini, ýöne çaga ýa-da ýetginjekler tarapyndan ýüpiň tutulýandygyny awtor belläp geçýär.

Emma beýle dessur tärkmenleriň beýleki toparlarynda gabat gelmändir. Tärkmenleriň arasynda giň ýaýran däp-dessurlaryň biri hem **gelnaljyny geseklemek,** daşlamak dessury bolupdyr. Umuman türkmenlerde bu dessuruň gelip çykyşynda durmuşa çykan gyzyň obadaşlarynyň arasynda gyzda göwni bar bolan ýigidiň, köýen arzuwlaryny köşeşdirmek üçin ar almak üçin gelnaljynyň yzyndan ýeter–ýetmez görnüşde kesek zyňmakdan gelip çykypdyr diýen gürriňler bar. Bu dessurda şol oglana duýgudaşlyk hökiminde beýleki adamlar hem zyňyp başlapdyrlar. Başga bir tarapdan “durmuşa çykan gyz, oňuşman yzyna gaýdyp gelmesin, aýagy ýer tutsun” diýen manyda hem berjaý edilipdir diýip atmak bolar.

Gelnaljy ugrajak bolup durka gyzyň ejesi gyzyna “maňlaýy açyk bolsun”, “ýoly ak bolsun” diýip, gelin ulagynyň öňinde un çalypdyr. Ýöne bu dessur günbatar türkmenler we nohurlylardan başgalarda gabat gelmändir. Tärkmenistanda gelnaljy gidenden soň gelin ulagyň yzyndan “hemme zat suw ýaly arassa we päk bolsun” diýip bir okara suw serpipdirler. Demirgazyk günbatar türkmenlerde gelnaljy bilen gyzyň ýeňňesi hem gidipdir. Ol oglan ýeriniň öýünde bir gije ýatyp, toý sowulansoň, gyzlarynyň päkligine şaýat bolup ertesi gaýdypdyr. Bu dessur demirgazyk gübatar türkmenlerde häli–häzire çenli dowam edip gelýär.

Gelnaljy gelini alyp oglanyň öýine gelende, ony ilki bilen oglanyň ejesi garşylapdyr. Geliniň üstünden ak un sepip “aýgy düşsin, agzybir boluň” diýipdir. Soňky döwirde ol pul seçmek

bilen çalşyrylypdyr. Gelin ulagdan düşmeli bolanda ýigit ýeňňe hem öz paýyny bermese ulagdan düşmejekdigini aýdypdyr (megerem bu dessur soň dörän dessur bolmagy mümkin). Oňa gaýyn enesi ýa-da gaýyn atasy sowgat beripdir. Şondan soň ulagdan gelni hem düşiripdir. Oňa çenli aýallardan biri ýüzärligi ýakyp tütedipdir we gelniň töwereginden aýlapdyr. Gelini sag aýagy bilen ätledip, ilki gaýyn enesiniň otagyna, soňra eltisiniň otagyna salypdyrlar. Gaýyn enesiniň otagyna salanlarynda gelniň elini ýagly golça we soňra una saldyrypdyrlar. Ol dessur "gelniň yrsgaly köp bolsun, hemişe eli un bilen ýagada, nahar taýýarlamakda bolsun" diýen many bilen ýerine ýetiripdirler. Bu dessurlaryň hataryna türkmenlerden käbir sebitini gelin öýe girende, çäş tarelka döwdirmek dessury (1970-80 – nji ýyllarda) hem goşulupdyr. Ol öýe bagytlygyň bolmagy üçin edilipdir. Ýene käbir sebitlerde gelin öýe girensoň ak ýalygyň dürli halklaryndan göçirip almak essynda däp-dessurlary baýlaşdyrypdyrlar. Emma tarelka döwdirmek we ak ýaglygyň üstinden ýöretmek dessurlaryny türkmenler oňlamandyrlar. Şonuň üçin hem tarelka döwdirmek dessury tizara halkyň arasyndan ýitip gidipdir we häzirki döwirde gabat gelmeýär. Türkmenler başyna daňýan ýaglygyny hem öz täji hasaplaýar. Şonuň üçin oz başyna çykarmazlyk maksady bilen ol dessury hem oňlamandyrlar. Ýewropa halklarynda ýaş çatynjalary ak ýoldan ýöretmek üçin ak matadan ýol edip üstinden ýöredipdirler. Megerem dessurdan alynan däp bolmaly.

Gelni eltisiniň öýine salyp, ýörite taýýarlanan ýere eltýärler emma ol ýerde gelniň ozinden eda uly eltisi oturýar we gaýynyndan ornuny berýänligini, hakyny bermese ýerinden turmajakdygyny aýdýar. Şonda gaýyn enesi gelip gelininiň egnine owadan gyňaç atýarda "gelnim ornuňy kiçi eltiňe ber" diýipdir. Netijede sowgadyny alan eltisi ornundan turup öz ornuny hemişelik kiçi eltisine berýär (tä yzyndan gelin gelýänçä). Gelin ýerine geçip oturmazdan öň geliniň häsiýetini synamak üçin gelniň töweregindäkiler geline degýärler. "Gelin

ýumşak ýerde oturaýarmyka ýa-da özini oňa mynasyp görmän düşegi aýyraýarmykan” diýişip degişipdirler. Egerde gelin özine ýazylan ýumşak düşekçäniň üsinde otursa, onda ol gelniň ýaltadygy, eger-de oturmasa ol geliniň işjeňligi kesgitlenipdir. Şeýlelikde gelin öz ornuna geçip oturanyndan soň onuň çagasynyň köp bolmagyny arzuw edip gujagyna oglan bäbek, bolmasa gyz bäbek beripdirler. Şonuň bilen hem geliniň getirilmegi bilen baglanyşykly däp-dessurlar tamamlanýar. Emma toý şowhuny, dabarasy dowam edýär.

Öň zamanalarda toýda bagşy-sazandalaryň aýdymlary, at çapdyrmak, göreş tutdurmak ýaly oýunlar oýnalypdyr. Toýda gelin gelensoň gündiz pälwanlary ýygnap, göreş tutdurypdyrlar. Göreşe gelýän pälwanlar ýa-ha habar ýetirilip ýörite çagyrylmagy ýa-da toýa barmaga obadaşlarydyr, dostlarynyň haýyş etmegi bilen gatnaşypdyr. Pälwanlara tokly, çebiş, goýun, don, haly, gyňaç ýa-ly dürli sowgatlar goýlupdyr. Türkmen göreşi XX asyryň 80-nji ýyllaryna çenli toýlaryň şowhuny bolupdyr. Emma soňa baka göreş halkyň arasynda ähmiýetini ýitirip, ol diňe milli baýramlarda ýerine ýetirilýän milli oýunlara öwrülipdir.


Борьба «гореш». Начало XX в.

берcalled

Günbatar Türkmenistanyň ilatynyň arasynda toýlarda “küşt depmek”, “zikir” tansy we “gazal çekmek” giň ýaýrapdyr. Ş. Annagylyjowyň ýazmagyna görä “Zikir tansy günbatar Türkmenistanda Esenguly, Çeleken (häzirki ) Türkmenbaşy sebitlerinde has giň ýaýrapdyr. Zikir tansy dört bölekden ybarat bolup “diwana”, “ýeke depim”, “üç depim” we “dem-dem” diýip

atlandyrylýar. Ol bölümlerde tansyň we aýdymyň heňleri we hereketleri biri-birinden tapawutlanýar. Zikir tansy üçin bir giň otag saýlanyp alynýar we şol ýerde şowhunly zikir tansy ýerine ýetirilýär.” diýip habar berýär. Zikir tansynda çekilýän gazallar öz döwrüniň durmuşyny beýan edipdir. Bu barada awtoryň maglumatlaryndan birnäçesini mysal getirmek bolar.

Süýt gerek gaýmak gerek,
Gaýmagy ýaýmak gerek,
Gyzyn pula satanyň,
Gözüni oýmak gerek
Küşt depişme, ýaryşma,
Ýaryşaňda galyşma,
Nebitdagly, Çelekenli,
Bir-biriňden galyşma.

Kapitalisti ýykdyk biz,
Ýykyp üstün çykdyk biz,
Azatlygyň ugrunda,
Köp zähmetler çekdik biz.

Guwandyryp ilimiz ,
Berkideliň tylymyz,
Fronta köp zat beriň,
Pugta guşap biliňiz.

Garaguma suw geler,
Suw üstüne guw geler,
Çaňap ýatan boz meýdan,
Göýä gülzara döner[67].

Görişimz ýaly gazallar döwiriň özgernagi, osmegi bilen kämilleşip dürli wakalary wasp edipdir. Tans häli – häzir toý baýramlarynyň şatlygyna şatlyk goşýar.

---

[67] Исследования по этнографии туркмен Ашхабад 1965 sah 151

Günorta türkmenistanda toý dabarasynda “ýaglyga towusmak”, “keçe-keçe” (ýüzük oýny) oýunlary has giň ýaýrandyr. Bu oýunlar toý dabarasyny, şowhuny has hem artdyrypdyr. Oňa esasan ýaş oglanlar  we dürli ýaşdaky erkek adamlar gatnaşypdyrlar.

Türkmen taýpalarynyň ähli sebitlerinde toý güni ýaşlary “nikalaşdyrypdyrlar” ýagny nika “gyýypdyrlar”. Öň döwürde tärkmenlerde nika gyýmak dessury bilen toý şowhuny tamamlanypdyr diýip ýaşulylarymyz gürrüň berýärler. Nika molla tarapyndan gyýylyp, ýaşlaryň nikalaşandygyna iki sany “pyýadakazy” şaýat bolupdyr. Şaýatlar pyýada kazylar, gelin bilen oglandan nika razyçylygyny sorapdyrlar. Gelin hem oglan hem özleriniň razydygyny sesli eşitdirip jogap beripdirler. Nika gyýylandan soň ýaşlar resmi taýdan är-aýal diýip yglan edipdirler. Bu däp, türkmenleriň dini taýdan nikalaşdyrmak däbi bolup,  resmi ýazylyşyk ýüze çykanyndan soň hem, hat-da häzirki döwürde hem  dowam edip gelýär. Häzirki döwürde ýaşlar resmi taýdan obanyň ýa-da şäheriň “Bagt öýünde” nikasyny dabaraly ýagdaýda hasaba aldyrýarlar. Hasaba alnana ýaş çatynjalar ýzleriniň biri–biri bilen mydama agzybir we parahat ýaşajakdyklary, özleriniň zähmeti bilen Watanmyzyň abraýyna abraý goşjakdyklary barad täsirli ýazgylary galdyryp gidýärler. Hasaba alyş dabarasyna olaryň ene-atalary, dost-ýarlary gatnaşýar, olary kolhoz başlygynyň medeniýet baradaky orunbasary, täze däpler boýunça komissiýanyň agzalary gutlaýarlar.[68]

Molla tarapyndan nikalaşdyrylýan otagda ýaşlaryň özi, molla, iki sany pyýadakazy, oglanyň ýeňňesi (günbatar we gündogar türkmenlerde bolsa gyzyň ýeňňesi) gatnaşypdyrlar. Türkmençilikde nika gyýylýan döwründe, otagyň daş işiginde işiginde bir aýal maşgala arasy ýüňli gaýçy işledip durupdyr.

---

[68] Bazarowa R., Durdyýew H. Täze döwre –täze däp. Aşgabat., 1986. Sah.-27.

Munuň arwah jynlary kowmak, göz-dilden, geden-gybatdan goramak maksady bolupdyr diýip ýaşuly aýallargürrüň berýär.

Nika gyýylyp bolunandan soň ýaşlaryň agzybir, süjülikde ýaşamaga, toýa gatnaşanlaryň süýjülik bilen gatnaşmagyny yrym edip "süjülik suwy" paýlanypdyr. Ol suw ilki ýaşlara soňra toýa gatnaşan ähli adamlara paýlanypdyr.

Türkmen toýlarynda birnäçe däp-dessurlardan soň, agşamara toý şagalaňynyň iň gyzykly ýeri **"guşak çözdürmek"** dessury bolupdyr. Bu dessura ýaş oglanlar, gyzlar we gelinler, oglanyň ýeňňesi gatnaşypdyr. Bu şowhunyň gidişi boýunça gelin ýigidiň ilki guşagyny çözmeli, soň ädigini çykarmaly, soň donyny we telpegini çykarmaly bolupdyr. Ýigidiň dostlary toýa şowhunlyk bermek üçin oglanyň guşagyny örän çylşyrymly daňypdyrlar. Gelin guşagy çözüp oturan wagty dürli ýollar bilen oňa päsgel beripdirler. Bu ýagdaýda ýigidiň ýeňňesi gelne kömekleşipdir. Gelin bu ýumuşlaryň ählisini berjaý edensoň oglan bil guşagyny alyp dabara gatnaşyjylary saýgylap otagdan kowup başlapdyr. Munda dabara şowhun bermek üçin ýigit öz dost oglanlaryny guşagy bilen urupdyr.

Bu däp-dessuryň üsti bilen türkmenlerde hemä gelniň başarnygyny synagdan geçiripdirler, hem-de oglanyň aklynyň we edenliligini synagdan geçiripdirler. Etnograf alymy A.Orazowyň maglumatlaryna görä bu dessur, ýagny "guşak çözdürmek" dessury 1980-nji ýyllarda durmuşdan galyşyndygyny habar berýär.[69] Emma günorta Türkmenistanda häzirki döwre çenli, hatda häzirki döwürde ýörgünli dessurlaryň biri bolup durýar.

Türkmen toýlarynda **"ak-gök geýdirme"** dessury häzirki güne çenli saklanyp gelen dessurdyr. Bu dessurda nika gyýylandan soň giçlik, agşam toý ýerinde bir ýaşuly zenan ýigit bilen gyzyň üstüne ýorgan atyp, ikisiniň kellesine gezekleşdirip sanawaç sanap kakýar. Onda :

---

[69] Новое и традиционное в быту туркменской сельской семьи. Ашхабад.1989. стр.169.

Ak-gök geýdirme,
Arpa çörek iýdirme,
Toýnakla depdirme,
Agyzla gapdyrma,
Aýda ala geýdirme,
Toýda maýa mündirme,
Sag eli sary ýagda,
Gol eli sowuk unda
Gelni saňa tabşyrdym,
Seni Allaha tabşyrdym,
Tur oglan ak gelniň ýanyndan.

diýip sanapdyr.

Bu sanawaçda ýerli ilatyň meşgullanýan kärlerine görä dürli sözler bilen beýan edilipdir. Günbatar türkmenlerde çarwalarda :

Kärderi ogşuk iýdirme,
Çüprek ýüňi tüýtdirme...

diýen ýaly sözler bilen aýdypdyrlar.

Şondan soň oglan ýerinden turup jaýyň içindäkileri kowalap, gamçy bilen çykaryp başlapdyr. Bu ýagdaý dessura şowhun bermek üçin edipdirler. Şondan soň ýigit bilen gelni ýeke galypdyrlar. Olara ýigidiň ýeňňesi toýa salnan malynyň ýüreginden we bagyr öýkenden taýýarlanan nahary getirip beripdir. Ol ýaş çatynjylaryň hemişe ýüreginiň bir bolmagyny we agzybir bolmaklaryny arzuw edip şeýle edipdirler. Ýigit bilen gyz ilkinji gijelerini bile geçirenlerinden soň, ertesi ýigidiň ýeňňesi gelinleriniň ýanyna gelipdir. Ýigidiň ýeňňesi ähli zadyň gülala-güllükdigine göz ýetirensoň gidip gaýyn enesine, gyzyň ýeňňesine (gyzyň ýeňňesi diňe demirgazyk we günbatar türkmenlerde ýigit toýuna hut şu meseläniň anyk bolmagyny eşitmek üçin gidýändigini biz ýokarda habar beripdik) buşlapdyr Gyzlarynyň päkligini eşiden ýeňňe tizden yzyna gaýtmak bilen bolupdyr.

Şeýlelik bilen gelin toýunyň dabarasy ertirki güne geçipdir. Emma toý entek sowulmandyr. Şondan soň toýdan soňky ýerine ýetirilýän däp-dessurlar başlanypdyr.

Türkmeniň adatyna görä nika toýunyň ertesi ir bilen, gelin özüniň öýünden çykyp gaýynlarynyň ýanyna salama barypdyr. Muňa türkmenlerde **“gelin-salamy”** dessury diýlipdir. Emma bu dessur diňe demirgazyk türkmenlerine degişli bolup, ol beýleki sebitlerinde gabat gelmändir. Kada görä gelni gaýynlary bilen salamlaşmak üçin eltesi eltipdir. Gelin ilki salama gelen wagty onuň gaýyn atasy, gaýyn enesi we gaýny tarapyna degişli adamlar ýygnanypdyrlar. Şol wagt gelniň ýanyndaky ýol görkezijisi ilki gaýyn atasyny soň gaýyn enesini we beýlekileri görkezipdir. Gelin görkeziş tertibinde hersiniň öňünde ýüzüni açman, geplemän, tagzym bilen baş egip salam beripdir. Demirgazyk türkmenlerde gelin salamy has şowhunly gurapdyrlar. Oňa ýigidiň maşgalasy hossarlary gatnaşypdyr. Dilewar, wäşi aýallaryň biri gelni gaýynlary bilen tanyşdyryp, gelniň gapdalynda durup, şahyrana söz bilen wasp edip salam beripdir. Ol sözler şundan ybarat:

Dony zerden rişdeli,
Ak sakgal perişdeli,
Gaýyn atasyna bir salam!

Ýüpekden ýörgany bar,
Sanaçda sargany bar,
Gaýyn enesine bir salam!

Dili süýji göwni päk,
Özi bagtly alny ak,
Gaýyn ejekä bir salam!

Atlansa hana meňzär,
Işde daýhana meňzär,
Gaýyn agasyna bir salam!

Gülse sakgaly böken,
Supra ýaýyp nan döken,
Babasyna bir salam!

Mydam üwrär sallançak,
Bagtyň geldi gelinçek,
Mamasyna da bir salam!

Ýakalary sadaply,
Han gyzyndan edepli,
Baldyzlaryna bir salam!

Bagda açylan gül ýaly,
Sözlän sözi bal ýaly,
Ýeňňesinede bir salam!

Toýunda çelpek ýapan,
On barmagyn oda ýakan,
Eltesine bir salam!

Toý hyzmatyn bitiren,
Çaý suwuny ýetiren,
Ýüwürjisine bir salam!

Toýunda çörek ýapan,
Öýkeläp dawa tutan,
Daýzasyna bir salam!

Toýa diýip gelenler,
Ady tutulman galanlar,
Uly kiçä bir salam![70]

[70] Öräýew A.”Adat” Aşgabat, 1995. sah.153

Gelin bilen aýlanyp taryp eden aýala toý şowhunyny artdyryp, goşgy aýdany üçin sylag-serpaý edipdirler.

Türkmen toýlarynda iň ýörgünli däpleriň biri hem **“gelne baş salma”**__dessurydyr. Baş salma barada A.Orazowa bellemegine görä “geçmişde bu däp tekelerde, saryklarda, salyrlarda we beýleki türkmen taýpalarynda toýdan soň üçünji gün ýerine ýetirlipdir.”[71] Günbatar türkmenlerde bolsa toýuň ertesi güni ýerine ýetirlipdir. Emma bu dessur häzirki döwürde hem ýerine ýetirilip, ähli türkmenlerde toýuň ertesi gün geçirilen dessurdyr. Dessuryň manysy boýunça gelniň gyzlyk lybasyny galşyryp ony aýallaryň hataryna geçirmekden ybaratdyr. Gülkili şagalaňdan başlanylýan bu däpde aýallar we gyzlar iki topara bölünýärler. Aýallar gelniň başyna aýal lybasyny – gyňaç daňyp bürenjek atmana çalyşýarlar, gyzlar bolsa oňa garşylyk görkezip, gelni goraýarlar. Ahyry hem aýallardan biri gelni göreşip alýar, ýagny gelniň başyny gujaklaýar. Şeýlelikde gelniň başyndaky ak ýaglygyny şol aýala berýärler. Daşyndan oglanyň ejesi hem sylag berýär. Gaýyn enesi gelniniň saçyny yzyna atdyrmak üçin gymmat baha gyýňaç ýada bir halat bermäne söz berenden soň gelin saçyny berýär we ony yzyna atýarlar. Gelniň başyndaky gül tahýasyny, çekelikli gupbany aýyryp gyňaç daňýarlar. Başyndaky kürtäniň ýerine bolsa, başatgyç atýarlar. Oňa günbatar Türkmenistanda „alyndaňy’’, „çargat’’, käbir ýerlerde kürte diýip at berýärler. Günbatar etraplarynda gyzyň ýeňňesi beýleki sebitlerde bolsa ýigidiň ýeňňesi gyzyň başyna bürenjek atýar.

Etnograf alym A.Orazowyň berýän maglumatlaryna görä „baş salmak’’ däbini geçirmek üçin saýlanyp alynýan ýer goňşusynyň ýada ýakyn hossarynyň, ýagny ýanaşyk otyran maşgalanyň öýi bolupdyr. Sebäbi baş salnandan soň gelni göni öz öýüne getirmän beýleki öýlere, goňşy-golamlara aýlamak däbi bozupdyr. Emma bu döwürde bu dessur gelniň gelen öz

[71] Новое и традиционное в быту туркменской сельской туркменской семьи. Ашгабад, 1989 г. Стр.171

hojalygynda gyşda öýde, tomsuna howluda geçirilýär. Netijede gelniň başyndaky şaýly tahýa gelniň baldyzyna geýdirlipdir. Ondan soň toýa gatnaşýan gyzlara yrym üçin geýdirilip görülýär.

Umuman ,,baş salmak'' däbinde dabaradan soň toýa gatnaşan ýakyn adamlara gelniň bukjasyndan tahýa paýlanylypdyr. Öňki döwürlerde gelin bukjasy bilen ýörite ,,tahýa paý'' üçin birnäçe (10-20 sany) tahýa getirlipdir. Emma häzirki döwürde bolsa onuň ornuna ýaglyk getirilýär. Şonuň üçin hem hem ýaglyk paýlanylýar. Şeýlede bolsa aňyrdan gelýän adata görä oňa ,,tahýa paý'' diýip at berýärler. Bu dessur häli-häzir hem dowam edip gelýän dessurdyr.

Baş salmak geçirilýän gün toýda ýörite tagamlar taýýarlanyp (Mary sebitlerinde un aş bişirilýän eken) märekä hödür edilipdir. Şeýlelik bilen günorta gündogar türkmenlerde toý dabarsy sowulupdyr . Emma günbatar türkmenlerde entek toý dowam edilipdir.

Oňa ,,**Mysaýyp toýy**'' diýip at beripdirler. Mysaýyp,,musahb'' arap sözündenç gelip çykyp manysy boýunça – ýoldaş, howandar, janypkeş diýmekdir. Japarbaý ýomytlaryň bir däbine ýigit öýlenmezden öň özüne oňat mynasyp saýlamaly eken. Olaryň ikisi hem gelin toýlarynda biri-birine mysaýyplyk-howandarlyk edýärler. Mysaýyplaram, olarayň ata eneleri hem beri-birine ömür boýy oňat gatnaşykda bolupdyr. Mysaýyp öýlenýän oglanyň yoýuna gelen deň-duşlaryny toýuň ertese gün öz öýünde öz hasabyna çaý-nahar bilen üpjün edip toý tutupdyr. Ol gerek bolsa gelinalyja gider ýaly maşyn rutýar. Toýuň guramaçylarynyň biri hasaplanylýar. Gyz ýeri gelinalyjylara nägilelik bildirse, ol puldur zat paýlap olary razy edýär.

Beýleki etraplardaky türkmenlerde-de ýigidiň iň ýakyn dosty bolýar. Emma oňa mysaýyp diýen ýaly at ýörite at goýulmandyr. Onda-da mysaýybyň bitirmeli işiniň ençemesini bitirýar. Meselem gyzyň bukjasyny (häzirki döwürde çemedan

diýlip giň ýaýran) ýigidiň dosty, gyzyň joralaryndan pul berip alýar. Nika gijesi dostynyň jaýynyň daşyny goraýar. We şm.

Mysaýyp baradaky pikirlerinide Ş.Annagylyjow şeýle beýan edýär. “edebi çeşmelerde mysaýybyň hukuklary we borçlary barada maglumata duşmadyk. Muňa garamazda mysaýybyň toýdaky wezipeleri onuň gadymylygyny aňladýar. Ozallar gelniň daşyna üýşen ýetginjekler onuň ýüzüni görmegi haýyş eder ekenler. Gelin bolsa oňa garşylyk görkezipdir. Mysaýyp bolsa öýlenýän ýigidiň ygtyýary bilen gelniň ýüzüni güýç bilen açyp görkezýär”[72]

[72] Иследования по етнографии Туркмен Ашхабад. 1965 sah-159

# IX. TÜRKMEN MILLI OÝUNLARY

Adamzat ajaýyp zatlar döredýär. Çeper eserler, halk eposlary, ertekidir legendalar, läledir hüwdüler, matallardyr atalar sözi, nakyllar, milli oýunlar hem adamzadyň döreden ajaýyp zatlaryna girýär, çünki halk döredijiliginiň özüne çekiji güýji, ýaş nesli terbiýelemekde bahasyna ýetip bolmajak gymmaty bolýar. Şonuň üçin hem halkyň pähim-paýhasynyň gymmatly önümi bolan milli oýunlar hem asyrdan-asyra, nesilden-nesile, geçýärler.

Türkmen halkynyň hem asyrlaryň dowamynda döreden baý edebi mirasy bar. Emma şeýle-de bolsa, ýetmiş ýyldan-da köpräk wagytlap dowam eden sowet jemgyýeti döwründe halk döredijiliginiň milli oýunlar görnüşiniň oňat nusgalaryny ylmy taýdan öwrenmek hem-de toplamak işleri ýeterlik derejede alnyp barylmady. Şol sebäpli-de halkyň döreden ajaýyp medeni baýlyklarynyň ençeme oňat nusgalary ýitip gidipdir. Şeýle bolansoň, sowet döwründe ata-babalarmyzdan miras galan halk oýunlary ilatyň ýadyndan çykyşdy diýilse-de, hakykatdan daş düşülmese gerek. Hakykatdan-da, ol oýunlary ýaşlarymyz barha seýrek oýnaýarlar. Ýöne ýaşlary, şol sanda mekdep okuwçylaryny hem terbiýelemekde, olaryň bedenini berkitmekde nesilden-nesle geçip gelýän milli oýunlarmyzyň uly ähmiýeti bar. Köp görnüşli progressiw, halk däpleri, has hem sport bilen baglanyşykly oýunlar, toý-tomaşalarda guralýan şagalaňly oturyşyklar, güýmenjeler, sanawaçlar, aýdyşykly tanslar, şorta manyly, iki tarap bolup aýdylýan ýar-ýar aýdymly tanslar, at üstünde oýnalýan oýunlar we ş.m. ýaşlara ahlak, watançylyk, zähmete söýgi, ata-enäni, özüňden ulyny sylamak, myhmansöýerlik, ylaýta-da beden terbiýesini, asylly endikleri terbiýelemekde uly yete eýedir. Ondan başga-da halk oýunlary ata-babalardan bize bahasyna ýetip bolmajak miras höküminde galyp, häzir türkmen halkynyň milli

formaly,türkmen ruhly medeniýetini ösdürmekde hem uly rol oýnaýar.

Türkmen milli oýunlary döreýşi, ähmiýeti, görnüşi, ýerine ýetirilişi, täsirliligi, terbiýeleýjilik güýji boýunça biri-birinden tapawutlanýarlar. Olaryň köpüsi möwsümleýin oýnalyp, oyunçylaryň ýaş we jyns aýratynlyklary boýunça hem köp toparlara bölünýär.

***Sanawaçlar.***Oýunlaryň hemmesinde diýen ýaly, düzgüne görä, oýnuň ýolbaşçysy, “aksakgaly” saýlanypdyr. Azaşmak /ylalaşmak, hellikleşmek/ arkaly oýunçylar deň topara bölünipdir. Ýörýte düzülen sanawaçlar ýa-da bije arkaly oýnuň eşekçisi we döwçüleri anyklanypdyr. Oýnuň sanawaja ökde ýolbaşçysy haýsy-da bolsa bir oýunçydan başlap, sanawajyň hersozünde bir oglana barmagyny uzadyp, çepden saga sanap başlaýar. Iň soňky söze gabat gelen oýunçylar, olaryň arasyndan ýeke-ýekeden çykyp, döwçi bolýarlar. Iň soňunda iki sany oýunçynyň arasynda sanawaç sanalýar, olaryň haýsynda sanawaçlar gutarsa, ol hem döwçi bolup, soňuna galan eşekçi bolýar. Eger iki toparyň haýsynyň eşekçidigini anyklajak bolsa, onda oýnuň ýolbaşçysy toparlaryň “hanlarynyň” arasynda bije atýar. Ol eline kiçiräk bir zat alyp, ony görkezmän haýsy-da bolsa bir elinde gysymlap,şonuň haýsy elindedigini bilmegi “hanlaryň” diňe birine teklip edýär. Kimiň bijesi çyksa, şonuň topary döwçi, beýleki bir topary hem eşekçi bolýar. Şanawaç sanaýan eşekçi bolmakdan boşadylýar.

Sanawaçlaryň uzynlygy ýa gysgalygy oýunlaryň sanyna baglydyr. Eger oýnajak oýunçy köp bolsa ,onda uzyn sanawaçlar sanalýar.

Babam maňa “haý” diýdi,
“Demir donuň geý” diýdi.
“O haýata bar” diýdi,
“O haýatyň näzi bar,
Tara dokaýan gelni bar.
Aşyk oýnaýan ogly bar.

Läle kakýan gyzy bar”.
“Aýlan” diýsem – aýlandy,
“Pyrlan” diýsem – pyrlandy.
Bar sen çyk!

Ýa-da

Iki çopan uruşdy.
Biri gana bulaşdy.
Onuň ganyn kim süpir?
Ak sakgal pirim süpir.
Pirim gitdi oduna,
Palta degdi buduna,
Palta däldir,gamyşdyr,
On barmagy kümüşdir.
Kümüşimi ýitirdim.
Hana habar ýetirdim,
Handan gelen bäş atly,

Bäşisi-de gyr atly.
Gyr at nämä kişňeýär?
Arpa diýip kişňeýär.
Arpany nirden aljak?
Dagyň düýbünden aljak.
Dagyň düýbi batgadyr.
Meniň joram Akjadyr.

Ýaş çagalaryň oýunlarynda sanalýan sanawaçlaryň hem öz aýratynlyklary bar. Dürli etraplarda sanalýan sanawaçlar hem özara az-kem tapawutlanýarlar. Günorta-Gündogar Türkmenistanda ýaýran sanawaçlardan mysallar:

Ekem-ekem,
Arpa çekem,
Ýola bakam,
Gözüm dikem,
Gyzyl towuk,

Gyrma towuk,
Jyňňyrdawuk,
Çek aýak!

Ýa-da:

Pyrlam-pys,
Egniňi gys,
Ýola düş,ýorgola,
Gara goýny garbala,
Semiz goýny sürgele.

**“Öweleme-döweleme”** oýny Amyderýanyň orta akymlarynda ýaşan türkmenleriň gadymy we ýörgünli oýny bolup, ol şu wagta çenli saklanyp galypdyr.

Oýnuň oýnalşy: Adatça, dört ýa-da bäş sany çaga aýaklaryny öňe uzadyp oturýar.Çagalaryň uluraklarynyň biri sanawaç sanaýar.

Sanawaç şeýle sanalýar:

Öweleme-döweleme,
Gara goýnuň gany bilen,
Salkm atyň sany bilen.
Ýetim oglan nirä gitdi?
Duza gitdi.
Haçan geler?!
Ýaz geler.
Pillem pis...
Ýola düş,
Ýumarlan, togalan.
Hüp-jüp-

- diýip çummüklenen wagtynda aýagyny çekmekde iň soňuna galan “nan ýapmaly” bolýar.Birnäçe wagt geçensoň “nan” hemmeleriň razylygy boýunça goparylýar. Çümmüklenen wagtynda aýagyny çekip ýetişmedik oýunça “Babaň sakgaly köýdi” diýilip, ol oýundan çykarylýar. Indiki gezek şol yza galan oýunçy sanawaç sanaýar. Oýun şu tertipde yzly-yzyna,birnäçe gezek oýnalýar.

**Ak süňk.** Bu oýun Türkmenistanyň köp etraplarynda giňden ýaýran oýunlaryň biridir. Oýnuň has giň ýaýran ýeri geçmişde çarwaçylyk hojalygynyň esasy rol oýnan ýeri bolan Günbatar Türkmenistandyr. “Ak süňk” oýny köplenç aý aýdyň gijelerde iki tarap bolup ýa-da ýekelikde oýnalýar. Oýny oýnamak üçin goýnuň, sygryň, göläniň ýa-da ýabynyň injik süňküni alypdyrlar. Oýunçylar iki topara bölünipdirler. Her toparyň baştutany- “hany” bolupdyr. “Hanlaryň” ikisi-de pellehananyň üstünde oturup, süňki kimiň ilki zyňmalydygyny kesgitlemek üçin bije atypdyrlar. Bijesi çykan “Han”süňki /garşydaş toparyň oýunçylary ony görmeli däl/ haýsyda bolsada bir tarapa batly zyňýar.Eşekçi toparyň oýunçylary süňk zyňylan tarapa ylgap gidýärler. Oýnuň şerti boýunça süňki tapan oglan gizlinlik bilen beýleki garşydaş toparyň oýunçylaryna duýdurman pellehana getirmeli we öz “Hanyna”gowşurmaly.Egerde beýleki toparyň oýunçylary onuň süňki tapanyny bilseler we ony pellehana ýetmänkä tutmagy başarsalar, onda döwçi topar bir oçko gazanypdyr, eşekçi topar hem öňküsi ýaly täzeden zyňylan ak süňki tapmaga we ony pellehana getirmäge dyrjaşypdyr.Oýunçylar  başga süňk alyp, biri-birini aldapda bilýär.Ak süňki tapan oglan güýçli bolsa, tutulsa-da süňki bermändir,tutanlaryň elinden sypyp,sunki öz “hanyna”getirip gowşurypdyr,öz ýaranlaryny eşekçilikden çykarypdyr.

***Ogar-oagar.*** Oýunçylaryň sany 10-20-ä golaý bolmaly. Oýunçylaryň içinden “çopan” we “möjek” saýlanylýar. Galan oýunçylaryň hemmesi “goýun” bolýar. “Goýunlar” biri-biriniň guşagyndan (arka tarapyndan) tutup, “çopanyň” arkasynda hatara durýarlar.

Oýnuň oýnalşy: “Möjek” “goýny” tutmaga çalyşýar, “çopan” bolsa olaryň öňünde durup, “goýunlary”goraýar. “Möjek” tutan “goýnuny” özüniň bolýan ýerine äkidip, ýene-de başgalary tutmaga başlaýar. “Möjegiň” alyp giden “goýny” ondan sypyp, beýlekilere goşulmaga çalyşýar. Eger ol

“möjege” duýdurman ýoldaşlaryna goşulmagy başarsa, ýene-de oýny dowam etdirip bilýär. Ikinji gezek tutulan “goýun” oýundan çykýar.

Oýunyň düzgünleri: “Möjek” elini ýoldaşynyň guşagyndan aýran “goýny” “ýesir” alýar. “Ýesir” alnan “goýun” “möjege” bildirmän “goýunlara” goşulmaly. “Goýun” öňündäkiniň guşagyndan tutmazyndan öň bilinse, onuň ikinji gezek “ýesir” alyndygy bolýar we oýundan çykýar.

**Keçe-keçe** ýa-da **ýüzük bukdy** oýny. Oturyp oýnalýan oýunlaryň toý-meýlisler bilen baglanşyklarynyň iň gyzyklylarynyň biri hem “Keçe-keçe” oýnudyr.Onuň has ýörgünli atlary “Keçe-keçe”, “Çeke-çeke” we “Ýüzükdir”. Bu oýun toý dabaralarynyň bir bölegi hasap edilýär. Ol öýlenme (gelin alma), ogul toýy we şular ýaly toýlarda oýnalýar.

Toý eýesi toý şagalaňlary üçin birnäçe baýrak goýýar. Şol baýraklaryň bir bölegi “keçe-keçe” oýnuny oýnamak üçin goýulýar.Obanyň “keçe-keçe” oýnuna ökde adamlary toý gününiň öýlänleri toý eýesiniň ýanyna baryp, ondan oýun üçin näçe baýrak goýýandygyny soraýar. Oýny guraýan adamlar köplenç oýna tejribeli iki sany ýaşuly bolýar. Olar toý eýesinden baýragyň möçberini bilip, oýun oýnamaga isleg bildirýänleri ýygnaýarlar. Oýny guraýan iki ýaşuly geleşdirmek arkaly oýunçylary deň ikä bölýärler. Oýunçylaryň sany dürli-dürli bolupbiler. Olar köplenç 20-30 adamdan az bolmaýar. Köp halatlarda oýunçylaryň sany toý eýesiniň orta goýýan baýragyna bagly bolýar. Sebäbi, baýrak köp bolsa, utan oýunçylara ýeterlik bolsa, onda ýaşulular oýunçyny köpräk alýarlar. Eger baýrak ujypsyzja bolsa,oýunçylaryň sanyny az almaga çalyşýarlar. Şeýlelikde, bijäniň geleşdirmek görnüşiniň üsti bilen oýunçylar iki sany deň topara bölünýärler. Tekiz meýdançada, her topar aýratyn bir hatar düzüp, aralaryna takmynan 4-5 metr salyp, biri-biriniň garşysynda oturýar.

Toparyň ýolbaşçylary bolan ýaşulular, bije arkaly haýsy toparyň ýüzügi bukmalydygyny kesgitleýär. “Ýüzük”

edip, ele sygaýjak kiçijik çakgy, ýüzük we ş.m. zatlary alyp, ony başga zatlar bilen garyşdyrmazlyklary üçin we berk ýatda saklamalary üçin hemme oýunçylara görkezýärler.Soň ýüzýk bijesi çykýan toparyň ýaşulusyna berilýär. Ol ýüsügi gysymyna gysyp, gysymyny bolsa ýeňiniň içinde ýygşyryp, sag tarapdan aýlanyp ugrap, öz toparynyň öýunçylarnyň goltuklaryna ýüzükli ýumugynu sokup, ýene ýumrugyny öňkisi ýaly edip yzyna çekýär. Şeýle edip ýolbaşçy oýunçylaryň has durnuklusynda, paýhaslysynda ýüzügi gizleýär. Iň soňky oýunçydan soň ol ýumrugyny açyp, ýüzigi gizländigini beýleki topara habar berýär.

Bijesi galan toparyň ýaşulusy öz ýanyna ekabyrrak 2-3 kömekçi alyp, oýunçylaryň bir-birden synagdan geçirip başlaýar. Ol oýunçylary bir-birden synlap, olaryň damarlarynyň uruşyny barlaýar, ýüzlerine içgin-içgin seredär, daşyndan synlaýar. Yolbaşçynyň ýanyndakylar hem onuň yzy bilen synlaýar. Howlukman käbir oýunçynyň damar urşuny ýene-de barlaýp görýärler. Synagdar gutarandan soň,ýolbaşçy öz kömekçileri bilen maslahatlaýar. Ýene-de oýunçylaryň ýanyna gelip, olaryň bir näçesini puçlap,  oýundan çykarýar. Eger ýaşuly tejribeli bolsa, onda ol oýunçylaryň bir entegini puçlap,oturan oýunçylarnyň sanyny azaldýar. Bu bolsa ýüzügi kimden gözlemelidigini birneme ýeňilleşdirýär. Käwagytlar oýunçylaryň sany 2-3-e çenliazalýar. Galan oýunçylar sarsman oturýarlar. Synçylar hem howlukman, galan 2-3 oýunçyny has düýpli synagdan geçirýärler. Şeýlikde, olara ýüzügiň kimdedigini bilmek başardýar. Ýaşuly oturanlaryň ýüzük saklaýanyndan başgasyny puçlaýar. Şonda ýüzügiň kimde gizlenendigi mälim bolýar.

Netijede, haýsy komanda belli bir bellenen utugy (oçkony) ýygnasa, şol topar (komanda) hem utýar. Utan toparyň baştutany toý-meýlisiň eýesinden bellenen baýragy alýar. Baýrak çebiş, tokly,goyun görnüşinde-de, pul görnüşinde-de bolup biler.

**Aşyk oýny** gadymy we orta asyr taryhy ýadygärliklerinde geçirilen arhelogik agtaryşlaryň netijesinde oýnamak üçin ýylmanan aşyklaryň, kenekleriň, topazlaryň tapylmagy aşyk oýnunyń gadymy oýundygyna şaýatlyk edýär. Dürli halklarda bolşy ýaly, türkmenlerde hem oýunyň köp görnüşleri
bar. Aşyk oýny üçin aşyklar, sagdyn aşyklardan gurşun guýup, sürpelip ýasalan kenek, jahyllaryň oýunlarynda irimalyň sürpelen topazlary, "sürpek" diýilip atlandyrylýan ýylmanak daş gerek bolupdyr. Her bir oýunçy ýagdaýyna saglak (eger sag eli bilen bolsa) we çeplek kenek edinýär, oňa öwrenişýär.

Aşygyň dört tarapynyň atlary – jikge, tükge,eşek, at (alçy) bolupdyr. Ony her bir oýunçynyň bilmegi hökman bolupdyr. Aşyk, topar we ikiçäk bolup oýnalýar. Oýnuň topar bolup oýnalýan görnüşi:bir tekiz meýdançada diýametiri 4-5 metrden ybarat tegelek çyzyk çyzylýar. Tegelegiň ortasyndan aşyk diker ýaly çyzyk geçirilýär.Bu çyzykda her oýunça bellenen sanda öz aşygyny dikmeli. Dikilen aşyklardan 3-5 metr daşlykda pellehana çyzygy geçirilýär. Ol ýerden oýunçylar gezekli-gezegine kenekleri aşyklardan çenäp atýarlar. Ilki bilen aşygy urup, ony çyzykdan çykaran oýunçy kenegi düşen ýerinden beýleki aşyklary başardygyça urup çyzykdan çykarmaga çalysýar. Cykaran aşyklaryny alýar. Soňra gezek onunyzyndaky oýunça berilýär. Ol hem çyzygyň daşynda durup, aşyklary urup tegelekden çykarmaga çalyşýar.Hemme aşyklar gutarandan soň oýun täzeden başlanýar. Hereketli oýun hasaplanýan aşyk oýny gündizine. Köplenç halatda öýlän salkynda, maýyl howada oýnalýar. Aşyk oýnunyň az hereketli, agşamlaryna çyranyň yşgynda oturyp oýnalýan tänderme, üçem, humar ýaly görnüşleri hem bar.

**"Üçem"** oturyp, aşyk bilen oýnalýan oýunlaryň iň giň ýaýran görnüşidir.

Oýunyň şertleri: "üçem" oýnuň oýnalyşynda ýerli ýagdaýlara laýyklykda özboluşly aýratynlyklar-da bar. Oýnamak üçin

oýunçylar 3 sany sagdyn aşyk alýarlar. Oýunçylaryň sany 2 adamdan 5-6 adama çenli bolup biler. Oýun başlanmazdan öň oýunçylar 20, 30, 50 ýaly belli bir sany belleýärler. Şol sana çenli utuk (oçko) toplamaly, oýny bijesi çykan oýunçy başlaýar we oýun çepden saga aýlanýar. Üç aşyk ýokary zyňylýar. Eger aşyklaryň üçisi hem dükge ýa-da jikge ýatsa, onda oýunçy bir utuk toplaýar , aşyklary ikinji gezek zyňmaga hukuk gazanýar. Eger aşyklaryň üçisi hem at (alçy) münse, onda oýunçy dokuz utuk gazanýar. Aşyklar üçem gelmese, oýunçy olary oturan oýunça geýär. Beýleki oýunçylar hem şu tertipde aşyklary ýokary zyňýarlar.

Bellenilen sanda utuk toplan oýunçy beýleki ýoldaşlary utuk toplaýança garaşýar. Soň oýunçylar iň yza galan oýunçynyň maňlaýyna pitikleýärler ýa-da onda başga görnüşde “jeza” berilýär. Üçemiň başga görnüşi şeýle oýnalýar: oýna üç oýunçy gatnaşýar. Olaryň hersi orta bir aşyk atýar. Soňra bijesi çykan oýunçy ilki aşyklary aýasynda birsyhly ýerleşdirip, olar ýere endigan düşer ýaly edip oklaýar. Eger aşyklaryň üçisi hem üçem bolup meňzeş ýatsa, onda ol utuk gazanýar. Eger oýun aşykdan ýa-da ownuk zatdan oýnalýan bolsa, onda ol ýoldaşynyň oýna goýan zadyny utup alýar. Eger-de aşyklar üçem gelmese, onda ol aşyklary sagdaky oýunça geçirýär.

**“Tänderdi”** aşygyň oturyp oýnalýan görnüşidir. Bu oýun hem “üçem” oýny ýaly, köplenç güýz ýa-dagyş aýlary öýde oýnalýar. Howanyň maýyl wagty ony daşarda, tekiz ýerde oýnaýarlar.

Oýnuň oýnalyşy: Oýunçylaryň sany 4-5adama çenli bolup bilýär.Oýunçylar öz ýanlary bilen aşyk getirýärler. Olaryň hersi oýna bir aşyk goşýar. Oýunçylaryň biri ol aşyklary gysymynda ýa-da goşawujyna toplap, ýokary oklaýar.Aşyklaryň biri “eşek” münse, onda oýunçy dükge ýatan aşyklary, “at” (alçy) münse, onda jikge ýatan utýar we ýygnaýar, galan aşyklary bolsa münen aşygy pitikläp, ýatan aşyklary eýle tarapyna tändirmäge başlaýar, tändiren aşygyny utup alýar. Eger aşyklary ýokary

oklan oýunçy pitikläp, aşyklary urup we tändirip bilmese, ol nobatyny garşydaşyna berýär.Aşyklar ala ýatsa, onda-da oýunçy aşyklary beýleki oýunça berýär.

**Guduk** - oýny sport meýdançasynda ýa-da obanyň takyrlyk ýerlerinde oýnamak bolar. Oýnamak üçin kiçijik pökgi we uzynlygy 45-55 sm. Bolan taýajyk gerek.
Oýna taýýarlyk. Diýametri we çuňlugy 25 sm . bolan guduk (çukur) gazmaly. Gudugyň bir metr beýleräginden göni çyzyk geçirmeli. Haýsy oýunçynyň döwçüdigi belli edilenden soň, ol taýagy we pökgüni alyp, gudugyň ýanynda galýar. Beýleki oýunçylar taýak bilen ürulan pökgüniň ýetäýjek ýerine ýaýraýarlar. Şondan soň oýun başlanýar.
Oýunyň oýnalyşy: Bekewüliň (sudýanyň) rugsady bilen döwçi pökgini taýajyk bilen urýar. Urulan pökgini oýunçylar ýere gaçmanka gapmaly ýa-da ýere gaçandan soň tutup, duran ýerinden guduga düşürmeli. Şu şertiň birinden-birini berjaý eden oýunçy döwçi bolýar. Oýun şu şertde dowam etdirilýär.
Oýunyň düzgünleri: Döwçiniň uran pökgüsini hiç kim gapyp ýa-da tutup,guduga düşürip bilmese, döwçä bir utuk (oçko) berilýär. Pökgüni uran wagty döwçi ýalňyşsa, ýagny, urup bilmese, taýajyk pökgä gyltyz degse, döwçiniň bir oçkosy kemelýär. Eger döwçi hiç hili oçko gazanyp ýetişmänkä ýalňyşsa, onda çyzyga ýakyn duran oýunçy topuň ýatan ýerinden durup, ony guduga düşürmäge synanyşýar. Eger ol pökgini guduga düşürip bilmese, öňki döwçi ýene-de döwçiligine galýar.

**Ýaglyga towusmak.** Türkmenler täze öýe göçmekligi uly dabara bilen belläpdirler. Ol ýaryşa diňe ýaşlar däl, gartaşan adamlar hem gatnaşypdyrlar. Ýigitler täze öý tutulanda öý tutýandan baýrak üçin bellenilen zatlary tüýnükden asyp, olary aljak bolup ylgawlaryna ýokarylygyna böküpdirler. Ýaglyk asýan adamy şol ýygnanan märýekäniň özi belläpdir. Ol ýaglyk asýan adam ýaglygyň bir ujyny elindäki syryk bilen tüýnügiň

bir ýerine gysdyrýar. Ýalaňaç öýüň daşyndan halka gurap oturan märýeke ýaglyga nobatma-nobat bökýänlere syn edipdir.

Öýüň ortasynda ýaglyk asyp duran adam ilkibada iň gymmat bahaly zady, meselem: dony, geýimlik matany, ketenini, ýüpek ýaglygy has gysgarak edip ýokardan asypdyr. Şondan soň bökmäge taýar adamlar böküp başlaýarlar. Bökmek bir gezek geçirilýär. Egerde hiç kimiň eli ýetmese, onda ylalaşyk boýunça ýene-de bökmäge rugsat berillýär. Kämahal asylan zada birnäçe adamyň böküp eli ýetmese, onda baýrakçy: ”Kimiň şu ýaglygy almaga meýli bolsa gelsin” diýip gygyrýar. Eger-de baýragy almaga hyýal eden tapylmasa, onda ony umumy ylalaşyk, maslahat bilen baýragy bir garyş ýa-da bir sere aşak düşürip, gaýtadan bökmäge başlaýar.

Ýaglyga towusmak ýarşynda uzyn we kelte boýly adama parh goýulmaýar. Ýaglyga towsulanda bat alyp bökmäge-de, duran ýerinden bökmäge hem rugsat edilýär.

Göreş halk ýaryşlarynyň iň meşhurlarynyň biridir. Çagalar aýak üstüne galyp, oýna ýarap başlan wagytlaryndan tä jahyllyk, ýaşlyk döwri geçýänçä göreş tutupdyrlar, çagalykdan göreýgunlaşypdyrlar. Ökde pälwanlar toýlara gatnaşyp, uly baýraklar alyp, uly abraýa eýe bolupdyrlar, garranlaryndan soň hem olaryň pälwan lakamy saklanypdyr. Çopan göreşine, çopan badagyna ökde belli pälwanlar köplenç maldarçylyk bilen meşgullanýan çarwalarda köp bolupdyr.

Uly toýlara göreşmek isleýän pälwanlaryň hemmesi çagyrylypdyr.Jarçylar pälwanlara nähili baýrak bellenýändigini, haçan göreş başlanjagyny habar edip, obanyň içinde jar çekipdirler. Göreşmek üçin tekiz, gumagrak, ýumşagrak ýer saýlanypdyr,sebäbi daýaw, güýçli pälwanlar göreşende olaryň bijaý ýykylyp, bir ýerini döwdürip, maýyp bolýan, hatda ýogalýan wagytlary hem bolupdyr. Göreşiljek meýdançanyň diýametiriniň giňligi 50 metrden köp bolmandyr. Märýeke, toý eýesi, emin (sudýa) bu meýdançanyň daşyna tegelenip oturypdyrlar. Oglan-uşaklar birinji hatarda oturypdyr.

Tegelenip oturan we dik duran märýekäniň yzynda atly-eşekliler, düýeliler durup tomaşa edipdirler.

Göreş ilki öz deň-duşy bilen tutluşan kiçiräk ýaşly oglanlar we jahyllar başlapdyr. Baýraklar pälwanlaryň güýjüne görä bellenipdir. Pälwanlar agramlaryna görä kategoriýalara bölünmeselerde, köplenç her kim agramy deňräk öz deň-duşy bilen göreşipdir. Göreş başlanmazdan öň ortada duran emin päliwanlaryň bilndäki guşagynyň daňylşyna, olaryň tutuşyna seredipdir. Göreş wagty bolsa pälwanlaryň badak atyşlaryny synlapdyr, haýsynyň ýykylandygyny ýa-da çar bolandygyny anyklapdyr.

Göreşiň ahyrsoňunda iň güýçli, belli pälwan orta çykyp,özüne göwni ýetýän pälwanlary göreşe çagyrypdyr. Göreşe çykanlaryň öňüne çykyp, olaryň iň güýçlüsini ýeňen ýa-da göreşe çagyran, soňuna galan pälwan – iň güýçli pälwan hasaplanypdyr hem-de iň uly hormatly baýraga eýe bolupdyr.

Häzirki wagtda türkmen göreşi sportuň milli görnüşine öwrülip, onuň meşhurlygy barha ýokarlanýar.

**“Bäş daş”** oýny el hereketini çaltlandyrmaga köp ýardam edýän, paýhaslanmaga endik etdirýän oýundyr. Bu oýun oturyp oýnalýar. Bäş daşy köplenç gyzlar oýnaýarlar. Oýunçylar goýunyň çöründen ulurak bäş sany daş alýarlar. Olar arassa, takyrjak ýerde çommalyp ýa-da pessejik oturgyçda tegelenişip oturýarlar. Oýna gatnaşyjylaryň razylaşmaklaryna görä ilki bir oýunçy daşlary alyp oýna başlaýar. Ol daşy gaçyrýança Ya-da ýalňyşýança beýleki oýunçylar syn edip oturýarlar. Oýunçy daşy gaçyrsa, ýalňyşsa, daşlary sag tarapyndaky oýunça berýär we ol oýny başlaýar. Şunuň ýaly tertipde, çepden saga gezekleşip, oýun dowam etdirilýär.

Oýunyň oýnalyşy: Oýunçy daşlaryň hemmesini gysymyna alyp, olary bir garyş, ýarym garyş ýokardan ýere oklaýar. Ýaňky oýunçy haýsy hem bolsa bir daşy eli bilen alýar. Oňa “guş” diýilýär. Ol “guşy” bir-iki garyş ýokary zyňyp, ýerde ýatan daşlaryň birini alýarda,ýokary zyňan daşyny ýere

gaçmanka gapýar. Oýunçy ýerden alan daşyny beýleki eline geçirip, “guşyny” ýene ýokary zyňýar-da, daşyň ýene birini alýar. Şeýdip ol daşlaryň dördüsini ýeke-ýekeden alýar. Ondan soň ol “guşy” ýokary zyňyp, daşlary iki-ikiden alýar.Oňa “ikileme” diýilýär. Oýunçy “ikilemäni” ýalňyşman, daş gaçyrman alansoň, “üçlemäni” alýar. “Üçlemede” ilki bir daş alynýar, soň üç daş toplanyp, birden alynýar. Ondan soň “dörtleme” alynýar. “Ikileme”, “üçleme”, “dörtleme” alaňda oýunçy daşlary ýere çogdamrak edip taşlamalydyr. Şeýle edilende “guşy” ýokary zyňyp,ýerdäki daşlary garbap almaklyk aňsat bolýar. Eger-de ýerdäki daşlar ýaýran bolsa, olary bir gezek eliňi ýere uranyňda almak kyn bolýar. “Dörtleme” alynandan soň oýunçy daşlaryň bäşisini hem gysymynda gysýar-da, olaryň diňe birini ýokary zyňyp, süýem barmagynyň ujyny ýere degirýär. Ýere gaçmanka ol “guşy” gapýar.Şu hereketi oýunçy 3 gezek gaýtalamalydyr.

Bulardan soň “derwezeden” geçirmek hereketi başlanýar. Oýunçy sag eli bilen oýnaýan bolsa, çep eliniň başam barmagy bilen süýem barmagyny ýere direýär. Soňra daşly elini ýere diräp elini öňünden geçirip, daşlary ýaýbaňrak halda ýuwaşja zyňyp goýberýär. Ondan soň ol oýunçy islän daşyny özüne “guş” edinip alýar. Beýleki oýunçylaryň görkezmegi boýunça daşlaryň biri el degrilmän, iň soňuna goýulýar. Ol daş oýnaýan üçin kynçylyk döreder ýaly, “derwezäniň” agzyndakylardan bellenilýär. Soňuna goýulmaly daş belleneninden soň oýnap oturan oýunçy “guşuny” ýokary zyňyp,daşlary eli bilen ýeke-ýekeden eli bilen alyp, “derwezeden” beýleligine geçirip başlaýar. Iň soňundan bolsa beýleki oýunçylar tarapyndan bellenen daş “derwezeden” geçirilýär. Daşlar “derwezeden” geçirilýärkä olar biri-birine degmeli däl, oýunçynyň eli hem beýleki daşlara degmeli däl. Eger eli başga daşa degse, daş-daşa degse, oýunçynyň “guşy” ýere gaçsa, onuň gezegi köýýär. Gezegi nobatdaky oýunça berýär. Daşlar “derwezeden” geçirilenden soň “ak öý” hereketi berjaý edilýär. Oýunçy

daşsyz eliniň bäş barmagynyň arasyny açygrak tutup, olary ýere direýär. Şonda bäş barmagyň arasyndaky dört sany açyk geçelge emele gelýär. Ol “geçelgeleriň” hersiniň gabadynda, takmynan, oýnam barmak uzaklykda bir daş goýulýar. Soňra “guşy” ýokary zyňyp-gapyp, daşlaryň hersi bir “geçelgeden” geçirilýär. Daşlar “ak öýde” barmak aralaryndan geçirileninde, olaryň bir ýerräkde bolmagyny gazanmalydyr, sebäbi dördüsi geçirilenden soň, gözenek edip duran elini aýyryp, oýunçy “guşy” ýokaryk zyňýar-da, olaryň dördüsini hem bir gezekde alýar. “Ak öý” hereketini berjaý eden oýunçy “tirsekleme” hereketini ýerine ýetirmäge girişýär. Oýunçy daş oýnamaýan eliniň tirsegini ýere goýup, elini uzadýar. Onsoň ol tirseginiň her tarapynda bir daş goýýar. Şondan soň oýunçy tirseklän elini aýryp, “guşyny” ýokary zyňýar-da, ilki eliň bir gapdalynda goýulan iki daşy, soň beýleki tarapda goýulan iki daşy syryp alýar.

Ýokarda görkezilenleriň hemmesini berjaý eden oýunçy bir utuk (oçko) san gazanýar. Bellenen sana (3-5-10) kim öňürti ýetse, şol hem utýar, ýeňiji bolýar. Soňra oýny hemmeler täzeden başlaýarlar.

**Aýterek-günterek** - oýny 7 ýaşdan 15 ýaşa çenli oglan-gyzlar garyşyp oýnaýarlar. Oýun köplenç aý aýdyn gijelerde oýnalýar. Oýunçylaryň sany 20-ä 30-a golaý bolup biler. Oýunçylar den iki topara bölünip , toparlar biri –birinden 10-15 metr uzaklykda ýüzbe-ýüz durýarlar. Şonda her toparyň oýunçylary biri-biri bilen el tutuşyp durmalydyrlar. Bije boýunça haýsy komandanyň oýuny başlamalydygy belli edilýär.

Oýunyň oýnalyşy : oýny başlanýan birinji toparyň oýunçylarynyň biri “Aýterek” diýip gygyrýar. Ikinji toparyň oýunçylarynyň biri bolsa “Günterek” diýip jogap berýär. Soň oýun şeýle dowam etdirilýär. Birinji topar “Bizden size kim gerek!” diýip gygyrýär. Ikinji topar “Saýrap duran dil gerek!” diýip jogap berýär. Birinji topar “Dilleriň haýsy gerek?” diýýär.

Ikinji topar haýsy hem bolsa garşydaş toparyň biriniň adyny tutup , mysal üçin , “Arslan gerek”diýip jogap berýär. Arslan diýlip ady tutalan oýunçy bat bilen ylgap gelip , ikinji toparyň oýunçylarynyň elleriniň arasyny üzen oýunçylarynyň birini öz toparyna alyp gaýdýar. Birinji topar ýene-de hüjümi dowam etdirýär. Eger Arslan garşydaş toparyň arasyny üzüp bilmese , onda ol oýny şol toparyň hatarynda dowam etdirýär. Hüjüm etmek gezegi hem ikinji topara geçýär. Oýun gutaranda haýsy toparda az oýunçy galsa , şol tarapyň utuldygy bolýar.

**Serpme.** Bu oýun , köplenç halatda , çarwa çagalary tarapyndan oýnalýär.Ony iki ýa-da birnäçe adam bolup oýnaýarlar. Çagalar meýdandan düýäniň gumalagyny çöpläp , etegini dolduryp gelip,oýna başlaýarlar. Oýun ikitaraplaýyn oturylyp oýnalýar. Ortadan 40-50 gumalak sygar ýaly çukur gazylýar. Iki bolup oýnalynda , her oýunçy ortadaky çukura oýnam sany deň gumalak atýarlar. Oýunçy iki bolanda “Haýsy elimde?” edip , köp oýunça bolanda gysgarak sanawaç sanap , kimiň gezegidini kesgitlenýär. Gezek alan oýunçy algynyň arasyny açygrak edip , çukura ýakyn çommalyp oturýar. Oýunçy çukurdaky gumalaklary goşawujyna alyp , selçeňräk düşer ýaly edip , özine tarap sepýar. Bu oýnyň ady hem şu ýerden gelip çykýar. Çukuryň içinde ýekeje gumalak galsa hem bolanok, onda ikinjä gezek bermeli.

Gumalaklaryň hemejesi çukurdan daşyna sepilen soň , her gumalagy ýatyp at , oturyp at , tapawudy ýok , biri-birine degirmän , pitikläp çukura salmaly. Çukura salyp bilen gumalagyň seňki bolmaly. Eger pitikleýärkäň gumalaklaryň biri çukara girmese ýa-da başga birine degip giräýse-de , pitikleýärkäň “pyssan”(boş geçseň) hem gezegi ýoldaşyňa bermeli. Oýun her gezek oýnalanda şunuň ýaly tertipde alnyp gidilýär. Täzeden oýnalanda gumalagy gutaran meýdandan gumalak çöpläp gelýär. Ahyrda gumalak sanalanda kimiňki köp bolsa, şol ýeňiji hasaplanýar.

**Taklatgy.** Bu oýun başa-baş oýnalýan oýundyr. Bu oýunda iki oýunçy biri-birine bakyp, ýüzbe-ýüz oturýarlar. Her bir oýunçy öz öňünden, takmynan 10-12 gumalak sygar ýaly 4 ýa-da 6 sany çukurjyk “öýjagaz” gazmaly.

Oýnuň oýnalyşy we düzgünleri. Her kim öz öňündäki “öýjagazlaryň” her birine 4 gumalakdan atyp goýmaly. Bu oýunda hem gezek “Haýsy elimde?” bilen ýa-da sanawaç bilen kesgitlenilýär. Şu ýerde berk bir düzgün bar: gumalaklaryň paýlap başlanda haýsy tarapa aýlanmalydygy barada “sagdan çepe” diýen aňlatma ulanylýar. Beýle diýmek, gumalak her gezek paýlanmaga başlananda hemişe bir düzgünde, diňe sagdan çepe, ýagny sagadyň diliniň ugruna aýlanmaga hakyň bar. Ilkinji gezegi kim alan bolsa, ol öz öňündäki öýleriň haýsysynda başlasa başlap, bir öýdäki 4 gumalagy penjesine alyp, sagdan sola tarap her öýe bir gumalak paýlap gidip oturmaly. Eliňdäki gumalak haýsy öýde gutarsa, onuň yz ýanyndaky öýden gumalaklary penjeläp alyp, ýeke-ýekeden atyp gidip oturmaly. Öz öýleriniň birinden başlanan aýlaw garşydaşyň öýleriniň üsti bilen aýlanyp, ýene öz öýleriňe gelip, şol aýlanyp gidip oturmaly. Şeýle aýlawlar netijesinde käbir öýkere gumalaklar köp üýşýär. Käbirleri bolsa boş galýar. Eger şol aýlanyp ýörşine elindäki gumalak bir öýde gutaryp, öňünde hem bir boş öý bar bolsa, şol öýe eliň arkasy bilen tarkyldap kakyp, ondan soňky öýdäki gumalaklaryň baryny özüňe alaýmaly we ýoldaşyňa gezek beräýmeli.

Ýoldaşyň hem edil seniň aýlanşyň ýaly haýsam bolsa bir öýünde näçe gumalak bar bolsa, şolary penjesine alyp, sagdan çepe aýlanybermeli. Onuň hem elindäki gumalak gutaran ýerinde bir sany boş öý bar bolsa, ol hem eliň arkasy bilen boş öýe kakyp, yzyndaky öýde näçe gumalak bar bolsa, olary özüne alaýmaly we gezegi ýoldaşyna bermeli. Ilkinji aýlawdan soň iki oýunçy hem nirede, haýsy öýüň boşlugyna garap, göçüp başlajak bolanda özüniň haýsy öýünden başlasa amatly boljagyny seljerip, içinden hasaplap görüp, soň göçüp

başlamaly. Eger şu zatlara ünsli garamasaň, haçan çöpüň gutaranda yzyňda iki öý boş bolaýsa, sen “ýanmaly” ýa-da “köýmeli” bolýarsyň. Şeýde-şeýde öý sany gumalak sany azalyp, boş öýler köpelýär. Ahyry oýunçylaryň biriniň hemme öýi gumalakdan boşap galýar. Şeýle ýagdaýda beýleki oýunçynyň öýlerinde näçe gumalak galan bolsa, olar özüne galýar we ýeňiji hasaplanýar.

**Gözdaňdy.** Oýun takyr ýerde ýa-da ot-çöpsüz arassa meýdanda, çaýyrlyk ýerlerde oýnalýar. Oýnamak üçin ullakan çyzyk çyzylýar. Oýunçylar bije atmak bilen, kimiň gözüni daňmalydygyny belli edilýär. Bijesi galanyň gözi ýaglyk bilen daňylýar. Gözi daňylan oýunçy tegelek çyzygyň ortasynda duruzulýar. Beýleki oýunçylar bolsa çyzygyň daşynda bolýarlar.

Oýunyň oýnalyşy. Oüun başlandan oýnaýanlaryň hemmesi çyzygyň içine girýärler we gözi daňylygy oýunça ellerini degirýärler. Ol özüni elläni tutjak bolýar. Eger tutaýsa, onda tutulan oýunçy tutanyň adyny tutup gygyrmaly. Gözi daňylygy oýunçy bolsa ony sesi boýunça tanap, adyny aýtmaly. ŞOndan soň öňki gözi daňylanyň daňysytny aýryp, tutulanyň gozüni daňýarlar. Eger eşekçi tutan oýunçysyny tanamasa onda tutulany goýbermeli we başgasyny tutmaga çalyşmaly.

Oýunyň düzgünleri:1.Gözi ýaglyk bilen daňmaly. Ýaglyk arassa bolmaly. Şonda-da gözi daňyljak oýunçynyň öz arassa elýaglygyny umumy peýdalanýan ýaglygyň aşagyndan goýmaly.2 gözi daňylan oýunça gödeklik bilen el degirmek bilmaýar wediňe guşaklygyndan ýokarsyna el degirmäge rugsat berilmelidir.3. Tutulan oýunçy öžüniň tanalmazlygy üçin sesini üýtgedip biler.

**Bukuldym.** Bu oýunyñ eşekçi saýlamak, pellehana bellemek, bukulmak şertleri “Görüpgaçdy” bilen birmeñzeşdir. Emma eşekçiniñ döwçüleri gözlemek şerti üýtgeşikdir. Döwçüler “guk” bererenlerinden soñ, eşekçi olary gözlemäge gidýär. Eger ol döwçüleriñ birini göräýse, ony tutjak bolýar.

Döwçi eşekçä tutdurman, pellehana geljek bolýar. Eşekçi döwçüleriñ birini pellehana barýança tutsa, tutulan döwçi eşekçi bolýar, eşekçi hem döwçi bolýar. Eşekçi täzelenende gizlegde ýatan bar bolsa, onda ozalky eşekçi gygyryp, kimiñ eşekçi bolandygyny habar berýär, özi bolsa gizlenmäge gidýär.

Döwçüler eşekçini tutmaga-da haklydyrlar. Eşekçi döwçüleri gözläp ýörkä bukulyp ýatan döwçüniñ birisi eşekçini tutaýsa, eşekçi öñküligine galýar. Pellehana gelýänçäler döwçüleriñ hiç birini hem eşekçi tutup bilmese, onda ol ýene-de öñki eşekçiligine galýar. Oýun täzeden başlanýar.

**Gurttutdy.** Bu oýun hem türkmeniñ milli oýunlarynyñ gadymdan bäri oýnalyp gelinýän bir gyzykly görnüşidir. Gurttutdy iki ýa-da köp bolnup oýnalýar. Oturyp oýnalýan bu oýuny oýnamak üçin ýerde ýa-da karton kagyzyñ ýüzüne dört buruçly inedördül çyzyk çyzmaly, ony içinden dikligine, gyýalygyna we keseligine çekilen çyzyklar bilen bölüşdirmeli. Şol inedördüliñ içinde çyzyklar 25 gezek kesişmeli. Soñra kyrk goýny we bir gurdy alamatlandyrýan çöp ýa-da daş almaly. “Gurdy” ýa-da “goýunlary” oýnajak oýunçylar kesgitlenip, bije atyşmak bilen kimiñ öñ geçmeldigi anyklaýar. “Goýunlary” oýnaýanlar öz çoplerini 20-den ikä bolýärler. Soñ bolsa çopleri çyzyklaryñ kesişýän ýeriniñ islendik ikisinde goýulýar. “Gurdy” geçýän oýunçylar daşy ortarakda, “goýunlaryñ” gabap bilmejek ýerräginde goýýarlar. “Goýunlar” hem “gurdyñ” böküp bilmejek ýerinde goýulýar. Eger “Gurt” şaşka oýundaky ýaly “goýnuna” bökse, ol çöpi oýundan çykarýar. “Gurt” çyzyklaryñ ugurlary boýunça göçüp, “goýunlaryñ” üstünden böküp, olaryñ hemmesini oýundan çykaryp bilse, ol utýar. “Goýunlar” “gurdy” gabap, geçersiz goýsalar, onda “gurt” utulýar.

**Guşakgoýdy.** Bu oýunda oýunçy näçe köp bolsa (15-20 adama çenli), şonça-da oýun gyzykly bolýar. Sanalyşyp eşekçi belenilenden soñ, döwçüler el tutuşyp, tegelenip durýarlar we gollary mazaly ýazylýança, tegelegi giñeldýärler, soñra ellerini

goýberýärler-de, duran ýerlerinde çommalyp oturýarlar. Eşekçi eline gowşak işilen ýaglygy alyp, ony kimiñ-de bolsa biriniñ yzyna goýmak üçin tegelegiñ daşyndan aýlanyp başlaýar. Döwçüleriñ yzyna seretmäge hukugy ýuk. Eşekçi duýdurman bir oýunçynyñ yzynda guşagy goýýar-da, tegelegiñ daşyndan aýlanmagy dowam etdirýär. Eger yzynda guşak goýulan döwçi ony bilse, guşagy alyp, eşekçiniñ yzyndan kowalaýar. Eşekçi urdurman, tegelegiñ daşyndan aýlanyp, ýañky döwçüniñ ýerinde otursa, eşekçi döwçi bolýar. Eşekçi yzyndan ýetdirse ýa-da urdursa, onda ýene eşekçiligine galýar. Yzynda guşak goýulan döwçi guşak goýlanyny duýmasa eşekçi tegelegiñ daşyndan aýlanyp gelip, guşagy alýar-da, ony urmaga başlaýar, soñra guşagy 5-6 metr beýleräk zyñýar. Guşak bilen urulan döwçi guşaga tarap ylgaýar. Döwçi tegelegiñ daşyndan aýlanyp gaçýar. Eşekçi boş galan ýere gelip oturýar we guşagy täze eşekçä berýär. Oýun şeýle tertipde dowam etdirilýär. Guşakgoýdy oýny çagalarada çalasynlygy, duýgurlygy ösdürýär.

**Içýanagyz** - bu oýun hem gadymy oýunlaryñ biridir. Onuñ çyzygy hem ýönekeý. Käbir ýerlerde bu oýna “Gabap tutdy” hem diýýärler. Bu oýunda her oýunçyda iki sany çop bolýar. Çöpi kesek bolejiginden, çöpden – çörden, ýagny ele ilen zatdan edýärler. Oýunçylar ellerindäki çöplerini gezekl-gezegine göni çyzyklaryñ kesişen nokatlarynyñ üstünde goýýarlar. Soñundan hem çoplerini öz başardyklaryça gezekli – gezegine bir çatrykdan beýleki goñşy çatryga göçýärler. Oýunçylar biri – biriniñ çoplerini gabap, olara geçmäge ýer goýmazlyga çalyşýarlar. Haýsy oýunçy beýleki oýunçynyñ çoplerini gabap tutsa, onuñ utdugy hasap edilýär. Soñ oýun täzeden başlanýar.

**Düzzüm.** Oturyp oýnalýan oyunlaryň içinde düzzüm oýny küşt oýnyna garaňda has giňden ýaýran oýundyr. Köne wagtlarda hem bu oýny adamlarň köpüsi oýnamagy başarypdyr. Iň oňat tarapy-da, bu oýny oýnamak üçin hiç hili

abzal ýa-da gural gerek bolmandyr. Düzzüm oýnamak islän adamlar islendik ýerde oýny gurap bilipdirler. Düzzüm oýnunyň ýonekeýligi we gyzyklylygy sebäpli, ony meýdanda mal bakyp ýören çopanlar-da, oba hojalyk işlerinden ýadap gelen adamlar-da dynç alýan wagytlary oýnap bilipdirler, ýagny iki adamyň başy çatylýan ýerde bu oýny oýnamak mümkinçiligi bolupdyr. Düzzüm oýnunyň her hili görnüşleri bolupdyr.Oýnuň ýönekeýräk görnüşlerine on iki düzzüm we üç düzzüm diýilipdir.

Oýny oýnamak üçin tekiz düz ýerden çyzyk çekmeli. Ol çyzyklar biri – biriniň içinden çyzylan dört burçly 3 sany çyzyk, ol dört burçluklar 4 ýerinde göni çyzyklar bilen birleşdirilýär, ýagny dik çyzyklar arkaly kesişdirilýär. Çyzyk çyzylandan soň öýunçylaryň her biri 8 sany çöp edinýär .Mysal üçin, biri kesek bolejiklerini, beýlekisi döwlen çöpleri alýar. Çöpler biri – biri bilen kesişen we burçlarda emele gelen nokatlaryň sany 24 bolmalydyr.

Oýunçylar öz taraplarynda hersi öz islendik nokatlarynda 4 çöp goýýarlar. Soň olar kimiň öň geçmelidigini bije arkaly kesgitleýärler. Göçüme başlan oýunçy bäşinji çöpüni islän nokadyna goýýar. Soňky üç çöpi olhaýsy-da bolsa bir çyzygyň üstünde deň bir hatar emele getirer ýaly edip, oýnamaga dyrjaşýarlar. Beýleki oýunçy oňa üç çöpi bir hatara düzdürmejek bolup, öz gezeginde onuň çopleriniň arasyna öz çöplerini goýýar. Ilki bilen oýunçylaryň haýsy biri hatardaky 3 nokada öz çoplerini hatara düzmegi başarsa, ol beýleki oýunçyny entek göçmedik, elindäki çöplerinden birini alýar.

Oýunçylaryň çöpleriniň üçüsini bir hatara çalt düzmäge, beýleki oýunçynyň bolsa çopleri düzmegine päsgel bermäge dyrjaşýar. Oýunçylar elde galan çopleri boş galan nokatlaryň has amatlysynda goçalyşýar. Eldäki çop gutaran soň, oýunçylar göçüme başlaýarlar we her hili sapalak atyp,hileler edip çöplerini düzmäge çalyşýarlar. Garşydaşy bäsdeşine üç çöpüni hatarlap ýerbe – ýer düzmegine mümkünçilik bermejek bolup,

öz çöplerini ol hataryň içine sürýär (elinde çöpi bolsa goýýar). Oňat pikir edip geçen oýunçynyň biri daşky çyzyk bilen ýa-da ortaky çyzyk bilen, ortaky gapdal çyzyklary hatara goýup, eýläk göçse-de, beýläk göçse-de çöpleri düzýär. Şeýle edip ol goşa düzzüm edýär hem garşydaş oýunçyny özüne päsgel berýän çöpüni alýar. Bu has okde we tejribeli oýunça başardýar. Muny başaran oýunçy her göçüminde çöplerini düzüp, garşydaşynyň hemme çöplerini alýar we gürrüňsiz utýar. Düzzüm oýny oýunçylardan akyl ukybyny, pikir etmegini we seresap, pähimli bolmagy talap edýär. Ýaşlar üçin bu oýun örän peýdalydyr. Olara akyl, ahlak we başga peýdaly terbiýeleri bermek üçin bu oýun mekdepde bedenterbiýe sapaklarynda, sapakdan daşary işlerde oýnalsa, peýdaly bolar.

**“Gukmy – paňk?”** kiçi ýaşly çagalaryň arasynda giňden ýaýran, az hereketli, oturyp oýnalýan oýundyr. Dört – bäş çaga tekiz ýerde tegelenip oturýar. Oýun başlamanka oýunçylar toýundan oňat eýlenen palçyk taýarlap goýýarlar.



Выпечка лепешек в игрушечном тандыре

Oýunçylaryň sanawaç bilýän ekabyrragy oýny kimiň başlamalydygyny kesgitleýär. Oýunçy bir tokga palçyk alyp, ony okara ýaly edip ýasaýar. “Okaranyň” dübini näçe edip bilse, şonça-da oňat bolýar. Ony sag eliň aýasyna alyp, oýunçy ýoldaşlaryň birine “Gukmy – paňk ” diýip ýüzlenýär. Ýüz tutulan oýunçy oňa “guk” ýa-da “paňk” diýip jogap berýär. Soň oýunçy okaranyň agzyny aşak edip, ýere urýar. Eger garşydaky oňa “guk” diýen bolsa, onda ol okaranyň üsti ýarylyp, zyňylyp

gidip, oýular ýaly, ony bat bilen ýere urýar. Garşydaş oýunçy öz palçygyndan alyp, okaranyň zyňylyp giden palçyklarynyň ýerini dolmaly, deşikleri ýapmaly. Eger okaranyň üsti ýarylyp zyňylyp gitmese, onda okaranyň eýesi ony utdurýar. Eger ýere urulan okara dargasa, onuň palçygyny oýunçular ýetişip bildiginden garbap alýarlar. Soňra gezek sagda oturan oýunça geçýär. Ortasy ýukaldylan palçyk okara tekiz ýere urulanda onuň sesi gaty çykýar, oturanlaryň üstüne palçyk syçraýar.

Oýun tä toýun palçyklaryň hemmesini oýunçylaryň biri utýança dowam edýär. Utan oýunçy üýşen toýun palçykdan göjek, haýwanlaryň, guşlaryň durmuşda ulanylýan zatlaryň şekillerini we başga oýunjaklary ýasap, olary guradýar.

**Çilik** öýuny gadymy oýun bolup, türkmenleriň ata – babalary döwründe oýnalýan hereketli, çylşyrymly we gyzykly oýunlarynyň biridir. Bu oýun üçin şu aşakdaky ýaly şertler talap edilýär. Oýun oýnamak üçin obanyň çetinde düz meýdan saýlanyp alynýar. Oýunçylaryň her birini 1-1,5 metr uzynlygynda, ýogyn, ýylgyndan ýa-da söwütden, daglyk ýerlerde bolsa berk dagdan agajyndan ýasalan ujy tommak taýaklary bolmaly. Çilik (şaýba) ýerine bolsa kiçeňräk mal süňki ýa-da iki ujy çiş taýajyk ulanylýar.

Bu oýny 4 adamdan 20 adama çenli oýunçylar 2 topara bölünip oýnaýar. Iň göwnejaý san – ol hem her toparda (komanda) 5-6 oýunçyly iki komandadyr. Eşekçi oglan ýa-da eşekçi komanda bije, sanawaç we hellikleşmek arkaly anyklanylýar. Çilik oýny iki tarap, ýagny iki komanda bolup hem-de tutuş bir topar bolup bir eşekçiniň garşysyna hem oýnalyp biliner. Oýunyň bir eşekçiniň garşysyna oýnalýan görnüşi aşakdaky ýaly bolýar: oýny oýnamak isleýänler jemleneninden soňra tekiz meýdançada onçakly uly bolmadyk, ýagny diýametri takmynan ýarym metre golaý çukur (guduk) gazylýar. Oňa pellehana diýilýär. Soňra oýunçylar eşekçini anyklamak üçin 20 – 25 metr aralykda kese çyzyk çyzyp, ellerindäki taýaklaryny gezekme-gezegine çukura oklaýarlar.

Kimiň taýagy çukura zyňylan taýaklardan iň uzaga düşse, şol oýunçy eşekçi bolýar. Eger oýunçylaryň hemmesiniň taýüaklary taýak ýetime düşse, onda taýaklary täzeden zyňmaly bolýar.Bu tä eşekçi belli bolýança dowam etdirilýär.

Eşekçi bolan oýunçy çiligi alyp, çukuryň üstünde ýokary zyňmaly. Çilik ýokary oklanan dessine çukuryň töwereginde duran oýunçylar, çilik çukura gaçmanka, öz taýaklary bilen urmaga çalyşýarlar. Döwçüleriň biriniň taýagy çilige degip, ony çukurdan uzaga zyňýar. Çilige tarap eşekçi we döwçüler topulýarlar. Eşekçi döwçülerden öň çiligi taýagy bilen urup (çiligi ellemek düzgün boýunça gadagandyr), çukura tarap alyp gaýdýar, ony çukura saljak bolýar. Döwçüler onün yzyndan kowýarlar. Olar çiligi eşekçiden alyp, çukurdan has daşlaşdyrmaga çalyşýarlar. Eger eşekçi çalasyn we ökde oüunçy bolsa, onda ol her hili sapalaklar atyp, döwçülere çiligi aldyrman, çukura salmagy başarýar. Eşekçi çiligi çukura ýa-da çyzyga salanda “çilik öldi” diýlipdir. Eger eşekçi ökde oýunçy bolmasa, onda zyňlan çiligi ilki döwçüler alyp, ony has aňryk äkidýärler. Eşekçi olardan çiligi aljak bolup, olaryň yzyndan ylgaýar, özüni aldadýar, halys ýadadýar. Şeýlelikde, ol tä oýun gutarýança eşekçiligine galýar.

Eger oýnuň başynda eşekçi tarapyndan çukuryň üstünde zyňlan çiligi hiç kim urup bilmese, çilik hem çukura düşäýse, onda eşekçi dessine, çaltlyk bilen elindäki taýagy bilen töwereginde duran döwçüleriň birini dürtmeli. Ol taýak bilen dürtülen döwçi eşekçi bolup, öňki eşekçi bolsa döçüleriň hataryna goşulýar. Döwçüler bu halatda dessine çiligiň çukura girmändigini aňyp, çaltlyk bilen pytrasalar, onda eşekçi öňküligine galýar. Eger çilige döwçüleriň taýagy degmän, ol çukuryň gyrasynda dursa, döwçüleriň hiç biriniň çilige degmäge haky ýokdur. Şeýle halatda eşekçi çaltlyk bilen çiligi çukura atjak bolup synanyşýar we munuň üçin öz bilýän dürli emellerini ulanýar. Çukuryň gyrasynda ýatan çilige degmäge ilki bilen eşekçiniň haky bar. Haçan-da eşekçi çilige degip, ony

çukura salmaga synanyşanda, döwçüler oňa päsgel bermäge we çiligi çukurdan has daşa zyňmaga çalyşýarlar. Olar eşekçiniň hereketlerini synlap, ol taýagy çilige degen dessine oňa hüjüm edýärler. Eger çukuryň gyrasynda ýatan çiligi eşekçä çukura salmak başardaýsa, onda ol duranlaryň birini dessine taýagy bilen türtýär we eşekçilikden çykýar. Eşekçi çiligi çukura atyp, döwçüleriň birini taýak bilen dürtmäge ýetişmese, onda öňki eşekçiligine galýar. Döwçüler çiligi alyp, biri – birine berip oýnaýarlar. Eşekçi bolsa döwçi çiligi oýnap duran wagty ony taýagy bilen dürtmegi başarsa, onda ol eşekçilikden çykýar we dürtülen oýunçy onuň ýerine geçýär.

Bu oýun köplenç iki topar bolup oýnalýar. Bular ýaly bolanda oýunçylaryň güýji deň iki topara bölmek üçin azaşýarlar. Oýunçylaryň içinden iki sany “han” saýlanyp, olar gezekli – gezegine azaşan jüdüt oýunçylary paýlaşýarlar. Oýunçylar gyra çykyp, biri – birine at dakýarlar we “hanlaryň” ýanyna gelip, ol atlaryň birini saýlap almagy teklip edýärler. Şeýlelikde, oýunçylaryň güýji deň bolan iki topara bölünip, olara “hanlar” ýolbaşçylyk edýär. Olar öz oýunçylaryny ýanlaryna ýygnap, maslahatlaýarlar. Soň haýsy toparyň döwçi bolmalydygy, haýsy toparyň eşekçi bolmalydygy bije arkaly anyklanýar.

Oýnuň düzgüni edil ýokarda ýazylyşy ýaly, ýöne indi döwçi toparyň oýnaýan çiligini eşekçi toparyň permeýunyslaryny almak üçin hüjüm edär. Döwçi toparyň bir oýunçysy bolsa çukuryň ýanynda, çiligi çukura saldyrmajak bolup, sakçylyk edýär. Döwçüler çiligi çukura saljak bolup dyrjaşýarlar, eşekçiler bolsa çukury goraýarlar. Eger döwçüler çiligi çukura salsalar, onda bir oçko gazanýarlar. Eşekçileriň we döwçüleriň ýerleri çalyşýar.

Çilik oýny köp güýç sarp etmegi talap edýän sport häsiýetli oýun bolup, onuň çagalaryň bedenini berkitmekde, olary çalasynlygy, ukyplylygy we ş.m. oňat häsiýetleri öwretmekde uly ähmiýete eýedir.

## Tansly oýunlar.

Köne türkmen oýunlarynda, tomaşalarynda tans görnüşinde ýerine ýetirilen tansly-aýdymly oýunlar uly rol oýnapdyr. Muňa Günbatar Türkmenistanda toýda oýnalan “zikir” ýa-da “küşt depdi” tansy, Etrekde we Ahalyň daglyk etraplarynda, Amyderýanyň kenarlarynda ýaşan türkmenleriň “Ýar-Ýar”, “Döneýin”, “Ölenler” ýaly aýdymly-tanslary mysal bolup biler.

**Küşt depdi.** Ýyl çalşanda, ýagny Nowruz günleri “Nowruz ýarma”, “Nowruz köje” etmek, semeni bişirmek, monjuk atdy ýaly we başga oturylyşyklar guramak, öýlenme toýlarynda aýal – gyzlaryň şowhunly ýerine ýetirýän toý aýdymlary (ölenler, ýar-ýar, döneýin) we tanslary oturymly ýaşan türkmenleriň arasynda giňden ýaýrapdyr, olar türkmenleriň aglabasy boan çarwalarda asla bolmandyr diýen ýalydyr. Alymlaryň toplan taryhy maglumatlary boýunça, zikir tansyny örän gadymy wagtlardan başlap iki manysy bolupdyr. Onuň bir manysy porhançylyga ýakyn bolup, zikir oýnamak arkaly näsagy, dälini bejeripdirler. Beýleki bir, has ýaýran manysy bolsa toýlarda ýerine ýetirilýän görnüşidir.

Toýlarda ýerine ýetirilýän zikire “yşky zikir” diýilipdir. Ýaş oglan – gyzlar, hatda orta ýaşlylar hem toý edilýän ýerde tegelenişip durupdyrlar. Märýekäniň ortasyna tansa we gazala ökde gelin we ýigit çykyp, gazalçynyň we märýekäniň ýerine ýetirýän gazallaryna we el çarpmalaryna sazlaşdyryp tans edýärler. Gazalyň her bendiniň soňunda “eýha-eý”, “uhhu-uhhu”, “küşt-küşt,küşt” diýip ýeri depip, elleri bilen hereket edipdirler. Tansçylar elleri bilen hereket edenlerinde, biri-birine degmeli däl. Zikir tansynyň bir depim, iki depim, üç depim ýaly her hili görnüşleri bar. Türkmenbaşy etrabynda, Türkmenbaşy we Nebitdag şäherlerinde bu tansa “küşt depdi” diýilýär. Bu at gazalyň ahyrynda ýeri depilende 3 gezek gaýtalanyp aýdylýan “küşt, küşt, küşt” we “depme” sözlerinden

gelip çykypdyr. Esenguly, Çekişler, Ajyýap we başga obalarda oňa zikir tansy, zikir çekmek diýilýär.

Gara saçym towlanyp dur,
Al ýaňakda tar bolup.
Köp mahallar jepa çekdim,
Saňa intizar bolup.

Halta doly guş ýelek,
Kime sütem eýleýär.
Rehimsiz şum pelek.

Aşyk, aşyk diýdirme,
Aşyklygyň duýdurma,
Aşyk bolup alanňa
Arpa çörek iýdirme …

Ýokarda getirilen mysallar we gazallar gadym wagtlardan başlap türkmenlerde halk tanslarynyň dürli görnüşleriniň bolandygynyň aýdyň şaýadydyr.

Häzirki wagtda, ýagny Garaşsyzlygmyzy alanymyzdan soň “küşt depdi” tanslary oýnalanda aýdylýan gazallaryň many-mazmuny has özgerdi. Indi “küşt depýänler” Belent Mertebeli Serdarymyz Saparmyrat Türkmenbaşy, onuň alyp barýan içeri we daşary syýasatyny, şol syýasatlar netijesinde gazanylýan ykdysady, medeni, sosial üstünlikler, Garaşsyz, Bitarap, Türkmenistanyň mukaddes simwolik nyşanlary bolan Ýaşyl Tugumyz, Gerbimiz hem wasp edilýär.

**Kaşyk çemçe tansy.** Gündogar etraplarda belli bolan “garsap”, “kaşyk-çemçe” diýilip atlandyrylan, aýal- gyzlaryň tans oýunlary hem gyzyklydyr. Aýal-gyzlar tegelenip durupdyrlar, märýekäniň ortasyna oňat we çalasyn tans edýän 2 sany gyz ýa-da ýaş gelin çykypdyr. Bir gyz hem eli doýraly saz çalypdyr. Töwerekdäki tomaşaçylar doýranyň sesine goşup el çarpyp, aýdym aýdypdyrlar. Orta çykan aýallar bolsa ellerini

döşlerine kakyp, tans edipdirler ýa-da ellerine çemçe – kaşyk alyp, olary doýranyň sesine goşyp tans edipdirler.

**“Monjugatdy”** oturyp oýnalýan az hereketli oýunlaryň içinde iň gyzyklylarynyň biridir. Bu oýny köplenç bahar aýlarynda, Nowruz wagtlary gelin-gyzlar oýar. Oýna gatnaşmak isleýänleriň her biri özi bilen belli bir reňkdäki monjugy ýa-da daşjagazy getirýär. Oýun oýnaljak ýerde ullakan, agzyndan el sygaýjak küýzä suw guýup goýýarlar. Eger-de bular ýaly küýze tapylmasa, onda suwly jamy ýa-da ulurak käsäni alyp, üstüni ýaglyk bilen örtýärler.

Bir öýe üýşen gelin-gyzlar getiren monjuklaryny küýzä ýa-da jama, juda bolmasa käsä atýarlar. Gabyň ýanynda kiçijik çaga oturyp, monjuklary çykarýar. Oýunçylaryň biri ýa-da garry aýal ilki bilen bir bent sanawaç sanaýar. Şondan soň çagajyk gaba elini sokup, oýunçylaryň biriniň monjugyny çykarýar. Monjuk çykarylandan soň onuň kime degişlidigi anyklanylýar. Kim ol monjuga eýe çyksa, monjuk çykarylmazdan öň sanalan goşgyny, onuň manysyny monjugyň eýesine degişli edilýär. Monjugatdy üçin her hili mazmunly, köplenç halatda bolsa gülkili-ýaňsylaýjy äheňde bentler-sanawaçlar aýdylýar.

Elbetde, sanawaçlara belli-belli aýallar ökde bolupdyr. Olar sanawaç sananlarynda, pal atylan ýaly, haýsy-da bolsa bir oýunçynyň ykbalynyň nähili boljakdygy, oňa näme garaşýandygy şorta sözler bilen beýan edipdirler. Aýdylan sanawaç degişli adamsyna dogry we oňat sypatlandyrýan bolsa, onda töweregindäkiler şowhunly gülşüpdirler. Monjugy çykan gyz ýa-da gelin sanawajyň manysyna kaýyl bolup, özi hem keýip edip gülipdir. Bu oýun ilkiagşamdan başlap ýarygijä çenli dowam edipdir, aýal-gyzlar gülşüp, gürrüň edişip göwün açypdyrlar.

Sanawaçlary aýal-gyzlaryň özleri düzüpdir, käwagtlar sanawaçlarda durmuşdan närazylyk hem duýulupdyr.

Sanawaçlaryň üsti bilen gelin-gyzlar öz geljeginiň oňat bolmagyny arzuw edipdirler.

Monjugatdylaryň köp bentlerinde ýigitleriň, gyzlaryň zähmete bolan ukyby, gork-görmegi, ýaşlaryň isleg-arzuwlary beýan edilipdir.

Monjugatdy oýnalanda sanalýan bentleriň käbirini mysal alypgöreliň:

Ýokarda Ülker,
Telpegin silker,
Jana-jan ýarym,
Gelmäge gorkar.

Gapyda ýatan oglan,
Köýnegi keten oglan,
Tur ýaryňy apardylar,
Bigapyl ýatan oglan.

Depä çykar Ogultäç,
Düwme kakar Ogultäç,
Söwer ýaryn söýdürip,
Söwüde çykar Ogultäç.
Ilerden öten ýigit,
Köýnegi keten ýigit,
Hiç gyz bilen söýüşmän,
Dünýäden öten ýigit.

Çilim çek-ä, çilim çek,
Odun söndür, külün çek,
Pula gyz satanyň,
Ýeňsesinden dilini çek,

Şular ýaly dürli manylar aňladýan goşgulary – bentleriň, elbetde, her obada bir hili edilip aýdylýandygyny-da bellemek gerek.

# X. TÜRKMENLERDE DINI DÜŞÜNJELER WE ÝAS DÄP-DESSURLARY.

## 10.1. Türkmenlerde dini düşünjeler

Türkmenlerde hem beýleki halklaryň köpüsinde bolşy ýaly, gadym wagtlardan başlap biziň ata-babalarymyzda dürli dini düşünjeler bolupdyr. olar aşakdakylardyr: “Totemizm” dini düşünjesi, “Fetişizm” dini düşünjesi türkmenleriň iň gadymy düşünjeleridir. Türkmenlerde “Buddizm”, “Hristiançylyk”, “Zorastrizm” we häzirki “Yslam” dinleri bolupdyrlar. Olar barada dilden giňişleýin düşünje bermeli.

Adamlarda tebigatdan daşarda gudratly bir güýç bar diýip düşünipdirler. Jyn, ajal, ölüm hakynda oýlanmalar ýüze çykypdyr.

Gadymy adamlar adamyň hereketiniň tagtamagynyň (ölmeginiň) onuň bedeninden näme-de bolsa bir zadyň çykyp gitmegi, adamynyň hereketiniň şol zadyň ýetmeýänligi sebäpli togtaýanlygy bilen düşündiripdirler. Gadymy adamlar adamzada bir gudrat bilen jan berilýär we ýaşaamaga berlen wagt tamamlanandan soňra bolsa adamynyň ajaly ýetýär, ölýär, emma onuň jany ölmeýär diýip düşünipdirler (şu ýerde häzirki zaman adamlarynyň ölen adamlaryň täze bolan çaga geçýärmişin diýen pikirleri barada gysgaça gürrüň bermeli).

Merhum bilen geçirilýän çäreler eýýäm daş asyryndan bri kada öwrülipdir. Neomet döwründe merhum jaýlamak eýýäm däbe öwrülipdi. Muňa Gaýly gowagyň golaýynda arheologlaryň açan mazarlygy şaýatlyk edýär (8-9 müň ýyl mundan ozal).

Neolit döwrüniň adamlary öz merhumlarynyň kellesini demirgazyk-günbatar tarapa goýup jaýlapdyrlar.

Gaýly gowagyň adamlary ölümleriň ýanynda dürli zatlara merhuma “ol dünýäde” gerek bolar diýen pikir bilen edilipdir. Bu zatlar neolit döwründe Günbatar Türkmenistanda ýaşan adamlaryň “ol dünýäde ýa-da baky dünýäde” ýaşaýşyň

dowam edýänligi hakyndaky düşünjä eýerendiklerini çaklamaga esas berýär.

Arheologik gazuw-agtaryş işleri boýunça bürünç asyryna degişli mazarlar açylyp, olar ylmy esasda giňden öwrenildi. Bürünç asyryna degişli mazarlary arheologiýa ylmy adamlaryň jaýlanylyş tapawudyna görä 3 topara bölýärler. Olar şertleýin ***Katagon Srub*** we ***ýam*** medeniýetleri ady bilen bellidir. Şu döwre degişli mazarlaryň aýratynlygy adamlaryň deň derejede jaýlanylmadyklarydyr. Garyp we baý adamlaryň mazarlarynyň tapawutlandyrylyşy olaryň biriniň içinden köp zatlaryň çykmagy, beýlekisinden bolsa az ýa-da hiç zadyň çykmazlygy mysal bolup biler (Maýkop depesini ýatlamaly). Şeýle aýratynlyklar Türkmenistanyň territoriýasyndan tapylan mazarlara hem mahsusdyr. Muňa mysal edip Mäne obasynyň 3 km gündogarynda Altyndepeden tapylan mazarlary görkezmek bolar (Müsürdäki piramidalary hem ýatlap geçse bolar).

Ýokardaky mysallarda görnüşine görä, synpy jemgyýetiniň ýüze çykmagy bilen merhuma edilýän däplerde hem üýtgeşiklikler ýüze çykypdyr. Ýas dessurlarynyň berjaý edilişi merhumyň jemgyýetdäki durmuş derejesine bagly bolupdyr.

Bu aýdylanlary siz ilkidurmuş jemgyýeti gadymy dünýä taryhlaryndan we arheologiýa derslerinden giňişleýin berilen umumy okuwlardan (leksiýalardan) diňlänsiňiz.

Wagtyň geçmegi bilen ýas däp-dessurlaryny berjaý etmekligi bir düzgüne salmak zerurlygy ýüze çykypdyr. Onuň esasy sebäpleriniň biri miras galan emlägi paýlaşmak bolmagy mümkin. Şoňa görä-de ýas dessujrlarynyň berjaý edilişine yslam dini uly üns beripdir, belli bir tertibe salypdyr. Yslam dini Türkmenistanyň territoriýasynda ýaşan halklaryň durmuşyna hem ornaşyp, täsiri IX-X asyrlarda has-da ýiti bolupdyr. Emma şeýle-de bolsa, ýerli halk yslam dinine çnli bolan dini düşünjelerini ýatdan çykarmandyr. Tersine olar yslam medeniýeti bilen goşulyşyp has-da kämilleşipdir.

Türkmen halkynda adat, däp-dessur diýet düşünjeler bar. Adat arapçadan kada, ýörelge diýmegi aňladýar. Durmuşda şerigatda ýazylanlardan başga ýazylmadyk kada-kanun durmuşda ýörelge edinilýän däpler we dessurlar hem bolýar. Olar adamlaryň belli bir toparyna ýa-da haýsydyr bir halkyň durmuşyna ornaşyp, endcik bolan däplerdir.

**Adat** – bu tükmenleriň öz durmuşyny kadaly alyp barmak maksady bilen döredilen kanunlardyr. Halk bu adatyň kanunlaryny adalattly hasaplaýarlar. Sebäbi olar türkmenleriň durmuş hakyndaky milli pikirlerine gabat gelipdir. Adat türkmen durmuşynyň esasy ýörelgelerini, kadalaryny özünde jemläpdir.

Adatyň bir talaby – göni merhum bilen baglanyşyklydyr. Ol talap şeýledir: her bir ölen ynsany jaýlamak hökmandyr we merhumy jmaýlamaga mümkinçiligi bolan her bir ynsanyň gatnaşmagy şertdir. Diýmek merhumy jaýlamak türkmeniň öz milli kanuny, adaty boýunça hökmany çäre bolupdyr. Ýöne ýokarda belleýşimiz ýaly, türkmen durmuşynda ýerine ýetirmesi hökman bolmadyk, emma olary ýerine ýetirmeseň il-günüň geň görýän çäreleri hem bolupdyr. Olara däp diýip umumy at beripdirler. Adatdan tapawutlylykda däbiň talaplaryny berjaý etmeklik hökman hasaplanmandyr. Ýöne oňa garamazdan, däbiň talaplaryny uly il oňlapdyr. Şoňa göräde däpleri hemmeler öz erkine berjaý edipdirler. Oňa mysal edip, ýasda tagam bermek däbini görkezmek bolar (ölä edilýän ýan janly ýa-da tokly garagöli).

Türkmen däp-dessurlary asyrlaryň dowamynda kämilleşip biziň günlerimize gelip ýetipdirler. Käbir däp-dessurlar unudylyp, täze dessurlar ýüze çykypdyr. Türkmen tire-taýpalarynyň arasynda däp-dessurlaryň ýerine ýetirilişinde özboluşly aýratynlyklar bolupdyr. Ýöne, umumy milli meňzeşlik güýçlidir.

Ýas däp-dessurlary haçan berjaý edilip başlanýar. adam tarpataýyn ölse, onda onuň diň ölenini bilen wagtlaryndan ýa-

da adam jan berjek bolup başlanyndan ýörite däp-dessurlar berjaý edilip başlanýar.

Haly pese düşen hassanyň ýanyna hossarlary üýşýärler we keselli adama başardygyça kelemesini öwürmegi maslahat berýärler. Käbirleri bolsa onuň bilen razylaşýarlar.

Hassanyň haly pese düşse obanyň mollasyna ýa-da bir namazhon ýaşulyny çagyryp, keleme öwürýärler. Ol yslam dini bilen baglydyr.

Kelemäni öwürmeklik jan çykanda hassanyň azap çekmän ölmegine ýardam edýär diýen düşünje türkmenlerde giňden ýaýrandyr. Ony 3-4, 5-6 gezek gaýtalaýarlar. Hassa şonda-da jan bermese, molla "ýasyn" okadýarlar. Ýasyn okadylandan soň, hassa jan bermek bilen bolýarmyş.

Hassanyň jany çykýança ýasyn süresini başga aýatlary okamaklyk şu günlere çenli dowam edip gelýär.

## 10. 2. Ýas däp-dessurlaryň berjaý edilişi.

Adam haçan jan berenden soňra, ýaş däp-dessurlary berjaý edilip başlanýar. Adam jan berenden soňra, onuň gan aýlanyşygy durýar. Jeset sowap başlaýar. Ganyň durmagy sebäpli, merhumyň jesedi gatap başlaýar. Şonuň üçin adam jan berenden soň, onuň agzy açyk galýar. Agyz açyk galmazlygy üçin onuň eňegini daňýarlar. Sebäbi türkmenlerde gadymdan bäri, ja n agyzdan berilip, agyzdan hem çykýarmyş diýen düşünje bolan. Eňegini daňanlaryndan soňra, merhumyň aýaklaryny göni uzadyp, başam barmagyndan baglap goýýarlar. Eger merhumyň gözi açyk bolsa, ony sypalap ýumdurýarlar. Adam jan berenden soňra, ses etmeklik däbi bar. Şol sesi eşidip goňşülary we oba adamlary gelýärler. Merhumy bir jaýyň içinde aşagyna çäge ýazyp, şonuň üstünde ýatyrýarlar. Çäge jesedi sowuk zsaklamak üçin ulanylýar. Häzirki döwürde merhumy kondisionerli jaýda saklamaklyk ýa-da daşyna buz goýmaklyk ýaly has kämilleşen çäreler ýüze çykypdyr. Käbir

maglumatlara görä, Mary welaýatynda merhumyň garnynyň üstüne çişmezlik üçin bir agramly zady goýýarlar.

Merhumy kellersini Mary welaýatynda Gündogara, Ahal welaýatynda demir5gazyk-günbatara goýup, arkanlygyna ýatyrýarlar. Şondan soňra merhumyň ýakyn hossarlary we obanyň abraýly adamlary ölüni haçan ugratmalydygy hem-de beýleki çäreler barada maslahatlaşýarlar. Maslahatdan soňra merhumyň uzakdaky hossarlaryna, dost-ýarlaryna ýörite habar üçin adam ugradýarlar. Häzirki döwürde uzak ýerler üçin telefon ulanylýar.

Juda zerur bolmasa, merhumy bir gijeden artyk saklamaýarlar. Merhumyň jaýlanjak güni ir bilen adamlary gabyr gazmaga ugradýarlar.

Öli ugradylmazdan 1-2 sagat öň meýdi ýüwmaga girişýärler. Ilki bilen oňa täret kyldyrýarlar. Eger merhum ýaş çaga bolsa, onda oňa täret kylmaklyk hökman däldir. Täret namaz okamagy talap etmeginiň esasy şertleriniň biridir. Namaz okaýan adamlar arassa bolmaly, şonuň üçin hem merhuma iň soňky gezek jynaza namazyndan ozal täret kyldyrýarlar. Şeýle çäre häzir hem dowam edýär.

Meýdi häzirki döwürde ýörite ýasalan ýuwgapda ýuwýarlar. Ýuwgap tagtadan ýasalyp, onuň 4 sany aýagy bolýar, aýaklarynyň yzky ikisi kelteräk edilipdir. Ýuwgabyň tagtasynyň üstüne galamy örtýärler we suw şondan syrygyp bir gaba dökülýär. Meýdi jaýda ýuwýarlar. Meýi ýuwýan adamlar namazly-täretli adamlar bolmalydyr. Meýdi üç gezek ýuwýarlar. Birinji we üçünji gezeklerde arassa dury içilýän suw bilen ýuwýarlar. Ikinji gezek bolsa çogan bilen.

Gabyr iki görnüşli: içki öý gapdaldan gazylýany we ortadan edilýäni bar. Bu hakda rowaýat gürrüň bermeli.

Ýuwujylaryň sany dürli ýerlerde deň däl, 4-6 adama çenli bolýar.

Suwa çogan garylyp, gaýnadylyp (ol bolmasa aşgar garýarlar) ýuwulmagynyň sebäbik, meýdiň kiriniň doly

aýrylmagy üçin edilýär dikýen düşünjä baglydyr. Ulanylýan suw ýyly bolsa gowy hasaplanýar. Meýi ýuwanlarynda ilki ony çep egnine ýatyryp, sag egninden aşaklygyna ýuwup başlaýarlar. Soňra sag egnine ýatyryp, meýdiň çep tarapyny ýuwýarlar. Şu tertipde meýdi üç gezek ýuwýarlar. Ýuwup bolanlaryndan soň, bir  bölek mata bilen onuň endamynyň çygyny süpürip aýyrýarlar.

Suw ýok ýerinde ýa-da ýuwmak üçin erkege erkek we aýala aýal tapylmasa meýdce temmum edikpdirler. Teýim etmek täret kylmagyň  bir görnü«şi bolupdyr.

Yslam dininiň düzgünleri boýunça erkegi aýal, aýaly erkek ýuwmak gadagandyr. Ýöne aýal öz ärfini ýuwsa bolýar, emma är öz aýalyny ýuwmaly däldir. Ýaş çagany kim ýuwsa-da tapawudy bolmandyr.

Meýdi ýuwup bolanlaryndan soň, oňa ysly suwlary sepýärler.

Meýdi ýuwup bolýançalar ýa-da ondan hem öň merhumyň iň soňky eşigini – kepeni ýa-da ak don taýyar edilýär. kepen häzir 16 metrlikdäk,i ak biz matadan edilýär. Kepeni iki gat  bolýar, birinjini meýdiň egninden aşak geýdirýärler, oňa köýneklik diýilýär. Ikinjisini depesinden dabanyna çenli dolaýarlar.

Häzirki döwürde ähli adamlara birmeňzeş kepen edilýär.

Kepen geýdirilende tabyda “agaç at” namazlyk ýazylýar. Onuň üsxtünden kepeniň daşky gatyny – dol.agy ýazylýar. Meýdi şonuň üstünde ýatyryp, köýnekligi geýdirýärler we ondan sag tarapyny kepeniň ilki çep tarapyna, soňra sag tarapyny meýdiň daşyna dolaýarlar. Kepeniň daşyndan käýerledrde 3 we beýlekilerde (Mary welaýaty) 4 ýerinden: kelläniň ýokarsyndan, egninden, tirseginden (bilden aşakda) we paşmakdan (aýagynyň ujundan) insia ýüp bilen daňýarlar. Şondan soň tabyda ýazylan namazlygyň ilki çep tarapyny, soňra sag tarapyny kepiniň daşyna dolaýarlar.

Merhumyň üstüne, häzirki döwürde ýüň gyňaç, ýüpek mata, don we ş.m. atýarlar. Merhumyň üstüne atylan matalary kesip öňler öwlüýä baran adamlara paýlardylar. Bu ýagdaý häzirki döwürde örän seýrek edilýär. Häzirki döwürde diňe pul paýlanylýar.

***2.*** Tabyda mündirilen merhumy onuň iň ýakyn hossarlary jynaza okaljak ýere jaýdan çykarýarlar. Şu ýerde tabyn egne alynmaýar. Türkmenlerde köplen merhumy jaýdan ilki bilen kelle tarapyny çykarýarlar. Çünki olarda "owaly baş, ahyry hem baş" diýen düşünje bolan. Ýöne ilki aýak tarapyny çykarmaly diýýänler hem bar. Olar öz pikirleriniň dogrudygyny: "arkan ýatan jesedi aýak üstüne galdyranymyzda, eger-de ilki kelle çykarylan ýagdaýda götinligine çykmaly bolýar, aýagy ilki çykarylýan ýagdaýda, ol dürs diriligindäki ýagdaýda gapydan çykyp gitdi, diýip düşündirjek biolýar". Bu geçen ahyrda hem dawaly.

Namazlykdan öň köne wagtlar keçe ýa-da ýorgan hem ýazylypdyr. Käbir halatda tabyt kepen geýen soň getirilýär. Ol daňylar (ýüpler) soň guburyň iki başynda dikilýän agaçlara ýa-da kerpiçlere daňylýar.

Jynaza okaljak ýeri merhumyň howlusynda ýa-da daşynda amatly ýerde taýýarlaýarlar we jynaza okalmazyndan 10-15 minut öň ol ýere arassa gum, köplenç, sepýärler. Hossarlaryň getiren tabytly merhumyny namazly, täretli adamlar alyp, jynaza okaljak ýere getirip, kelle tarapyny demirgazyk-günbatara edip goýýarlar. Jynaza okamaklyga rugsat berilen adamynyň ymamlyk etmeginde jynaza okalýar.

Jynaza merhum jaýlanylmazynyň öň ýanynda okalýan hoşlaşyk namazy. Ýaşulularyň aýtmaklaryna görä, jynaza mahalynda okalýan doga, merhumyň o dcünýä barýan ýoluny ýagtylandyrarmyş. Jynaza namazynyň maksady, musulman doganlarynyň günäleri ötüler diýen umydy bilen Alladan dileg etmekdir. Jynaza hijrniniň 9-njy ýyly okalyp başlanýar we 631-nji milady ýylyna gabat gelýär. Jynaza namazy Muhammet

pygamberiň öz buýrugy bilen girizilipdir. Häzirki döwürde jynaza namazy köpçülik bolup okalýar. Jynaza durýan adamlar näçe köp bolsa, şonçada gowy hasaplanýar. Jynaza aýallary gatnaşdyrmaýarlar. Jynaza namazyna köp adam gatnaşsa gowy diýdik, ýöne adam ýok ýerinde bir adam bolup okalsa hem kabul edilipdir. Merhuma jynaza namazyny okamaklyk üçin aýratyn 6 sany şertiň hasyl bolmagy zerurdyr.

1. Merhumyň musulman bolmagy.
2. Merhumyň tämiz bolmagy.
3. Namaz okaýan adamlaryň jemagatdan öňde bolmagy.
4. Merhum parçalanyp çapylan bolsa: bedeniniň köpüsi ýa-da kellesi bilen bilelikde ýarysynyň bolmagy (bedeniniň köpüsi gidip ýa-da kellesi bolman ýarysy bar bolsa, onda ýuwulmaz, kepen salynmaz we namaz hem okalmaz).
5. Jynaza namazyny okaýanlar (ýetmezi bolmasa) aýak üstünde durup okamaly.
6. Merhum ýerde goýulmalydyr (häzir tabynda hem okalýar).

Ýokardaky şertler ýerine ýetgirilmese, merhuma jynaza okamaly däldir diýilýär. Häzirki döwürde öz janyna kast edenlere hem jynaza okamak bolmaýar diýýänler bar.

Emma şu ýagdaý yslam dininde göz öňünde tutulmandyr we ony tassyklaýan ýazuw çeşmeleri ýok. Şoňa görä-de, ol gürrüňleriň howaýy bolmagy mümkin.

Türkmenlerde jynaza okamaklyk däbi yslam dininiň täsiridir we şu çaka çenli okalyş kadasy üýtgemän gelipdir.

Jynaza okalyp bolandan soňra, merhumyň iň ýakyn hossarlarynyň dört sanysy hersi tabydyň bir sapyndan tutup, eginlerine göterip ugraýarlar. Şu ýerde ses etmek däbi bar. Soň tabydy gomegçiler bir-birini çalt çalyşyp göterýärler. Obanyň çetinde ýa-da belli bir aralygy geçenlerinden soň, tabydy ulaga ýükleýäler. Ulaga merhumyň ýakyn hossarlary we dost-ýarlary hem münýärler. Olar ulagyň üstünde çök düşüp oturýarlar we

tabyt çaýkanmazlyk üçin ony dyzlarynyň üstünde goýup, elleri bilen saklaýarlar. Öwlüýä gidilinde merhumy ýüwulan suwy we beýleki hap;alry hem alyp gidýärler. Oňa ýuwalga diýilýär. Gonamçylykda ýörite ýümalga dökülýän ýer bolup, getikrilen ýuwalgany şoňa dökýärler.

Merhumy öwlüýä (oňa gonamçylyk, mazarystan, gabrystan hem diýýärler) alyp baranlarynda, onuň iň soňky jaýy taýyn bolýar. Merhumy tabydy bilen gabyrdan çykarylyp, üýşürilen gumuň üstünde goýýarlar. Soň gabyr taýýar bolandan soň (onuň uly jaýynyň ujzynlygy 2 metr, ini 1,5 metre çnli bolup, edrkekler üçin çuňlugy guşaklygyna we aýallar üçin döşüne çenli bolýar. Içki öýüň çuňlugy adamynyň dyzynyň üstünde oturar ýaly bolmaly) merhumyň ýakyn garydaşlaryndan ýa-da namazly[-täretli adamlardan 3-4 adam merhumy tabytdan göterip, içki jaýa (kiçi jaýa) salýarlar. Merhumyň ýüzüni kybla (namaz okalýan tarapa) bakdyryp, gulagyny we topugyny ýere degirip ýatyrýarlar. Başyndan we aýak ujundan daňylan ýüpleri aýyrýarlar. Soň jaýdakylaryň birinden galany (ýa-da başga bir usully adam jaýa girýär) çykýarlar. Eger merhum aýal adam bolsa, onda jaýyň ýokarsynda namazlyk ýa-da uly ýaglyk tutýarlar. Merhum içki jaýa ýerleşdirilenden soň, molla adam (ýa-da namazly-täretli bir adam) bir gysym topraga dcem salyp (doga okap), ony merhumyň baş ujundan aýak ujuna çenli sepýärler. Şondan soň kiçi jaýyň agzyna kerpiç dikligine örülip, jaýa gum dökülmez ýaly ýapylýar ýa-da kerpije derek gum geçmez ýaly ýygylykda tal çybygyny örülip goýlan ýagdaýlary hem bolupdyr. Soňra içki öýden çykarylan gumy kerpijiň üstünden ýazýarlar. Gabyry gömmeklik üçin merhumyň hossarlaryndan rugsat soraýarlar. Rugsat berilenden soň, gömegçileriň gatnaşmagynda (başga her bir adam üç gysym pil gumy gabyra taşlaýarlar) gömülýär. Gömülýän gabyryň başynda we aýak ujunda dikligine kerpiç ýa-da tal agajy dikilip goýulýar. Olaryň ujunda merhumyň çözülip aýrylan bizýüplerini daňýarlar. Mazaryň üstüni çöküp

oturan düýä meňzedip, jaýdan çykarylan topagy üýşürýärler. Soň molla tebärek we namazly-täretli adamlardan käbirleri gezekleşip doga okaýarlar. Gabyr gömülýän wagty işlemeýänler oturmaly diýen däp bar. Öwlüýäde çilim çekmegi we has atmagy halamaýarlar.

Merhumy jaýlanlaryndan soňra, gömegçiler yzlaryna gaýdýarlar. Gonamçylykdan tiz çykyp gaýdýarlar, sebäbi öi meni ýeke goýup gitmäň diýip gygyrýarmyş. Türkmenlerde şol sesi eşiden adam ölýär diýen düşünje bar. Gömegçiler gelende onuň ýakyn garyndaşlary ese edýärler. Käbir ýerlerde (günbatar ýomut türkmenlerinde) gömegçileriň hemmesiniň ses etmek däbi bar.

Gömegçiler gelenlerinden soň, merhuma molla tebärek çykaryp, doga okaýar we adamlara tagam berýär. Oňa ýan janly ýa-da ýan tokly diýilýär. Onuň edilmeýän ýerleri hem bar. Aýat-töwür edilenden soň, adamlar dargamak bilen bolýarlar. Şonda ýeriniň ýaşulusy şolara "taňyrýalkasyn" aýdyp, eden hyzmatlarynyň "toýlarynda gaýtmagyny" dileg edýär we merhumyň belli günlerini yglan edýär.

Merhumyň yzynda galan emlägini paýlaşmaklyk ýas däp-dessurlarynyň hataryna girýär. Ýas däpleriniň köpüsi ilkidurmuş jemgyýetinde kemala gelip başlan bolsa, emlägi paýlaşmak synpy jemgyýetiň kemala gelmegi bilen ýüze çykypdyr. Mirasdarlyk ilkinji nobatda ruhy babatda ýüze çykýar. Taýpanyň serdarlary nesilden-nesile geçipdir. Bu proses ilkidurmuş obşina jemgyýetiniň irki stadiýasynda ýüze çykypdyr. Şol döwür maddy mikrasa üns berilmändir. Synpy jemgyýetiň kemala gelmegi bilen hususy eýeçilik hakyndaky düşünje has giňäpdir. Şoňa görä-de, kimiň mirasdar bolmalydygy hakynda mesele ýitileşip başlaýar. Mirasdarlyk hukugyny almaklyk belli bir derejede düzgünleşdirilip ugraýar. Onuň üçin ýörite ýerine ýetirilmeli şertler kesgitlenip başlanýar. Mirasdarlyk hukugyny yslam dini aýdyň kesgitläpdir. Yslam dini boýunça ***tereke*** (mirasy paýlamak)

etmekligiň ähli şertleri görkezilipdir. Bu däp yslam dininiň üsti bilen türkmenlere hem geçipdir.

Tereke etmeklik merhumyň “ýedisi” geçýänçä amala aşyrylypdyr. Terekäni obanyň mollasy edipdir. Tereke edilen merhum erkek adam bolsa, mollanyň öňünde ýarag, aýal bolsa bugdaýly jamyň üstüne şay-sep goýýarlar. Mirasdarlaryň hukugy kesgitlenýär we kime näçeden ýtýänligi hasaplanýar. Ähli mirasdarlaryň bu çärä gatnaşmaklary hökman hasaplanmaýar.

Terekäniň umumy düzgünleri Kuranyň 4-nji süresiniň 8-18-nji aýatlarynda beýan edilipdir. Kuranyň 4-nji süresiniň 8-nji aýadynda aradan çykan adamynyň emläginiň azlygyna ýa-da köplügine garamazdan, yzynda galan garyndaşlarynyň arasynda paýlamalydygy bellenilýär. Şol süräniň 11-nji aýadynda mirasdarlaryň hakyny iýmeklik gadagan edilýär. Miras tereke edilmezden ozal onuň paýlaşmaga degişliligi ýa-da däl diýen mesele çözülýär. Her bir habarsyz ýok bolup giden kişi diri adam hasaplanypdyr. Şonuň üçin onuň emlägini paýlamak bolmaýar diýen düşünje bar.

Merhumyň emlägi tereke etmeklige degişli bolsa, onda onuň emläginden jaýlamak üçin çykdaýjyny, bergilerini aýrypdyrlar we emläk bilen bagly wesýetlerini berjaý edipdirler. Soňra galan emlägik paýlapdyrlar. Ýöne garyndaşlyk gatnaşygy boýunça mirasdarlyk hukugy bolanlar aşakdaky ýagdaýlarda:

1. Mirasdar gul bolsa.

2. Dini başga bolsa.

3. Mirasdar akyly ýerindäki adam bolup, miras eýesini öldüren bolsa.

4. Mirasdar musulmanlaryň ýurdundan kapyrlaryň ýurduna öz islegi bilen göçüp giden bolsa, mirasdarlyk hukugyndan mahrum edilipdir.

Ilkinji nobatda mirasdarlyk hukugy merhumyň aýalyna, äžrine, öz galdyran nesillerine berilipdir. Şolaryň ýok

ýagdaýlarynda, eger-de bar bolsa merhumyň ene-atasyna we doganlaryna berilipdir. Olaryň hem ýok ýagdaýynda merhumyň ene tarapy boýunça ýakyn garyndaşlary mirasdar bolupdyrlar. Hiç hili garyndaş mirasdary ýok bolsa, onuň emlägi metjidiň hasxabyna geçirilipdir. Ýöne türkmen adaty boýunça şeýle ýagdaýda emläk, mülk merhumyň dostuna ýa-da goňşusyna berilmeli diýen düşünje hem bar. Eger-de aýal göwreli wagty adamsy aradan çyksa, göwredämki çaga hem mirasdardyr ýa-da çaga biknika gatnaşykda n dogulan bolsa-da atasynyň mirasdary hukugyna eýe bolupdyr. Emma aýala binika bolanlygy sebäpli mirasdarlyk hukugy berilmändir. Mirasdarlar belli bolanlaryndan soňra emlägiň pul hasabyny çykarypdyrlar. Mirasdarlaryň hersine ýetýän paýynyň hasaby berilipdir. Mirasdarlaryň hersine berilýän anyk paýlar barada siziň bilen söhbet sapaklarynda doly öwreneris.

## Merhumyň hatyrasyna bellenilýän seneler. Ses etmek we nahar bermek.

Beýleki halklarda bolşy ýaly, türkmen halky hem merhumyň hatyrasyna aýratyn seneleri belleýärler. Türkmen medeniýeti bu meselede yslam dininden-de öň başlanylypdyr. Sebäbi yslam dininde sadaka bermek kadasy bolsa-da gün bellemek kadasy bolmandyr.

Türkmen adaty boýunça umuman merhumyň üçi, ýedisi, aýy, kyrky, ýüzi we ýyly bellenilýär. Merhumyň üçi Mary welaýatynda onuň ölen gününden hasap edilýän bolsa, Ahalda jaýlanan gününden hasaplap başlaýarlar. Türkmenleriň käbir toparynda merhumyň altyaýlygyny (Mary welaýatynda), bäş gününi (Balkan atabaýlarda) we ýüz gününi (Balkan we Daşoguz ýomutlarynda belleýärler).

Merhumyň senelerini yslam dini bellemekligi gadagan edýär diýmek bolmaz. Ýöne şol seneleri bellemegi yslam dini göz öňünde tutmandyr. Şonuň üçin seneleri bellemeklik yslamdan öňki dinleriň galyndylary diýip aýtmak bolar. Merhumyň seneleriniň bellenilmegini dürli taraplaýyn

düşündirýärler. Türkmenleriň arasynda merhumyň üçi güni onuň dyrnaklary dökülýär, ýedisi güni gözleri çüýreýär, k,yrkynda et süňkünden aýrylýyly dolanda bolsa, diňe arassa süňkler galýar we ş.m. düşünjeler bar.

Seneleriň bellenilmeginiň ýene-dce bir sebäplerini ýaş alym Arazbaý Öräýew şeýle düşündirýär: Öleniň üçüni bellemek bilen türkmenler şol günki sadakadan soň, onuň obadaşlaryna ýasdan çykmaga rugsat berilipdir. Öleniň ýedisi bellenilen güni, onuň daşky garyndaşlary, kyrky güni ýakyn garyndaşlary, ýüzi güni maşgala agzalary, ýyly bellenilenden soň äri, aýaly, ene-atasy ýasdan çykarylypdyr. Netijede merhumyň belli seneleri bellemegi, türkmen adatynyň kadalaryna laýyklykda geçirýändigini, onuň sebäbiniň bolsa, ýasdan çykmaklyk bilen baglydygyny görkezýär.

Merhumyň kyrky geçýänçä her anna güni oňa ys etmek ýa-da annalygy bellenilýär. Sebäbi gije ölileriň ruhy gelýärmiş diýen düşünje bar. Anna agşamsy ýa-da güni aradan çykan adamlar şol gün sorag edilmän “behişdä, uçmaha” bararmyş diýip aýdýarlar.

Her bir merhum üçin Kuran okadylypdyr. Oňa hatym etmek diýilýär. Ony mary welaýatlarynda kyrkyna çenli etmäge çalşypdyrlar. Ahal welaýatynda ýyla çenli okalsa hem bolýar diýen düşünje bar. Häzirki döwürde hatym edeni üçin molla bir janlynyň (işek goýun) bahasy ýa-da özi berilýär. Ol şu asyrda dörän däp hasaplanýar.

Yslam dini merhum üçin sesli aglamagy gadagan eden hem bolsa, türkmenlerde gadymdan gelýän aglamak däbi bolupdyr. Hassa jan berende, jynaza okalandan soň, merhumy öwlüýä äkitmek üçin göterilende we gömegçiler gaýdyp gelende, ýakyn adamlary ses edip aglapdyrlar.

Ol häzir hem şeýle. Türkmenleriň däbine görä merhuma ses edilmese, ol hossarsyz ýaly bolýar diýip geňleýärler. Eger-de biriniň yzynda hossary ölse, gelende bir näçe wagtyň

geçendigine garamazdan merhumyň öýüne baranda ses edp aglaýar.

Türkmenlerde merhumyň ugradylan güni we belli senelerinde tagam bermek däbi bar. Yslam dini ýas wagty adamlara tagam bermekligi gadagan edýär we merhumyň öýünde ýygnanyşyp, tagam bişirip iýmekligi, öli üçin ses edip aglamak bilen deň hasaplanypdyr. Emma türkmenlerde gadymdan gelýän däbe görä, ýas ýerlerinde diňe üçüne, käýerlerde bolsa ýedisine çnli nahar bişirilmändir.

Şol günler nahary ýas ýerine kömek üçin goňşy-golamlary getiripdirler. Hatda merhumyň ölen güni edilýän ýan janlysy hem başga hojalykda bişirilip getirilýär. Sebäbi şol günler ýas ýeri gandan dolumyş diýen düşünje bar. Galan senelerde türkmenleriň däbine görä nahar merhumyň öz hojalygynda taýýarlanylýar. Başda tagam berilende her kim diňe duzuny datmak bilen çäklenýäler.

Emma ýasda aýratyn wagt geçdigiçe nahar gowy iýilýär. Oňa mysal edip merhumyň ýylyny ýa-da aşyny görkezmek bolar.

Yslam dini bilen türkmen däbiniň arasyndaky garşylyk şu güne çenli mollalaryň arasyndaky dartgynly mesele dowam erdirilýär.

Türkmen halky hem beýleki halklar ýaly, özüniň köp asyrlyk taryhynyň dowamynda özboluşly däp-dessurlaryny döredipdir hem-de olary biziň günlerimize çenli alyp gelipdir.

Biziň bilişimize görä, türkmen halkynyň etnomedeniýetiniň gadymy bolşy ýaly, däp-dessurlary hem gadymydyr. Türkmen ýas däp-dessurlary adamzadyň iň gadymy taryhyndan alyp gaýdýar. Şoňa görä-de beýleki halklaryň berjaý edýän käbir däpleri bilen meňzeşligi kanunalaýykdyr.

Türkmen ýas däp-dessurlarynyň gadymylygy yslama çenli bolan düşünjeleriň şu günlere çenli saklanyp gelmegine şaýatlyk edýär.

Yslam dini döränden soň, türkmen medeniýeti onuň täsirine düşýär. Ýas däp-dessurlary babatynda bolsa, yslamyň täsiri has-da güýçli duýulýar. Merhumy ýuwmak, kepenlemek, jynaza okamak ýaly däpler yslam medeniýetiniň täsiriniň netijesidir.

Türkmen ýas däp-dessurlarynda esasan merhumyň belli bir senelerini bellemeklikde özboluşly aýratynlyklar, käbir tapawutlyklar dowam edýär. Oňa mysal edip, käbir türkmen taýpalarynda merhumyň bäşini, ýüzüni belleýändiklerini, Mary türkmenlerinde jynaza okalanda, häzirki günlerde, tüpeň çykarylyşyny, aýal adam aradan çykanda onuň ýedisini we ýüzüni atasynyň öýünde belleýändiklerini görkezmek bolar.

Ýene-de bellemeli zatlaryň biri, ol hem syýasatyň we ideologiýanyň täsiri bilen ornaşdyrylan däp-dessurlar halkyň milli ruhuna, milli aýratynlygyna laýyk gelmeýän ýagdaýynda onuň milli medeniýetine siňmeýänligidir. 1970-1980-nji ýyllarda käbir ýolbaşçylaryň ideologiýasy netijesinde gonamçylyklarda merhumyň hormatyna söz sözlemek üçin ýörite ýerleri (sekileri) gurup başladylar. Emma halkyň milli ruhuna, milli medeniýetine dogry gelmeýänligi üçin ol däp il-halkyň arasynda orun alyp bilmedi.

Berjaý edilýän türkmen ýas däp-dessurlarynyň köpüsi yslam dini bilen baglydyr. Şol däp-dessurlaryň türkmen halkynyň milli ruhuna gabat gelýänligi sebäpli, olar häzir dowam edip gelýär.

Türkmenistan özbaşdaklygymyzy alanyndan soň, türkmen halkynyň gadymy däp-dessurlary täzeden dikeldi. Sebäbi totolitar döwleti bolan SSSR-iň Türkmenistan Respublikasynda dini gadangançylyk, köne däp-dessurlar ýok etmeklik düzgüni höküm sürýärdi (Ýokary Sowetiniň Prezidumynyň sekretary Ogulşeker nazarowanyň ejesine jynaza okadany üçin işden aýyrdylar we ş.m. dürli mysallar örän köp).

Häzir Mähriban Prezidentimiz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Permany bilen birnäçe seneleri bellemeli etdi.

Hatyra güni - Bitaraplyk aýynyň 12-sine, ýatlama ýa-da Matam güni - garaşsyzlyk aýynyň 6-syna köpçülik dynç güni hökmünde belleýärler (Öli aýatdan, diri lezzetden-hormatdan doýmaz). Kepeni üçin 16 metr biz mata mugt. Işgäre onuň merhumy üçin boş günler, metjidce gatnamaga, jynaza okamaga rugsat.

# XI. TÜRKMEN JEMGYÝETINDE ÖZÜŇI ALYP BARMAGYŇ KADALARY

Türkmeniň şu günki medeniýetini ösdürmekde türkmen halkynyň taryhynda, döreden medeni - maddy we ruhy baýlyklarynyň ähmiýeti has ulydyr. Sebäbi türkmen halkynyň baý medeni mirasy bar. Turkmenler ulydan-kiçä biri-biri bilen gatnaşyk etmekde, köpçulukde we maşgalada özüňi alyp barmakda edep kadalaryny döredipdirler.

Bäş müň ýylyň dowamynda türkmen her hili ýagdaýlary başdan geçirdi. Hakyky adamyň her hili ýagdaýda-da adamçylygyny ýitirmeýşi ýaly, türkmen hem hiç haçan türkmenligini ýitirmedi. Yn gününde peselmedi, şat gününde eselmedi. Ut şonuň üçin hem Allatagala türkmeni eý görendir.

Ynsan ruhy taýdan akyl, kalp we nebisden ybaratdyr. Bulardan başga, ynsana kelam, erk-erada, ylym we menlik diýen sypatlar hem berilipdi. Kalp, akyl, nebis, kelam, erk-erada, menlik ynsanyň jogapkär bolmagynyň, synag edilmeginiň asyl sebäbidir. Kalp – imanyň mekany, dogrularyň, hakykatlaryň ösüp kemala gelýän ýeri. Akyl we ylym – barlyklaryň ýaradylyş hikmetlerini, syrlaryny, maksatlaryny anyklaýjydyr. Nebis – iýip-içmek, geýmek, nesil öndürmek, jaý-mülk, ulag edinmek ýaly meýil-arzuwlar bilen öýke-kine, gahar-gazap, bahylçylyk, husytlyk ýaly häsiýetleriň merkezidir.

Ahlak - imanyň urukdyrmagy netijesinde şahsyýetiň ýaradylşynda bar bolan gylyk häsiýetlerini ybadat we amal arkaly terbiýeläp, olaryň endige öwrülmegi diýmekdir. Ähli ybadat amallaryň netijesi we miwesi arassa ahlaklanyp, edeplilik we gowy häsiýetlilikdir. Arassa ahlagy, edepliligi netije bermeýän amal we ybadat bolsa, Allatagalla tarapyndan kabul bolmaga mynasyp däldir. Mukaddes Ruhnama kitabynda şeýle düşündirilýär “Edebiň içgi gözellikleriň hatarynda iman edebi girýändir. Ata-babalarymyz akyl paýhas kämilligine

ýetipdirler we adamy içinden terbiýelemeseň, daşky owadanlygyň mazasynyň azdygyna oňat akyl ýetiripdirler…”[73]

Hawa jemgyýetcilik durmuşumyzda parahatçylygyň we adalatyň tertip-düzgünli dowam etmegi üçin nesillerimize kämillik ýaşyna çenli terbiýe bermelidiris. Nesillerimiziň terbiýesi haram-halal, günä-sogap, düşünjelerini berýän dini borçlar, ahlak we edep kadalary, milli däp-dessurymyz hakyndaky gymmatlyklary şahsy durmuşynda amal eden derejesine öwrenmek bilen mümkindir.

Islendik milletiň ösüşiniň derejesi onuň medeniýetiniň kämilligi bilen kesgitlernýär. Çünki medeniýet diýlen düşunje her bir milletiň aňly-başly ýaşaýşynyň dowamynda döreden maddy we ruhy baýlygynyň jemini aňladýar. Elbetde bir medeniýetiniň döremeginiň we kemala gelmeginiň esasy – döwrebap ýetişen ynsan, jany we onuň döreýän ýeri – azat, erkin hem-de hemmetarplaýyn garaşsyz bir Watan, iň gymmatly maýasy bolsa zamanasydyr.

Medeniýet, umuman, baky, mizimez däldir, ol hemişe ösüş ýolundadyr. Adamzadyň elmydama ösüşde bomagy, bu tebigy kanunalaýyklykdyr. Bir millet medeniýetiň oňat nusgalaryny özleşdirmedik, öz durmuş ýagdaýyna bähbitli esasda uýgunlaşdyrmadyk ýagdaýynda medeniýet durgunlyga, gaýtgyna sezewar bolar. Şol bir wagtyň özünde halkyň milli tebigatyna, ruhuna, durmuşda güzeran dolandyryş şertlerine laýyk gelmeýän zatlarynyň onuň medeniýetine gereginden artyk ornaşdyrylmagy, ýagny başga medeniýetiň hasabyna baýlaşdyrylmagy hem kanuna laýyk däldir.

---

[73] Saparmyrat Türkmenbaşy. Mukaddes Ruhanama., II kitap., Aşgabat 2004 ý., 157 s.

## 11. 1. Köpçülikde özüñi alyp barmagyñ we salam bermegiñ edebi

Türkmen halkynyň ajaýyp, Beýik Galkynyş zamanynda türkmen ýigitleriniň we gyzlarynyň ilhalar, salyhatly, edep-ekramly, il-güne gerekli adamlar bolup ýetişmegi üçin olaryň terbiýesine we edep-ekramyna ýaşlykdan gaty uly üns bermelidir. Türkmenlerde çaga terbiýelemek meselesi durmuşyň ähli pursatlarynda gözden salynmandyr. Çaganyň öýde, daşarda, mekdepde, köpçülikde,myhmançylykda, toýda-ýasda özüni alyp barmagyň edebini, etiketini ýagny kada-kanunlaryny ata-ene hemişe gulagyna guýup durmalydyr. Şol hereket, öwüt-ündew bilen bir hatarda ene-ata özüni we maşgaladaky ululary hem terbiýeläpdirler.

Köpçülikde ýaşlar öz ornuny tanamaly, öz ornuny tapmaly. Beýle diýildigi ýaşlar köpçülik ýerine baransoň ýagny toý-dabara ýa-da baýramlar bolsun, sadaka, ýas-pata bolsun tapawudy ýok hemişe ula bolan sylag hormatyňy unutmaly däl. Ilki salam berip görkezilen ýerde oturmaly. Öňüňe gelen nahara at dakmak, äsgermezçilik etmek, özüňi ulumsy tutup beýleki adamlardan özüňi artyk görkezjek bolmak biedepliligiň alamatydyr. Ulularyň bar ýerinde gerekli-gerekli däl sözleri aýdyp ýaňramak, artykmaç gürlemek, başga biriniň gybatyny etmek, gaty sesli gürlemek –ýa-da gülmek, beýleki adamlaryň ünsini özüňe çekmeklik hem biedeplilik hasaplanylýar.

Çaga mana düşünip, köpçülik bilen özbaşdak gatnaşyk edip başlandan, ýagny köpçülige garyşyp oýnap başlandan özi ýalylar bilen salamlaşyp başlaýar. Soňra ululara salam bermäni öwrenýär. Aslynda edep salamdan başlanýar. Edepli çaga hemişe özünden ululara salam berer ekeni.

Salam Beýik Allatagalanyň buýrugydyr! Salam duşuşan adamyňyza saglyk we esenlik arzuw etmekdir. Ýylgyryp salamlaşmak ruhuňy göterýär. Adamlar biri-biri bilen

salamlaşsalar, onda onuň şol adama bolan hiç bir kinesiniň ýokdugyny görkezýär.

Salam adamlaryň biri-birine ýakyn bolmagyny, mähriban bolmagyny amala aşyrýar. Pygamberimiz hem "biri-biriňizi söýdürjek zat salamdyr"[74] diýip aýdypdyr. Diýmek salamlaşmak ýönekeý bir däp-dessur bolman, ol uly manysy bolan, ynsanlary biri-birine ysnyşdyryjy güýji bolan edeplerdendir. Ýöne ýaşlaryň arasynda salamyň manysyna üns bermän, hamana diýersiň ýönekeý bir endik ýaly garaýanlary hem bar. Ýöne bu ýagdaý haçanda salamlaşylýan wagty şeýledir. Emma haýsy-da bolsa bir tanşyň deňiňden salamlaşman geçende salamyň manysyna şonda düşünip galýarsyň. Emma göwnüňde kine galmaz ýaly  tanşyň, garyndaşyň deňiňden salam bermän geçiberse, özüň hem şol adamy ilki görseň, onda özüň salam beräýmeli. Çünki onuň bir pikire gümra bolup seni görmedik bolmagy mümkin ýa-da görüp görmediksirän bolsada bu meseläni has aýdyň etmeli. Sebäni hiç bir sebäpsiz bir adamdan öýke saklap ýörmek iki tarapyny hem oňaýsyz ýagdaýa salmagy mümkin.

Türkmenlerde salamlaşmagyň manysy barada şeýle gürrüňler bar, haçanda salamlaşylanda "Siz maňa ýaradyňyz", men sizi hormatlaryn" diýen manyny beripdir. Ýada salamdan soň el bilen görüşilende "Ynha mende hiç-hili ýarag ýok, elim boş, seniň bilen uruşmak niýetim ýok" diýen manyny beripdir.

Türkmençilikde elleşip salamlaşmak mähir-muhabbeti aňladypdyr. Ol kalbyndaky kinäniň aýrylmagyna, aradaky duşmaçylygyň ýok bolup gitmegine ýardam edipdir. Aslynda salamlaşmagyň soňy elleşip görüşmek bilen tamamlanypdyr. Elleşip salamlaşylanda ýaşuly ýaşkiçä elini uzadypdyr. Ýaşulynyň elleşip salamlaşmak meýlini aňandan soň ýaşkiçi elleşip salamlaşsa edeplilik hasaplanypdyr.

---

[74] Türkmeniň gadymdan gelýän milli dini adatlary. Aşgabat, 2006 ý. 21 s.

Türkmenlerde salamlaşmagyň görnüşleri gaty köp bolupdyr. Ýöne näçe köp bolsa hem salam berilen wagty salamy alaňda edil şol derejede ýa-da ondan hem belent derejede jogap bermek edeplilik, mertebelilik hasaplanypdyr. Mysal üçin “Salam diýen ýönekeý söze “Salam” diýip jogap beripdirler. “Essalawmaleýkim” diýen söze “Waleýkimessalam” , “Salamälik” diýen söze “aliksalam” ýaly görnüşde jogap berilip salamlaşylypdyr. Saglyk-amanlyk, hal-ýagdaý soralyşalanda hem gaýtargysy edil özüňkiden hem gowy görnüşde soralar eken. Bu bolsa türkmen halkynyň birek-biregi hormatlamak we sylanyşyk edepleriniň ýokarydygyny görkezipdir.

Türkmençilikde elleşip salamlaşmak mähir-muhabbeti aňladypdyr. Ol kalbyndaky kinäniň aýrylmagyna, aradaky duşmaçylygyň ýok bolup gitmegine ýardam edipdir. Aslynda salamlaşmagyň soňy elleşip görüşmek bilen tamamlanypdyr. Elleşip salamlaşylanda ýaşuly ýaşkiçä elini uzadypdyr. Ýaşulynyň elleşip salamlaşmak meýlini aňandan soň ýaşkiçi elleşip salamlaşsa edeplilik hasaplanypdyr.

Türkmenlerde salamyň ornuny tutýan sözler hem bolupdyr. “Ertiriňiz haýyrly bolsun”, “Sag-aman ördüňizmi”, “Sag-aman turdyňyzmy”, “Agşamyňyz haýyrly bolsun”, “Giç ýagşy” ýaly sözlere “Siziňkem haýyrly bolsun”, “Sizem sag-aman ördüňizmi”, “Gelen ýagşy”, “Hoş gördük”[75] ýaly sözler bilen jogap bermek hem dürs hasaplanypdyr. Emma olardan öň salam sözi has hem ajaýyp bolupdyr.

Salamlaşmagyň edep kadalarynda ulagly-pyýada, pyýada oturana, kiçi-ula, azlyk-köplüge we öýe gireniňde salam berip girmek ýaly düzgünleri bolupdyr. Aslynda biziň ata-babalarymyzyň öwüt-ündewlerinde adamlaryň arasynda Beýik Taňrynyň iň halan adamsy ilki salam berýänlerdir diýip aýdýar ekenler. Salamlaşmagyň edepleri barada biziň ata-babalarymyzyň däp-dessurlarynda, halk döredijiliginde uly

---

[75] Türkmeniň gadymdan gelýän milli dini adatlary. Aşgabat, 2006 ý. 21 s.

ähmiýeti bolupdyr. Däp-dessurlarymyzda maşgala ýaşulysyny hormatlamak hökmünde, maşgala täze agza bolup gelen gelniň salamlaşmak däbi bolupdyr. Gelin gaýyn öýne gelen gününiň ertesi irden ilki gaýyn atasyna soňra gaýyn enesine, gaýyn agasyna we ýakyn goňşusyna hormat bilen baş egip salam beripdir. Bu bolsa gelniň mundan beýläk öýde ýaşulyny sylamagyny, hormatlamagyny aňladypdyr.

Salamlaşmagyň edepleri barada biziň akyldarlarymyz, ýazyjy şahyrlarymyz öz döredijiliginde gaty köp belläpdirler. Akyldar şahyrymyz Magtymgulyda:

“Öňde, yzda görseň her kes gulamyn,
Ondan aýamagyn taňry salamyň”

Diýen setirlerini getirmek bilen salamlaşmagyň iň uly edeplilikdigini, mertebedigini görkezýär.

Türkmenlerde ähli zat öz kada-kanunyna görä ýerine ýetirilýär. Ulaglynyň, pyýadanyň, köplügiň, azlygyň, erkekler bilen aýallaryň öz arasynda salamlaşmak däbi özboluşly bolupdyr. Erkek adamlar aýallara baş atyp “gurgunmysyň” diýip salam beripdirler. Dinde we türkmeniň urp-adatlarynda gelin-gyzlaryň erkekler bilen elleşip salamlaşmagy edepsizlik hasaplanypdyr. Emma türkmen däbinde erkek adamlar ýaşy uly, garry aýallara el uzadyp ýeňiniň üstünden iki eli bilen salanlaşypdyrlar.

Türkmenlerde biriniň öýüne baranyňda salam bermegiň düzgüniniň hem özboluşly edebi bolupdyr. Ýagny öýe ardynjyrap, seslenip giripdirler ýa-da gapynyň daş ýüzünde durup “habarlaşyň”, “habarlaşara kim bar” diýip seslener ekenler. Eger öýden hiç kim çykmasa öýe boýuny uzadyp salam berip öýe giripdir. Hatda öýde hiç kimiň ýokdugyna gözi ýetip duran hem bolsa boş jaýa salam berip giripdirler. Bu öýüň hormatyna edilýän edep bolupdyr.

Adamlar öz tanyşlaryna salamlaşan adamlarynyň üsti bilen salam ýollaýarlar. Şeýle ýagdaýda “Pylany salam aýtdy” diýen söze ilki “Waleýkimessalam” diýip soňra salam getiren

adama “iberenem, getirenem esen bolsun” diýip minnetdarlyk bildiripdirler. Bu bolsa salam iberýän adamsyna hormat-sylag duýgusynyň bardygyny görkezýär.

Türkmenler “bir gün duza, müň gün salam” diýip ýöne ýere aýtmandyrlar. Salam adamlary ýakyndan, uzakdan biri-biri bilen hoşgylaw gatnaşyklaryny üpjün edýär.

Hormatly ýaşlar! Arañyzda salamy unutmaň, salamy ýaýyň! Şonda siziň günüňiziň hoş geçmegini, mertebäňiziň belent bolmagyny gazanarsyňyz.

## 11. 2. Ulyny sylamagyň edebi

Türkmenlerde ýaşlaryň ýaşuly nesline hormat goýmak, olary sylamak edebi ata-babalarymyzyň miras goýup giden edebidir. Taryhyň ähli döwürlerinde hem türkmenleriň bu edebi ýitip ýok bolup gitmän, üýtgemän gaýtam döwürlerde kämilleşip bbiziň häzirki zaman neslimize miras bolup gelipdir. Sebäbi Oguz han türkmen ýaşy özüňden ýekeje gün uly bolsada, ony uly hökmünde sylamagy parz edipdir. Ol “Ulug ýokmy – ulama bar” siýip ýaşuly kethudalaryň ýok ýerinde ulamany sylamagy parz edipdir. Ulama diýip ylymly adamlara aýdylypdyr. Muhammet pygamber “ylymly adam hökman ylymyň aňry başyna çykan däl-de eýsem olar Allany doly tanan we ondan gorkan adamlar adamlardyram” diýip aýdypdyr. Ýokardaky aýdylan pikirlerden ugur alsak döwletiň berkligi, agzybirligi sol döwletde ýaşulunuň sylag-hormatynyň ýokarydygyndan nyşandyr.

Türkmenlerde bir işiň başyny tutsalar hökman ilki ýaşuly nesle sala salynýar. Taryhyň dürli döwurlerinde mesele çözmek üçin jemgyýetiň, döwletiň ýaşulylar maslahaty, geňeşi geçirilýär eken. Şol geňeşde orta atylan mesele ýaşuly, kethudalaryň oňlamagy bilen kabul edilipdir. Türkmen taryhynda Gökdepe galasyna duşman çozan halatynda men diýen hyjuwly, edermen ýigitler duşman bilen söweşmäge

gidenlerinde ýaşulylardan ak pata alyp gidipdirler. Türkmenler "urşuň geňeşi bolmaz" diýsede, ýaşulylar nähak gan dökülmeginden gorkup, "maslahatly biçilen don gysga bolmaz" diýen pähimden ugur alyp, duşmana gaýduwsyzlyk bilen gaýtawul bermegi maslahat edipdirler.

Umuman ýaşuly nesle hormat goýmak edebi her bir tşgalasyndan başlanýär. Maşgala kiçijik döwlet, döwlet bolsa uly maşgala hasap edilýär. Şonuň üçin maşgalada ula-kiçä sylag-hormat bar ýerinde agzybirlik höküm sürýär. Maşgala abadançylygy bolsa döwletiň abadançylygy, onuň binýadynyň berk bolmagyna getirýär.

Maşgalada ata-enäni, maşgalabaşyny sylamak edebi türkmenleriň durmuşynda hudaýa şükür entek-entekler dowam edýär. Şindi türkmenleriň arasynda imanyňy ýadyňdan çykarma diýip bir söz bar. Biziň dini düşünjelerimizde, ulyny sylamak barada pygamberimiz şeýle diýýär: "Ulyny sylamak, Alla tagzym etmegiň netijesidir" ýa-da "kiçisine rehim-şepagatly bolmadyk, ulysyny sylamadyk meniň ymmatymdan däldir" Ondan başgada Muhammet pygamber "bir ýaş ýigit ýaşuly adama ýaşy sebäpli hormat etse, Allatagala ol hem garranda oňa hyzmat etjek adamy döreder"[76] diýip belleýär. Hawa hakykatdan hem bu türkmenlerde "ekeniňi orarsyň" diýen sözüň doly manysyny berýär. Bu barada şeýle tymsal hem bar: "Gadym zamanlarda adamlar garrap bir çene baryberende garrylary dagda bir ýere goýup gaýdýär ekenler. Günlerde bir gün bir ýaş ýigit öz kakasyny şol ýere äkidip barýarka, ýolda bir daşyň üstünde oturyp dynç alýar. Sonda kakasy gülýär. Onda ýigit munuň sebäbini soranda kakasy men hem kakamy äkidip barýarkam hut şu daşyň üstünde oturypdym diýýar. Onda ýigit özi garransoň, özüniň hem şeýle güne düşjekdigine düşünip, kakasyny yzyna ayp gaýdýar we hökümdardan gizläp saklaýar (sebäbi bu şol ýurduň düzgüni eken). Şondan biraz wagt soň şol ýurduň üstüne ýagy çozýar.

[76] Türkmeniň gadymdan gelýän milli dini adatlary. Aşgabat, 2006 ý. 47 s

Onda ýaňky ýaş ýigit ýagynyň öňünde nähili durmalydygyny kakasyndan sorap, onuň maslahaty bilen ýagydan üstün çykmagy başarýar. Ýurdüň hökümdary oglandan munuň sebäbini soranda ol bir çemçe ganyny geçse düşündirjekdigini aýtýar. Hökümdar onuň bilen razylaşýar. Ýigit hökümdaryň buýrygyny ýerine ýetirmändigini, kakasyny daga taşlamandygyny we ony öýde saklap, onuň maslahaty bilen hem duşmandan üstun çykandygyny aýdýar. Ýurduň hökümdary şondan soň garrylary daga taşlamak düzgününi ýatyrypdyr.” Aýdylanlardan görnüşi ýaly durmuşda ýaşulyny sylasaň, hemmelere mähirli bolsaň, gelejekde özüň hem sylag-hormata mynasyp boljagyň şübhesizdir. Şonuň üçin ýaşlar ula hormat goýmak edebini hemişe ýadyňyzdan çykarmaň!.

Ýaşulylara ýüzlenilende hemişe olara siz diýip ýüzlenmeli. Olaryň ady göni tutulmaýar. Olaryň ady gysgaldylmaýar. Ýaşulylara ýüzlenilende olaryň adynyň yzyna “pylan-aga”, “ata”, “baba”, “daýy” ýaly hormat bildirilýän sözler goşulýar. Şeýle sözler ýaşylyny hökman tananyňda ýa-da garyndaşlyk adalgasy hökmünde däl-de tanamaýan adamlaryňa hem ýaşyly hökmünde sylag-hormaty aňladýan sözler bilen ýüzlenmeli.

Ýaşulylara kimdigine garamazdan ilki salam berip, olara sowulup ýol bermeli. Köpçülik ýerlerinde ýaşulylaryň orny törde bolmalydyr. Çaý-nahar çekilnde ilki ýaşulylardan başlanýar. Nahardan soň töwüri ýaşuly okamaly. Toýa, märekä gelen ýaşulynyň öňünden çykyp, garşylanýar, hezzet-hormat edilýär, edep bilen ugradylýar. Märekede salamlaşylanda ilki ýaşulydan başlanýar. Munyň özi ýaşula bolan hormatyň ýokarydygyndan nyşandyr. Köpçülikde ýaşulylaryň sözi diňlenilýär, ýaşuly gürläp oturan wagty onuň sözüni bölmeli däl. Ol edepsizlik hasaplanylýar. Islendik ýaşdaky ýaşkiçi ýaşula şeýle hormatlary etse, özi hem ýaşuly tarapyndan ýaşkiçidigine garamazdan hormata mynasyp bolar.

Hormatly ýaşlar, ýaşula sylag-hormatyň bar ýerinde edep-ekram, agzybirlik we söýgi bardyr. Sylag-hormat ýaşkiçiler bilen ulylaryň köňülleriniň arasyndaky köprüdir. Şonuň üçin hemişe sylag-hormatyň we söýginiň tarapdary boluň! Arañyzda söýgini ýaýyň!

## 11. 3. Türkmenlerde myhmançylyk edebi

Türkmenler özüniň milli gymmatlyklaryny, däp-dessurlaryny, edep-ekramyny saklamagy başaran halkdyr. Olar özleriniň milliliklerini sakilamak üçin hemişe göreşip gelipdirler. Olary aýap saklap, şeýle däplere uly hormat goýup gelipdirler. şeýle adatlaryň biride hem muhmançylyk, muhmansöýerlik däbi, edebi bolupdyr.

Türkmenler muhmansöýer halk hökmünde tanalypdyrt. Myhmansöýerlik türkmenlerde mukaddes borç hasaplanypdyr. Haýsy milletdenligine we haýsy dine uýýandygyna garamazdan, islendik myhman türkmeniň öýünde özüni hiç kimiň ynytmajakdygyna gözi ýetipdir.

Türkmenleriň myhmansöýerlik däbiniň gadymydan gelýän köki – damary bolupdyr.. örän gadymy wagtlarda, ähli ýerlerde uruşlar gidýärkä hem türkmenler öz topragynyň syýasatçylar wesöwdagär-täjirler üçin howpsyz bolmagyny isläpdirler we bu barada göreşipdirler.

Türkmenler myhmansöýerlik bilen baglanşykly birnäçe nakyllar, atalar sözi, yrymlar, rowaýatlar döredipdirler. Şolaryň ählisiniň hem ýaş nesli terbiýelemekde, myhmançylyk edebini ösdürtmekde uly ähmiýeti bolupdyr.

Türkmenlerde myhman mediwanlyk borçlary gaty ýokary bolupdyr. Bu barada Hormatly Serdarymyz Mukaddes Ruhnamada şeýle ýazýar: “Mediwan öýünde myhman garşylaýan adamdyr. Öýde ýaşamaýan islendik adam onuň myhmanydyr. Çagyrylsyn, çagyrylmasyn, tanyş-nätanyş bolsun –myhmany öňünden çykyp garşy al”. Hawa türkmeniň ganynda

bolan myhman söýüjilik edebi myhmana uly hormat goýmak arkaly aňladylypdyr. Şonuň üçin hem myhmana Allatagalanyň wekili- Taňry myhmany hökmünde garapdyrlar, iýere-içere, ýatara ýeri bolmadyk adamy “Taňry myhmany” hökmünde myhman almaklyk däbe öwrülipdir.

Türkmenleriň myhmansöýerlik edebine gaýry ýurtly myhmanlar haýran galypdyrlar. Ýagny XIX asyrda türkmen topragynda bolan syýahatçy-jahankeşde wenger alymy Armini Wamberi “Orta Aziýa syýahat” diýen işinde bir garyp türkmeniň myhmanyň hatyrasyna özüniň ýeke-täk geçisini soýandygyny we taýarlanylan tagamyň ýanyna hem çörek getirip goýandygyny ýazypdyr. Onuň maşgalasy bolsa birnäçe wagtlap çörek garasyny görmän ekeni. Öý eýesi şonda-da öýüne “Taňry muhmanynyň” gelendigine örän şatlanypdyr.

“Myhman atańdan uly” diýen nakyla eýerip türkmen halky myhmana hezret-hormat üçin söwüş edipdir. Türkmen öýüne myhman gelende, toý tutanda söwüş edipdir, ýagny mal soýup, tagamly naha hödür edipdir. Öz nesline hem şeýle etmegi ündäpdir. Bu barada biziň “Görogly” dessanymyzyň gaty köp ýerinde:

Jygaly beg, öwüş-öwüş,
Myhman gelse etgin söwüş.
Döwüşseň mert bilen döwüş,
Namardy kowujy bolma.

diýen sözler aýdylyp geçilýär.

Türkmenlerde öýüne myhman gelende ýorite saglyk-amanlyk soraşmak, görüşmek üçin bolsun, ha azaşyp gelen bolsun, ha köwgydan gaçyp gelen bolsun ony taňry myhmany hökmünde gaşy alyp, hezzet-hormat edip, duşmandan goramagy ozone adat, edep, borç hasap edipdir.

Yslam dininde hem myhmançylyk edebi paryz hasaplanypdyr. “Myhman kerimdir, myhman almak bolsa keramatdr, alysdan gelenleri Kabul etmek bolsa pazdyr” diýip mukaddes Gurhanda aýdylypdyr.

Her bir sözi düre barabar Beÿik Serdarymyzyň dürler hazynasy bolan Mukaddes Ruhnamaa hem: “öÿüňde mediwanlyk edebini berjaÿ et! .. Myhmany öňünden çykyp garşy al. özi ÿüz dönderÿänçä, mürähet et. Öÿe girse hökmän oturt, oturandan öňunde saçak goÿgun beÿtmek türkmeniň gadymydan gelÿän däbidir. Däbiň manysy şudur: ÿagşy niÿet bilen gelen myhman hödür-keremiňe göwni açylar, ÿagşy niÿetli öňkiden hem berkär, çynlakaÿlaşa. ÿaman niÿet bilen gelen duzuňy datsa, bu iň uly böwetdit. Çüňki duz- çörek – keramatyr, onuň keramaty niÿetini puja çykarar”[77] diÿip parasatlyk bilen belleÿär. Myhmançylyk, myhmanparazlyk edebi dogrysynda türkmenleriň akyldar şahyry Magrymgulyda hem gaty köp aÿdylÿar. Olardan : “Mert çykar myhmana güler ÿüz bilen”.

Ÿada:

“Myhmany görende turşutmagyl ÿüz,
Duza mätäç däldir söze muhmandyr”

diÿip aÿdylan nakylda öwrülen sözleri şahyrymyzyň myhmanparazlyk däbine uly hormat goÿandygyny aňladÿar.

Şeÿle hem bu gadymy däbiň örän gadymydan gözbaş alyp gaÿdÿandygyna Dana, Pähimdar Gorkut Ata türkmeniň “Myhman gelmeÿän öÿiň ÿykylany ÿeg”[78] diÿen sözi hem subut edÿär.

Myhmançylyk bilen bagly türkmenler “Myhman atańdan uly”, “Myhmansyz öÿde bagt bagt bolmaz”, “Myhmanyň öňünde aş goÿsaň, göwnüni hoş edersiň”, “Myhman geler işikden, rysky geler deşikden”, “Gelen myhmanyň risky özi bilen geler”, “Myhman Hudaÿyň wekili ÿalydyr, az wagt bolar köp zat görer” we ş.m.nakyllary

---

[77] Saparmyrat Türkmenbaşy. Mukaddes Ruhanama., II kitap., Aşgabat 2004 ÿ., 113 s.

[78] Китабы дедем Горкут ала лисаны тайфаны огузан (Горкут атанын китабы огуз тайпаларынын диллеринде). А. Оразовын ред. билен. Ашгабат, Ылым, 1995. 67 s.

döredipdirler. Ÿokarda agzalan nakyllarmediwana degişli bolsa, "Myhman öýüň guly", "Çagyrylan ýeriňe irinme, çagyrylmadyk ýeriňde görülme", "Myhmanyňky üç gün-üç günden soň göçgün"[79] diýen ýaly nakyllar myhmana degişli bolupdyr.

Ata-babalarymyzyň öýüne gelen myhmana üç gije gündiz hyzmat edip, soňra onuň hbaryny alar ekenler. Bu däp myhmana hormat goýulýandygyny aňladypdyr. Ozüne goýulýän hormaty duýup, myhman hem öz habaryny aýdyp, ýene ýola rowana bolar eken. Eger şonda hem myhman gitmese onda mediwanyň myhmana üç günden soňky eden hödür-keremi sadaka hasaplanypdyr.

Myhmançylyk bilen bagly birnäçe hoş sözler, dilegler, ýagşy niýetler bolupdyr. Olar "Hoş gördük", "Hoş geldiňiz", "Gelen döwlet", "Gelen ýagşy" ýaly sözler bilen myhmany kabul edilse gelen myhman gapydan baranda "Hoş gördük", "Ertiriňiz haýyrly","Giç ýagşy", "Öýüňiz abat bolsun" diýen ýagşy niýetler bilen giripdir. Myhman ugradylanda mediwan "Sag boluň", "Sag-aman baryň", "Gelip duruň", "Razy boluň", "Saglykda görşeliň", "Dilegde boluň" diýen sözleri aýtsa, myhman hem "sag boluň", "sag otyryň", "saglykda görşeliň", "toýda duşuşalyň", "Eden hyzmatlaryňyza Taňry ýalkasyn", "Alladan gaýtsyn", "Bereket bersin", "Razy boluň" we ş.m.dilegleri edipdir. Bu bolsa iki tarapyň hem biri-birinden göwnüniň hoş bolandygyny aňladypdyr.

Türkmenlede myhmançylyk bilen baglanşykly yrymlar gaty köpdir. Meselem çaga eline sübse alyp öý süpürse, saç öreňde bir bölek saçyň galsa, çöregi iki gezek döwse, çaga aýagynyň arasyndan yzyna garasa myhman geljegi diýip düşünipdirler. Ata-babalarymyzyň däbinde maşgalada nahar bişirilende hökman myhman paý diýip artyk atylypdyr. Köwşiň

---

[79] Türkmen halk nakyllary. Aşgabat, «Miras», 2005 648 sah. (Çaryýew M). 26 s.

biri-biriniň üstüne münse hem myhmançylyga gidýärsiň. Myhman ugradylandan soň myhman barjak ýerine barýança öý süpürilmeýär. Bu rymlaryň ählisinde myhmana goýulýan hormat sylag duýgusy, eli açyklyk, bereketlilik düşünjesi duýulýar.

Türkmenleriň ata-babalary myhmansöýer halk bolansoň myhmançylyk edebini, däbini ösdürip, kämilleşdirip, aýap saklap biziň şu günki günlerimize miras edip ýetiripdir. Öýde mediwanyň borçlary şulardan ybarat bolupdyr: Myhmany açyk ýüz bilen garşy almaly, elini ýuwduryp tore geçirmeli, oturmak üçin amatly ýer görkezmeli, myhmanyň öňünde öý eýesi öz üsti-başyna, egin-eşigine üns bermelidir. Çüňki gelen myhmanyň öňüne erkek adamlar derrew köýnek, don bilen ýeňlenýärler, aýal-oglan-uçaklar tämiz, arassa eşigini geýýärler. Arassa bezemen geýinip, öz baýlygyňy magtamak hem edepsizlik hasaplanypdyr. Myhmanyň öňüne çaý-suw nahar-şor goýmaly. Baryňy gysganmaly däl. Çüňki ýokardaky nakylda aýdylyşy ýaly myhmanyň rysgaly özi bilen gelermiş.

Myhman nahar iýende oňa äşä üns berip agzyna seredip, gaýta-gayta iýiň diýip artykmaç hödür etmek hem edepsizlikdir. Çüňki türkmenlerimiz “Myhmanyň öňünde aş goý, iki elini boş goý” diýip aýdypdyrlar. Myhmana mümkin bolan ýagdaýynda özüň hyzmat etseň, oňa hormat goýandygynyň alamatydyr. Myhmanyň özi haýyş etme se ýeke goýman, onuň bilen gürrüň edilse ýagşy. Beýik Serdarymyz Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ruhnamasynda: “Myhmanyň keýpine, rejesine, ýaşyna düşünjesine görä, mesawy gürrüňler et. “öz öýüňizde ýaly boluň!” diýme, “öz öýünde ýaly bolary üçin alçaklyk, hoşgylawlylyk, göwün açyklyk bilen söhbetdeş bol! Diýip örän ýerlikli belleýär. Çüňki myhman öýde bar wagty maşgala düşünşmezligi, çaga käýinmekligi etmeli dälde, ol meseleleri soň çözmeli. Biziň ata-babalarymyz myhman göwnine zat almazlygy üçin “yhmanyň ýanynda pişigiňede “piş” diýme” diýip nakyl döredipdirler.

Myhman gaty synçy bolýar, şonuň üçin maşgala agzalarynyň her biri özhereketlerine örän eserden bolmaly ekeni. Öý eýesi myhmana hezzet-hormatdan soň, habaryny alandan soň, gideninde hem açyk göwün bilen ugratsaň, myhmanyň eden alkyşlary, doga-dilegleri Allanyň dergähinde kabul bolarmyşyn”[80].

Öz gezeginde myhmanyň hem borçlary bolupdyr. Öý eýesi myhmany atasyndan uly hökmünde garşy alsada myhman “öý eýesiniň guly” diýen nakyla eýerip öý eýesiniň ýagdaýyna görä myhman bolup gaýtmaly. Yhman myhmançylyga gelende ak göwünli, açyk ýüzli bolmaly, arassa tämiz geýinen bolmaly. Ol hem öý eýesiniň hormatyna hökman bezemen geýnmeli däl. Çagyrlyp barlan myhmançylygyňa öz wagtynda baryp, wagtynda gaýtmaly. Çüňki öý eýesi aşa garaşdyrmak we artykmaç alada goýmak edepsizlik hasaplanypdyr. Myhman oturanda gapa gapa seredip oturman, mümkun bolsa gapa arkasyny bakdyryp otursa edepli hasaplanypdyr. Çüňki öý eýesiniň gelin-gyzyna seretmek aýp görülipdir. Myhman baran öýündeislänini edip ýörmeli däl, öňüne äbewrilen nahara göwünýetmezçilik etmeli däldir. Öý eýesiniň görkezen ýerinde oturyp, rugsat bermegi bilen ýatyp-turup, gaýtmak edepliligiň alamaty bolupdyr. Myhmançylykda öz wagtynda turup gaýtmaly. Bu barada Mukaddes Ruhnamada “Ýörite çagyrylan ýa möhleti öňünden gürleşilen bolmasa, myhmançylykda kän eglenme” diýip belleýşi ýaly öz hormatyňy gaçyrman gaýtmaklyk edeplilik hasaplanypdyr.

Türkmenleriň myhmanparazlyk däbiniň ýokary derejede ösendigine türkmenleriň ýene bir däbi şaýatlyk edýär. Ol hem däbe görä eger myhman ozal düşlän obasyna ýene myhman bolup düşse, onda öňki gezek özüni kabul eden öýe baryp geçmäge boeçly bolupdyr. Ol öňki özüniň myhman hökmünde kabul eden adamy kemsitmezlik maksady bilen edilipdir.

---

[80] Saparmyrat Türkmenbaşy. Mukaddes Ruhanama., II kitap., Aşgabat 2004 ý., 113 s.

Onsoňam türkmenlerde “Bir gören tanyş-iki gören garyndaş”, ýa-da “ir gün duza müň gün salam” diýen pähimler ýöne ýere aýdylmandyr ahyryn.

Şeýlelikde türkmenlerde myhmanparazlyk däbi goňşy arasynda, garyndaş arasynda, döwlet arasynda goşniýetli gatnaşyklara öwrülipdir.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimizde biziň myhmanparazlyk ýaly ýenede birnäçe asylly däp-dessurlarymyz ruhubelentlik bilen ýerine ýetirilip, adamlaryň, halklaryň biri-biri bilen aragatnaşygy has hem berkeýär, pugtalanýar.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ruhnamasynda: Myhman almak we myhman barmak durmuşyň iň lezzetli taraplaryndandyr. Bu mesele türkmen edebinde uly orun tutýandygy üçin, halkymyz bu edebiň anyk şertlerini jikme-ik işläp düzüpdir.

“Taňry myhmany”-iýere-içere zady we ýatara ýeri bolmadyk adamlara aýdylýar.

Gurhanda: Kurtubi: “Myhman kerimdir, myhman almak bolsa keramatdyr, alysdan gelenleri kabul etmek bolsa paryzdyr.”

Myhmanpzrazlyk gündogar halklaryna gaty maksus zatdyr.

Öý eýesiniň borçlary.

1. Myhmany açyk ýüz bilen garşylamak.
2. Myhmanyň öňünde öý eýesi eşigine üns bermelidir (içki eşikde oturmak, çagyrylyp gelenlerden bezmen geýnip baýlygyny magtamak edepsizlikdir. Pygamberimiz hem daşary ýurtdan ilçiler gelende we juma günleri has ýakymly geýiner ekeni.
3. Çagyrylan myhmanyň elini ýuwdurmaly we süpürtmeli.
4. ilki öý eýesi öýe girip myhmany öýe çagyryp ýol we ýer görkezmeli, myhmana hödür-kerem etmeli.
5. Myhmana nahar äbermäge howlykmalydyr.

Yslam dininde howlykmaklyk şeýtandan diýilýär. Emma şu bäş ýagdaýda howlykmaklyk zerurdyr.

a) myhmana hödür etmekde.
b) Kämillik ýaşyna ýeten gyzy durmuşa çykarmakda
c) Meýdi ýuwmakda, jynazasyny okamakda we depin ekmekde.
d) Bergini üzmekde.
e) Toba etmekde.

6. Myhman nahar iýende oňa aşa üns berip agzyna seredip oturmaly däl
7. Myhmandan bar zadyňy aýamaly däl, gysganmaly däl.
8. Myhmana mümkin bolan ýagdaýda özüň hyzmat etmeli.
9. Myhmany uzak wagt ýeke goýmaly däl.
10. Myhmany güler-ýüz bilen ugratmak .

Myhmanyň borçlary

1. myhman arassa we gelşikli geýinmeli.
2. baryljak wagty habarly bolsa onda takyk wagtynda barmaly
3. myhmançylykda üç günden artyk myhman bolmajak bolmaly (zerur bolsa onda artykmaç günleri öý eýesiniň hojalyk işlerine kömekleşmeli)
4. myhman baran öýüňde öý eýesiniň içki işlerine gatyşmaly däl.
5. öýde oturanyňda gapa seredip dälde, gapa arkaňy bakdyryp oturmaly
6. hödür edilen zada göwünýetmezçilik etmeli däl.(nahara at dakmaly däl)
7. öý eýesiniň görkezen ýerinde oturyp, ýatyp, turup gaýtmaly
8. myhmançylykda öz wagtynda turmaly.

## 11. 4. Türkmenlerde garyndaşlyk we goňşyçylyk gatnaşyklary

**Garyndaşlyk edebi.** Türkmenlerde garyndaşlyk we goňşyçylyk duýgusy örän inçe we berk saklanandyr. Ol däp üstünden näçe asyr geçse-de türkmenler tarapyndan gaty düzgünli ýöredilipdir. Garyndaşlyk we goňşyçylyk däbi türkmenleriň baknalyk döwründe hem ondn öň ykdysady we syýasy taýdan pes ýaşan döwründe hem özleriniň milliligini ýitirmezlikde, talak hadysalaryň az bolmagynda, neşe ýaly ýaramaz endiklerini we jenaýatlamryň köp ýaýramazlygynyň sebäpleri hökmünde köplenç garyndaş we goňşy arasyndaky arkalaşyk däbiniň saklanmagy hsaplanýar.

Mukaddes Ruhnamadan: Türkmende adam şahsyýetine onuň diňe ozone seredip däl, eýsem, çykan neberesine, maşgalasyny bakybam baha berilýändir.ilki bilen neberä seredilýändir. şeýle ähmiýetliligi üçinem bizde garyndaşlyk edebiniň şertleri elekden geçirilendir.we anykdyr.

Mukaddes Ruhnamada: Türkmen garyndaşçyl halkdyr. Garyndaşlyk duýgusy türkmende iň ösen duýgularynyň biridir.

Döwletiň, milletiň, watanyň bähbitlerine ters gelmedik ýerinde garyndaşçylyk hem oňat zatdyr. Türkmen pelsepesinde garyndaşsyza kuwwat ýokdur diýip tekrarlanýar.

Mukaddes Ruhnamada: Garyndaşlyk duýgusy milli duýgynyň deslapky görnüşidir. Enesini söýmedik, Watanynyň garyndaşyny söýmedik milletini söýýän däldir. Garyndaşlyk duýgusy ýürek-ruhy duýgy bolan milli duýgynyň başlangyjy we tebigy esasydyr. Diňe şol duýgunyň basgançaklary arkaly, ýokary galyp, millete guwanç, buýsanç duýgusynyň belentligine ýetip bolýandyr.

Gurhanda: Adyny ýatlap, özüni wesile tutunyp, birek-birege dileg etdigiz, Alla hormat goýmazlykdan we garyndaş arasyndaky gatnaşyklary üzmekden säginiň.

Pygamber: “Alla we Ahyryýet gününe ynanan adam garyndaşyna hemaýat etsin. Garyndaşlary bilen gatnaşygyny üzen kişi jennete girip bilmez”.

“Her kim ryzkynyň bol-elin, hereketli bolmagyny we ajalynyň gijikmegini isleýän bolsa garyndaşlaryna hemaýat etsin”. Garyndaşlygyň görnüşleri.

Ene-ata, mama-baba, eje-kaka, çagalar, uýa-aga, day-daýza, agtyk-çowluklar hem hemmesi bir maşgala hasap edilýär. Şolaryň birden-biri mätçlik çekse oňa ýardam berilýär.

Yslam dininde garyndaşlyk iki topara bölünýär. Ýakyn garyndaşlyk, daş garyndaşlyk.

1.Ýakyn garyndaş özleri bilen nikalaşmak haram bolanlar we mirasdarlar. Olar ene-ata, baba-mama, eje-kaka, uýa-aga, day-daýza, ogul-gyz we agtyk. Bular türkmençilikde süňk hussar diýilýär.

2. Daş garyndaş bir gandan bolan eje we kaka tarapyndan ähli garyndaşlar.

Garyndaşlyk gatnaşyklary.

1. olar bilen mylakatly gatnaşmak.
2. toýda, baýramda, belli günlerde hökmän görme-görşe gitmek, hal ýagdaý soraşmak.
3. ajy we süýji gününde begenjini, gynanjyny deň paýlaşmak.
4. goldawa mätäç ýagdaýynda hemaýat etmek.

Türkmenlerde daýza ejäniň, aga kakanyň ornunda goýulypdyr. Eger birine sadaka beriljek bolsa garyndaşlaryňdan mätäç bolana berilmelidir.

Pygamber: “Garyba berlen sadaka sogap tayndan bir sadakadyr. Eger bu sadaka garyndaşlaryndan mätäç bolanyna berilse, iki esse sadaka sogaby bardyr. Biri sadaka beýlekisi garyndaş bolany üçindir.”

Mukaddes Ruhnamada: garyndaşlaryň bilen süýji dili bol, hemdem bol.

- olar bilen biperwaý-sowuk bolma, ýakynlaň bilen ýat bojak boma.
- Olara kömek-ýardam et.
- Garyndaşlaryň toýuna-ýasyna barmazlyk edepsizligiň n ýaramazydyr. Garyndasyň toýuna çagyrylmasada barmalydyr.
- Garyndaşlaryň bilen mal, mülk, miras üstünde tersleşme. Iň oňat miras olardan galan at-abraý we terbiýäňdir.
- Garyndaşlykda algy-bergi etmek adatdyr.
- Olary kyn gününde golda.
- Olara görüplik etme.
- Olaryň gep-gybatyny etme.
- Oladan öýkeleme, öýkesini ýaz.
- Göwün etme, göwnüni gör.

**Goňşyçylyk edebi.** Goňşy- “gonmak-gonuşmak” sözlerinden gelip çykýar.

Maşgalamyzdan soň, jemgyýetçilik taýdan bize iň ýakyn goňşylarymyzdyr.

Goňşyçylyk gatnaşygy maşgalanyň sagdynlygyna we agzybir-asudalygyna täsiri uludyr.

Goňşy bilen hoşniýetli gatnaşyk döwlet derejesinde öz ähmiýetini tapdy. Garaşsyz döwletimiz “Hoşniýetli goňşyçylyk gatnaşyklaryny” ýola goýdy.

Goňşy goňşa zar, goňşy goňşa mätäçdir.

Goňşy bilen duz emek gatnaşmaly-“Goňşy okara Pygamber”- “Goňşysy açka özi dok ýatan hakyky musulman bolup bilmez” diýýär.

Goňşyçylyk bilen balanyşykly nakyllar;

“kyýamat günü goňşydan”.

“goňşy-ömrüňe dakylly kişidir”.

“goňşy ykbalyga täsirli kişidir”

“öý alma- goňşy al” nakyl

“goňşyň şu dünýädäki synçyň, o dünýädäki şaýadaýňdyr” diýen nakyllary döredipdirler.

Goňşy arasynda gerek-gerek zatylar alyş-beriş etmek hem türkmen etiket;eriniň kadalaryna degişlidir. Goňşynyň bitirip boljak dilegini bitirmezlik halal hasaplanylmandyr. Şeýle hem goňşa zyýan ýetiren ýagdaýnda ony ödemeklik ündelipdir. Goňşa ýamanlyk etmeli däl olara zyýan bermeli däl olaryň namysyna dil ýetirmek, el degirmek, maşgala syrlaryny paş etmek goňşa edilen iň uly günä hasaplanypdyr.

# XII. TÜRKMEN HALK YRYMLARY

Türkmen halkynyň pähim paýhasynyň gymmatly önümi bolan halk yrymlary hem asyrdan – asyra nesilden nesile geçip gelipdir. Halkyň arasynda ozaldan aýdylyp gelýän pähim bar: "Halk aýtsa, galp aýtmaz". Ilarasyndaky yrymlaryň we däp – dessurlaryň aňyrsynda hakykata ýakynlyk bolmasa, halk ony sünnäläp, oňa ynanyp nesilden – nesile geçirmezdi.

Döwletimiz Garaşsyzlygyny alýança türkmen yrymlaryna, dürli ynançlaryna diniň zyýanly galyndylary hökmünde goralyp gelindi. Ýöne hakykat mydama hakykatlygyna galýar. Yrymlaryň aňyrsynda halal – haramy, günälini-bigünälini seljerýän edep terbiýe ýatyr. Çünki halk öz pedagigikasy bilen ýaş nesile milli ruhda, ahlak taýdan päk adamlar edip terbiýeläp gelýär we gelipdir.

Yrym näme manyny aňladýar? Ol bellik, ynanç, arzuw, türkmeniň adaty däbi, endigi ýaly manylary aňladypdyr diýsek ýalňyşmasak gerek.

Ýaş alym B. Goçmyradow sözlüklere esaslanyp "Yrym" sözüniň aslynyň mongol–türk sözüniň "Ydym" sözi bolup, türkmençe edim, gylym manyny aňladýanlygy barada düşündiriş berýär.

Biziň pikirimizçe hem "edim", "gylym" manysy dogry bolup halkyň edim – gylymyny, däp – dessuryny aňladýar.

Umuman yrymlary özüniň aňladýan manylary boýunça üç topara bölünýär.

1. ruh bilen bagly yrymlar.
2. Din bilen bagly yrymlar.
3. Durmuş bilen bagly yrymlar.

Mundan başga-da yrymlar özleriniň aňladýan manylary boýunça birnäçe temalara bölünýärler. Mysal üçin; edep – ekram, Aý-Gün, ýyldyzlar, tebigy hadysalar, çaga, haýwanlar, emeller-melhemler, nika, düýş we ş.m. bir näçe temalara bölünýän yrymlar bolup biler.

Indi men geljegimiz bolan siz ýaşlara yrymlary, ynançlary dogry düşündirip bilsem, mukaddes zatlara hormat goýup, tas ýiteňgirlän milli däp – dessrularymyzy, medeniýetimizi, ruhymyzy we ş.m. bir gez ýokary galdyrdygymyz bolar.

Bu dünýäniň gudraty okap açardan köp. Ol asyrlaryň köpüsi biziň aňymyza ýetmän gömülip galypdyr. Emma käbirleri bolsa biziň yrymlarymyza, ynançlarymyza, däplerimize girip, şu günlerimize gelipdir.

Durmuşda tötänleýin zat ýok. Biziň tötänden sataşýan adamlarymyzyň, wakalarymyzyň ählisi dünýä halklarynyň köpüsinde diýen ýaly bar. Medisina onuň nerw dartgynlygyndan emele gelýändigini düşündirselerde, köplenç şol yrymlaryň çözgüdi halkyň düşünjesi ýaly dogry bolup çykýar. Ýa-da gulagymyz şaňlasa kimdir biriniň adymyzy tutandygyny ýüregimiz syzýar. Ýürek syzmak näme? Her bir adam ylaýta-da, ynanjyň, öz duýgularynyň üstünde işleýän adam, boljak oňat we erbet zatlary öňünden syzýar. Onda şeýle adamlar oňat zadyň boljagyny ýüregi bilen syzsalar, oňa göreşip ýetip biler, erbetligi syzsalar ondan gutulyp bilerler.

Türkmen yrymlarynda (ynanç diýmek hem bolar) Aý doganda pyntyklan agajyň çybygyndan pyntyjygy gabygy bilen sypyryp alyp, siňňile daňyp Aýa güjeňlemeli we sanawajy: “Aý, Aý siňňilim bar, sen dolýançaň şu pyntyk gurasyn” diýen sözleri aýtmak, şeýle yrym Ýewropa halklarynda-da bar diýýärler.

Siňňil bilen baglanyşykly gurbagany asmak, we ş.m. yrymlar bar. Nika okalýan doganyň iki çatynjanyň ykbalyny birleşdirýän güýç bar diýýärler. Kä halatda ýaş çatynjalar oňuşmasa ýa-da çagasy durmasa, olaryň nikasy düşmändir diýip nikasy täzeden gyýýarlar. Geň galmaly, şondan soň ýaşlaryň bagty açylyp gidýär.

Yrymlara ynanmak hökman şol zadyň bolup, bolmazlygy halkyň şol adamyň ynanjy, psihologiýasy bilen bagly. Elbetde yymlara dogry düşünip ondan käbir zatlary dogry ýerine ýetirseň

ol adamlara saglyk, bagt şowlulyk we üstüne abanjak bolup duran howpdan, beladan we biedeplikden gorar we abraý getirer. Ondan başga-da yrymlar öz türkmen halkymyzyň psihologiýasyna ynamyny we däp – dessurlaryna düşünmäge, öwrenmäge ýol açar.

Şonuň bilen birlikde yrymlarda her bir halkyň däp-dessury, ynançlary, edep-terbiýesi, ýorumy we düşünjesi bar. Ol düşünjeler, ynançlar bir adamyň oýlap tapan zady däl-de, halkyň onda akyl endiginde geçiren durmuş tejribesi ýatyr. Şonuň üçin halk öz yrymynyň aňyrsynda özüniň edep-terbiýesi, düşünjesi bolan yrymlary asyrlar boýy nesilden – nesile geçirip gelipdirler.

Yrymlaryň ähmiýetli taraplary bolanlygy üçin halk ony arkama – arka geçirip gelýär. Yrymlara ynanmak halkyň durmuşynda uly orun tutýar. Şonuň üçin halkyň her bir edim – gylymda yrymlaryň täsiri duýulýar. Mysal üçin: “Boş sallançagy üwreseň, çaganyň gulygy agyrly bolýar,” “Çaýda boýgy çommalsa myhman gelýär”, “gözüň çekse begenjegiň”, “Ýyldyz süýnse biriniň öleni”. Yrymlaryň mazmuny dürli-dürli we köp sanly. Şeýle ýagdaýda yrymlary klassifikasiýa bölünende kynçylyklar gabat gelýär. Sebäbi her bir yrym birnäçe manyda gelip biler. Türkmen halk yrymlarynyň içinde şeýle bir yrymlar bar, hat-da olaryň haýsy tema degişlidigini kesgitlemek kyn bolýar. Meselem: “Diri adamynyň eşigini ýuwup sereniňde, çöwre sermeli, eger düzüw serseň günä bormyş.” Bu yrym özüniň ulanylşyna görä birnäçe manyda gelýär.

Ýuwulanda çöwre serilmedik eşigi her kim bir tüýsli düşündirýär. Eger düz serseň, perişdeler “ölüpdir” diýip aýat okarmyşlar. Ýa-da ölen adamyň eşigi musulmançylykda düzüw serilýär. Ýa-da ýuwulan eşik düzüw serilse şol eşigiň eýesiniň kesellemegi, ömrüniň gysgalmagy mümkin. Umuman ýokarda aýdylan soňky jümleler ýuwulan geýimiň çöwürip serilmegi üçin çekindirilmek ýa-da şol düzgüniň berk saklamagy üçin

aýdylýan ýaly bolup dur. Ýöne seredip otursaň şol aýdylýanlaryň aňyrsynda hakykatam ýok däl. Birinjiden çöwre serilen eşik çalt guramak üçin gowy, ikinjiden bolsa eşigiň güne soldurmazlygy, ýere gaçaýanda-da hapalansa iç ýüzi hapa bolsa, geýimden ýuwup aýyryp boljak. Kiriniň bildirmezligi mümkin. Galybersede geýimiň ýeňine ýa-da beýleki ýerlerine mör-möjek girsede, çöwürip geýjek bolsaň görünmegi we adama zyýan ýetirmekde goramagy mümkin.

Ähli yrymlara ynanmak ýa-da hiç birine ynanmaly däl diýen zat ýok. Sebäbi “Halk aýtsa, galp aýtmaz”, “Yryma ynanan yrylmaz” diýen öňden aýdylyp gelýän türkmen halkynyň pähimi bar.

**1. *Edep ekram bilen bagly yrymlar:***

Bir adama ýeňsäňi öwürip oturmaly däl. Araňa şeýtan düşermiş.

Oturan adamyň öňünden geçmeli däl. Perişde gorkarmyş.

Erbet, ýaramaz zatlary aýtmaklyk hem günädir.

Eliňi ýuwanyňdan soň eliňi silkseň, eliňe şeýtan buşugarmyş.

Ýola kir suw dökmek külli günädir.

Nahardan öň hem soň eliňi ýuwmasaň öýüňe bereket ýagmazmyş.

Duzy ýere dökmek, ony basmak günädir.

Ýas ýerinde berilen zady (mata bölegini) ýyldyz görýänçä öýe salmaly däl.

Ýas ýerine baranyňda elleşip salamlaşmaly hem däl. Hoşlaşmalam däl.

Saçy oda ýakmak, suwa akdyrmak, zyňmak günädir. Ýygnap gurbanlykda gömmeli.

Ýersiz ant, kasam etmek adamyň ömrüni kemeldermiş.

Agşamara saçak silkseň adam garyplaşýarmyş.

2. ***Aý, gün, ýyldyzlar bilen bagly yrymlar.***

Garrylaryň aýtmagyna görä ýyldyz hasabyny berk tutmlay. Ýyldyz şeýle diýermiş “bilmän edene bildirin, bilip

edeni öldürin”. (ýyldyz ugruna gidenler we gelinalyjylardan mysal getirmek, ýyldyzyň aýyň birinden başlap, ahyryna çenli nirede bolan tablisany ýazdyrmaly.)

Hepdäniň günlerinde hem şeýleräk ýagdaýlar bar. Mysal üçin: duşenbede dumly – duşa gidip bolmaýar, geýim biçmek bolmaýar, jaýyň düýbüni tutup bolmaýar, ogluň rysgyny aýyryp bolmaýar diýýärler. Ýa-da ýekşenbede ýok (gyl, dyrnak) aýyrma teniňden hem diýýärler we ş.m.

Aýlar bilen baglanyşykly yrymlar hem “Şaman ody” we ş.m.

### 3. *Haýwanlar bilen bagly yrymlar.*

Pişik haýsy taraba seredip, ýüzüni ýuwsa, şol tarapdan myhman gelermiş.

Ýylan her gün bir gelen ýerinde düýrlenip ýatsa, şol ýerde gyzyl bardyr (bolarmyş) diýip aýtýarlar.

It uwlasa, 3 gezek “öz başyňa” diýmeli.

Gurbagalar suwdan çykyp ot-çöplere siňseler, ertesi ýagyş ýagar.

Guş bir aýagynda durup uklasa, ertesi howa salkyn bolar, ýa-da ýagyş ýagar.

Irden guşlar ýapragyň aşak ýüzünde gizlenseler, howa yssy bolar. (başga-da yrymlar köp ony talaplaryň özünden soramaga çalyşmaly.)

### 4. *Çaga bilen bagly yrymlar.*

Eger çaganyň dili peltek bolsa, gowy gürläp bilmese ýedi gurbanlyga saýulan malyň dilinden alyp iýdirmeli.

Ýaş çaganyň eline aýna berseň, dil agyr bormyş.

Aýalynyň çagasy durmasa, ondan bolan çaganyň göbegini ýa atasyna ýa-da enesine kesdirmelimiş. Ýaş çaganyň yzyndan bäbek bolýança tikilýän geýimleriň etegi yzyna eplenilmeli däl (basdyrmaly däl).

Säher bilen dogulan çaga bagtly bolarmyş.

Göwreli aýal biriniň agzyna öýkense çagasy sakaw bolarmyş.

Göwreli zenan aş saýlanda balygyň kellesini iýse çagasynyň agzy uly bolarmyş, eger-de gowka (bag goýunyň ütülen derisi) gyz bolsa kel, oglan bolsa köse bolýarmyş.

### 5. *Çile düşmek bilen bagly yrymalr.*

Bir adama iki gelinalyjy bir-birine gabat gelse, çörek alyşmaly. Ýögsam çile düşýär.

40 çileden çykmadyk çagaly öýe, ýumutrga, et getirilse çile düşýärmiş.

Täze gelin öýe salynýan wagty dogmaýan aýal öňüni kesip geçse, çile düşermiş.

### 6. *Çörek bilen bagly yrymalar.*

Toýa gidilende saçakda jübüt çörek, ýasa gidilende täk bolmaly diýilýär.

Çöregiň iki ýerinden bölseň, rysgalyň gaýdýar.

Çöregi bir eliň bilen döwseň döwletiň gaýdýarmyş.

Nany (çöregi) düňderip goýsaň rysgalyň gaýdarmyş.

Ýoldan çörek tapylsa üç gezek maňlaýyňa degirilýär.

Birinji gezekde, çörek maňlaýdan daşlaşmazlygy, rysgalyň kemeldilmezligi üçin, ikinji gezekde çöregi gaçyran, harlan adamyň (çaganyň) günäsiniň, üçünji gezek bolsa çöregiň ýolda aýak astynda ýatanyny görüp, galdyrmadyk adamynyň günäsiniň geçilmegini beýik Biribardan medet soraldugu bormuş.

### 7. *Dürli yrymlar.*

Göz degen adama gözi degeniň geýminden gyrkyp tütetmeli.

Käsedäki çaýyňdan boýçy görünse, öýe myhman geler diýilýär.

Eşigiňi ters geýendigiňi bilmän edilen arzuw, köplenç hasyl bolýarmyş.

Kesmek iýseň toýuňda gar ýagarmyş.

Täze gelniň gujagyna oglan bäbek berilýär, ilkinjisi ogul bolsun diýilip edilýär.

Iki adam tirkeşip barýan bolsa, öňünden agaç, sütün çyksa hersi bir tarapdan geçmeli däl. Ara tow düşermiş.

### 8. ***Düýş bilen bagly yrymlar.***

Düýşüňde biri darak berse erbetçilik bolarmyş.

Düýşüňde aýna seretseň ýa-da öli biri çybyk berse ogluň bolýar.

Düýşüňde suwa düşseň gowulyga bolarmyş.

Ýagyş batgasyna ýa-da batga batmak emgek. Eger batgadan çyksaň emgekden sowuldygyň.

Düýşüňde odun – olja, ot görmek gowylyk, ot-oraz.

Gan – gazanç bolarmyş. Galla – döwlet.

Düýşüňde uçmak – azapsyz, gowulykda ýaşamagyň alamaty.

Düýşüňde umuman ak zatlar – gowulygyň alamaty.

Ýer sürmek, ýer depmek – gury emgek. Suw tutmak duranja emgek.

Pul, şaý almak – yrsgally bolmak we ş.m.

### *9.* ***Din bilen bagly yrymlar***

Mukaddes ýerlere sag aýak bilen girip, çep aýak bilen çykylýar.

Çöregi, duzy basmak, saçagyň üstünden ätlemek günädir.

Çöregi bir eliň bilen döwseň döwletiň gaýdar.

Kasam edip (içip) yzynda durmadyk adamyň saglygy ýaramaza, ömri gysga bolýar.

Gölegçiniň öňüni kesip geçmeli däl, ajal yzyňa düşermiş.

Kir suwy, kül dökülen ýerden biwagt geçseň, adam kakynsilkin bolarmyş.

Bir nädogry işi dogrulamak üçin para beren hem, alan hem dowzahydyr we hiç wagt baýnamaz.

Malyň damak gany dökülen çukurda soň ot ýakmasaň döwletiň gaýdarmyş.

Damak gan çalnan çukuryň üstünden ätlemek günädir.

Eliňi ýuwup bolanyňdan soň silkseň eliňe şeýtan buşugarmyş we başgalar.

# NETIJE

Türkmen halky özüniň gadymy medeniýeti, sungaty, däp-dessury we ruhy dünýäsi bilen meşhurdy. Geçmişde dünýä siwilizasiýanyň ösmegine goşan goşandy bilen biziň ata-babalarymyz dünýä taryhynda uly yz galdyrdylar. Köp asyrlar geçip, dünýä ösüşiniň täze taryh döwründe türkmenler özbaşdaklygyny ýitirip, keseki döwletleriň gol astyna düşüpdi. Emma ata-babalarymyz agyr döwürleri başyndan geçirip, öz taryhyny, medeniýetini, däp-dessuryny, dilini, dinini unutman, saklap gelipdir.

1991-ji ýylyň 27-nji oktýabrynda Türkmenistan Garaşsyz döwlet boldy. Türkmen halkynyň azatlyk we erkinlik döwri başlandy. Ata-babalarymyzyň asyrlar boýy eden arzuwlary hasyl berdi. Köp kynçylyklary üstünlikli ýeňip, tütkmen halky döwletiň berkarar bolmagyny gazandy.

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda türkmen halky Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda syýasatda, ykdysadyýetde, medeniýetde we ruhy durmuşynda täze belentliklere ýetýär. “Biziň dilimiz, däp-dessurymyz, sungatymyz we folklorymyz biziň buýsanjymyzdyr we ata-babalarymyzdan bize galan bahasyna ýetip bolmajak bu mirasy ösdürmek hem-de aýap saklamak üçin zerur zatlaryň ählisini ederis. Ýöne biz öz goňşularymyzyň taryhyna, medeniýetine we däp-dessurlaryna hem hut şonuň ýaly hormat goýýarys. Has giňden garanyňda, biz Zeminiň ýüzündäki islendik halkyň medeniýetiniň we taryhynyň taýsyzlygyny ykrar edýäris hem-de islendik ýurt bilen medeni gatnaşyklara taýýardyrys” diýip, döwlet baştutany ABŞ-nyň Nýu-Ýork şäheriniň Kolumbiýa uniwersitetinde 2007-nji ýylyň 24-nji sentýabrynda eden çykyşynda türkmen halkynyň dünýägaraýşyny aýan etdi.

Türkmen halky öz milli mirasyny aýap saklamakda, taryhyny ylmy taýdan öwrenmekde we medeniýetini ösdürmekde köp işleri durmuşa geçirýär. Halkymyzyň bu ýol bilen gitmegi, onuň ösüşiň täze basgançaklaryna barýandygyny tassyklaýar.

# EDEBIÝATLAR


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan sagdynlygyň we ruhubelntligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.

2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.

3. Агаджанов С.Г. Очерки истории огузов и туркмен Средней Азии IX-XIII в.в. Ашгабад. 1969.
4. Андронов М. Практика богарного земледелия. Туркменоведение №1-2. Ашгабад. 1931.
5. Аннанепесов М. Хозяйство туркмен в XVIII-XIX в.в. Ашгабад. 1972.
6. Барьтолд В.В. Очерк истории туркменский народа. соч. т.2, ч.1. М.1963.
7. Барьтолд В.В. К истории орошения Туркменистана. соч. т.111. М.1965.
8. Василов Б.Н. О туркмениские «Пире» дождя буркут-Баба. Сов. Этнография. № 3. 1963 г.
9. Berkeliýew K. Türkmen nakyllary we atalar sözi. Aşgabat. 1958.
10. Bertels Ý.E. Türkmen halkynyň edebi geçmişi. Sowet edebiýaty. 1944. № 9-10.
11. Брегельс Ю. Э. Хорезмские тукрмены в XIX в. М. 1961.
12. Вамбери А. Путешествие по Средней Азии. Спб. 1865.
13. Васильев Г. П. Туркмены-нохуры. Среднеазиатский этногр. сборник. Новая серия. М. 1954 т . 21.
14. Васильева Г. Н. Преобразование быта и этнические процессы в сев Тукменистане. М. Наука 1969 г.
15. Винников Я.Р. Хозяйство, культура и быт селького населения ТССР. М. Наука 1969.
16. Garryýew B. A. Türkmen folkloryndan usuly gollanma. Aşgabat 1947.

17. Gubaýew A., Rahmanow G. Türkmenistanyň taryhy. Aşgabat 1996.
18. Гульямов Я. Г. История орошения Хорезма. Ташкент 1957.
19. Джикиев А. Туркмены юго-восточной побережья Каспиского моря. Ашгабат. 1961.
20. Джикиев А. Этнографический очерк население юго-восточного Туркменистана. Ашгабат. ылым. 1972.
21. Джикиев А. Очерки формиравния и происхождения туркменского народа в эпоху средне вековя. Ашгабат-Туркменистан. 1991.
22. Ч. Язлыев. Туркменская сельская община. Ашгабат 1992г.
23. Семья и семейные обряды у народов Средней Азии и Казахстана. М. 1978.
24. Türkmenıstan SSR-ň nıka we maşgala hakyndaky kodeksı. Aşgabat -1989ý.
25. А. Пиркулиева. Домашние промыслы и ремесла туркмен доли ны средней Амударьи во второй половине XIX- начале XX в. Ашгабат -1973г.
26. Этнография Туркменистана. Ашгабат -1993г.
27. А. Оразов. Хозяйство и культура населения северо-западной Туркмении в конце XIX- начале XX в.
28. А. Росляков. Краткий очерк истории Туркменистана. Ашгабат-1956г.
29. Ибрагимов Н. Ибн Баттута и его путешествия по Средней Азии. М., «Наука» Главная редакция восточной литературы, 1988
30. Юсупов Х. Древности Узбоя. Ашгабад. Ылым, 1986
31. Проблемы средневековой историиТуркменистана (Материалы республиканской конференции 1989 г.). Сборник статуй. Ответств. Ред. Академик АН Туркменистана Е. Атагаррыев. Ашгабад. Ылым, 1993. 84 с.

32. Sümer Faruk. Kara Koyunlular. (Başlangiçtan Cihan – Şah'a kadar). I cilt. Türk tarih kurumu basimevi – Ankara, 1992
33. Абаза В. История Армении. С-Петербург. Типография И.Н.Скороходова, 1888
34. История Туркменистана.(Учебное пособие для вузов). Изд-во «Туркменистан», 1966
35. Каррыев А., Мошкова В.Г., Насонов А.Н., А.Ю. Якубовский. Очерки из истории туркменского народа и Туркменистана в VIII-XIX вв. Ашхабад, 1954
36. Вопросы этнографии туркмен (Сборник статей преподавателей ТГУ). Ашгабад, 1980
37. Этнография Туркменистана: Сб. статей. Отв. Ред. А.Оразов Ашгабад, Ылым, 1993. –124 с.
38. Джикиев А.Этнографический очерк населения Юго-Восточного Туркменистана (конец XIX- начало XX в.). Ашгабад, Ылым, 1972
39. Атагаррыев Е. Средневековый Дехистан. История и культура города Юго-Западного Туркменистана. Ленинград «Наука», 1986
40. Агаджанов С.Г. Сельджукиды и Туркмения в XI-XII вв. Ашгабад, Ылым, 1973
41. Проблемы этногенеза и этничнской истории народов Средней Азии и Казахстана. Выпуск 1. Общие проблемы. Ответств. Ред. Б.А Литвинский, Т.А. Жданко. М., 1990
42. Китабы дедем Горкут ала лисаны тайфаны огузан (Горкут атанын китабы огуз тайпаларынын диллеринде). А. Оразовын ред. билен. Ашгабат, Ылым, 1995
43. Салар Баба. XVI асырын тарыхы эсери. А., «Туркменистан сегодня» 1996, 280 сах.

44. Средневековые письменные источники о древнем Ургенче. Составители М.А.Мамедов, Р.Г.Мурадов. Ашгабад, 2000
45. После Марко Поло. Путешествия западных чужеземцев в страны трех Индий. М., «Наука» Главная редакция восточной литературы, 1968
46. Средневековый Восток. История, культура, источниковедение. М., «Наука» Главная редакция восточной литературы, 1980
47. Туркмены в Среднеазиатском междуречье. Отв. Ред. П.Алексеев, Н.А.Дубова. Ашхабад. Ылым, 1989
48. Туркменистанда археологики ве этнологики барлаглар (Докладларын гысгача мазмуны). Ашхабад. Ылхам, 1996
49. Новые исследования по археологии Туркменистана. Ответствю ред. В.М.Массон. Ашхабад. Ылым, 1980
50. Гумилев Л.Н. От Руси к России: очерки этнической истории. -М., 1992
51. Курбанов Х.Д. Туркменистан в эпоху монгольского владычества. // Политический собеседник. N2., Ашгабат, 1997
52. Курбанов Х.Д. Расцвет древнего края // Политический собеседник, N1, 1997
53. История Туркменской ССР. I т., Ашгабат, 1955
54. Гундогдыев О.А. Христианская церковь в Мерве в эпоху средневековья. // Мерв в древней и средневековой истории Востока. Мерв древний - Мары современный, 1994
55. Gurbanjemal Ylýasowa. Türkmen halk yrym-ynançlary. Aşgabat, «Miras», 2005 224 sah.
56. Türkmen halk matallary. Aşgabat, «Miras», 2005 198 sah. (Seýidow N).
57. Türkmen halk nakyllary. Aşgabat, «Miras», 2005 648 sah. (Çaryýew M).

58. Paul Georg Geiss. Turkmen tribalism. // Central Asian Survey . 1999, 18 (3). 347-357
59. Anke von Kugelgen, Michael Kemper, Allen J. Frank. Muslim Culture in Russia and Central Asia from the 18th to the early 20th Centuries. Vol.2: Inter-Regional and Inter-Ethnic Relations. Berlin, 1998

# MAZMUNY

**Giriş................................................................................7-8**
I. **Etnologiýa dersi we onuň wezipeleri...................9-14**
II. **Türkmen halkynyň etnogenezi ............................14-27**
2.1. Türkmenistan gadymy döwürde……………14-23
2.2. Türkmenistan orta asyrlarda………………...23-27
**III. Türkmenleriň meşgullanan kärleri we Hojalygy.............................................................28-49**
3.1. Türkmenlerde ekerançylyk hojalygy.............28-31
3.2. Türkmenlerde maldarçylyk hojalygy.............31-38
3.3. Türkmenlerde hünärmentçilik hojalygy.........38-43
3.4. Türkmenlerde halyçylyk sungaty...................43-49
**IV. Türkmenleriň ýaşaýyş jaýlary............................50-58**
4.1. Oturymly ilatyň ýaşaýyş jaýlary...................50-56
4.2. Çarwalaryň ýaşaýyş jaýlary..........................56-58
**V. Türkmen milli geýimleri....................................59-77**
**VI. Türkmenleriň milli tagamlary............................78-89**
**VII. Türkmenlerde maşgala we maşgala gatnaşyklary...................................................90-140**
7.1. Türkmenlerde gadymdan gelýän maşgala we maşgala gatnaşyklary..................................90-92
7.2. Maşgala agzalarynyň özara gatnaşyklary....92-111
7.3. XX asyrda türkmenlerde maşgala.............111-140
**VIII. Türkmen toýlary...........................................140-193**
8.1. Maşgala toýlary we çaga bilen baglanyşykly däp-dessurlar......................140-149
Türkmenlerde ogul öýermek däp-dessurlary...............................................149-193
**IX. Türkmen milli oýunlary................................194-221**
**X. Türkmenlerde dini düşünjeler we ýas däp-dessurlary………………………………222-237**
10.1. Türkmenlerde dini düşünjeler…………222-225
10.2. Ýas däp-dessurlaryň berjaý edilişi…….225-237

**XI Türkmen jemgyýetinde özüňi alyp barmagyň kadalary……………………………………...238-258**
11.1. Köpçülikde özüňi alyp barmagyň we Salam bermegiň edebi…………………..240-244
11.2 Ulyny sylamagyň edebi…...……………244-247
11.3. Türkmenlerde myhmançylyk edebi……247-254
11.4. Türkmenlerde garyndaşlyk we Goňşyçylyk gatnaşyklary……………….255-258
**XII. Türkmen halk yrymlary...............................259-265**
**Netije…………………………………………266-267**
**Edebiýatlar………………………………………268-272**